**B.G.Pürliýew, E.G.Rahmanowa, M.B.Meläýewa**

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETI

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
"Ylym" neşirýaty
2015

UOK 338(575.4):377
P90

**Pürliýew B.G. we başg.**
P90 **Türkmenistanyň ykdysadyýeti.** Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Ylym, 2015. – 228 sah.

Bu okuw gollanmasynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň häzirki zaman wajyp meselelerine üç sany özara baglanyşykly derwaýys ugurlar, ýagny “Milli ykdysadyýet we onuň ösüşi”, “Bazar ykdysadyýeti we onuň ösüşi”, “Bazar ykdysadyýetiniň durmuş meseleleri” boýunça seredilýär.

Bu okuw gollanmasy talyplar, aspirantlar, mugallymlar we ykdysatçylar, hünärmenler, şeýle hem Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň meselelerini öwrenmek bilen gyzyklanýan adamlar üçin niýetlenendir.

TDKP №316, 2015 KBK 65.9 (2Tü) ýa 73

© B.G.Pürliýew we başg., 2015
© “Ylym” neşirýaty, 2015



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# SÖZBAŞY

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soňra, bazar ykdysadyýetine geçmegiň özboluşly ýoluny saýlady. Şeýlelikde, Garaşsyz Türkmenistanyň ykdysadyýetini gadymyýetde ata-babalarymyzyň dowam etdirip gelen hojalyk tejribesine hem-de dünýäniň ösen döwletleriniň şu günki mysalyna eýerip ösdürmek wezipesi öňde goýuldy. Ýurdumyzyň ykdysadyýetini döwrebap özgertmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow ykdysady taglymaty işläp taýýarlady. Bu taglymat boýunça Türkmenistan bazar ykdysadyýetine geçmekde öz milli nusgasyny döretdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ýokary depginde ösmegi üçin birnäçe maksatnama kabul edildi. Garaşsyz döwletiň ilkinji maksatnamasy 1992-nji ýylda yglan edilen “Açyk gapylar” syýasatydyr. Şol ýylyň dekabrynda ykdysady özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmak üçin “10 ýyl abadançylyk” maksatnamasy kabul edilýär. Mundan başga-da milli ykdysadyýetimiziň oba hojalyk pudagyny döwrebap özgertmek üçin “Täze oba” we “Galla” maksatnamalary kabul edildi. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokary götermeklige gönükdirilen “Saglyk” we “Bilim” maksatnamalary hem uly ähmiýete eýe boldy.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini ýokary derejede ösdürmek üçin Milli maksatnamalar kabul edildi. Garaşsyzlyk ýyllarynda “Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli Baş ugry” Milli maksatnamasy, “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli maksatnamasy” we “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Baş ugry Milli maksatnamasy” kabul

edildi. Olarda her döwür üçin anyk maksatlar goýuldy we olary ýerine ýetirmegiň dürli ýollary kesgitlendi.

"Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli maksatnamasynda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy meseleleri aşakdakylardan ybarat diýlip kesgitlenildi:

• Türkmenistany dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmek, ykdysady ösüşiň we zähmet öndürijiliginiň ýokary depginlerini, täze tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmagyň hasabyna ykdysady garaşsyzlygy gorap saklamak;

• jan başyna düşýän jemi önümiň öndürilişini yzygiderli ösdürmek;

• maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmak we önümçilik-tehniki maksatly binalaryň gurluşygyny artdyrmak.

Bu wezipeleri çözmek Türkmenistanyň ilatynyň ýaşaýyş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine çenli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer we halkyň eşretli, bagtyýar durmuşyny üpjün eder. Onuň esasynda bolsa gadymy taryhy döwürlerde kemala gelen we durmuş tejribesinden ymykly geçen milli aýratynlykly döwlet gurluşy durýar. Döwletiň iň gymmatly hazynasy adam bolup, onuň wezipesi bolsa adamyň mertebesini goramakdan ybarat bolup durýar.

Ählihalk saýlawlarynda Türkmenistanyň Prezidentligine hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň saýlanmagy (2007 ý.) bilen, Täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwründe (2007–2012 ýý.) ýurdumyzyň ykdysady ösüşi has-da ýokary depginler bilen öňe gitdi. Sebäbi, hormatly Prezidentimiziň esasy aladasy – öz halky. Döwlet syýasatynyň, ykdysady taglymatynyň özeni bolsa "Döwlet adam üçindir!" diýen paýhasa esaslanýar. Bu döwürde kabul edilen "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda" onuň maksady, wezipeleri we ösüş tapgyrlary aýdyň görkezilýär:

Milli maksatnamanyň maksady:

• depginli ykdysady ösüşi gazanmak;
• ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümini diwersifikasiýalaşdyrmak;
• ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň derejesini düýpli ýokarlandyrmak;
• bazar-ykdysady we institusional özgertmeleri çuňlaşdyrmak;
• ýurduň sebitleriniň gyradeň ösüşini gazanmak.

Milli maksatnamanyň ýerine ýetirilişi üç tapgyrdan ybarat:

*1-nji tapgyr*: 2011-2015-nji ýyllar;

*2-nji tapgyr*: 2016-2020-nji ýyllar;

*3-nji tapgyr*: 2021-2030-njy ýyllar.

2012-nji ýyldan Garaşsyz Türkmenistanda täze eýýam – **Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri** başlandy. Bu döwürde ýurduň ykdysady ösüşi ýokary depginlere eýe bolup, halkymyzyň eşretli, bagtyýar durmuşda ýaşamagy maksat edinilýär. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan alnyp barylýan ykdysady syýasatyň iň möhüm ugurlaryna önümçilik toplumlarynyň we durmuş ýaýrawynyň depginli ösdürilmegi, ykdysadyýetiň döwrebaplaşdyrylmagy we diwersifikasiýalaşdyrylmagy, bazar mehanizminiň we döwlet kadalaşdyrylyşynyň utgaşdyrylmagy, ýurduň milli hojalygynyň dolandyrylyşynyň kämilleşdirilmegi degişlidir.

Bu ýörelgeler ýurduň ykdysadyýetiniň öňünde täze wezipeleri goýýar, nazaryýetdäki binýatlaýyn düşünjelere gaýtadan çuňňur nazar salmaga mümkinçilik berýär hem-de Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň amaly meseleleriniň çözülmegine täzeçe çemeleşilmeginiň zerurlygyny şertlendirýär.

Ykdysady özgertmeleri amala aşyrmagyň netijesinde hil taýdan bolup geçýän üýtgeşmeler, garyşyk kysymdaky bazar ykdysadyýetine geçilmegi diňe bir ykdysatçylaryň däl, eýsem täze türkmen jemgyýetiniň ähli agzalarynyň kadalaşdyrylýan bazar ykdysadyýeti şertlerinde ýaşamagy we işlemegi üçin ymykly taýýar bolmaklaryny talap edýär. Şeýlelikde, gysga wagtyň içinde ykdysady pikirlenmäniň täze keşbini kemala getirmek wezipesi öňe çykýar. Bu wezipäni durmuşa geçirmekde ***"Türkmenistanyň ykdysadyýeti"*** atly şu okuw kitaby, belli bir derejede, ýardam edip biler.

Bazar gatnaşyklary köp zatlary düýpgöter üýtgedýär. Bu bolsa biziň ýaş neslimiziň bilime täzeçe çemeleşmegini talap edýär. Şu okuw kitaby taýýarlanylanda jemgyýetdäki, ykdysadyýetdäki döwrebap, täzeçe çemeleşmeler nazara alyndy.

Bu okuw gollanmasynyň başynda ykdysadyýet ylmy, onuň predmeti we usullary baradaky düşünjeler berildi, ykdysadyýet ylmynyň

nazary we amaly böleklere bölünişi, şonuň ýaly-da jemgyýetçilik hojalygynyň ykdysady nusgalary açylyp görkezildi. Bu okuw gollanmasynda ýüzlenilýän meseleler, goýlan wezipelere laýyklykda, belli bir logiki yzygiderlilikde ýerleşdirilendir.

Bu okuw gollanmasynyň birinji bölümi **“Milli ykdysadyýet we onuň ösüşi”** diýlip atlandyrylyp, onda adamyň ykdysadyýetdäki orny we bitirýän hyzmaty açylyp görkezilýär, Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň aýratynlyklary, jemgyýetçilik önümçiliginiň esaslary, senagat toplumyndaky kiçi toplumlaryň we pudaklaryň ösüşi, gurluşyk we ulag toplumlarynyň ýagdaýy, oba senagat toplumynyň işleýşi we ösüşi, şonuň ýaly-da, daşary ykdysady aragatnaşyklary dolandyrmagyň we döwrebaplaşdyrmagyň ileri tutulýan ugurlary beýan edilýär.

**“Bazar ykdysadyýeti we onuň ösüşi”** diýen ikinji bölümde bazar ykdysadyýetiniň mazmuny we işleýşi, bazar gatnaşyklarynyň mehanizmi seljerilýär, milli nusgasy, pul-karz we maliýe ulgamlarynyň hem-de salgyt-býujet syýasatynyň ýola goýluşy hakynda maglumat berilýär.

**“Bazar ykdysadyýetiniň durmuş meseleleri”** diýen üçünji bölümde durmuş ykdysadyýeti we ýaşaýşyň hili diýen düşünjeleriň mazmuny açylyp görkezilýär, durmuş ýaýrawynyň esasy pudaklaryna we olaryň ösüşine häsiýetnama berilýär, zähmet bazary we adam kapitaly, döwletiň durmuş syýasaty, ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşy hakyndaky meselelere seredilýär.

**Şeýlelikde,** bu okuw gollanmasy milli we bazar ykdysadyýetiniň nazaryýetini hem-de amaly ykdysadyýetiň meselelerini öwrenmäge kömek eder. Umuman aýdylanda, bu okuw gollanmasy ýurdumyzyň durmuş-ykdysady esaslary baradaky meseleleri özünde jemleýär, bu bolsa orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň geljekde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüne mynasyp raýatlary bolup ýetişmeklerine ýardam berer.

# YKDYSADYÝETE GIRIŞ

## §1. Ykdysadyýet näme?

**Ykdysadyýet** (экономика) adalgasy "*oikonomia*" (hojalygyň dolandyrylyşy) diýen gadymy grek sözünden gelip çykypdyr. Bu adalga köp dürli mana eýe bolmak bilen, adamzat jemgyýeti ösdügiçe onuň many-mazmuny has-da baýlaşýar. Ilkibaşda öý hojalygyny alyp barmagyň sungatyny aňladýan "*ekonomiýa*" (tygşytlylyk) grek dilinde "*oikos*" (öý, hojalyk) – "*nomos*" (taglymat, kanun) adalgalary goşulýar. Häzirki wagtda bu adalga giňden ýaýran bolup, onuň mazmuny has başgaçarakdyr. Tygşytlylyk bu gündelik harajatlaryň kemeldilmegini, serişdeleriň aýawly, rejeli, netijeli çykdajy edilmegini aňladýar.

Häzirki zaman düşünjesinde ykdysadyýet adalgasy birnäçe mana eýedir:

• **birinjiden,** ykdysadyýet – sözüň giň manysynda, hojalygyň özüdir, ýagny ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek, islegleri kanagatlandyrmak maksady bilen adamlar tarapyndan peýdalanylýan ähli serişdeleriň, zatlaryň, maddy we ruhy dünýäniň predmetleriniň umumy jemidir. Şu manyda ykdysadyýete ýaşaýyş üpjünçiliginiň, adamlaryň ýaşaýşynyň üznüksiz täzelenmeginiň, ýaşaýyş şertlerini goldamagyň we gowulandyrmagyň ynsan tarapyndan döredilen we peýdalanylýan ulgamy hökmünde düşünmek gerek;

• **ikinjiden,** ykdysadyýet ylym hökmünde ykdysady ulgamyň mazmuny, maksatlary hem-de wezipeleri hakyndaky ulgamlaşdyrylan taglymatdyr. Bu babatda ol tutuş milli hojalygyň, önümçiligiň käbir şertleriniň we elementleriniň (ilatlaşma, zähmet, dolandyryş), senagatyň, oba hojalygynyň, gurluşygyň, maddy däl önümçiligiň

(bilim, saglygy goraýyş, hyzmatlar ýaýrawy) aýry-aýry pudaklarynyň öwrenilmegi bilen meşgullanýar;

• **üçünjiden,** ykdysadyýet – munuň özi maddy, medeni we ruhy gymmatlyklaryň önümçiligi, paýlanyşy, alyş-çalşygy we sarp edilişi adamlaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklaryň belli bir ykdysady ulgamyny döredýän taryhy taýdan kesgitli köplügidir.

Ykdysadyýet düýp manysy boýunça jemgyýetçilik baýlygynyň yzygiderli we özara baglanyşykly hereketi bolup, ol şeýle aýlawy geçýär: önümçilik – paýlaýyş – alyş-çalyş – sarp ediş. Gös-göni önümçilik, ýagny peýdaly önümiň döredilmegi bu hereketiň ugur alyş basgançagy bolup çykyş edýär. Önümçilik ykdysadyýet üçin aýgytlaýjy ähmiýete eýedir: eger önüm döredilmedik bolsa, onda hiç zady paýlap hem, alyş-çalyş edip hem, sarp edip hem bolmaýar. Paýlaýyş her bir adamyň döredilen baýlykdaky paýyny ýüze çykarýar. Alyş-çalyş paýlaýyş mahalynda alnan önümler beýleki gerekli zatlara çalşylýar. Sarp ediş nygmatlaryň adamlar tarapyndan öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin peýdalanmagyny aňladýar.

Ykdysadyýetiň ösüşi mahalynda hemmetaraplaýyn ösen adamyň isleglериniň emele gelmegi bolup geçýär. Häzirki zaman önümçiligi esasy islegleriň köpçülikleýin kanagatlandyrylmagyny üpjün etmäge ukyplydyr. Ol iki sany ýaýrawy (sferany) öz içine alýar: maddy önümçilik (zat görnüşindäki baýlygyň döredilmegi) we maddy däl önümçilik (ruhy, ahlak we gaýry gymmatlyklaryň, ýagny ruhy-medeni, sungat, ylmy eserleriň we ş.m. döredilmegi). Bu ýaýrawlarda hyzmatlar barha möhüm orny eýeleýärler. Maddy däl önümçiligiň, şol sanda hyzmat ediş ýaýrawynyň ösmegi maddy önümçiligiň kämillik, ösüş we netijelilik derejesine baglydyr.

**Şeýlelikde,** tutuş ykdysadyýet – bu hojalykdyr, hojalyk we hojalygy alyp barmak hakyndaky ylymdyr hem-de hojalygy ýöretmegiň barşynda adamlaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklardyr. Adamlaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan maddy, medeni we ruhy nygmatlary döretmek boýunça olaryň mydamalyk hojalyk işiniň ýaýrawy hökmünde ykdysadyýet ynsan durmuşynyň hökmany şerti bolup durýar. Şoňa görä-de adamlar ykdysady nygmatlary, ýagny önümçilik işiniň obýektlerini we netijelerini yzygiderli döredip başlapdyrlar.

**Ykdysadyýet ylmynyň predmeti.** Ykdysadyýetiň öwrenýän predmeti bilimleriň özbaşdak ugry hökmünde mundan takmynan 300 ýyl ozal ýüze çykyp başlapdyr. Şol mahallar geljekdäki ykdysady nazaryýetiň buşlukçysy bolan syýasy ykdysat döräpdir. Şondan bäri geçen döwrüň içinde ykdysadyýet ylmynyň predmeti hakyndaky düşünjeler esli özgerdi. Bilimleriň bu pudagyny döredijiler we onuň iň meşhur wekilleri bolan ykdysatçy alymlar "Ylym hökmünde ykdysadyýet näme?" diýen sowala dürli-dürli jogaplary beripdirler.

Ilkibaşda ykdysadyýet ylmy barada maddy nygmatlaryň döredilişini we peýdalanylyşyny, ýaşaýşyň maddy serişdeleriniň alnyşyny öwrenýän ylym hökmündäki düşünje peýda bolupdyr. Bu kesgitlemä häzirki zaman ykdysady düşünjeleriň nukdaýnazaryndan seredilende, onda ruhy, intellektual, hyzmatlar görnüşindäki maddy däl önümçilik diýilýäniniň ykdysady işiň ýaýrawyndan aýrylýan ýaly bolup görünýär. Üstesine-de, şol kesgitlemä laýyklykda, ykdysadyýet ylmy önümçilik ýaýrawyna baglanyşdyrylan bolup çykýar, harytlaryň aýlanyşygy, alyş-çalşy, sarp edilişi bolsa onuň öwrenýän zadynyň çygryndan daşarda galýar.

Ykdysadyýet ylmynyň predmetiniň kemala gelmegine "resurslaryň (baýlyklaryň, gorlaryň) çäkliligi" düşünjesiniň peýdalanylmagyna esaslanýan çemeleşme has giňden ýaýraýar. Şol çemeleşmä laýyklykda, ykdysadyýet ylmy adamlaryň özüni alyp baryşlaryny öwrenýär hem-de maksatlary we olara ýetmegiň çäkli serişdelerini, şol serişdeleri peýdalanmagyň dürli mümkinçiliklerini nazara almak bilen deňeşdirip görmeli bolan mahalynda nähili hereket etmelidigini olara maslahat berýär.

Ykdysadyýet ylmynyň harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiligi, paýlanyşy, alyş-çalyş edilişi we sarp edilişi bilen baglanyşykly işi öwrenýän ylym hökmündäki kesgitlemesi has doly hem-de toplumlaýyn häsiýetli bolup görünýär. Başgaça aýdylanda, ykdysadyýet ylmyna her dürli, çäkli resurslaryň adamlar üçin peýdaly nygmatlara nähilelik bilen öwrülýändigini, ýaşaýyş serişdeleriniň nähili öndürilýändigini, paýlanýandygyny, alyş-çalyş edilýändigini öwrenýän ylym hökmünde kesgitleme berilmegi has dogrudyr.

Ykdysadyýet ylmynyň ýene-de bir özboluşly kesgitlemesi bar. Bu kesgitlemä laýyklykda, ykdysadyýet ylmy şu bäş sany özara baglanyşykly sowala jogap bermäge mümkinçilik berýän bilimleriň toplumy

bolup durýar: 1) näme öndürmeli; 2) nähili öndürmeli; 3) öndürilen önümiň umumy möçberini nähili paýlamaly; 4) iş bilen umumy meşgullyga nähililik bilen goldaw bermeli; 5) ykdysady ulgamyň çeýeligini nädip üpjün etmeli. Emma bu kesgitleme-de ýeterlik delillendirilen däldir. Çünki önümi nirede öndürilmelidigini, öndürilen önümi nähili paýlamalydygyny ýa-da nädip satmalydygyny, önümçiligi we sarp edişi nähili baglanyşdyrmalydygyny, iş bilen meşgullygy we ykdysady ulgamyň çeýeligini nähililik bilen üpjün etmelidigini hem bilmek gerek.

Ykdysadyýet ylmy öňünden berlen ölçegler bilen çäklenýän däldir, ol durmuş, ynsanperwerlik, tebigy ylymlar ýaly beýleki ýaýrawlara aralaşmak arkaly mydama öz örüsini giňeldýär. Öz däp bolup gelýän obýekti (harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiligi, paýlanyşy, alyş-çalşygy we sarp edilişi) bilen bir hatarda, ykdysadyýet ylmy, hakykatda maşgaladaky, durmuş toparlaryndaky, önümçilik kärhanalaryndaky, jemgyýetdäki gatnaşyklaryň ähli görnüşlerine dahylly bolmak bilen, durmuş ýaýrawa barha çuňňur aralaşýar. Ykdysadyýet filosofiýa, sosiologiýa, taryh, hukuk, geografiýa, ekologiýa, matematika, informatika we beýleki ençeme ylymlar bilen içgin baglanyşyga girýär.

## §2. Ykdysadyýet ylmynyň usullary

Ykdysadyýet ylmy akyl ýetiriş usullarynyň giň toplumyny ulanýar:

• *ylmy abstragirleme usuly* obýektiň barlag edilişini tötänleýin, wagtlaýyn hadysalardan saplamakdan we mydamalyk, kysymdaş, mahsus sypatlary kesgitlemekden ybaratdyr. Abstragirleme usulynyň kömegi bilen barlag edilýän obýektleriň düýp mazmunyny aňladýan ylmy düşünjeler kesgitlenýär hem-de ykdysady modeller gurulýar;

• *analiz we sintez usuly* hadysalaryň bölekler boýunça (analiz) we tutuşlygyna özara baglanyşykda (sintez) öwrenilmegini göz öňünde tutýar;

• *materialistik dialektika usuly* ykdysady hadysalara üznüksiz ösüşde we özara baglanyşykda seredilmegini aňladýar;

• *taryhy we logiki usullar* ykdysady hadysalar öwrenilende, degişli netijeleri çykarmak arkaly olara dogry baha berilmegine mümkinçilik döretmek üçin ylmy barlaglaryň logiki taýdan yzygiderli umumylaşdyryş bilen utgaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar;

• *induksiýa we deduksiýa usullary* aýry-aýry şertleriň seljermesi esasynda umumy netije (induksiýa), umumy ýagdaýdan bolsa hususy netije (deduksiýa) çykarylýar;

• *mukdar üýtgeşmeleriniň hil üýtgeşmelerine geçişini ýüze çykarýan usul* hadysalar seljerilende we umumylaşdyrylanda ykdysady iş we jemgyýetçilik ýaşaýşyndaky hadysalar baradaky statistiki maglumatlaryň giňden peýdalanylmagyna daýanýar;

• *ykdysady-matematiki modelirleme* barlaglaryň ulgamlaýyn usullarynyň biri bolmak bilen, ykdysady hadysalaryň üýtgemeginiň sebäplerini, şol üýtgemeleriň kanunalaýyklyklaryny, olaryň netijelerini resmileşdirilen görnüşde kesgitlemäge, şonuň ýaly-da, ykdysady hadysalaryň çaklanmagyna mümkinçilik berýär;

• *ykdysady synaglar* hatda, olaryň ähtimal netijelerini ykdysady durmuşda takyk çaklamak mydama mümkin bolup durmasa-da, gereklidir. Her niçik bolanda hem, ykdysady synaglar hojalyk işine ornaşdyrylanda, öz-özünden bolýan hereketleriň kadasyna öwrülmeli däldir.

## §3. Ykdysady nazaryýet we amaly ykdysadyýet

Ykdysadyýet ylmynyň nazary we amaly böleklere bölünmegi dogrudyr. Şonuň ýaly bölünişik nazaryýetçiler we amaly ykdysatçylar tarapyndan öwrenilýän ykdysady obýektlere we hadysalara göz ýetirmegiň we olary beýan etmegiň ulanylýan usullaryndaky iş ýüzündäki tapawutlary nazara alýar.

Ykdysady nazaryýet ykdysady hadysalary “sap”, “ideal” görnüşde görkezmeklige we beýan etmeklige ýykgyn edýär, ençeme abstrakt düşünjeleri ulanýar, hakyky ýagdaýy takmynan beýan edýän modellere ymtylýar. Durmuş hakykatyny öz bolşunda şöhlelendirmeýändigine garamazdan, nazary modeller umumy ykdysady ýagdaýy suratlandyrmak, esasy şertleri ýüze çykarmak, hakykata golaýlaşýan düşünjeleri, meýilleri kesgitlemek nukdaýnazaryndan peýdalydyr.

Nazary ykdysadyýete syýasy ykdysat degişli edilýär, onuň özi ykdysadyýet ylmyndaky ykdysady hadysalaryň bolup geçmeginiň umumy kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmak bilen baglanyşykly

nazary ugur hökmünde döräpdi. Ykdysady-matematiki modelirleme, has giňişleýin babatda bolsa, ykdysadyýeti dolandyrmagyň esasy ýörelgelerini öwrenýän ykdysady kibernetika hem ykdysady nazaryýete sepleşip gidýär.

Ykdysadyýet ylmynyň amaly ykdysadyýet diýen şahasy ykdysadyýeti anyklap öwrenmek bilen baglanyşyklydyr hem-de ykdysady hadysalary önümçilik işini jikme-jik seljermek esasynda öwrenmek wezipesini öz öňünde goýýar. Amaly ykdysadyýete hakyky maglumatlar esasynda hasaplamalaryň geçirilmegi, anyk sanlaryň giňden peýdalanylmagy mahsusdyr.

Amaly ykdysadyýet makroykdysady meselelere-de garaýar we seljerme berýär, emma aşa abstraktlaşdyrmakdan gaça durup, olara anyk çemeleşýär. Amaly ykdysadyýet, ylmy nazaryýet bilen deňeşdirilende, hojalyk ýöretmegiň iş tejribesine, ykdysady işiň anyk görkezijilerine daýanýandygy bilen tapawutlanýar.

Nazary ykdysadyýet hem, amaly ykdysadyýet ylmy hem ykdysady statistikanyň maglumatlaryny, ykdysady görkezijileriň seljerilmegini, deňeşdirilmegini giňden peýdalanýar. Emma munuň özi ykdysadyýeti dar manydaky tejribe öwreniş ylmyna syrykdyrmaga delil bolup bilmez. Ykdysadyýet ylmy, şübhesiz, toplanan tejribäni öwrenýär we şonuň esasynda umumylaşdyrylan netijeleri çykarýar.

**Makroykdysadyýet we mikroykdysadyýet.** Ykdysadyýet ylmynda öwrenilýän obýektleri gurşap alşy, gerimi bilen tapawutlanýan aýry-aýry şahalar, bölekler, bölümler bölünip çykarylýar. Şoňa baglylykda hem seljerişiň we beýan edişiň usullary we peýdalanylýan görkezijiler üýtgäp durýar. Degişlilikde, makroykdysadyýet we mikroykdysadyýet tapawutlandyrylýar.

**Makroykdysadyýet** ykdysadyýetiň milli toplumyny emele getirýän düzüm bölegi bolup, onda maddy we maddy däl önümçiligiň ähli pudaklary bir bitewi ulgama organiki halda birigýärler. Ol bitewi ulgam hökmündäki ähli milli hojalygy gurşap alýan ykdysady hadysalary öwrenýär.

Makroykdysadyýetiň öwrenýän zady milli baýlyk, jemi milli önüm, jemi içerki önüm, jemgyýetçilik önümçiliginiň möçberi we ösüş depginleri, döwletiň we hususy bölegiň jemi maýa goýumlary, aýlanyşykdaky puluň umumy mukdary ýaly bütin hojalyk boýunça jemleýji, umumylaş-

dyryjy görkezijilerdir. Şol bir wagtyň özünde hem, makroykdysadyýet ortaça girdejiler, ortaça iş haky, ýaşaýşyň derejesi we hili, puluň hümmetsizlenmegi, işsizlik, iş bilen meşgullyk, zähmet öndürijiligi ýaly ýurt boýunça ortaça görkezijileri hem öwrenýär we barlag edýär.

Makroykdysadyýet ykdysadyýetiň ähli aşaky böleklerini tutuş milli topluma birleşdirýän hojalyk aragatnaşyklarynyň bitewi köplügi bolup durýar. Şeýle bitewilik: a) önümçiligiň ähli iri ýaýrawlarynyň, pudaklarynyň we sebitleriň (ýurduň dürli çäkleriniň) aralaryndaky umumy zähmet bölünişigi; b) önümçiligiň iri düzüm birlikleriniň bileleşmesi (bilelikde taýýarlanýan önüm üçin olar tarapyndan biri-birlerine komplektleýji (üstüni ýetiriji) önümleriň, ýarymfabrikatlaryň, çig malyň iberilmegi); ç) bitewi ykdysady giňişligi emele getirýän milli bazary üpjün edýär.

Makroykdysadyýet özüniň umumymilli islegleri we bähbitleri üpjün etmäge niýetlenen özboluşly binýadyna daýanýar. Bu binýada: maddy nygmatlaryň we hyzmatlaryň esli böleginiň döwlet tarapyndan alynmagy; jemgyýetçilik (döwlet) nygmatlarynyň öndürilmegi we olaryň bilelikdäki sarp edilmeginiň guralmagy; umumymilli infrastruktura (hojalygyň jemgyýet üçin ýaşaýyş şertlerini üpjün edýän önümçilik we durmuş pudaklary hem-de görnüşleri) girýär.

Döwlet makroykdysady arabaglanyşyklary belleýär, olar hem döwleti dikligine (ýokardan aşak) ähli kärhanalar we öý hojalyklary bilen baglanyşdyrýar. Şeýle arabaglanyşyklar arkaly ol maliýäni, karzy, býujeti hem-de ýurduň hojalyk ösüşiniň barşyna täsir etmek üçin öz ygtyýarynda bar bolan beýleki serişdeleri we gurallary peýdalanmak bilen, işjeň ykdysady syýasaty ýöredýär.

**Mikroykdysadyýet** ykdysadyýet ylmynyň has aşak derejelerdäki ykdysady hadysalary, subýektleri, esasan hem, kärhanalary, firmalary, telekeçileri, olaryň hojalyk işini we olaryň aralaryndaky ykdysady gatnaşyklary öwrenmek bilen meşgullanýan bölegidir.

Mikroykdysadyýet subýektleriň bazarda özlerini alyp baryşlaryny, önümçilik, paýlaýyş, alyş-çalyş we sarp ediş mahalynda olaryň aralarynda emele gelýän gatnaşyklary hem öwrenýär. Şol bir wagtyň özünde mikroykdysadyýetiň öwrenýän obýekti bolup, önüm öndürijileriň, telekeçileriň we döwletiň aralaryndaky ykdysady gatnaşyklar hyzmat edýär.

Şeýlelikde, mikroykdysadyýet ykdysadyýet ylmynyň iň jikme-jikleşdirilen bölegi bolup durýar, çünki ol önümçiligiň we harydyň ýa-da harytlar toparynyň möçberi, harydyň nyrhy, ony öndürmek üçin harajatlar, satuwdan düşen pul, kärhanalaryň, telekeçilik gepleşikleriniň, hojalyk taslamalarynyň netijeliligi ýaly düşünjeler we görkezijiler bilen iş salyşýar. Degişlilikde, ykdysadyýet ylmynyň bu bölegi gös-göni düşünmäge, anyk göz ýetirmäge has elýeterlidir.

Makroykdysadyýet we mikroykdysadyýet biri-birleri bilen jebis baglanyşyklydyrlar we olar öz aralarynda täsir edişýärler. Mikroykdysadyýet makroykdysadyýetiň esasynda durýar, makroykdysadyýet bolsa onuň bir ýere jemlenen görnüşdäki netijesi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde makroykdysady ululyklara, görkezijilere diňe mikroykdysady görkezijileriň ýönekeý jemlenen netijesi hökmünde garamaly däl. Ýurduň ykdysadyýeti makroykdysady derejede düzgünleşdirilende, ilki makroykdysady görkezijileriň bellenip, soňra olary böleklere bölmek arkaly mikroykdysady ululyklaryň emele getirilmegi-de mümkindir.

**Şunlukda** “makroykdysadyýet” adalgasy, köplenç, “makroykdysady syýasat” söz düzüminde peýdalanylýar we ol hem ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş syýasatyny aňladýar hem-de hökümetiň esasy ünsi makroykdysady görkezijilere, ýagny tutuş ykdysadyýete täsir etmegine gönükdirmegi bilen tapawutlanýar. Şeýle makroykdysady özgerişleriň netijesinde ykdysadyýetiň tutuş ýagdaýy, şol sanda onuň aşaky derejeleri hem, gerekli üýtgeşmelere sezewar bolýar.

## §4. Jemgyýetçilik hojalygynyň ykdysady nusgalary

**Ykdysady** gatnaşyklaryň jemi hökmünde ykdysadyýet jemgyýetiň öz esasynda eýeçiligiň (umumy, hususy ýa-da garyşyk) agalyk ediji görnüşi bolup durýan ykdysady ulgamydyr. Taryhda jemgyýetçilik hojalygynyň üç sany görnüşi mälimdir, olara natural hojalyk, administratiw-buýruk beriş ykdysadyýeti hem-de hususy eýeçiligiň agalyk edýän we häzirki wagtda garyşyk eýeçiligiň agdyklyk edýän bazar ykdysadyýeti degişlidir.

**Natural hojalyk** – hojalygy ýöretmegiň maddy nygmatlary we hyzmatlary aýratyn hojalyk birliginiň içinde sarp etmek üçin öndürmekligiň görnüşidir. Natural hojalyk ösmedik jemgyýetçilik zähmet bölünişigine esaslanýar. Oňa önümçiligiň ýapyk, ýerli, şol hojalygyň özünde çäklenýän häsiýeti mahsusdyr. Natural hojalygyň häzirki zaman görnüşine özbaşdak ykdysadyýet mysal bolup biler, ol ýurduň agdyklaýyn içerki sarp edişe nazarlandyrylan milli hojalygydyr. Şonuň ýaly hojalykda adamyň islegleriniň kanagatlandyrylyşy iň pes derejä çenli azalýar.

**Administratiw buýruk beriş (merkezleşdirilen meýilnamalaýyn) ykdysadyýet** – munuň özi jemgyýetçilik hojalygynyň ösen jemgyýetçilik zähmet bölünişigi, önüm öndürijileriň ýöriteleşmesi, ykdysady düzümleriň köp dürlüligi mahalynda organiki bitewi ykdysadyýetiň ösüşi merkezden aňly-düşünjeli görnüşde berk düzgünleşdirilýän we hökmürowan dolandyrylýan görnüşidir. Dolandyryşyň administratiw buýruk beriş usullary, adatça, adatdan daşary şertler ýüze çykanda we olar emeli ýagdaýda goldanylanda ulanylýar. Şeýle adatdan daşary ýagdaýlara tebigy betbagtçylyklar, uruşlar, çökgünlikler degişlidir.

**Bazar ykdysadyýeti** – ykdysadyýeti guramagyň önümçilik bilen sarp edişiň arasyndaky özara baglanyşygy bazaryň üsti bilen üpjün edýän haryt önümçiligine esaslanan jemgyýetçilik görnüşidir.

Merkezleşdirilen döwletiň ykdysady we syýasy häkimiýetiniň agalygy mahalyndaky gatnaşyklar taryhda bazar ykdysadyýetiniň ilkinji nusgasy bolupdyr. Bu ýagdaýyň ykdysady ulgamyň ösmegi üçin ýaramaz netijelere getirmegine garamazdan, umuman alnanda, ýeterlik durnuklylyga eýe bolupdyr. Ol, hatda, bazar ykdysadyýetiniň elementleri bar bolan ýagdaýynda hem, ösüşiň haýal gitmegine, nygmatlaryň ýeterliksiz öndürilmegine getiripdir, bu bolsa yzagalaklyga sebäp bolupdyr.

Bazar ykdysadyýetiniň ikinji nusgasyna şahsyýetiň döwletiň üstünden agalyk etmegi, ösüşiň esasy hökmünde hususy eýeçiligiň mizemez agalygy, eýeçiligiň döwlet häkimiýetinden bölünip aýrylmagy häsiýetlidir. Hususy eýeçiligiň agalyk etmeginiň binýadynda innowasion işiň ösmegine, önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanmagyna güýçli höwes döredýän hususy telekeçilik çalt ösüpdir. Hususy eýeçilik arkaly döredilýän hut şol höwesler ykdysady ösüşiň esasyna öwrülipdir.

Häzirki zaman bazar hojalygy eýeçiligiň iki sany, ýagny umumy (döwlete degişli) we hususy görnüşleriniň özara täsir edişmegi esasynda guralýar. Häzirki zaman bazar hojalygynyň şu nusgalary mälimdir: liberal (korporatiw) ykdysadyýet, durmuş ugruna nazarlandyrylan ykdysadyýet we garyşyk ykdysadyýet.

Liberal ykdysadyýete iri telekeçiligiň bähbitleriniň ilkinji nobatda goralmagy, ykdysadyýetde döwlete degişli bölegiň ujypsyz bolmagy we hojalyk işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň baş ýörelgesi hökmünde esasy ileri tutmalaryň döwlet tarapyndan kesgitlenmegi häsiýetlidir.

Durmuş ugra nazarlandyrylan ykdysadyýetde ilatyň (raýatlaryň) bähbitleriniň goralmagyna esaslanylýar, milli ykdysadyýetde döwlete degişli bölek 30%-denem gowrak uly paýy eýeleýär, döwlet düzgünleşdirişiniň esasy usuly hökmünde uzak möhletleýin maksatnamalaşdyryş ulanylýar.

Garyşyk ykdysadyýetde döwlete degişli bölegiň paýy durmuş ugra nazarlandyrylan ykdysadyýetdäkä görä azdyr, emma hojalyk işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň gytaklaýyn usullaryny ulanmak arkaly telekeçiligiň ösmegi üçin ähli zerur şertler döredilýär.

**Şeýlelik bilen,** häzirki zaman bazar ykdysadyýetiniň bu nusgalary öz aralarynda umumy (döwlet) eýeçiliginiň we hususy eýeçiligiň mynasybeti (gatnaşygy) bilen tapawutlanýarlar. Şol mynasybetli döwlet tarapyndan çözülýän wezipeleriň ileri tutulyşyna hem-de öňde durýan durmuş-ykdysady meseleleri hususy eýeçiligiň özbaşdak çözüp biliş mümkinçiligine bagly bolup durýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Ykdysadyýet näme? Onuň nähili kesgitlemesini bilýärsiňiz?
**2.** Ykdysadyýet ylmynyň predmeti näme?
**3.** Ykdysadyýet ylmynyň usullary haýsylar?
**4.** Ykdysady nazaryýet diýip nämä düşünýärsiňiz?
**5.** Amaly ykdysadyýet diýip nämä aýdylýar?
**6.** Makroykdysadyýet näme? Mysallaryň üsti bilen gürrüň beriň.
**7.** Mikroykdysadyýet näme? Mysallaryň üsti bilen gürrüň beriň.
**8.** Makroykdysadyýet bilen mikroykdysadyýetiň näme tapawudy bar?
**9.** Jemgyýetçilik hojalygynyň haýsy ykdysady nusgalaryny bilýärsiňiz?
**10.** Häzirki zaman bazar ykdysadyýetiniň nusgalaryna haýsylar degişli? Olar barada mysallaryň üsti bilen gürrüň beriň.

# I BÖLÜM

# MILLI YKDYSADYÝET WE ONUŇ ÖSÜŞI

## I. YKDYSADYÝET DÜNÝÄSINDE ADAMYŇ ORNY

### §1. Häzirki zaman ykdysadyýetinde adamyň orny

Häzirki zaman bazar ykdysadyýetinde adam köp dürli ykdysady wezipeleri ýerine ýetirýär. Adam öndüriji güýçleriň janly göterijisine mahsus sypatlaryň ençemesine, köp dürli isleglere we ukyplara eýedir. Gatnaşyklaryň işjeň dörediji subýekti bolmak bilen, häzirki zaman ykdysadyýetinde adam köp wezipeleri ýerine ýetirýär.

Adamyň öndüriji güýçleriniň düzüminde iki sany tarapy, ýagny işçi güýjüni ýa-da zähmet çekmek ukybyny hem-de sarp edijilik güýjüni ýa-da sarp etmäge ukybyny tapawutlandyrmak zerurdyr. Zähmet işçi güýjüniň wezipesi, sarp ediş hem sarp edijilik güýjüniň wezipesi bolup durýar.

Adamda zähmete ukyplylygy-da, sarp etmäge ukyplylygy-da kemala getirmek bilen meşgullanmak zerurdyr. Häzirki zaman ykdysadyýetiniň ulgamynda adamyň ornuna häsiýetnama berlende düşünjeleriň birgideni ulanylýar: ykdysady adam, işçi güýji, önümçiligiň adam faktory, zähmet resurslary, adam resurslary, ynsan maýasy, telekeçi.

**Ykdysady adam** – bazar ykdysadyýetiniň erkin seçip almaga hem-de bar bolan ähli şertlerden, mümkinçiliklerden we maglumatlardan öz bähbitlerine we maksatlaryna laýyklykda ugur alyp, netijeli çözgütleri kabul etmäge ukyply baş döredijilik subýektidir.

**Işçi güýji** – adamyň janly şahsyýeti bilen aýrylmaz baglanyşykly iňňän möhüm sypatlandyryjy häsiýeti bolmak bilen, zähmet çekmäge bolan indiwidual ukybydyr. Zähmete bolan bu ukyp heniz herekete getirilmedik öndürijilik ukybydyr. Ol anyk kärhanadaky peýdalanylýan işçi güýjüniň köplügine goşulyp, anyk önümçilik serişdeleri bilen birikdirilende, hakyky öndüriji güýje öwrülýär.

**Önümçiligiň adam faktory** –bilelikdäki zähmetiň öndüriji güýji, indiwidual, şahsy işçi güýçleriniň bileleşmesidir, ýagny belli bir jemgyýetçilik görnüşindäki utgaşdyrylan işçi güýjüniň jemidir. Adam faktorynyň düzümi önümçiligiň bir ýere jemlenmeginiň we ýöriteleşmesiniň, zähmet bölünişiginiň derejeleri bilen kesgitlenýär.

**Zähmet resurslary** – ýurtdaky ilatyň ykdysadyýetde işlemek üçin zerur bolan fiziki we akyl ukyplary, belli bir derejedäki bilimi we hünäri bar bolan zähmete ukyply ýaşdaky bölegidir. Zähmet resurslarynyň sany harytlary we hyzmatlary öndürmek üçin şol pursatda jemgyýetiň garamagynda bar bolan häzirki zähmetiň mümkinçilik möçberini häsiýetlendirýär.

**Adam resurslary** – bu bazar ykdysadyýetinde önümçiligiň iňňän möhüm şerti bolup durýan zähmet serişdeleridir. Bazarda adamlar tarapyndan hödürlenýän zähmet hyzmatlary resurslaryň beýleki görnüşleri bilen bilelikde önümçilik faktorlarynyň bäsleşikli bazarynda peýdalanylýar.

**Adam kopitaly** – maýa goýumlarynyň we adam tarapyndan toplanan hem-de jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginiň ol ýa-da başga bir ýaýrawynda maksadalaýyk peýdalanylýan, zähmet öndürijiliginiň we önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanmagyna ýardam edýän, şonlukda hem adamyň gazanjynyň artmagyna getirýän saglygyň, bilimleriň, endikleriň, ukyplaryň, zähmete höwesi delillendiriş şertleriň netijesinde emele getirilen belli bir gorudyr.

**Telekeçi –** bazar ykdysadyýetiniň täze harytlary döretmek we peýda gazanmak maksady bilen serişdeleriň we önümçilik şertleriniň täze utgaşmalaryny amala aşyrmak üçin ähli zerur sypatlara eýe bolan, töwekgelçilik şertlerinde işleýän hem-de özbaşdak çözgütleriň kabul edilmegine jogäpkärçiligi boýnuna alan işjeň subýektidir.

## §2. Ykdysady adam barada düşünje

Adam şahsyýetiniň köp dürlüligi, gaýtalanmaýan özboluşlylygy, onuň işiniň köp dürli delillendirmeleri ykdysady durmuş ylmy taýdan seljerilende, adam nusgasynyň, ýagny durmuş-ykdysady gatnaşyklaryň ulgamynda hereket edýän adam baradaky umumylaşdyrylan düşünjäniň peýdalanylmagyny zerurlyga öwürýär.

**Adamyň nusgasy,** islendik başga bir nusganyň bolşy ýaly, adamy, ozaly bilen hem onuň ykdysady işjeňligini, maksatlaryny, şonuň ýaly-da, goýan maksatlaryna ýetmek üçin peýdalanýan akyl ýetiriş mümkinçiliklerini häsiýetlendirýän esasy ölçegleri öz içine alýar.

**Ykdasady adamyň nusgasynyň** döredilmegi adamlaryň ykdysadyýet babatynda özüni alyp barşyny, ýagny dürli maddy we ruhy nygmatlary öndürmegiň, olaryň paýlanyşynyň we peýdalanylyşynyň barşynda ýekelikdäki we jemgyýetçilik hereketlerini düşündirmek wezipesine gabat gelmelidir.

**Ykdysady adamyň nusgasy** ýa-da **“homo economicus”** kesgitli birtaraplaýynlyk bilen tapawutlanýar, çünki ynsan diňe bir hojalyk durmuşynda özüni görkezýän “ykdysady adam” däldir. Ýaşaýyş durmuşynyň ençeme başga ugurlary (syýasat, medeniýet, din, maşgala we beýleki şahsyýetara gatnaşyklary we başgalar) hem bar bolup, adam olarda-da öz belli bir ornuny tutýar. Şonuň üçin ynsanyň logiki nusgasy adamlaryň ykdysady işini, ýagny şahsyýetiň öz ukyplaryny durmuşa geçirişiniň düýpli häsiýetnamasyny, aýratynlykdaky adamyň, hem tutuş jemgyýetiň hem ýaşaýşynyň ähli beýleki taraplarynyň şertlerini, esasyny we deslapky ýüze çykyş mümkinçiliklerini nazara almalydyr.

Adamy “nusgalaşdyrmagyň” köp sanly ugurlarynyň arasynda, şertli ýagdaýda, üç sany ugry tapawutlandyrmak mümkindir. Olaryň aralaryndaky tapawutlar, birinjiden, adamyň şahsy häsiýetnamalarynyň köp dürlüliginden üzňeleşme derejesi bilen, ikinjiden, çygrynda adamlaryň işi alnyp barylýan ykdysady, syýasy we psihologik ýagdaýyň nazara alynmagy bilen kesgitlenilýär.

***Birinji ugra*** iňlis nusgawy mekdebi, maržinalizm we täze nusgawylyk mekdepleri wekilçilik edýär. Bu ugruň çäklerinde işlenip düzülen nusgalaryň özeninde "ykdysady adamyň" işiniň baş delili bolan pul gazanmak bähbidi goýulýar.

Seredilip geçilýän nusgalardan has meşhury **"homo economicus" nusgasydyr.** Şol nazary nusga laýyklykda, aýratynlykdaky adam belli bir çäklendirmeleriň çäklerinde peýdalylygy (kanagatlanyşy, hal-ýagdaýy, bagtlylygy we ş.m.) aňrybaş artdyrmaga çalyşýar, onuň esasynda hem pul girdejisi goýulýar.

Baryp-ha XVIII asyrda işlenip düzülen "homo economicus" nusgasynyň konsepsiýasy biziň günlerimize çenli gelip ýetdi, oňa ykdysady nazaryýet boýunça islendik okuw kitabynda mynasyp orun berilýär.

**"Homo economicus" nusgasy** – bu rejeli işleýän adamdyr. Ol akyl-paýhasyň, habarlylygyň we işe beletligiň öz maksatlarynyň erkin, kämil bäsdeşlik mahalynda durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge mümkinçilik berýän derejesine eýedir.

Şonuň ýaly adamyň hereket edýän ykdysady ulgamy hojalyk subýektleriniň ýönekeý köplügi hökmünde çykyş edýär hem-de şonda hiç zat bilen ýoýulmadyk bazar düzümi, jemgyýetiň ähli agzalary üçin hereketleriň düzgüniniň berjaý edilmegini üpjün edýän talaplardan başga, hiç hili daşky täsire (mysal üçin, döwlet tarapyndan) sezewar bolmaýar. Bu düzümde döwlete raýatlaryň içerki we daşarky howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de nygmatlaryň erkin alyş-çalyş edilmegi üçin hukuk şertlerini döretmek wezipesi degişli bolýar.

Şonlukda**, "ykdysady adam" nusgasy** özüniň nusgawy manysynda rejeli pikirlenýän, ýagny öz peýdasyny aňrybaş köpeltmäge, harajatlaryny azaltmaga çalyşýan, öňde goýulýan maksatlary we olara ýetmegiň usullaryny seçip almakda erkin hem-de bu ugurda ähli maglumatlardan habarly adamy göz öňünde tutýar. "Ykdysady adam" – bu aňrybaş netijä ymtylýan adamdyr.

***Ikinji ugur*** keýnsçilik mekdebine, institusionalizme, taryhy mekdebe mahsusdyr. Bu ugruň çäklerinde işlenip düzülen adam nusgalary has çylşyrymlydyr we çäkli rejelilik ýörelgesine esaslanandyr.

Adamyň höwesi diňe bir maddy nygmatlara, pula ymtylyşy däl, eýsem, däp-dessurlaryň berjaý edilmegi, endikler, abraý gazanmak,

durmuşdan lezzet almak we beýleki psihologik häsiýetdäki käbir elementleri-de öz içine alýar.

Seredilýän bu nusgada öňde goýlan maksatlara ýetilişi baradaky mesele kynlaşýar. Bu ýerde esasy sebäplere hojalyk subýektleriniň habarlylygynyň kemter bolmagy, olaryň intellektiniň kämil bolmazlygy, özüni alyp baryşlarynyň endiklere, dini ygtykatlara baglylykda köneçil bolmagy we ş.m. degişlidir. Doly işlenip gutarylmadyk (kämil bolmadyk) maglumatlar garaşmak, öňünden syzmak ýaly şertleriň ähmiýetiniň artmagyna getirýär.

Şu nusgalarda jemgyýet has çylşyrymly düzüme eýe bolýar, ony deňagramly ýagdaýda saklamak üçin döwletiň ykdysady gatnaşyklara gatyşmagy talap edilýär.

***Üçünji ugur*** "ykdysady adamyň" häzirki zaman ýagdaýyny nazara alýan düýpgöter täze görnüşini beýan edýär. Oňa aňrybaş netijä ymtylýan adam bilen deňeşdirilende işe bolan delillendirişiň, häsiýetiniň üýtgemegi mahsusdyr, ýagny şahsyýetiň diňe bir maddy isleglериniň däl, eýsem ruhy islegleriniň hem (çekilýän zähmetden kanagatlanma almaklygyň, onuň durmuş ähmiýetliliginiň, çylşyrymlylygynyň we başg.) ähmiýeti artýar.

Täze nusgany islegleriň köp dürlüligi we hereketjeňligi tapawutlandyrýar, özüni görkezmek, başga adamlar bilen gatnaşyklary ýola goýmak islegi, ruhy taýdan öz ýagdaýyny kesgitlemek, medeniýet we jemgyýetçilik-syýasy garaýyşlar babatyndaky erkinlik olaryň esasylarydyr. Durmuş taýdan özbaşdak adamyň şeýle nusgasy ösen toparara aragatnaşyklary bar we durmuş gatlaklarynyň arasyndaky çäkler üzül-kesil tapawutlanmaýan, demokratik we köp dürlülik başlangyçlaryna esaslanýan jemgyýetiň bolmagyny göz öňünde tutýar.

**Şeýlelikde,** ykdysadyýet ylmy tarapyndan adamyň "nusgalaşdyrylmagynyň" üç sany ugruny bölüp çykarmak mümkin. Olara "homo economicus" nusgasy, keýnsçilik nusgasy we "ykdysady adamyň" häzirki zaman görnüşi degişlidir. Olaryň aralaryndaky tapawutlar adamyň şahsy häsiýetnamalarynyň köp dürlüliginden üzňeleşiş derejesi hem-de adamlaryň işi amala aşyrylýan ykdysady, syýasy we psihologik ýagdaýlaryň nazara alnyşy bilen kesgitlenýär.

## §3. Jemgyýetde adam ösüşiniň indeksiniň ähmiýeti

Türkmenistanyň durmuş ugruna gönükdirilen bazar ykdysadyýetine geçýän şertlerinde **ynsan ösüşiniň indeksi** diýen görkeziji möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Bu görkezijiniň zerurdygy Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasynda (BMG ÖM) bellenilýär. Ynsan ösüşiniň konsepsiýasy adama giňeldilen üznüksiz önümçilik mahalynda baş maksat we iň möhüm serişde hökmünde garalmagyny talap edýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistan üçin, özygtyýarlylygyny pugtalandyrmak bilen birlikde, sazlaşykly ösmegiň barşynda jemi içerki önümiň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmak zerur bolup durýar. Şonda şu iki strategik resursyň özara baglanyşygy üpjün edilmelidir:

- fiziki resurslar, ýagny esasy önümçilik serişdeleri, işläp bejermäge taýýar çig mal, pul aktiwleri;
- adam resurslary, ýagny ynsan ösüşiniň indeksi arkaly aňladylýan ýokary hilli ilatlaşma.

Islendik durmuş-ykdysady we syýasy özgertmeleriň *netijelilik ölçegi* aýgytly ähmiýete eýe bolan şol strategik resurslaryň her birisine edýän oňyn täsiriniň üsti bilen ýüze çykýar.

Dünýä jemgyýetçiligi ynsan ösüşiň indeksine adam potensialynyň şu üç sany iňňän möhüm bölekleriniň, bir tarapdan, ösüşiniň, beýleki tarapdan bolsa, peýdalanylyşyň näderejededigine toplumlaýyn baha berilmegi hökmünde garaýar:

- öndürilýän jemi içerki önümiň (JIÖ) ilatyň jan başyna düşýän möçberi;
- ömrüň dowamlylygy we ýaşaýşyň hili;
- bilim almak we alnan bilimleri kämilleşdirmek mümkinçiligi.

BMG-nyň Ösüş maksatnamasynyň işläp düzmelerine laýyklykda, adam ösüşiniň indeksi adam potensialynyň giňeldilen üznüksiz önümçiliginiň her bir ýurtdaky şertlerine obýektiw baha bermek hem-de şol maglumatlaryň ýurtlar arasynda deňeşdirilip görülmegi üçin zerurdyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda adamyň nähili orny bar?
2. “Ykdysady adam” barada düşünje beriň.
3. ”Ykdysady adamyň” haýsy nusgalary bar?
4. ”Adamy nusgalaşdyrmagyň” nähili ugurlaryny bilýärsiňiz?
5. Adam ösüşiniň indeksi diýip nämä aýdylýar?
6. Jemgyýetde adam ösüşiniň indeksiniň ähmiýeti barada gürrüň beriň.

# II. TÜRKMENISTAN MILLI YKDYSADYÝETIŇ OBÝEKTI HÖKMÜNDE

## §1. Türkmenistanyň geosyýasy we geoykdysady häsiýetnamasy

Türkmenistan 1991-nji ýylyň oktýabr aýynda geçirilen ählihalk pikir soraşmasynda halkyň erk-islegini bildirmeginiň hem-de parlament tarapyndan Garaşsyzlyk hakyndaky kanunuň kabul edilmegi netijesinde dünýäniň syýasy kartasynda dörän täze garaşsyz döwletdir.

Garaşsyzlyk hakyndaky kanunalaýyklykda Türkmenistan demokratik hukuk döwleti diýlip yglan edildi. Ol öz çäginde häkimiýete doly eýelik edýär, içeri we daşary syýasatlaryny özbaşdak durmuşa geçirýär.

Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy bolup durýar, öz daşary syýasatynda parahatçylykly ýaşaşmak, güýç ulanmakdan ýüz öwürmek, başga döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgelerine eýerýär. Ol halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagyna ygrarlydyr.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatdaky ugry dünýädäki we sebitdäki ösüşiň barşynda ýüze çykýan çylşyrymly ýagdaýlara çuňňur düşünilmegine, döwletiň geosyýasy ornuny göz öňünde tutup, esasy ýagdaýlary jikme-jik seljermek we biri-birinden tapawutlandyrmak esasynda geljekki ýagdaýlaryň öňünden kesgitlenmegine, ilkibaşdan özara baglanyşykly bolan we subut edilmegini talap etmeýän häsiýetli ýagdaýlaryň ikisine: geosyýasy we geoykdysady ýagdaýlara esaslanýar.

**Birinji ýagdaý.** Türkmenistan geosyýasy taýdan amatly orny eýeleýär hem-de Ýewropany Merkezi Aziýa, Hytaý we Ýaponiýa bilen baglanyşdyrmak boýunça dünýäde möhüm ähmiýetli çatryklaryň birinde ýerleşýär. Türkmenistanyň üstaşyr geçirmek boýunça mümkinçiliklerinden peýdalanylmagyna Ýewropa we dünýä bileleşigi tarapyndan has içgin goldaw berlip ugraldy hem-de bu mümkinçilikler milli we sebit derejesindäki integrasiýanyň güýçli serişdesine öwrülýär.

Geosyýasatda we umuman, halkara tejribesinde oňyn bitaraplyga esaslanýan daşary syýasy ugur häzirki wagtda sebit we ählumumy (global) derejedäki ýagdaýlary göz öňünde tutup aýdanyňda, garaşsyz ýaş döwletiň içeri we daşary syýasatynyň bütewiliginiň beýanyna öwrüldi.

**Ikinji ýagdaý.** Türkmenistanyň geoykdysady mümkinçilikleri we serişdeleriniň gorlary hemmeler tarapyndan ykrar edildi. Munuň özi Türkmenistany halkara syýasatynyň täsirli subýektleriniň hataryna goşýar. Şeýlelikde, XXI asyrda energiýa serişdeleriniň geljekki akymlary, esasan, Türkmenistanyň eýerýän ugruna we eýeleýän ornuna bagly bolar.

Türkmenistanyň ygtyýarynda uglewodorod çig malynyň dünýädäki gorlarynyň dörtden bir bölegi bar hem-de ol tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýär. Bu ýagdaý daşary ykdysady syýasatyň dogry ýöredilýändigini subut edýär we Türkmenistanyň geografik taýdan ýerleşişini göz öňünde tutanyňda, halkara hyzmatdaşlygynyň bähbitlerine laýyk gelýär.

Şu jähetden alanyňda, milli ykdysady nusgasynyň ösüşiniň ençeme oňyn aýratynlyklary halkara bileleşiginiň ünsüni çekýär. Birinjiden, munuň özi Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesi arkaly, jemgyýetde syýasy durnuklylygyň we durmuşda asudalygyň saklanmagyny üpjün edýär.

Ikinjiden, oňaýly we durnukly kanunçylyk binýady maýa goýumlary boýunça ygtybarly kepillendirmeleriň bolmagyny we ýurduň geljekki ykdysady ösüşiniň öňünden kesgitlenmegini üpjün edýär.

Ýurdumyzyň tebigy serişdeleriniň örän uly gorlary iri maýadarlaryň ünsüni çekýär, häzirki wagtda olaryň aglabasy öz maýalyk

goruny ýurduň ykdysadyýyetine gönükdirdi, çünki şunda daşary ýurt firmalarynyň işi üçin aňrybaş derejede ýeňillikli şertler döredildi. Gysga döwürde maýa goýumlary boýunça syýasatyň netijeli amala aşyrylmagy Türkmenistanyň dokma senagatynyň döredilmegine ýardam berdi. Bu ulgamda ýurdumyzda öndürilýän pagtanyň üçden bir böleginden gowragy gaýtadan işlenilýär. Şeýle hem ýangyç-energetika toplumy işjeň ýagdaýda ösdürilýär, onuň önümleri dünýäniň onlarça ýurtlaryna eksport edilýär.

Türkmenistanyň eýelik edýän ýer gorlary-da örän köpdür. Ol meýdany boýunça GDA-nyň çäginde dördünji orny eýeleýän döwletdir. Şoňa görä-de, daşary ýurtly maýadarlar döwletimiziň diňe bir uglewodorod serişdeleriniň gorlaryna däl-de, oba senagat toplumynyň geljekki mümkinçiliklerine-de aýratyn üns berýärler.

Üçünjiden, Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň amatly bolmagynyň maddy esasyna we ygtybarly kepillendirmesine öwrülen şert döredildi, galyberse-de, ýurdumyz tebigy-çig mal serişdeleriniň baý gorlaryna we transmilli kommunikasiýalaryň mümkinçiliklerine eýelik edýär.

Türkmenistan gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň dürli görnüşlerine, ýagny nebitiň, gazyň, kükürdiň, kaliý we daş duzlarynyň, reňkli we seýrek duşýan metallaryň, agyz suwunyň we mineral (senagatda we bejeriş üçin ulanylýan) suwlaryň, bezeg we gurluşyk materiallarynyň hem-de beýlekileriň känlerine baýdyr.

Tebigy serişdeleriň we çig malyň örän uly gorlary Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň artdyrylmagyna itergi berýär. Türkmenistanyň umumy meýdany 491,2 müň kw. km barabardyr, şonuň gaz we nebit bardyr öýdülýän bölegi 400 müň kw. km geçýär. Milli we garaşsyz halkara ekspertleriniň maglumatlaryna görä, Türkmenistanyň çäginde 45,44 mlrd. tonna şertli ýangyç bar diýlip hasaplanýar. Türkmenistanyň ähli ýeri diýen ýaly we Hazar deňziniň akwatoriýasynyň ýanaşyk bölegi nebiti we gazy gözlemek we agtaryp tapmak boýunça gyzyklanma döredýär.

Türkmenistanyň uglewodorod serişdeleriniň strategik gorlary XXI asyrda ählumumy (global) bazarda täze ykdysady tertibiň kemala getirilmeginiň esasyna öwrülip biler, munuň özi tutuş dünýäde

örän uly gyzyklanma döredýär. Çünki, Türkmenistan her ýylda dünýä bazaryna 100 mlrd. kub metrden gowrak gazyň ýetirilmegini kepillendirip biler. Munuň özi türkmen gazynyň Ýewropa kontinentine we Aziýa-Ýuwaş ummany sebitine iberilmegine esas döredýär.

Şoňa görä-de, Türkmenistanyň bitaraplyga esaslanýan daşary syýasy ugry ýurdumyzyň uglewodorod serişdelerine baý gorlarynyň işlenip taýýarlanmagy babatda gyzyklanma bildirýän ähli döwletleriň hyzmatdaşlyk etmegi üçin oňaýly şertleriň döredilmegine gönükdirilendir.

Garaşsyzlyk Türkmenistanyň öz baýlyklaryna doly ygtyýarly eýesi bolmagyna mümkinçilik berdi. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap milli manadyň denominasiýasynyň geçirilmegi döwletiň ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyrdy we ýurtdaky ykdysady ýagdaýa gözegçilik edilmegine ýardam berdi. 2000–2013-nji ýyllar boýunça Türkmenistanyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileriniň ösüşi 1-nji tablisada görkezilýär.

*1-nji tablisa*

**Türkmenistanyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileri**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 2000 | 2005 | 2010 | 2012 | 2013 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| **Ilatyň girdejisi**<br>Bir öý hojalygynyň pul girdejisi, manatda | 270 | 796 | 1081 | 1423 | 1583 |
| Ykdysadyýetde iş bilen meşgul bolanlaryň ortaça zähmet haky | 119,4 | 500,6 | 742,8 | 943,4 | 1047,0 |
| **Esasy serişdeler**<br>Kärhanalaryň, guramalaryň (ýylyň soňuna), mln manat | 4180 | 12998 | 32371 | 115189 | 132625 |
| **Senagat**<br>Senagat önümleri, mln manat | 3354 | 9310 | 33688 | 63001 | 68381 |
| Ilatyň sarp edýän harytlarynyň önümçiligi, mln manat | 1287 | 3779 | 6159 | 6719 | 6999 |
| şol sanda:<br>– önümçilik däl harytlar | 476 | 1315 | 2057 | 2400 | 2595 |

*1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| – önümçilik harytlar | 758 | 2367 | 3867 | 4004 | 4147 |
| – spirtli içgiler | 53 | 97 | 235 | 315 | 257 |
| **Oba hojalyk**<br>Oba hojalyk önümleri, mln manat | 1574 | 4398 | 9856 | 11460 | 13642 |
| şol sanda: – ekerançylyk | 623 | 1668 | 4532 | 4904 | 5768 |
| maldarçylyk | 951 | 2730 | 5324 | 6556 | 7874 |
| **Inwestirlemek işi**<br>Esasy maýalyk goruny inwestirlemek, mln manat | 1814 | 3838 | 29131 | 48407 | 51835 |
| Esasy gaznalary işe girizmek, mln manat | 1264 | 2988 | 15226 | 29932 | 30524 |
| **Ulag we aragatnaşyk**<br>Ulagyň ähli görnüşlerinde ýolagçy daşamagyň dolanyşygy, mln ýolagçy - km | 11504 | 16287 | 24765 | 25873 | 27329 |
| Ulagyň ähli görnüşlerinde ýük dolanyşygy, mln t-km | 37585 | 44394 | 28208 | 35372 | 39624 |
| **Içerki söwda we hyzmatlar**<br>Bölek haryt dolanyşygy, mln manat | 1865 | 8667 | 18924 | 25420 | 30274 |
| Ilata edilen tölegli hyzmatlar, mln manat | 176 | 758 | 6434 | 8815 | 9538 |
| **Maliýe**<br>Döwlet býujetiniň girdejileri, mln manat | 1207 | 3657 | 10170 | 21079 | 20561 |
| Döwlet býujetiniň çykdajylary, mln manat | 1224 | 3600 | 8878 | 14695 | 18853 |
| Ykdysadyýetde alnan girdeji, mln manat | 1733 | 3428 | 11719 | 22821 | 21944 |
| **Daşary söwda**<br>Daşary söwda dolanyşygy, ABŞ-nyň mln dollary | 4291 | 8577 | 17883 | 34125 | 34944 |
| şol sanda:<br>– eksport | 2506 | 4939 | 9679 | 19987 | 18854 |
| – import | 1785 | 3638 | 8204 | 14138 | 16090 |
| Çeşmeler: (34, s. 9-11); (36, s. 9-10); (40, s. 13-15). | | | | | |

Tablisada görkezilen maglumatlar 2000-2013-nji ýyllardaTürkmenistanyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileriniň ösüşe eýe bolýandygyna güwä geçýär. 2000-nji ýyldaky bilen deňeşdireniňde, 2013-nji ýylda düýpli maýa goýumlarynyň möçberi 28,6 esse artdy. Seljerilýän ýyllarda esasy gaznalaryň ulanmaga berlişi 24,1 esse köpeldi.

2000-nji ýyldaky bilen deňeşdireniňde, 2013-nji ýylda sarp edilýän harytlaryň öndürilişi 5,4 esse artdy. Şol döwürde ykdysadyýetde işleýänleriň ortaça aýlyk zähmet haky 8,8 esse ýokarlandy we 2013-nji ýylda 1047 manada barabar boldy.

2000-nji ýyldaka garanyňda, 2013-nji ýylda bölekleýin haryt dolanyşygynyň we ilata edilýän tölegli hyzmatlaryň ösüşi, degişlilikde, 16,2 we 54,2 essä barabar boldy. Şol döwürde daşary söwda dolanyşygy 8,1 esse, şunda eksport 7,5 esse we import 9,0 esse artdy.

2000-2013-nji ýyllarda Türkmenistanyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileri sazlaşykly ýagdaýda ýokarlandy we ýokary ösüş depginleri gazanyldy. Munuň özi ykdysady bazisi (esasy) kemala getirmäge we ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesini has-da gowulandyrmaga mümkinçilik berýär.

**Şeýlelikde,** Türkmenistan geosyýasy taýdan amatly ýeri eýeleýär hem-de ýurtda umumy ykdysady görkezijiler sazlaşykly ösdürilýär. Munuň özi ykdysadyýetiň pudaklarynyň çalt depgin bilen ösdürilmegine itergi berýär hem-de dünýä ulgamynda daşary ýurtlaryň köpüsi bilen özara peýdaly, işjeň hyzmatdaşlygyň amala aşyrylmagynyň özeni bolup durýar.

## §2. Ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi

**Ykdysadyýetiň düzümi** köp ugurly düşünje bolup, oňa hojalyk ulgamynyň dürli düzüm bölekleriniň mynasybetini görkezýän dürli nukdaýnazarlardan garamak mümkindir. Adatça, durmuş, pudaklaýyn, üznüksiz önümçilik we sebitleýin düzümler bölünip çykarylýar.

**Ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi** giň manyda jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň ulgamynda aýratyn önümçilik şertleri bilen häsiýetlenýän hem-de giňeldilen üznüksiz önümçilik mahalynda özboluşly wezipäni ýerine ýetirýän hojalyk birlikleriniň hil taýdan birmeňzeş toparlarynyň köplügi bolup durýar.

**Milli hojalyk** pudaklaryň köp sanlysyndan ybarat bolan çylşyrymly ykdysady ulgamdyr. Şol pudaklar jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň täsiri astynda kesgitlenip, olara öndürilýän önümleriň, peýdalanylýan çig malyň, tehnologik işiň we öndüriji güýçleriň düzüminiň özboluşlylygy mahsusdyr.

Jemgyýetçilik önüminiň emele gelşini, milli girdejiniň döredilişini we jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň häsiýetini nazara almak bilen, milli hojalyk iki sany ýaýrawa, ýagny maddy önümçilige we önümçilik däl ýaýrawa bölünýär.

Maddy önümçilik ýaýrawyna maddy nygmatlar döredilýän, hususan, şu pudaklar degişlidir:

**1.** Senagat,

şol sanda:

- elektrik energetikasy;
- ýangyç senagaty;

olardan:

- nebit çykarýan senagat;
- nebiti gaýtadan işleýji senagat;
- gaz senagaty.
- maşyn gurluşygy we metal işläp bejeriş;
- himiýa senagaty.
- gurluşyk materiallary senagaty.
- ýeňil senagat;
- azyk senagaty.

**2.** Oba hojalygy.

**3.** Ýük daşaýan ulaglar.

**4.** Aragatnaşyk (önümçilik pudaklaryna hyzmat etmek boýunça).

**5.** Gurluşyk.

**6.** Geologiýa.

**7.** Söwda.

**8.** Işiň gaýry görnüşleri.

Maddy nygmatlar döredilmeýän ähli pudaklar önümçilik däl ýaýrawy emele getirýärler. Olara aşakdakylar degişlidir:

**9.** Bilim.

**10.** Ylym we ylmy hyzmatlar.

**11.** Saglygy goraýyş.

**12.** Sport we syýahatçylyk.

**13.** Medeniýet we sungat.

**14.** Sarp ediş bazary we tölegli hyzmatlar.

**15.** Ýaşaýyş jaý gurluşygy we jemagat hojalygy.

**16.** Ýolagçy gatnadýan ulaglar.

**17.** Aragatnaşyk (önümçilik däl ýaýrawa we ilata hyzmat etmek boýunça).

**18.** Karzlaşdyryş we ätiýaçlandyryş.

**19.** Dolandyryş.

**20.** Işiň gaýry görnüşleri.

Ykdysadyýetiň pudaklarynyň şunuň ýaly toparlanyşy oňaýly deňölçeglilikleri, görkezijiler ulgamyny kesgitlemek hem-de jemgyýetçilik önümçiligine pudaklar boýunça baha bermek üçin zerurdyr.

Pudaklaryň şeýle toparlanmagy Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşine esas bolup hyzmat etdi. Şol mynasybetli ýurdumyz milli hojalygyň maddy-önümçilik binýadyny tutmakda uly üstünlikler gazandy. Häzir onuň ykdysady we ylmy-tehniki mümkinçilikleri täze giň möçberli wezipeleri çözmäge esas berýär.

Türkmenistan milli ykdysadyýeti ösdürmegiň esasy ugurlaryny we olary durmuşa geçirmegiň ýollaryny kesgitledi. Olar milli hojalygy durnukly we ilerleýjilikli ösdürmegiň, ylmy- tehniki ilerlemäniň we ykdysadyýeti önjeýli ösüş ýoluna çykarmagyň, ýurduň önümçilik mümkinçiliklerini has rejeli peýdalanmagyň, serişdeleriň ähli görnüşlerini hemme çäreler arkaly tygşytlamagyň we işiň hilini gowulandyrmagyň esasynda ilatyň hal-ýagdaýynyň mundan beýläk hem ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllary içinde uly özgerişler bolup geçdi. Ýurduň ösüşiniň her bir tapgyry durmuş-ykdysady ösüşiň aýratynlyklary, milli hojalygyň islegleri we mümkinçilikleri bilen şertlendirilen anyk wezipeleri öňe sürýär. Bu wezipeleriň çözülmegi diňe bir maddy önümçiligi däl, eýsem, önümçilik däl ýaýrawy-da gurşap alýar.

**Şeýlelik bilen,** milli hojalygyň dürli pudaklarynyň üstünlikli ösmegi ýurduň maddy-önümçilik binýadyny ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak we innowasion işi çaltlandyrmak, zähmet öndürijiliginiň, önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy arkaly pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýedir.

## §3. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň milli toplumy

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe daşary ykdysady gatnaşyklar işjeň we sazlaşykly ýagdaýda giňelýär. Bu gatnaşyklar ýurdumyzyň milli toplumynyň düzüminiň organiki bölegi bolup durýar. Şoňa görä-de, ýurdumyzyň ykdysady strategiýasy has anyk meseleleri çözmek, hususan-da, maddy önümçilik ulgamynyň ösdürilmegini çaltlandyrmak we ilatyň durmuş hajatlaryny has dolulygyna kanagatlandyrmak üçin, daşary ykdysady gatnaşyklaryň ähmiýetiniň artdyrylmagyna gönükdirilipdi.

Ýöne XX ýüzýyllygyň 80-nji ýyllaryna çenli Türkmenistanyň milli hojalygy çylşyrymly ykdysady ulgam bolup durýardy. Bu ulgam bolsa, köp sanly pudaklardan ybaratdy. Olar jemgyýetde zähmet bölünişiginiň täsirine görä kesgitlenýärdi we öndürilýän önümleriň, ulanylýan çig malyň, tehnologik amallaryň, öndüriji güýçleriň özboluşlylygy bilen tapawutlanýardy.

Türkmenistan milli hojalygyň maddy-önümçilik (binýadyny) bazasyny döretmekde uly üstünlikleri gazandy. Häzir ýurdumyzda ýokary derejede ösen öndüriji güýçler, kuwwatly we öňdebaryjy senagat, kämil derejede mehanizmleşdirilen oba hojalyk pudagy bar. Indi ýurdumyzyň ykdysady we ylmy-tehniki kuwwaty täze we giň gerimli wezipeleri berjaý etmäge mümkinçilik berýär.

Ösüşiň häzirki tapgyrynda ýurduň ykdysadyýetinde zähmetiň jemgyýetdäki bölünişigi mundan beýläk-de çuňlaşýar we milli hojalygyň gurluşy çylşyrymlaşýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň göwnejaý derejede ösen önümçilik-hojalyk toplumy bar, bu düzümleriň arasyndaky gatnaşyklaryň we şol düzümleriň her biriniň içinde özara arkalaşykly hereket edilmeginiň çylşyrymly ulgamyny emele getirýär. Bu ulgamda ykdysady gatnaşyklar aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Şol gatnaşyklar bolsa, üznüksiz önümçiligiň ähli tapgyrlary, ýagny öndürmek, paýlaşmak, alyş-çalyş etmek we sarp etmek bilen gös-göni baglanyşyklydyr.

Bu özara gatnaşyklarda önümçilige esasy orun degişlidir. Munuň özi maddy nugmatlaryň adamzat jemgyýetiniň ýaşaýşynyň we

ösüşiniň özenini emele getirmegi bilen şertlendirilendir hem-de jemgyýetçilik önüminiň hereketine badalga berýär. Sarp ediş bolsa, onuň jemleýji tapgyry bolup durýar. Jemgyýetçilik önümi önümçiligi we sarp edişi baglanyşdyrýan düzüme öwrülýär. Şu görkezijini göz öňünde tutman, ýurduň milli hojalygyndaky ykdysady ösüşi hemmetaraplaýyn esaslandyrmak asla mümkin däldir.

**Milli hojalyk** – munuň özi çylşyrymly dinamiki ösýän ulgamdyr. Ol ulgam önümçilik düzümlerinden, toplumlardan, birleşmelerden we ş.m-den ybaratdyr. Şoňa görä-de, toplumlaýyn çemeleşmä laýyklykda, olara goşmaça ulgamlar hökmünde we özbaşdaklygyna däl-de, bütewi dinamiki ulgamyň düzümleri hökmünde garalmagyny talap edýär. Ykdysady ulgamyň bu düzümleriniň arasyndaky gatnaşyk maddy-tehniki taýdan üpjün etmek, ulag, söwda ýaly goşmaça ulgamlar arkaly amala aşyrylýar.

Şunuň ýaly çemeleşme toplumlaryň düzümlerine dolandyrylýan ykdysadyýetiň organiki bölegi bolup durýan goşmaça ulgamlar hökmünde garamaga hem-de onuň ösüşine „durmuş tapgyryna“ mahsus görnüşde we ulgamyň daşyndaky ýagdaýy göz öňünde tutmak arkaly çemeleşmäge mumkinçilik berýär. Şunda ahyrky netijeleriň gazanylmagy ugur edinilýär, ahyrky netijeler bolsa, önümleriň aýry -aýry görnüşleri babatda bildirilýän islegleri kanagatlandyrmakdan ybaratdyr.

Ýurduň milli toplumynyň düzümine önümçilik we önümçilik däl ulgamlar, şeýle hem ýangyç-energetika, maşyn-gurluşyk, himiýa, oba senagat toplumlary we beýlekiler girýär (*1-nji şekil*).

Bu toplumlary netijeli dolandyrmakda strategik meýilnamalaşdyryşyň uly ähmiýeti bar. Strategik meýilnamalaşdyryşyň möhüm ugry toplumlaýyn, ulgamlaýyn çemeleşmäniň ulanarlyk bolmagydyr, onuň esasyny bolsa ykdysady kanunlar ulgamynyň öwrenilmegi we peýdalanylmagy emele getirýär. Bu çemeleşmäniň iş ýüzünde ulanylyp bilinmegi balans usulynyň esasynda amala aşyrylýar, ol hem islegleriň we serişdeleriniň baglanyşygyny, ugurdaş pudaklaryň we kiçi pudaklaryň işiniň utgaşdyrylmagyny, milli toplumynyň ähli düzüm bölekleriniň öz aralarynda has netijeli täsirde bolmagyny üpjün edýär.

*1-nji şekil*

**Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň milli toplumy**

**Önümçilik ýaýrawy**

**Senagat**

Elektrik energetikasy.
Ýangyç senagaty,
şol sanda:
– nebit çykaryjy senagat;
– nebit gaýtadan işleýji senagat;
– gaz senagaty.
Ýeňil senagat.
Azyk senagaty.
Geologiýa.
Oba hojalygy.
Gurluşyk.
Ulag.
Aragatnaşyk.
Söwda.
Beýlekiler.

**Önümçilik däl ýaýraw**

Bilim.
Ylym we ylmy hyzmatlar.
Saglygy goraýyş.
Sport we syýahatçylyk.
Medeniýet we sungat.
Sarp ediş bazary we hyzmatlaryň bazary.
Ýaşaýyş jaý-ilat hojalygy.
Dolandyryş.
Beýlekiler.

**Toplumlar ulgamy**

Ýangyç-energetika toplumy.
Maşyn gurluşyk toplumy.
Himiýa toplumy.
Oba senagat toplumy.
Ulag toplumy.
Durmuş toplumy.
Beýlekiler.

Durmuş-ykdysady ösüş meseleleriniň toplumlaýyn çözülmegi senagat tarapyndan gaýtadan işlenýän çig maly öndürýän, şonuň ýaly-da ahyrky önümi çykarýan pudaklaryň aralaryndaky tehnologik we önümçilik jebis baglanyşyklaryň emele gelmegi üçin şertleri döredýär. Şol düzüm bölekleriniň aralaryndaky gatnaşyklary kämilleşdirmek we olaryň täzelerini gözläp tapmak meselesiniň çözülmegine toplumlaýyn, ulgamlaýyn çemeleşilmegi hem-de olaryň rejeli ýagdaýa getirilmegi has öndümli ahyrky netijeleriň gazanylmagyna ýardam edýär. Şu ýerden durmuş-ykdysady ösüşiň ahyrky netijäniň gazanylmagyna we önümçilik ýaýrawynyň ykdysady netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilmelidigi düşnüklidir.

Ýurduň durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegine toplumlaýyn çemeleşme şulary talap edýär: tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylmagy; durmuş-ykdysady we territoriýa-önümçilik toplumlarynyň bitewi ulgamynyň ösdürilmegi; senagat we oba senagat birleşikleriniň we toplumlarynyň emele getirilmegi; özara baglanyşykly pudaklaryň deňölçegli we depginli ösdürilmegi; maddy, maliýe we zähmet serişdeleriniň rejeli peýdalanylmagy; infrastruktura pudaklarynyň deňölçegli ösdürilmegi.

**Şeýlelikde,** toplumlaryň toparlara bölünmegi geljek döwür üçin toplumlaýyn maksatnamalary işläp düzmäge, olary belli maksatnamalaýyn ýörite ugur nukdaýnazardan amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Toplumlaýyn maksatnama çeşmeleri, ýerine ýetirijiler we möhletler bilen baglanyşykly bolan esasy maksady durmuşa geçirmäge gönükdirilen ykdysady, guramaçylyk, tehnologik we durmuş çäreleriň ulgamydyr. Toplumlaýyn maksatnamalaryň işläp düzmek we durmuşa geçirmek ýokary gutarnykly netijelere ýetmäge, milli önümçiliginiň netijeliligini artdyrmaga gönükdirilendir.

## §4. Önümçilik serişdeleriniň we sarp ediş önümleriniň önümçiligi

Türkmenistanyň milli toplumynyň esasy senagatdan we oba hojalykdan ybaratdyr. Önümçiligiň şu pudaklary önümçilik toplumynyň özüne mahsus bolan aýratynlyklygynyň kuwwaty bilen ýurdumyzyň milli toplumynda önümleriň zerur görnüşleriniň esasy öndürijileri bolup durýarlar (*2-nji tablisa*).

*2-nji tablisa*

**Türkmenistanda önümleriň esasy görnüşleriniň öndürilişi**

| Önümleriň görnüşleri | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **2000** | **2005** | **2010** | **2012** | **2013** |
| Elektrik energiýasy, mln kWt·sag | 9943 | 12937 | 16848 | 20053 | 21019 |
| Tebigy gaz, mlrd kub m | 47,2 | 63,0 | 47,0 | 69,1 | 69,2 |
| Nebit (şol sanda gaz kondensaty), müň t | 7181 | 9515 | 9826 | 10992 | 11224 |
| Mineral dökün (şertli birlik), müň t | 99,9 | 190,7 | 233,6 | 188,1 | 138,5 |
| Pagta süýümi, müň t | 235,1 | 217,5 | 336,4 | 357,0 | 362,8 |
| Nah matalar, mln kw. m | 55,1 | 158,0 | 145,0 | 147,4 | 160,5 |
| Jorap önümleri, mln jübüt | 11,4 | 10,3 | 11,9 | 16,6 | 17,2 |
| Dokma önümleri, mln sany | 19,4 | 28,7 | 14,8 | 10,7 | 8,6 |
| Deri aýakgaby mln jübüt | 0,6 | 0,4 | 0,3 | 0,3 | 0,4 |
| Çörek we çörek önümleri, müň t | 691,5 | 1127,6 | 874,7 | 876,9 | 824,5 |
| Süýji önümleri, müň t | 16,4 | 27,8 | 34,2 | 38,8 | 41,5 |
| Ösümlik ýagy, müň t | 48,5 | 53,5 | 92,5 | 102,0 | 108,1 |
| Çeşmeler: (34, s. 31-36); (40, s. 31-39). | | | | | |

Görkezilen maglumatlar seljerilýän ýyllarda Türkmenistanda önümiň has möhüm görnüşlerini öndürmekde ep-esli öňe gidişlikleriň bolup geçendigine şaýatlyk edýär. 2000–2013-nji ýyllarda (dokma önümlerinden başga) önümiň wajyp görnüşleriniň: elektrik energiýasynyň, gazyň, nebitiň, mineral dökünleriň, pagta süýüminiň, nah matanyň, çöregiň we çörek önümleriniň, süýji önümleriniň we ösümlik ýagynyň öndürilişiniň ösüş depgininiň artandygyny bellemek gerek. Türkmenistanda önümiň has möhüm görnüşlerini öndürmekde ýokary ösüş depginleri ykdysady ösüşi has-da çaltlandyrmagyň, şeýle hem önümçiligiň serişdelerini we sarp edilýän önümleri öndürýän pudaklary döwrebaplaşdyrmagyň hasabyna gazanyldy.

Eger ýurt boýunça önümleriň bir gije-gündizde öndürilýän möçberine ser salynsa, munuň özi has aýdyň görünýär (*3-nji tablisa*). Görnüşi ýaly, seredilip geçilýän döwürde iňňän möhüm önümleriň öndürilişinde düýpli oňyn ösüşler bar.

2013-nji ýylda 2000-nji ýyldaka görä, elektrik energiýasynyň öndürilişi 2,1 esse, nebit 57%, mineral dökünler 39%, pagta süýümi

55%, nah matalar 2,9 esse, çörek we çörek önümleri 20%, ösümlik ýagy 2,2 esse, süýji önümleri 2,5 esse artdy.

**Şeýlelikde,** Türkmenistanyň milli toplumynyň rejeli düzümleriniň döredilmegi garaşsyz döwletiň ykdysady taýdan özbaşdaklygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek, içeri we daşary syýasatyň esasy maksatlaryna ýetmek üçin öňünden oňaýly şertleri döredýär.

*3-nji tablisa*

**Türkmenistanda bir günde öndürilýän önümleriň möçberi**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | 2000 | 2005 | 2010 | 2013 |
| Elektrik energiýasy, mln kWt·sag | 27,2 | 35,4 | 46,2 | 57,6 |
| Tebigy gaz, mln kub m | 129,0 | 172,6 | 128,8 | 189,6 |
| Nebit (şol sanda gaz kondensaty), müň t | 19,6 | 26,1 | 26,9 | 30,8 |
| Mineral dökün (şertli birlik), t | 273 | 523 | 640 | 379 |
| Pagta süýümi, t | 642 | 596 | 922 | 994 |
| Nah matalar, müň $m^2$ | 150,5 | 432,9 | 397,3 | 439,7 |
| Jorap önümleri, müň jübüt | 31,2 | 28,2 | 32,6 | 47,1 |
| Dokma önümleri, müň sany | 53,0 | 78,6 | 40,6 | 23,6 |
| Deri aýakgaby, müň jübüt | 1,6 | 1,1 | 0,8 | 1,1 |
| Çörek we çörek önümleri, t | 1889 | 3089 | 2396 | 2259 |
| Süýji önümleri, t | 44,8 | 76,2 | 93,7 | 113,7 |
| Ösümlik ýagy, t | 132,5 | 146,6 | 253,4 | 296,2 |
| Görkezijiler kesgitlenende bir ýylyň dowamlylygy gün sany boýunça hasaplandy | | | | |

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň ösüşiniň nähili aýratynlyklary bar?
**2.** Türkmenistanyň ösüşi haýsy durmuş-ykdysady görkezijiler bilen kesgitlenýär?
**3.** Milli hojalyk näme?
**4.** Maddy önümçilige haýsy pudaklar degişli?
**5.** Maddy däl ulgamyň düzümine haýsy pudaklar degişli?
**6.** Türkmenistanda nähili esasy önümçilik serişdelerini öndürýärler?
**7.** Türkmenistanda nähili esasy sarp ediş önümlerini öndürýärler?
**8.** Türkmenistanda bir günde öndürilýän önümleriň möçberi barada aýdyp beriň.
**9.** Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň milli toplumynyň ösüşi barada mysallaryň üsti bilen gürrüň beriň.

# III. MILLI YKDYSADYÝET WE ONUŇ GÖRKEZIJILERI

## §1. Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň ösüşi

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren “Döwlet adam üçindir!” diýen ýörelgesinden ugur alyp, ýurdumyzyň her bir raýatynyň durmuşyny gowulandyrmaga gönükdirilen syýasy, ykdysady, durmuşy we medeni özgertmeler amala aşyrylýar.

Türkmenistan sebitdäki döwletlerden tapawutlylykda, özboluşly tebigy-ykdysady we geosyýasy ýagdaýa eýe. Ummasyz baý ýerasty we ýerüsti çig mal çeşmelerine eýe bolan, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan özboluşly geosyýasy zolakda ýerleşmek bilen, içeri we daşary syýasatyny öz milli ruhuna laýyklykda özbaşdak amala aşyrýar.

Özüniň dörän gününden häzirki zaman dünýäsi üçin örän wajyp parahatçylygyň, sahawatyň, dostlugyň, hyzmatdaşlygyň ýörelgelerine ygrarly we ony öz içeri hem-de daşary syýasatlarynda baş ýörelge hökmünde kabul eden Türkmenistan halkara hukuk kada-kanunlaryna doly gabat gelýän ynsanperwerlikli Konstitusiýasyny kabul etdi. Bu baş Kanunymyz türkmeniň milli aýratynlyklary, onuň özboluşly jemgyýetiniň hukuk kada-kanunlaryny esaslandyrylan Konstitusiýadyr. Ol şu gün Garaşsyzlygyň, Bitaraplygyň, demokratiýanyň, dünýewi garaýyşlaryň, aýratyn-da, ylalaşygyň, duýgudaşlygyň, jebisligiň, galkynyşyň, bitewiligiň, erkinligiň, netijeli zähmet ugrundaky göreşiň aýdyň kepilidir diýilse, dogry bolar.

Ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetiniň öňünde şunuň ýaly belli bir maksada gönükdirilen meseläniň goýulmagy birnäçe wezipäniň çözülmegini talap edýär, bu wezipeler kanunçylyk namalarynyň birgidenini işläp taýýarlamakdan, durnuklylyk we bazar ykdysadyýetine geçiş wezipesini çözmekden, düzgünleşdiriji ulgamy döretmekden we ony netijeli peýdalanmakdan, ilatyň durmuş goraglylygyny üpjün etmegiň anyk ulgamyny işläp taýýarlamakdan, zähmetiň medeniýetini we düzgün-nyzamyny ýokarlandyrmakdan, önüm öndürmegi we ýerleşdirmegi guramagyň ýokary derejesini üpjün etmekden, zähmetiň

pudaklaýyn bölünişiniň deňagramlygyny göwnejaý ýola goýmakdan ybaratdyr.

Ilatynyň ýaşaýyş derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine çenli ýokarlandyrmaga we eşretli durmuşyny üpjün etmäge Türkmenistanda kuwwatly ykdysady, tebigy we aň-bilim mümkinçilikler bar. Onuň esasynda gadymy taryhy döwürlerde kemala gelen we durmuş tejribesinden ymykly geçen milli häsiýetli we aýratynlykly döwlet gurluşy durýar. Onuň hem iň gymmatly hazynasy adam we onuň mertebesini goramak bolup durýar.

**Milli ykdysadyýet** – bu haýsy hem bolsa bir döwletiň içinde amala aşyrylýan ykdysadyýetdir. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüşini gazanmak üçin:

- ykdysadyýetiň ösüş depginini ýyl-ýyldan artdyrmaly;
- çig mal önümlerini gaýtadan işläp, taýýar önüm öndürmeli;
- täze iş orunlaryny emele getirmeli;
- harytlaryň sanyny we hilini artdyrmaly;
- puluň hümmetini ýokarlandyrmaly.

Türkmenistany ösdürmegiň maksady ilatyň jan başyna düşýän hasap boýunça jemi önümiň öndürilişini artdyrmakdan, ýagny hakyky önümi köpeltmekden ybaratdyr. Munuň özi, elbetde, halkyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna, maddy önümleriň artmagyna getirer we harajatlary azaltmak ýörelgelerine laýyk geler. Bu bolsa täze islegleri kanagatlandyrmaga, ýurduň içinde-de, halkara derejesinde-de durmuş-ykdysady meseleleri göwnejaý çözmäge ýardam eder.

Milli ykdysadyýetiň häzirki zamandaky ösüş derejesi, onuň geriminiň giňelmegi dolandyryş edaralarynyň hojalygy guraýyş işiniň ýaýbaňlandyrylmagyny, olaryň wezipeleriniň giňelmegini, olar tarapyndan dolandyryşyň täze usullarynyň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Bu möhüm, oňyn meýiller ol ýa-da başga bir görnüşde ýurduň ykdysadyýetiniň ähli ýaýrawlarynda ýüze çykýar.

Milli ykdysadyýetiň emele gelen düzümi we dolandyryşyň däp bolup gelýän görnüşleri häzirki zaman ykdysady hadysalaryna doly gabat gelmeýär, jemgyýetiň täze durmuş isleglerini kanagatlandyrmaýar. Ykdysadyýetiň ähli düzüm birlikleriniň kadaly işlemegini üpjün etmek üçin ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny, şonuň ýaly-

da durmuş-ykdysady mehanizmindäki düzümleýin ilerlemeler babatyndaky toplanan tejribäni peýdalanmak arkaly dolandyryşyň bar bolan usullarynyň we serişdeleriniň kämilleşdirilmegi zerurdyr.

Dolandyryşyň düzümi diňe bir innowasion hadysalar we önümçiligiň ugry bilen däl, eýsem, hojalygyň ölçegi, esasy serişdeler bilen abzallaşdyrylyş derejesi, kärhanalaryň ýöriteleşmesi we önümçiligiň bir ýere jemlenmegi, çig mal binýadynyň, önümçilik kuwwatynyň derejesi, zähmet resurslary bilen üpjünçilik, önümçiligi dolandyrmagyň pudaklaýyn aýratynlyklary ýaly ençeme alamatlar bilen kesgitlenýär. Bu alamatlar dolandyryşyň guramaçylyk düzümi esaslandyrylanda anyk mazmuna eýe bolýar.

Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ugurlaryny beýan edýän ähli maksatnamalaýyn resminamalarda diýen ýaly milli ykdysadyýeti düzüm taýdan üýtgedip gurmak meselesiniň göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek arkaly çözülmegi göz öňünde tutulýar. Daşary ýurt maýa goýujylary üçin öňdebaryjy daşary ýurt tehnikasyny we tehnologiýalaryny, dolandyryş tejribesini milli ykdysadyýetde peýdalanmak üçin ykdysady şertler döredilýär. Daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň bähbitleriniň goralmagy kanun tarapyndan kepillendirilendir.

Düzümleýin ilerlemeleri göz öňünde tutýan maýanyň ugry, ozaly bilen, jemgyýetiň ahyrky isleglerini kanagatlandyrýan (oba senagat toplumy, ýeňil senagat we ş.m.) hem-de şolaryň kadaly işlemegine şert döredýän (ýangyç-energetika toplumy, gurluşyk materiallary senagaty we ş.m.) pudaklara gönükdirilmelidir. Oba senagat toplumynyň guramaçylyk düzüminiň kämilleşdirilmegi aýratyn möhüm bolup durýar. Onuň düzüminde daýhan birleşikleri, daýhan hojalyklary, kooperatiwler, kiçi we orta hususy kärhanalar ýaly täze guramaçylyk birlikleri ýüze çykýar.

Häzirki wagtda dolandyryşyň guramaçylyk görnüşlerinde düýpli ilerlemeler bolup geçýär. Döwlet kärhanalary bilen bir hatarda, dürli konsernler, assosiasiýalar, konsorsiumlar, paýdarlar jemgyýetleri döredilýär. Dolandyryşyň täze guramaçylyk görnüşleriniň berkarar bolmagynda eýeçiligiň köp dürli görnüşleriniň mümkinçiliklerini peýdalanmak uly ähmiýete eýe bolýar. Hut şunda hem bazar mehanizminiň ähli bölekleriniň özara jebis baglanyşygy ýüze çykýar.

## §2. Ykdysady ösüş we onuň ugurlary

Häzirki döwürde milli ykdysadyýetimiziň hemme pudaklarynda gyradeň ýokary ösüş derejesi saklanylýar. Bu ösüşleri gazanmakda hem yzygiderli berkitmekde baý tebigy gorlara, işjeňligi barha artýan maýa goýum işiniň netiijeliligine, çig mal pudagyna degişli bolmadyk ulgamlaryň depginli ösdürilmegine, iri möçberli daşary ýurt maýa goýum serişdeleriniň çekilmegine, ýurtda maliýe we durmuş durnuklylygyny saklamaga, milli puluň hümmetiniň durnukly bolmagyny üpjün etmäge aýratyn orun berilýär.

Döwletiň ykdysady syýasatynyň esasy maksatlary:

1. Ykdysadyýetiň ösüşini gazanmak.
2. Ilaty iş bilen üpjün etmek.
3. Puluň hümmetliligini galdyrmak.

Ykdysady ösüş her bir jemgyýet üçin derwaýys meseledir. Sebäbi, ol jemgyýetçilik gurluşyna garamazdan, halkyň durmuş-ykdysady ýagdaýyna täsir edýär. Ykdysady ösüş bu ýurduň güllemeginiň şertidir.

**Ykdysady ösüş** – bu jemgyýetçilik önüminiň mukdar taýdan köpelmegi we hil taýdan kämilleşmegidir.

Ykdysady ösüşi gazanmak üçin ýurtda elmydama ykdysadyýete üns bermeli we ýüze çykýan meselelerini, wagtynda çözmeli. Ykdysady ösüşi gazanmak üçin iki ýol, ýagny ekstensiw we intensiw ýollar bardyr.

Önümçiligiň ösüşi onuň şertleriniň mukdar taýdan artdyrylmagy esasynda amala aşyrylsa, oňa ykdysady ösüşiň **ekstensiw** ýoly diýilýär. Onda ösüşiň şertleriniň tehniki derejesi öňküligine galýar. Mysal üçin, önümçiligiň ösüşi işgärleriň sanynyň köpeldilmeginiň hasabyna, çig malyň, materiallaryň, energetiki serişdeleriň dolanyşyga goşmaça girizilmeginiň, täze gurluşygyň hasabyna alnyp barylsa, onda bu ösüşiň ekstensiw ýa-da köp harajatly ýoludyr.

Ekstensiw ösüşiň oňaýly taraplary bardyr. Eger-de önümçiligi giňeltmegiň şertleri ýeterlik bolsa, onda ekstensiw ösüşi ýeňil amala aşyrmak mümkindir. Ekstensiw ösüş tebigy resuslaryň çalt özleşdirilmegine, ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmaga amatly şertleri döredýär.

Emma ekstensiw ösüş ýolunyň oňaýsyz taraplary hem bardyr. Ol tehniki durnuklylyga, köp harajatlylyga alyp barýar. Tebigy baýlykla-

ryň möçberiniň, zähmet serişdeleriniň köpeltmegiň mümkinçilikleriniň çäkliligi sebäpli ekstensiw ösüş ýoly, belli bir derejede, amatsyzdyr.

Eger-de öndürilýän önümleriň möçberiniň artdyrylmagy önümçilik şertleriniň mukdar taýdan däl-de, olaryň hili taýdan kämilleşdirilmeginiň netijesinde gazanylýan bolsa, onda bu ykdysady ösüşiň **intensiw** ýoly bolýar. Intensiw ösüş önümçilik şertleriniň peýdalanylyşyny gowlandyrmagyň hasabyna hem bolup biler. Ol has kämil zähmet serişdeleriniň peýdalanylmagyny we zähmet predmetleriniň tygşytly ulanylmagyny, işgäriň hünäriniň ýokarlandyrylmagyny hem-de bar bolan önümçilik kuwwatlyklarynyň peýdalanylyşynyň gowulandyrylmagyny göz öňünde tutýar.

Ykdysady ösüşiň iki görnüşi-de özara baglanyşyklydyr. Hakyky (real) ykdysady durmuşda ekstensiw ýa-da intensiw ösüş ýollary ýeke-täk arassa görnüşinde duş gelmeýär. Olar hemişe özara utgaşykly amala aşyrylýar. Emma jemgyýetçilik önümçiliginiň ösüşiniň belli-belli döwründe intensiw ýa-da ekstensiw ugur agdyklyk edýär. Ykdysadyýeti intensiw usula geçirmeklik wajyp meseleleriň biridir. Munuň özi islendik jemgyýet üçin kanunalaýyk ýagdaýdyr.

Şeýlelikde, ykdysady ösüşi gazanmak üçin ýurtda elmydama ykdysadyýete üns bermek we onuň ýüze çykýan meselelerini wagtynda çözmek zerur bolup durýar.

Ykdysady ösüşiň depginine täsir edýän şertler bar. Olar:

- tebigy serişdeler;
- zähmet serişdeleri;
- maýa goýumlary;
- innowasiýalar;
- ykdysadyýetiň düzümi;
- jemi hyrydarlyk;
- ykdysady ulgamyň gurluşy;
- durmuş-syýasy şertlerden ybaratdyr.

Ykdysadyýet çökgünlik ýagdaýa düşende ýurduň içinde işsizlik we puluň hümmetsizlenmegi ýaly ýagdaýlar ýüze çykýar.

**Işsizlik** – bu durmuş-ykdysady hadysadyr. Bu ýagdaýda jemgyýetde zähmete ukyply ilatyň bir bölegi ulanylman galýar.

**Işsiz adam** – zähmete ukyply, emma özüne bagly bolmadyk sebäplere görä işini ýitiren ýa-da iş gözläp ýören adama diýilýär.

Ykdysadyýetde işsizligiň zyýanyny kesgitleýän ýörite ykdysady kanun hereket edýär. “Oýkeniň kanuny” – kanuny boýunça işsizlik öz kadasyndan 1 % artsa, onda ykdysady ösüş 2,5–3 % peselýär. Ol ykdysadyýetiň ösüşini seljermek üçin ulanylýar.

Işsizligiň şu görnüşleri tapawutlandyrylýar:

• (tapgyrlaýyn) siklleýin häsiýetdäki işsizlik – önümçilik pese düşüp, iş orunlaryna ýerleşmäge isleg bildirýänleriň sanynyň iş orunlarynyň sanyndan köp bolan mahalynda ýüze çykýar;

• üýtgeýän friksion işsizlik – işgärleriň sebitler boýunça, şonuň ýaly-da käri we ýaşy bilen baglylykda, bir ýerden başga ýere geçmegi (ýaşaýan ýeriniň üýtgemegi, täze hünär almagy, okamagy, çagasyna seretmegi we ş.m.) bilen baglanyşyklydyr;

• düzümleýin işsizlik– işe ukyply ilatyň bir böleginiň önümçiliginiň düzüminiň üýtgedilmegi, täze hünär almak zerurlygy bilen baglylykda işini wagtlaýyn ýitirmegi;

• ykdysadyýetiň ýagdaýy zerarly ýüze çykýan işsizlik – ykdysadyýetdäki umumy pese gaçyş bilen baglylykda iş tapmak mümkinçiliginiň bolmazlygy zerarly ýüze çykýar.

**Işsizligiň görkezijileri:**

• işsizlik derejesi – işsizleriň sanynyň işçi güýjüniň sanyna bolan göterim hasabyndaky gatnaşygy;

• işsizligiň dowamlylygy.

**Işsizligiň durmuş-ykdysady netijesi:**

• ykdysady ýitgiler we jemi içerki önümiň ösüş derejesiniň peselmegi;

• adamlaryň girdejileriniň we ýaşaýyş derejesiniň aşak düşmegi;

• işsizlik uzaga çeken mahalynda işgärleriň hünär ukyplarynyň kütelmegi.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda goşmaça iş ýerlerini döretmek maksady bilen, milli ykdysadyýeti has hem ösdürmek, ilatyň milli harytlara bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýurtda giňden kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge ýardam berilýär. Türkmenistanda telekeçilik işi we onuň guramaçylyk-hukuklarynyň kadalary düzüldi. Ýagny, “Telekeçilik işi hakynda”, “Eýeçilik hakynda”, “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi.

**Telekeçilik** – raýatlaryň peýda almak maksady bilen harytlary öndürmek we ýerleşdirmek hyzmatlaryny ýerine ýetirmek boýunça alyp barýan hususy işidir. Kärendeçi, işçi, dolandyryjy, kärhananyň eýesi we ş.m. telekeçi bolup bilýär. Telekeçilik işi bilen serişdeleriň eýesiniň özi ýa-da başga bir ygtyýar berlen adam meşgullanýar.

Telekeçiniň esasy alamatlary:

• ykdysady özbaşdaklyk;
• özüni ödeýjilik we peýdalylyk;
• özüni maliýeleşdirmek;
• maddy taýdan gyzyklandyrmak;
• ykdysady jogapkärçilik;
• pul bilen gözegçilik etmek.

**Türkmenistanda telekeçiligiň aýratynlygy.** Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda telekeçiligi ösdürmek meselelerine uly ähmiýet berilýär. Telekeçiligi ösdürmegiň ygtybarly usullarynyň biri erkin ykdysady zolaklary döretmekden ybaratdyr. 1992-nji ýylyň dekabrynda Halk Maslahatynyň çözgüdi boýunça erkin ykdysady zolaklaryň (EYZ) ýedisiniň döredilýändigi yglan edildi.

Bir ýyla golaý wagtdan soňra, 1993-nji ýylyň oktýabrynda “Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakynda” Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Onda erkin ykdysady zolaklary döretmegiň we olaryň hereket etmeginiň ykdysady-hukuk esaslary kesgitlenildi.

Bu erkin ykdysady zolaklarda telekeçilige we daşary ýurt maýasyny çekmeklige giň ýol açylýar. Olarda dürli görnüşdäki kärhanalar açmaga rugsat berilýär. Ol kärhanalar Türkmenistanyň Kanunlary tarapyndan gadagan edilmedik islendik görnüşdäki hojalyk işleri bilen meşgul bolmaga haklydyr. Işiň tiz ýola düşüp gitmegi üçin kärhanalary açmakda, olaryň hojalyk işlerini amala aşyrmakda döwlet tarapyndan ýeňillikler göz öňüne tutulýar. Bu zolaklarda daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna kärhanalary gurmaklyga mümkinçilik döredilýär. Kärhanalar, telekeçiler suwy, togy, gazy ýeňillikli bahadan satyn alýarlar. Üç ýylyň dowamynda olar girdeji salgydyndan boşadylýarlar. Türkmenistanda 11 sany erkin ykdysady zolak döredildi.

**1.** Aşgabat – Abadan.
**2.** Mary – Baýramaly.
**3.** Hazar – Ekerem.

**4.** Türkmenabat – Seýdi.
**5.** Baharly – Serdar.
**6.** Aşgabat – Änew.
**7.** Daşoguz – Aeroport.
**8.** “Güneşli Türkmenistan”.
**9.** Sarahs.
**10.** Aşgabat – Aeroport.
**11.** Awaza.

**Erkin ykdysady zolaklardaky işleriň esasy ugurlary**: sarp edilýän harytlary (dokma önümlerini); gurluşyk materiallaryny we durmuşda ulanylýan himiki önümleri işläp taýýarlamakdan; oba hojalyk önümlerini öndürmekden we gaýtadan işlemekden; gurluşyga degişli hyzmatlary berjaý etmekden we söwdany amala aşyrmakdan ybaratdyr. Döwleti ykdysady taýdan ösdürmekde erkin ykdysady zolaklar örän uly ähmiýete eýedir. Şunda ýerli ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesi ýokarlanýar we daş-töwerekdäki ýerleriň durmuş-ykdysady ýagdaýy gowulanýar.

## §3. Makroykdysady görkezijiler

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýadawsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň hemme pudaklary uly depgin bilen ynamly ösýär. Gazanylýan ynamly ösüşleriň sarsmaz binýadynda üstünlikli amala aşyrylýan ykdysady syýasat durýar. Bu syýasatyň ýakyn geljek döwre bellenen möhüm wezipeleriniň hatarynda ýurdumyzy önümleriň ýokary hili bilen tapawutlanýan, ykdysadyýeti depginli ösýän we ynamly belent sepgitler bilen häsiýetlendirilýän döwletleriň hataryna goşmak, milli haryt öndürijilerimiziň sarp ediş bazarlaryndaky bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ykdysady ulgamy düýpli döwrebaplaşdyrmak hem-de maýa goýum işini has-da işjeňleşdirmek, ösüşiň çig mal görnüşinden senagat-innowasiýaly ugruna tapgyrlaýyn geçmekligi üpjün etmek, Türkmenistanyň bütindünýä ykdysady gatnaşyklar ulgamyna has çuň we ynamly aralaşmagyny gazanmak bilen bagly meseleler goýlandyr.

Döwlet derejesinde bellenilen we rowaçlyk bilen amala aşyrylýan bu syýasatyň netijesinde soňky 5 ýylyň içinde ýurdumyzda öndürilýän jemi içerki önümiň göwrümi iki esse artdy. Şol döwürde onuň durnukly ýyllyk ösüşiniň görkezijisi 110% derejesinden ýokary boldy. Hatda, bütindünýä maliýe-ykdysady çökgünligiň möwç alan 2009-njy ýylynda-da bu görkeziji 106,1% derejesinde saklandy.

Ykdysady seljermede örän giň iki görkeziji ulanylýar: jemi önüm we milli girdeji. Jemi önüm iki görnüşde bolýar: **jemi içerki önüm we jemi milli önüm.** Olaryň ikisi hem hojalygyň iki sferasynyň, ýagny maddy önümçiligiň we hyzmatlaryň (maddy däl) iş netijesidir. Olaryň ikisi hem ykdysadyýetde bir ýylyň (çärýek, aý) dowamynda harytlaryň we hyzmatlaryň ahyrky önümçiliginiň göwrüminiň gymmat görnüşinde kesgitlenilmegidir. Bu görkezijiler häzirki (hereket edýän) bahalarda hasaplansa – **nominal JMÖ**, eger üýtgemeýän bahalarda (ýagny haýsy-da bolsa bir (esasy) ýylda deňeşdirmek nyrhlarynda) hasaplansa – **real JMÖ** diýilýär.

Jemi milli önümiň we jemi içerki önümiň tapawudy şeýledir:

**Jemi içerki önüm** – ýurduň içinde maddy önümçilikde we hyzmatlar sferasynda öndürilen önümiň gymmatynyň jemidir. Olar ýurtda ýerleşýän kärhananyň we daşary ýurtlara degişli kärhanalar bolsada, onuň öndürýän önümi şu ýurduňky hasaplanýar.

**Jemi milli önüm** – bu milli kärhanalaryň, nirede (öz ýurdumyzda ýa-da daşary ýurtda) ýerleşenligine garamazdan, maddy we maddy däl ýaýrawynda hemme öndürilen önümlerdir.

Şeýlelikde, jemi milli önüm jemi içerki önümden girdejileriniň jemi bilen tapawutlanýar. Ýagny, işgärleriň girdejileri, renta girdejisi, karz göterimi, kärhananyň peýdasy göz öňünde tutulýar. Bu görkeziji şu ýurduň serişdelerini daşary ýurtda ulanylanda alynýan girdejiden biziň ýurdumyzda şeýle gymmatlyklary öndüren daşary ýurtlaryň girdejileriniň aýrylmagydyr. Bu iki görkezijiniň tapawudy gaty bir uly däldir, bary ýogy $\pm$ 1%.

Jemi içerki önüm we jemi milli önüm hasaplananda, esasy talap bir ýylyň dowamynda öndürilen harytlar we hyzmatlar diňe bir gezek hasaba alynmagydyr. Ýagny diňe ahyrky önüm hasaba alynmalydyr. Aralyk önüm hasaba alynmaly däldir. Sebäbi, olary satyn alyp, birnäçe gezek satyp bolýar.

**Ahyrky önüm** – bu sarp edijileriň ýa-da alyjylaryň harytlary we hyzmatlary birnäçe gezek satmak üçin däl-de, diňe ahyrky gezek ulanmak üçin alýan harytlarydyr.

**Goşulan gymmat** – bu kärhananyň önümçilikde döredilen gymmatydyr we anyk önüm döretmekde kärhananyň hakyky goşandydyr. Ýagny iş haky, peýda we amortizasiýadyr. Başgaça aýdylanda, goşulan gymmat bu kärhananyň umumy önüminden gündelik material çykdajylaryň aýrylmagydyr, ýöne amortizasiýanyň goşulmagydyr.

Şeýlelikde, jemi içerki önüm ýa-da jemi milli önüm şu üç usullaryň biri boýunça hasaplanyp bilner, ýagny:

• milli ykdysadyýetiň pudaklaryndaky döredilen goşulan ýa-da artdyrylan gymmatlary (jemi içerki önümi önümçilik ýa-da pudaklar boýunça);

• gerekli (şu) ýyldaky umumy öndürilen önümi satyn almak üçin çykdajylar (jemi içerki önüm çykdajylar boýunça);

• gerekli (şu) ýylda hemme öndürilen önümden alynýan girdejileri (jemi içerki önüm girdejiler boýunça).

**1. Jemi içerki önümiň pudaklar boýunça hasaplanylyşy.**

Şu usul boýunça jemi içerki önüm hasaplananda, aýry-aýry pudaklaryň şu önümi öndürmeklige gatnaşygy we tutýan orny anyklanylýar. Ýurtda geçirilýän ykdysady, aýratyn-da, düzüm syýasatynyň aýratynlygyny görkezýär.

**2. Jemi içerki önümiň çykdajylary boýunça hasaplanylyşy.**

Ikinji usul şu maddalary öz içine alýar:

Ahyrky sarp ediş çykdajylary. Bularyň düzümine gündelik we uzak möhletde ulanylýan harytlar, hyzmatlara edilýän çykdajylar we ş.m. degişlidir.

Döwlet dolandyryş edaralarynyň ahyrky çykdajylary. Bu kärhananyň önümini satyn almak üçin döwlet çykdajylary we döwlete gerek serişdeleri satyn almakdyr. Bu çykdajylalryň jemi döwletiň gullukçylaryna iş hakyny tölemegi, harytlary we hyzmatlary satyn almagy we ş.m. aňladýar.

Umumy düýpli maýa goýumlary, jemi maýa toplaýyş we maddy dolanyşyk gaznalarynyň üýtgemegi. Bulara degişlidir: a) esasy gaznalara düýpli maýa goýumlary, ýagny maşyn we enjamlary satyn almaga, gurluşyga; b) maddy dolanyşyk serişdeleriniň ösmegi (ke-

melmegi), ýagny taýýar önümiň, ýangyjyň, materiallaryň, çig mallaryň, gorlaryň üýtgemegi.

Eksportyň we importyň saldosy (jemi içerki önümiň bir bölegi daşary ýurda ugradylýar, beýleki tarapdan, ýurduň serişdeleriniň bir bölegi daşary ýurtdan harytlary we hyzmatlary satyn almaga sarp edilýär).

$$\textbf{JIÖ} = \mathbf{C} + \mathbf{I} + \mathbf{G} + \mathbf{X_n}; \qquad \textbf{JIÖ} = \mathbf{C} + \mathbf{S}.$$

Bu ýerde: **C** – sarp ediş; **I** – maýa goýum; **G** – çykdajylar; $\mathbf{X_n}$ – arassa eksport; **S** – süýşürintgi.

**3. Üçünji usula laýyklykda, statistika şeýle soraga jogap alýar:** bir ýylda döredilen jemi önüm öý hojalygyna we ykdysady serişdeleriň eýelerine näme bolup gowuşýar?

Şeýlelikde, jemi içerki önüm, jemi milli önüm şu usul boýunça şeýle maddalary öz içine alýar:

1. Işgärleriň iş haky.
2. Kärhanalaryň peýdasy.
3. Ýekebara we maşgala eýeçiligindäki kärhananyň girdejileri.
4. Renta tölegleri.
5. Karz göterimi.
6. Amortizasiýa tölegleri.

$$\textbf{JIÖ} = \mathbf{W} + \mathbf{R} + \mathbf{P} + \mathbf{I} + \mathbf{T} + \mathbf{A} \text{ – milli girdeji.}$$

Bu ýerde: **W** – iş haky, **R** – renta, **P** – peýda, **I** – göterim, **T** – salgyt, **A** – amortizasiýa.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Ykdysady ösüş näme?
**2.** Ykdysady ösüşiň nähili şertleri bar?
**3.** Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli ykdysadyýetiň ösüşini gazanmak üçin haýsy şertler gerek?
**4.** Türkmenistanda telekeçiligiň ösüşiniň nähili aýratynlygy bar? Mysallaryň üsti bilen gürrüň beriň.
**5.** Milli hojalygyň ösüşi haýsy makroykdysady görkezijiler bilen kesgitlenýär?
**6.** Jemi milli önümiň we jemi içerki önümiň tapawudyny aýdyň.
**7.** Jemi içerki önüm haýsy usullar boýunça hasaplanyp bilner? Olar barada aýdyp beriň.

# IV. JEMGYÝETÇILIK ÖNÜMÇILIGINIŇ ESASLARY

## §1. Jemgyýetçilik önümçiligi

Adamlaryň we jemgyýetiň ýaşaýşynyň esasynda hojalyk işi we önümçilik durýar.

*Önümçilik* – bu adamlaryň tebigatdaky zatlara täsir etmek bilen maddy we ruhy nygmatlary öndüriş işidir.

Önümçilik üç sany ýagdaýyň ýagny adam zähmetiniň, zähmet predmetleriniň we zähmet serişdeleriniň özara täsir edişmekleri arkaly amala aşýar.

*Zähmet* – maddy we ruhy nygmatlary we hyzmatlary döretmek boýunça adamlaryň maksadalaýyk amala aşyrýan işi.

*Zähmet predmetleri* taýýar önüm döretmek üçin adamyň öz zähmetini siňdirmek bilen täsir edýän zatlarydyr.

*Zähmet serişdeleri* – bu adamyň zähmet predmetlerine täsir etmek üçin ulanýan gurallarydyr. Meselem, senagat önümçiliginde çig mal zähmet predmeti, stanok zähmet serişdesi bolup durýar.

Haýsydyr bir harydy öndürmek üçin zerur bolan zähmet predmetleri we serişdeleri bilelikde *önümçilik serişdelerini* emele getirýär.

Nygmatlaryň önümçiligi, birinjiden, adam bilen tebigatyň özara täsir edişmegini, ikinjiden bolsa, öz hojalyk işiniň barşynda adamlaryň öz aralaryndaky gatnaşyklary beýan edýär. Arabaglanyşyklaryň birinji kysmyna öndüriji güýçler, ikinjisine bolsa, ykdysady gatnaşyklar diýilýär.

*Öndüriji güýçler* önümçilik serişdeleriniň we işçi güýjüniň özara baglanyşykdaky köplügidir.

| | |
|---|---|
| **ÖNÜMÇILIK**<br>Adamlaryň maddy nygmatlary öndürmek bilen baglanyşykly işleri | **1. Zähmet** – bu adamyň maksatly hereketi |
| | **2. Zähmet predmeti** – adamyň zähmet hereketinde täsir edýän zatlary |
| | **3. Zähmet serişdesi** – bu adamyň islegini kanagatlandyrmak üçin ulanýan gurallary |

Ylmy-tehniki rewolýusiýa öndüriji güýçleri, olaryň düzüm bölekleriniň mynasybetini düýpli özgerişlere sezewar edýär. Mese-

lem, önümçilik serişdeleri informatika, elektron-hasaplaýjy we kompýuter tehnikasy bilen baýlaşýar. Zähmet babatynda hem hil taýdan üýtgeşmeler bolup geçýär, ýagny onuň ylmy taýdan guralyşy kämilleşýär, işgärleriň hünär we intellektual derejeleri ýokarlanýar, adamyň telekeçilik ukybynyň ähmiýeti artýar.

*Ykdysady gatnaşyklar* maddy we ruhy nygmatlaryň, hyzmatlaryň önümçiligi, paýlanyşy, alyş-çalşygy we sarp edilişi mahalynda adamlaryň aralarynda ýüze çykýan gatnaşyklardyr.

Ykdysady gatnaşyklaryň häsiýeti önümçilik serişdelerine eýeçiligiň formasy bilen kesgitlenýär. Olar, birinjiden, diňe önümçilik ýaýrawyna degişli gatnaşyklary, ýagny önümçilik gatnaşyklaryny, ikinjiden, önümçilik däl ýaýrawda emele gelýän gatnaşyklary öz içine alýar.

Ykdysady gatnaşyklar düzümi boýunça guramaçylyk-ykdysady we durmuş-ykdysady gatnaşyklara bölünýär.

**Guramaçylyk-ykdysady gatnaşyklar** önümçiligiň, öndürilen önümleri paýlamagyň we alyş-çalyş etmegiň guralyşy babatynda emele gelýär. Guramaçylyk gatnaşyklarynyň formalaryna kärhanalarda önümçiligiň we zähmetiň guralyşy, işgärleriň arasynda zähmet durmuş bölünişigi we bileleşmesi, kärhanalaryň möçberleriniň kesgitlenmegi we ş.m. degişlidir.

**Durmuş-ykdysady gatnaşyklar** önümçilik serişdelerine eýeçilik etmegiň görnüşleri bilen kesgitlenýän önümçilik şertleri babatynda adamlaryň arasynda emele gelýär. Esasy zatlar, ýagny önümçilik, paýlaýyş, alyş-çalyş we sarp ediş gatnaşyklarynyň durmuş-ykdysady mazmuny eýeçiligiň görnüşine bagly bolup durýar. Bu gatnaşyklaryň ösmegi mydama önümçilik serişdeleriniň eýeleriniň bähbidine hyzmat edýär.

## §2. Maddy we maddy däl önümçilik

**Islegler** adamlar we jemgyýet üçin maddy önümçiligiň we medeniýetiň ösüş derejesine laýyklykda emele gelýän özboluşly formadaky durnukly zerurlyklary hökmünde kesgitlenýär. Adamyň islegleri maddy, ruhy we durmuş isleglerinden ybaratdyr.

**Maddy islegler** şulara bölünýär:

• ýaşaýyş üçin ilkinji zerur bolan zatlar – iýmit, egin-eşik, ýaşaýyş jaýy we ş.m.;

• elpe-şelpelik üçin zerur zatlar – gymmat bahaly şaý-sepler, gymmat awtomobiller, ýahtalar, gymmat bahaly sütükli deriden tikilen içmekler we ş.m.

**Ruhy islegler** ylym, sungat bilen meşgullanmak, bilim almak, ahlak taýdan kämilleşmek we beýlekiler arkaly kanagatlandyrylýar. Giň manysyndaky ruhy iýmite adamyň alýan ähli maglumatlary-da degişlidir.

Jemgyýet ösdügiçe **durmuş islegleriniň** giňelmek we olary kanagatlandyrmak mümkinçilikleri hem artýar. Durmuşy islegler dürli görnüşdäki jemgyýetçilik we köpçülikleýin işe gatnaşylmagy bilen baglanyşyklydyr. Olar maddy isleg hem, ruhy isleg hem bolup bilerler. Emma bu ýerde esasy zat jemgyýetçilik häsiýetine eýe bolunmagyndadyr hem-de köp sanly adamlaryň bilelikde ýaşaşmagynyň we hyzmatdaşlyk etmeginiň zerurlygy bilen şertlendirilýänligindedir.

Islegleriň kanagatlanyş derejesi iki sany ýaýrawyň ösüş derejesi bilen kesgitlenýär, olaryň birinjisine maddy önümçilik, ikinjisine bolsa maddy däl önümçilik ýa-da ruhy ýaýraw degişlidir.

*Maddy önümçilik* şulary öz içine alýar:

• maddy nygmatlary öndürmek bilen meşgullanýan senagat, oba hojalygy, gurluşyk pudaklary;

• maddy hyzmatlary etmek bilen meşgullanýan ulag we aragatnaşyk, söwda, jemagat hojalygy, durmuş hyzmatlary, infrastruktura ýaýrawy ýaly pudaklar.

*Maddy däl önümçilik* şulary öz içine alýar:

• durmuş-medeni gymmatlyklary ýa-da nygmatlary döredýän kärhanalar (kino, teatr, sungat we ş.m.);

• saglygy goraýyş, bilim, ylym we medeniýet arkaly maddy däl hyzmatlary edýän pudaklaryň kärhanalary.

Bu ýaýrawlaryň arasynda özara jebis baglanyşyk bolup, ol baglanyşyk häzirki zaman şertlerinde barha pugtalanýar. Meselem, maddy önümçiligiň ýokary ösüş derejesi köp ýurtlarda işleýän adamlaryň uly böleginiň (50–70%) maddy däl önümçilik bilen meşgul bolmagyna mümkinçilik berdi. Öz gezeginde, maddy däl önümçilik ýaýrawynda ylmy açyşlar, tehniki oýlap tapyşlar ýaly gazanylan üstünlikler maddy önümçiligiň ösmegine güýçli täsir edýär.

## §3. Önümçiligiň serişdeleri we şertleri

Häzirki zaman jemgyýetinde harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiligi dürli hojalyk subýektleri tarapyndan, ýagny hususy, döwlet eýeçiligine degişli, şonuň ýaly-da garyşyk eýeçilikdäki iri, orta, kiçi we mikrokärhanalar hem-de hususy telekeçiler tarapyndan alnyp barylýar. Önümçilik obýektiw ykdysady kanunlaryň täsirine çuňňur göz ýetirmegiň we ony aňly-düşünjeli peýdalanmagyň esasynda guralmalydyr.

Bazar ykdysadyýeti mikroderejede dürli pudaklaryň köp sanly kärhanalarynyň işini, ähli tebigy, adam resurslaryny we adam tarapyndan döredilen resurslary gurşap alýar. Olar adamlaryň isleglerini kanagatlandyrmaga niýetlenen harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmegi üçin peýdalanylýar.

Adamlaryň islegleri köp dürlüdir we çäksizdir. Emma bu islegleri doly kanagatlandyrmak üçin zerur bolan harytlary we hyzmatlary öndürmäge gerekli resurslaryň möçberi çäklidir.

*Resurslar* – bu islegleri kanagatlandyrmak üçin dürli görnüşli nygmatlaryň we hyzmatlaryň önümçiligini guramakda kärhanalar we beýleki önümçilik subýektleri tarapyndan peýdalanylýan zatlardyr. Olara zähmet resursy hökmünde işçi güýji-de girýär. Önümçilik resurslary doly herekete getirilen mahalynda bir önümiň öndürilişini artdyrmak üçin, olaryň beýlekileriniň öndürilişini kemeltmeli bolýar. Şona görä-de, her bir jemgyýet mümkinçilikleriň çäkliligine sezewar bolýar. Ähli isleglериň kanagatlandyrylmagynyň mümkin däldigi zerarly, bazar ykdysadyýeti şertlerinde her bir sarp ediji, her bir satyn alyjy öz isleýän zatlaryndan has möhümlerini yzygiderli saýlap almaly bolýarlar.

Resurslaryň bütin köplügi maddy we zähmet resurslaryna bölünýän ykdysady resurslardyr.

Haýsydyr bir harydy ýa-da hyzmaty öndürmek üçin herekete getirilen ykdysady resurslara **önümçiligiň faktorlary** diýilýär.

Önümçiligiň esasy faktorlaryna *zähmet, ýer, maýa* we *telekeçilik ukyplary* degişli.

*Zähmet* (işçi güýji) – adamyň önümçilik mahalynda ulanylýan fiziki we akyl ukyplarynyň köplügidir.

*Ýer* – önümçiligiň tebigy şerti hökmünde onuň adam zähmeti bilen döredilmedik ähli resurslaryny, ýerasty baýlyklary, tokaýlary,

howany we suwy hem goşmak bilen ol, önümçilik işine çekmegiň çeşmesi bolup durýar.

*Maýa* – önümçilik serişdesi hökmünde zähmet serişdeleriniň we predmetleriniň jemidir. Oňa kärhanalar, telekeçiler we bölekleýin derejede döwlet eýeçilik edýär.

*Telekeçilik ukyplary* – maýanyň eýeleriniň, harajatlary, töwekgelçiligi we jogapkärçiligi öz üstlerine alyp ýa-da munuň üçin dolandyryjylary hakyna tutup, öz telekeçilik işini guramaga ukybyny we taýýardygyny aňladýar.

## §4. Jemgyýetdäki nygmatlar we hyzmatlar

Islegleri kanagatlandyrmagyň çeşmesi nygmatdyr. Oňa dürli-dürli kesgitleme berýärler. Käbirleri nygmat düşünjesini zatlar we predmetler bilen çäklendirýärler. Beýleki birleri bolsa, nygmatlara diňe zähmetiň önümlerini däl, eýsem, tebigatyň beren zatlaryny-da degişli edýärler. Nygmaty islendik peýdaly netije hökmünde kesgitleýän pikir has ýaýrandyr.

*Nygmat* – bu belli bir adamyň islegini kanagatlandyrýan islendik peýdaly zatdyr (predmet, hadysa, zähmet önümi).

Ykdysady edebiýatda nygmatlary toparlara bölmegiň çylşyrymly ulgamy bar. Onuň esasynda goýlan ölçeglere baglylykda, nygmatlar şu toparlara bölünýär:

- maddy we maddy däl nygmatlar;
- ykdysady we ykdysady däl nygmatlar;
- jemgyýetçilik we jemgyýetçilik däl nygmatlar;
- häzirki we geljekki nygmatlar;
- göni we gytaklaýyn nygmatlar;
- uzak wagtlyk we gysga möhletli nygmatlar we ş.m.

Ilkinji üç topar has möhümdir, şonuň üçin olaryň üstünde durup geçýäris.

**Maddy nygmatlar** – bu tebigatyň eçilen zatlarydyr (klimat, ýer, howa), önümçiligiň önümleridir (jaýlar, maşynlar, iýmit önümleri we ş.m.).

**Maddy däl nygmatlar** – bu adam ukybynyň ösmegine täsir edýän nygmatlardyr: saglygy goraýyş, sungat eserleri, teatr, muzeý, bilim we başgalar.

Nygmatlaryň ykdysady we ykdysady däl toparlara bölünmeginiň esasynda olara bolan islegleriň we islegleri kanagatlandyrmak üçin bar bolan nygmatlaryň arasyndaky mynasybet gatnaşyk durýar.

**Ykdysady nygmatlara** ykdysady işiň obýekti ýa-da netijesi bolup durýan, ýagny islegler bilen deňeşdirilende, çäkli mukdarda alyp bolýan nygmatlar degişlidir. Bu hadysa resurslaryň çäkliligi bilen baglanyşyklydyr.

**Ykdysady däl nygmatlar** (tebigy nygmatlar) adamyň tagallasy talap edilmezden, tebigat tarapyndan berlen nygmatlardyr (howa, suw we ş.m.). Bu nygmatlar tebigatda adamyň isleglerini doly we mydama kanagatlandyrýan mukdarda erkin halda bardyr.

**Jemgyýetçilik nygmatlara** milli goranyş, jemgyýetçilik tertibiniň goralmagy, howa maglumaty, köçeleriň yşyklandyrylmagy we şuňa meňzeş ençeme beýleki zatlar degişlidir. Jemgyýetçilik nygmatlary jemgyýetçilik däl nygmatlardan, birinjiden, sarp edilişinde bäsdeşligiň ýokdugy bilen, ikinjiden, olary peýdalanmaga päsgelçiligiň bolup bilmeýändigi bilen tapawutlanýar.

Adam üçin zerur nygmatlaryň arasynda hyzmatlar aýratyn orny eýeleýär we olaryň ähmiýeti barha artýar.

**Hyzmatlar** – munuň özi, adamyň haýsydyr bir isleglerini kanagatlandyrýan peýdaly iş we onuň netijesidir.

Hyzmatyň özboluşlylygy onuň zat görnüşiniň ýokdugyndan, emma adamyň peýdaly netije berýän işi (söwda, abatlaýyş işleri, durmuş hyzmatlary we ş.m.) arkaly döredilýändiginden ybaratdyr.

## §5. Ýönekeý we giňeldilen üznüksiz önümçilik

Önümçilik işi özüniň üznüksiz täzelenip durýan mahalynda *üznüksiz önümçilik* bolup durýar, ol hem öz aralarynda jebis baglanyşykly, şol bir wagtyň özünde, birinjisi kesgitleýji ähmiýete eýe bolan şu dört sany tapgyrlardan durýar: *önümçilik, paýlaýyş, alyş-çalyş we sarp ediş.*

*Önümçilik* tebigatyň beren zatlaryny zähmetiň dürli önümlerine, ýagny bazardaky islege laýyk gelýän harytlara we hyzmatlara öwürmek üçin önümçilik serişdeleriniň we işçi güýjüniň birikdirilmegidir.

*Paýlaýyş* önümçilik resurslarynyň, şertleriniň we netijeleriniň akymlaryny çäklendirýär we gerekli ugurlara gönükdirýär.

*Alyş-çalyş* öndürijilere bazarda öz önüminiň islenilmeýän bölegine derek beýlekileriň zähmetiniň önüminiň degişli mukdaryny, olaryň ikisi-de haryt bolan mahalynda, jemgyýetçilik derejesinde almaga mümkinçilik berýär.

*Sarp ediş* jemgyýetçilik zähmeti bilen döredilen harytlary we hyzmatlary adamlar tarapyndan jemgyýetçilik we şahsy isleglerini kanagatlandyrmak üçin hakyky peýdalanmaklaryny aňladýar.

Üznüksiz önümçiligiň iki görnüşi, ýagny ýönekeý üznüksiz önümçilik we giňeldilen üznüksiz önümçilik tapawutlandyrylýar.

Giňeldilen üznüksiz önümçilik maýa toplaýyş hadysasyny hem öz içine alýar.

***Ýönekeý üznüksiz önümçilik*** – munuň özi önümçiligiň ýylyň-ýylyna üýtgewsiz möçberlerde täzelenip durmak hadysasydyr.

**Giňeldilen üznüksiz önümçilik** – bu önümçiligiň maýa toplaýyş we şonuň üçin önümleriň gymmatynyň belli bir böleginiň maýa goýulmagy arkaly barha köpelýän möçberlerde mydama täzelenmegidir.

Ýönekeý we giňeldilen üznüksiz önümçiligiň netijesi *jemgyýetçilik önümidir* (*4-nji tablisa*).

*4-nji tablisa*

**2000–2013-nji ýyllarda Türkmenistanda önümçiligiň ösüşiniň esasy netijeleri**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Ölçeg birligi | 2000 | 2005 | 2010 | 2013 |
| Jemi içerki önüm | mln manat | 8642 | 25258 | 64362 | 111713 |
| Senagat önümçiliginiň möçberi | mln manat | 3348 | 9289 | 26034 | 54243 |
| Oba hojalyk önümçiliginiň möçberi | mln manat | 1574 | 4398 | 7299 | 10054 |
| Esasy serişdelere düýpli maýa goýumlary | mln manat | 1814 | 3838 | 29131 | 51835 |
| Döwlet býujetiniň girdejileriniň jemi içerki önüme gatnaşygy | % | 14,0 | 14,5 | 15,8 | 18,4 |
| Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň jemi içerki önüme gatnaşygy | % | 14,2 | 14,3 | 13,8 | 16,9 |
| Döwlet býujetiniň defisiti (-), profisiti (+) | %<br>% | –0,2 | +0,2 | +2,0 | +1,5 |
| Çeşmeler: (34, s.9;23); (40, s.13;23). | | | | | |

## §6. Önümçiligiň netijeliliginiň görkezijileri

*Ykdysady netijelilik* önümçiligiň netijeleriniň oňa çykarylan harajatlara gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär.

Türkmenistanyň hojalyk tejribesinde önümçiligiň we resurslaryň aýry-aýry görnüşleriniň netijeliligi şu görkezijiler arkaly ölçelýär:

*Zähmet öndürijiligi* – önümiň möçberiniň janly zähmetiň harajatlaryna gatnaşygydyr.

*Önümiň zähmet sygymy* – zähmet öndürijiliginiň tersine aňladylan görkezijisidir.

*Maddy harajatlaryň önüm berijiligi* – önümiň möçberiniň ony öndürmek üçin çykarylan maddy harajatlara gatnaşygydyr.

*Önümiň maddy sygymy* – maddy harajatlaryň önüm berijiliginiň tersine aňladylan görkezijisi, ol önümiň birligine düşýän maddy harajatlaryň mukdaryny aňladýar.

*Esasy serişdeleriň önüm berijiligi* – esasy önümçilik serişdeleriniň peýdalanylyş derejesini häsiýetlendirýär hem-de önümiň möçberini olaryň jemi gymmatyna bölmek arkaly hasaplanylýar.

*Önümiň serişde sygymy* – serişdeleriň önüm berijiliginiň tersine aňladylan görkezijisi bolup, ulanylýan serişdeleriň önüm birligine hasaplanan möçberini aňladýar.

*Önümçiligiň maýa goýum sygymy* – öndürilýän önümleriň we hyzmatlaryň birligine hasaplananda, maýa goýum çykdajylarynyň mukdaryny görkezýär.

***Önümçiligiň netijeliligi*** **($N_ö$)** umumy şekilde onuň peýda ýa-da girdeji görnüşindäki netijeleriniň **(G)** harajatlara **(H)** gatnaşygy hökmünde hasaplanylýar, ýagny:

$$\mathbf{N_ö = G : H \cdot 100\ \%.}$$

Harytlaryň we hyzmatlaryň dürli görnüşlerini öndürmegiň ýa-da bu ugurdaky maýa goýum taslamalarynyň deňeşdirme netijeliligine **($N_d$)** baha berilmegi deňeşdirme ýagdaýyna getirilen harajatlaryň degşirip görülmegi arkaly kesgitlenýär hem-de şol görkezijiniň iň az bolan ýagdaýy has netijeli hasap edilýär:

$$\mathbf{N_d = H + N_k \cdot M.}$$

Bu ýerde: **H** – gündelik önümçilik harajatlaryny, **M** – maýa goýumlary, $\mathbf{N_k}$ – netijeliligiň düýpli maýa goýum harajatlaryny gündelik önümçilik harajatlary bilen deňeşdirerlik ýagdaýyna getirmek üçin ulanylýan kadaly koeffisiýenti. Senagatda we oba hojalygynda häzirki wagtda ulanylýan tehnolologiýalar mahalynda bu koeffisiýent 0,12–0,15 aralygynda bellenilýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Önümçilik näme?
**2.** Öndüriji güýçleri we önümçilik gatnaşyklary nämäni aňladýarlar?
**3.** Maddy önümçilik näme? Mysallaryň üsti bilen aýdyp beriň.
**4.** Maddy däl önümçilik näme? Ol barada mysal getiriň.
**5.** Maddy önümçilik bilen maddy däl önümçiligiň näme tapawudy bar?
**6.** Önümçiligiň nähili şertleri bar?
**7.** Jemgyýetde haýsy nygmatlary ulanýarlar?
**8.** Dört sany tapgyr: önümçilik, paýlaýyş, alyş-çalyş we sarp ediş barada düşünje beriň.
**9.** Ýönekeý we giňeldilen üznüksiz önümçiligiň näme tapawudy bar?
**10.** Önümçiligiň netijeliligi haýsy görkezijiler bilen kesgitlenýär?

# V. SENAGAT ÖNÜMÇILIGINIŇ ÖSÜŞI

## §1. Senagatyň ösüşi

Milli ykdysadyýetiň esasyny öňdebaryjy, täze tehnologiýalar esasynda ösen senagat düzýär, ol Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň milli toplumynyň öňüni başlaýjy pudagy bolup durýar. Senagatda ykdysadyýet boýunça iş bilen meşgul ilatyň 15%-e golaýy işleýär. Bu pudakda esasy önümçilik serişdeleriniň 30%-den gowragy jemlenendir, jemi içerki önümiň bolsa 50% töweregi öndürilýär.

Senagatyň 2000–2013-nji ýyllardaky esasy görkezijileri 5-nji tablisada getirilýär.

Getirilen maglumatlar 2013-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, senagat önümleriniň hereket edýän nyrhlardaky möçberiniň 20,4 esse, önümi ýerleşdirmekden alnan peýdanyň 15,9 esse, puda-

gyň esasy önümçilik serişdeleriniň 20,9 esse, senagat-önümçilik işgärleriniň sanynyň bolsa 19,2 müň adam ýa-da 19,6% köpelendigini görkezýär.

*5-nji tablisa*

**Senagat işleriniň esasy görkezijileri**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 2000 | 2005 | 2010 | 2012 | 2013 |
| Senagat önümleriniň möçberi, mln manat | 3354 | 9310 | 33688 | 63028 | 68412 |
| Senagat-önümçilik işgärleriniň sany, müň adam | 98,2 | 96,3 | 107,3 | 113,4 | 117,4 |
| Ýylyň ahyrynda esasy önümçilik serişdeleri, mlrd manat | 1,8 | 5,6 | 13,2 | 34,3 | 37,6 |
| Önümiň ýerleşdirilmeginden alnan peýda, mlrd manat | 0,9 | 1,2 | 8,5 | 15,9 | 14,3 |
| Çeşmeler: (34, s.27); (36, s.19); (40, s.27). | | | | | |

Ýurduň senagatynyň kemala gelmegi üçin ýüz ýyldanam köpräk wagt gerek boldy. Türkmenistanda haryt önümçiliginiň çalt ösmegi we senagatyň bitewi pudak hökmünde ýüze çykmagy XIX asyryň 80–90-njy ýyllarynda başlanypdy. Şol döwrüň şertlerine görä, bu ýerde iri senagat kärhanalary döredilmedi, ägirt uly tebigy baýlyklar bolsa özleşdirilmedi diýen ýalydyr. Diňe Hazarda (öňki Çelekende) az mukdarda nebit, Ýagman kömür çykarylýan ýerinde daşkömür we Guwluda duz çykarylýardy.

Birneme ulurak senagat kärhanalaryna Zakaspiý (1896-njy ýyldan–Orta Aziýa) demir ýoluna we Amyderýa gämiçiligine hyzmat edýän kärhanalar degişlidi. Olar demir ýol ussahanalary we Serdardaky (öňki Gyzylarbatdaky), Türkmenbaşydaky (öňki Krasnowodskidäki), Gazanjykdaky, Aşgabatdaky, Marydaky depolar hem-de Türkmenabatdaky (öňki Çärjewdäki) depo we gämi abatlaýyş ussahanalarydy. Bular sebitde öndüriji güýçleriň ösmegine belli bir derejede itergi berendigine garamazdan, esasan, patyşa Russiýasynyň imperialistik bähbitleri üçin işleýän kärhanalardy.

Türkmenistanda iri senagatyň döredilmegi graždanlyk urşunyň yzysüre başlandy, netijede, senagat önümçiliginiň ösüş depginleri artyp başlady. 1924–1925-nji ýyllarda ýurdumyzda 6 müň t nebit gazylyp çykaryldy, 1,7 mln kWt·sag elektrik energiýasy, 10 müň t pagta süýümi öndürildi. 1928–1930-njy ýyllarda Türkmenistanda eýýäm senagatlaşmanyň ilkinji alamatlary peýda boldy, ýagny Aşgabat şäherinde dokma, ýüpek egriji, süýji-köke öndürýän fabrikler we çörek zawody, Türkmenabat (öňki Çärjew) şäherinde ýüpek egriji fabrik, Garagumda kükürt zawody we ençeme beýleki kärhanalar işe girizildi.

Bäşýyllyk meýilnamalary durmuşa geçirmegiň barşynda Türkmenistanda senagatyň nebiti gaýtadan işleýji, himiýa, gurluşyk materiallary senagaty ýaly möhüm pudaklary döredildi. Ýeňil we azyk senagatlary işläp başlady, ol kärhanalaryň durky täzelenildi, şol döwrüň has kämil tehnikasy bilen enjamlaşdyryldy.

Nebit senagaty has pajarlap ösdi. 1966-njy ýylda nebit gazylyp alnyşynyň möçberi 10 mln t ýetip, 1913-nji ýyldakydan 83 esse artdy. Hazar (öňki Çeleken) bilen bir hatarda nebit Goturdepe, Barsagelmez, Gumdag, Wyşka ýaly baý ýataklarda çykarylyp başlandy. Nebitli ýataklaryň gözleg işleri ýylsaýyn uly gerime eýe boldy. Emma şol ýyllarda nebit senagaty çig maly gaýtadan işlemeklige girişip bilmeýärdi.

Türkmenistanda elektrik energiýasyny öndürmekligiň iri binýady döredilip, 1966-njy ýylda ýurtda 1,5 mlrd kWt·sag möçberindäki elektrik energiýasy öndürildi. Elektrik energiýasyny öndürýän iri kärhanalaryň arasynda Abadan (öňki Büzmeýin) GRES-i, Balkanabatdaky (öňki Nebitdag) Energetika kombinaty (Türkmenbaşy) Ýylylyk energetiki merkezini hem goşmak bilen), Türkmenabatdaky (öňki Çärjew) etrap energetika dolandyryşy we beýlekiler bardy.

Türkmenistan ösýän himiýa senagatly ýurda öwrüldi. Garaşsyzlyk ýyllaryna çenli bu pudagyň has iri kärhanalaryna “Garabogazsulfat” kombinaty, Gowurdak kükürt kärhanasy, Türkmenabatdaky superfosfat zawody, Hazardaky (öňki Çeleken) gurum zawody degişlidir.

Nebit we ony gaýtadan işlemegiň önümleri, kükürt, sulfanol, sement, nebit enjamlary we azyk senagaty üçin enjamlar, gaz plitalary,

pagta süýümi, nah we ýüpek matalar, örme önümler we azyk önümleriniň ençeme görnüşleri, Türkmenistanda şol döwürde öndürilýän önümleriň heniz doly däl sanawyny emele getirýärdi.

Zähmetiň energiýa we serişdeler bilen abzallygynyň dynuwsyz artmagy, döwrüň has kämil tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy, önümçiligiň mehanizmleşdirilmegi we belli bir derejede awtomatlaşdyrylmagy senagatda zähmet öndürijiliginiň esli ýokarlanmagyna ýardam etdi. 1966-njy ýylda 1924-nji ýyl bilen deňeşdirilende, ol 4 esse, ýokarlandy.

Binýatlaýyn pudaklar bolan energetikanyň, ýangyjyň öndürilişiniň, himiýa senagatynyň, maşyn gurluşygynyň ösmegi önümçiligiň tehniki derejesiniň ýokarlanmagyna mümkinçilik berdi. 1913–1986-njy ýyllarda Türkmenistanda senagat önümleriniň umumy möçberiniň ösüş depginleri 6-njy tablisada getirilýär.

*6-njy tablisa*

**Türkmenistanda senagat önümleriniň umumy möçberiniň ösüş depginleri**

| Ýyllar | 1913 ý. = 1 | Ýyllar | 1913 ý. = 1 |
|---|---|---|---|
| 1924 | 0,6 | 1970 | 45 |
| 1940 | 6,7 | 1975 | 69 |
| 1950 | 9,6 | 1980 | 78 |
| 1960 | 22,4 | 1985 | 89 |
| 1965 | 30,0 | 1986 | 94 |
| Çeşmeler: (28, s.30); (29, s.40). | | | |

Maglumatlar senagat önümleriniň umumy möçberiniň 1913-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 1940-njy ýylda 6,7 esse, 1960-njy ýylda 22,4 esse, 1970-nji ýylda 45 esse we 1986-njy ýylda 94 esse artandygyny görkezýär. Bu görkezijiniň XX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap, aýratyn çalt ýokarlanandygyny bellemek gerek.

Ýetmişinji ýyllarda senagatyň önümçilik serişdelerini we sarp ediş harytlaryny öndürýän pudaklarynyň mynasybetinde mese-mälim üýtgeşmeler bolup geçdi. Şonda önümçilik serişdeleriniň-de ("A" topary), sarp ediş harytlarynyň-da ("B" topary) önümçiligini ösdür-

meklige uly ähmiýet berildi. Türkmenistanda 1960–1990-njy ýyllarda senagat önümlerini öndürmekligiň "A" we "B" toparlar boýunça düzümi baradaky maglumatlar 7-nji tablisada getirilýär.

*7-nji tablisa*

**Türkmenistanda senagat önümçiliginiň umumy möçberiniň düzümi, %**

| Ýyllar | Ähli senagat | Şol sanda: | |
|---|---|---|---|
| | | önümçilik serişdeleriniň önümçiligi | sarp ediş harytlarynyň önümçiligi |
| 1960 | 100 | 73,6 | 26,4 |
| 1965 | 100 | 73,9 | 26,1 |
| 1970 | 100 | 79,8 | 20,2 |
| 1975 | 100 | 82,5 | 17,5 |
| 1980 | 100 | 81,7 | 18,3 |
| 1985 | 100 | 80,7 | 19,3 |
| 1990 | 100 | 80,8 | 19,2 |
| Çeşmeler: (29, s.41); (30, s.104). | | | |

Senagat önümleriniň umumy möçberinde 1960–1990-njy ýyllarda önümçilik serişdeleriniň öndürilişiniň, ýagny "A" toparyň, tutýan böleginiň ýokarlanmak meýline eýe bolandygy, sarp edilýän önümleriň ("B" toparyň) öndürilişiniň paýynyň bolsa azalandygy getirilen maglumatlardan görünýär. Meselem, "A" toparyň tutýan paýy 1960-njy ýylda 73,6% bolanlygyndan, 1990-njy ýylda 80,8%-e çenli ýokarlandy, "B" toparyň tutýan paýy bolsa, degişlilikde, 26,4%-den 19,2%-e çenli azaldy.

Önümçilik serişdeleriniň öndürilişiniň ozýan depgin bilen ösmegi 70-nji ýyllardan başlandy. Şol döwürde Türkmenistanda senagatyň nebiti gaýtadan işleýji, gaz, himiýa, gurluşyk materiallary senagatlary, mineral dökünleriň önümçiligi ýaly möhüm pudaklary pajarlap ösdi. Ýeňil we azyk senagatlarynyň kärhanalary döwrebaplaşdyryldy we täze tehniki binýada geçirildi. Elektrik energetikasy, ýangyç we himiýa senagatlary, ýagny köp derejede ylmy-tehniki ilerlemäniň ýagdaýyny kesgitleýän pudaklar güýçli depginler bilen ösdi.

Türkmenistanyň ykdysady ösüşi senagat önümleriniň möçberiniň barha we barha köpelmegi, artmagy bilen häsiýetlenýär, ol 1985-nji

ýylda 1970-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 2 essä golaý köpeldi. Senagat önümleriniň umumy möçberiniň 1970–1995-nji ýyllardaky pudaklar boýunça indeksleri 8-nji tablisada getirilýär.

Getirilen maglumatlardan görnüşi ýaly, senagat önümçiliginiň möçberi elektrik energetikasynda, himiýa we nebit himiýasy senagatlarynda, maşyn gurluşygynda we metaly işläp bejermekde, ýeňil we azyk senagatlarynda has çalt köpeldi.

Elektrik energiýasyny öndürýän senagatyň düzüminde oňyn üýtgeşmeler bolup geçdi, ýagny iri elektrik stansiýalarynda öndürilýän energiýanyň tutýan bölegi esseläp köpeldi we pes kuwwatdaky çeşmelerden öndürilişi bolsa azaldy.

Senagatyň pudak içersindäki düzümi gaz senagatynyň çalt ösmegi bilen baglylykda düýpli özgerdi. Gaz we nebit ýataklaryndan köp sanly gaz geçirijiler çekildi, olaryň üsti bilen ýurduň içerki isleglerini kanagatlandyrmak üçin tebigy gaz akdyryldy. Şol bir wagtyň özünde Merkezi Aziýa–Merkez gaz geçirijisi arkaly tebigy gazyň uly möçberi ýurduň daşyna iberilip başlandy. Şatlyk, Naýyp, Gazojak, Kerpiçli, Kükürtli, Böwrüdeşik we beýleki ýataklaryň hasabyna Türkmenistan iri gaz iberijä öwrüldi.

Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllaryna çenli senagat pudaklary, esasan, birtaraplaýyn ýöriteleşme esasynda işleýärdi. Çig maly düýpli işläp bejerýän kärhanalar diňe Garaşsyzlyk ýyllarynda ýöredilýän senagat syýasatynyň netijesinde mümkin boldy. Häzirki wagtda dokma senagaty, gurluşyk materiallary we himiýa senagatlarynyň ençeme pudaklary uly ösüşe eýe boldy. Soňky ýyllarda himiýa senagatynyň düzümi üýtgedi, mineral dökünlerini, durmuş himiýasynyň önümlerini öndürmekligiň, plastmassany gaýtadan işlemegiň paýy artdy. Senagat pudagynyň düzümindäki hil taýdan bolup geçýän üýtgeşmeler 9-njy tablisadaky maglumatlardan görünýär.

Ýurduň senagatynyň önüm öndürilişiniň möçberi boýunça pudaklaýyn düzüminde ýangyç, ýeňil we azyk senagatlaryna uly paý düşýär. Meselem, ýangyç-energetika pudaklarynyň tutýan bölegi 2000-nji ýylda 56,3% bolanlygyndan 2013-nji ýylda 74,3%-e çenli ýokarlandy.

*8-nji tablisa*

**Senagat önümleriniň umumy möçberiniň pudaklar boýunça ösüşi, %**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1970 ý. = 100 | | 1985 ý. = 100 | | 1990 ý. = 100 | |
| | 1980 | 1985 | 1986 | 1990 | 1991 | 1995 |
| Ähli senagat | 173 | 197 | 105 | 119 | 105 | 65 |
| Elektrik energetikasy | 290 | 470 | 111 | 132 | 104 | 92 |
| Ýangyç senagaty | 156 | 163 | 101 | 103 | 107 | 47 |
| Himiýa we nebit himiýasy senagaty | 236 | 280 | 113 | 133 | 95 | 42 |
| Maşyn gurluşygy we metaly işläp bejermek | 188 | 255 | 99 | 106 | 111 | 127 |
| Gurluşyk materiallary senagaty | 180 | 247 | 104 | 113 | 106 | 68 |
| Ýeňil senagat | 172 | 180 | 109 | 129 | 103 | 114 |
| Azyk senagaty | 171 | 228 | 98 | 124 | 106 | 96 |
| Çeşmeler: (29, s.44); (30, s.105); (32, s.25). | | | | | | |

*9-njy tablisa*

**Senagat önümçiliginiň pudaklaýyn düzümi, %**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 2000 | 2005 | 2010 | 2012 | 2013 |
| Senagat – hemmesi | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 | 100,0 |
| Ýangyç-energetika pudaklary | 56,3 | 48,3 | 69,7 | 79,8 | 74,3 |
| şol sanda elektrik energetikasy | 2,3 | 1,2 | 0,9 | 0,6 | 0,6 |
| Ýangyç senagaty | 54,0 | 47,1 | 68,8 | 79,2 | 73,7 |
| Maşyň gurluşygy we metaly işläp bejeriji senagat | 1,2 | 0,7 | 0,9 | 2,1 | 2,1 |
| Himiýa senagaty | 1,7 | 1,1 | 1,6 | 1,0 | 1,0 |
| Gurluşyk materiallary senagaty | 2,2 | 2,0 | 2,7 | 1,4 | 2,0 |
| Ýeňil senagat | 18,9 | 18,8 | 10,7 | 6,9 | 7,9 |
| şol sanda dokma senagaty | 17,0 | 12,0 | 7,8 | 5,1 | 5,6 |
| Azyk senagaty | 18,3 | 28,4 | 13,1 | 8,0 | 11,9 |
| Beýlekiler | 1,4 | 0,7 | 1,3 | 0,8 | 0,8 |
| Çeşmeler: (33, s.24); (34, s.27-28); (40, s.28-29). | | | | | |

## §2. Ýangyç-energetika toplumy

***2.1. Elektrik energetikasy.*** Türkmenistan döwletiniň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmakda, onuň eksport mümkinçiliklerini giňeltmekde ýangyç-energetika toplumynyň pudaklary möhüm hyzmaty ýerine ýetirýärler. Bu pudaklar ýurduň daýanç toplumy, gyzyl pul girdejileriniň çeşmesi bolup durýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň milli toplumynyň ösmeginde elektrik energetikasy uly orun tutýar. Energetiki kuwwatlyklaryň we elektrik energiýasyny öndürmekligiň ösüş depginleri tutuş milli hojalygyň ösüş depgininden agdyk gelýär. Munuň özi, ozaly bilen, ýurduň senagatynda we beýleki önümçilik pudaklarynda zähmetiň energiýa bilen üpjünçilik derejesini ýokarlandyrmak wezipesiniň talaplaryna laýyk gelýär.

Türkmenistanda iri energetiki binýat döredildi. 2000-nji ýylda ýurtda 10 mlrd kWt·sag möçberine golaý elektrik energiýasy öndürilipdi, şonda onuň bir gije-gündizki möçberi 1913-nji ýylda öndürilen ähli elektrik energiýasyndan 11 essä golaý köpdür. 2013-nji ýylda bolsa bu möçber eýýäm 21 mlrd kWt·sag boldy (*10-njy tablisa*).

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ýurduň bütin elektrik energetika ulgamy döwrebaplaşdyryldy. Seýdi–Daşoguz aralygynda 500 kWt kuwwatlykly elektrik geçirisiniň gurulmagy bilen bolsa, Türkmenistanda bitewi energetika ulgamy döredildi.

*10-njy tablisa*

**Türkmenistanda elektrik energiýasynyň öndürilişi**

| Ýyllar | Mln kWt·sag | Ýyllar | Mln kWt·sag | Ýyllar | Mln kWt·sag |
|---|---|---|---|---|---|
| 1913 | 2,5 | 1970 | 1844 | 2005 | 12937 |
| 1940 | 83,5 | 1980 | 6712 | 2010 | 16848 |
| 1950 | 185,7 | 1990 | 14567 | 2012 | 20053 |
| 1960 | 751,5 | 2000 | 9943 | 2013 | 21019 |
| Çeşmeler: (28, s.51); (30, s.110); (32, s.31); (34, s.31); (40, s.31). | | | | | |

Garaşsyzlyk ýyllary içinde gaz bilen işleýän täze elektrik stansiýalarynyň gurulmagy bilen, milli ykdysadyýetiň elektrik balansynyň

düzümi düýpgöter özgerdi. Elektrik energiýasyny sarp etmekde iň köp bölegi senagat pudagy eýeleýär (21,7%), ondan soňra oba hojalygy (16,0%) we jemagat hojalygy (15,6%) durýar.

11-nji tablisadan görnüşi ýaly, elektrik energiýasyny öndürýän pudagyň ösdürilmegi ýurduň öz isleglerini kanagatlandyrmaga, şonuň ýaly-da ony goňşy ýurtlara ibermäge gönükdirilendir.

*11-nji tablisa*

**Türkmenistanyň elektrik balansy, million kWt·sag**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **2000** | **2005** | **2010** | **2012** | **2013** |
| Öndürilen elektrik energiýasy | 9943,4 | 12936,7 | 16848,4 | 20053,2 | 21018,9 |
| Import edileni | – | 0,4 | – | – | – |
| Elektrik energiýasynyň sarp edilişi: | | | | | |
| senagatda | 3445,5 | 4124,5 | 4220,7 | 4617,1 | 4555,1 |
| gurluşykda | 106,8 | 226,2 | 646,8 | 698,4 | 756,3 |
| jemagat hojalygynda | 1563,9 | 1976,9 | 2383,8 | 2864,0 | 3270,0 |
| oba hojalygynda | 1818,4 | 2293,9 | 2782,0 | 2961,6 | 3355,7 |
| ulagda | 284,8 | 511,7 | 443,5 | 546,3 | 607,6 |
| beýleki pudaklarda | 795,1 | 793,5 | 1209,1 | 1524,6 | 1754,5 |
| Ýitgiler | 1035,3 | 1690,5 | 3057,9 | 4153,3 | 3837,2 |
| Eksporta iberileni | 893,6 | 1319,5 | 2104,6 | 2687,9 | 2882,5 |
| Çeşmeler: (34, s.31); (39, s.31); (40, s.34). | | | | | |

Elektrik energetikasy pudagynyň ösüş geljegi Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmegiň strategik maksatnamalaryndan, ylaýta-da, energiýa ýokary sygymly önümçiligi ösdürmegiň we elektrik energiýasyny eksport etmegiň wezipelerinden gelip çykýar.

Geljekde elektrik energetikasynyň ösüşi ýurduň özünde energiýa barha artýan isleglериň kanagatlandyrylmagyna hem-de Eýrana, Türkiýä, Owganystana, Päkistana we merkezi Aziýa ýurtlaryna eksport edilişini artdyrmaga gönükdiriler.

“Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna” laýyklykda, energetika pudagynda energiýany tygşytlamagyň gerimini giňeltmek ýurtda Günüň, ýeliň,

gaýtadan işlenen senagat galyndylarynyň energiýasyny peýdalanýan alternatiw energetikany emele getirmek boýunça maksatnamalary durmuşa geçirmegiň hasabyna gazanylar. Elektrik energiýasyny öndürmegiň umumy möçberi 2030-njy ýyla çenli 36,5 mlrd kWt·sag möçberine ýetiriler.

***2.2. Ýangyç senagaty.*** Ýangyç-energetika toplumy ýurduň milli ykdysadyýeti üçin möhüm ähmiýete eýedir. Onuň paýyna öndürilen senagat önümleriniň gymmatlyk möçberiniň 70%-den göwragy düşýär. Tebigy gaz, nebit we nebit önümleri, elektrik energiýasy eksport edilýän senagat önümleriniň esasy görnüşleri bolup durýar.

Nebit çykarylyşy Türkmenistanyň günbatarynda eýýäm 100 ýyldan gowrak wagt bäri alnyp barylýar. Häzirki wagtda ulanylýan nebit känleriniň aglabasy gury ýerde, dörtden birine golaýy deňizde ýerleşýär. Nebiti çykarmak, esasan, çüwdürim (80%-e golaýy) we gazlift usullary bilen amala aşyrylýar, önümiň galan bölegi sorujylar arkaly çuň gatlaklardan çykarylýar.

Merkezi Garagumda, Köpetdagyň eteklerinde we ýurduň günorta-gündogarynda geljek döwürlere niýetlenilen gorlar özleşdirilýär, ol ýerlerde nebitiň senagat gorlary bar. Hazar deňziniň ýalpaklyklarynda hem nebit ýataklary özleşdirilýär.

Türkmenistan boýunça nebit çykarylyşynyň möçberi 11 mln 224 müň t boldy, munuň özi 1913-nji ýyldaka görä 87 esse köpdür. Nebitiň şu mahala çenli iň köp çykarylan ýyllyk möçberi 1973-nji ýylda 16,2 mln t bolupdy (*12-nji tablisa*). Emma şol döwürde nebit çykarmaklyga birtaraplaýyn ekstensiw çemeleşme netijesinde nebit çykarylyşynyň has az derejede durnuklaşmagyna getiripdi.

*12-nji tablisa*

**Türkmenistan boýunça nebit çykarylyşynyň möçberi**

| Ýyllar | Müň t | Ýyllar | Müň t | Ýyllar | Müň t | Ýyllar | Müň t |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1913 | 129 | 1960 | 5278 | 1990 | 5642 | 2010 | 9826 |
| 1930 | 12 | 1970 | 14487 | 1995 | 4626 | 2011 | 10650 |
| 1940 | 587 | 1973 | 16195 | 2000 | 7181 | 2012 | 10992 |
| 1950 | 2021 | 1980 | 7994 | 2005 | 9522 | 2013 | 11224 |
| Çeşmeler: (28, s.53); (30, s.110); (32, s.31); (34, s.31); (40, s.32). | | | | | | | |

Nebit çykarmak bilen bir hatarda, Türkmenistanda gaz senagaty-da güýçli depgin bilen ösdi. Ol esli derejede ähli senagat ösüşiniň ýagdaýyny kesgitledi, çünki onuň senagat önümleriniň möçberindäki paýy, takmynan, 40%-e deňdir.

Bu günki gün muňa, esasan, Günbatar we Gündogar Türkmenistandaky 150-den gowrak nebitli-gazly we gaz kondensatly känleriň özleşdirilmegi ýardam etdi. Soňky ýyllarda açylan Günorta Osman–Ýolöten, Ýaşlar, Minara gaz ýataklary öz gorlary boýunça dünýädäki iň iri känleriň hataryna girýär. Şolar ýaly uly känleriň açylmagy Türkmenistany "mawy ýangyjyň" gorlary boýunça dünýäde dördünji orna çykardy.

Şeýlelikde, Türkmenistan gaz çykarmak boýunça ABŞ-dan, Kanadadan we Russiýadan soň dördünji orny eýeleýär. Çykarylýan gazyň 80%-den gowragy daşary ýurtlara eksport edilýär.

Türkmenistanda tebigy gazyň öndürilişiniň ösüşi baradaky maglumatlar 13-nji tablisada getirilýär. Gaz öndürmekligiň we ony daşary ýurtlara satmaklygyň ygtybarly durnuklylygyny üpjün etmek üçin, onuň eksport ediş ugurlarynyň diwersifikasiýasy amala aşyrylýar.

*13-nji tablisa*

**Türkmenistan boýunça gaz çykarylyşynyň möçberi**

| Ýyllar | Mln $m^3$ | Ýyllar | Mlrd $m^3$ | Ýyllar | Mlrd $m^3$ | Ýyllar | Mlrd $m^3$ |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1939 | 1,6 | 1970 | 13,1 | 1990 | 87,8 | 2010 | 47,0 |
| 1940 | 9,0 | 1980 | 70,5 | 1995 | 32,3 | 2011 | 66,0 |
| 1950 | 64,5 | 1985 | 83,1 | 2000 | 47,2 | 2012 | 69,1 |
| 1960 | 234 | 1989 | 89,9 | 2005 | 63,0 | 2013 | 69,2 |
| Çeşmeler: (28, s.53); (30, s.110); (32, s.31); (34, s.31); (40, s.32). | | | | | | | |

Häzirki wagtda uglewodorod çig malyny ýerleşdiriş bazarlaryny giňeltmek we transmilli gaz geçirijilerini gurmak barada iri halkara taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi boýunça syýasatyň ýöredilmegi öz oňyn netijelerini berýär.

Şol taslamalaryň çäklerinde 2009-njy ýylyň aýagynda uzynlygy 7 müň kilometre uzalyp gidýän Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý transmilli gaz geçirijisi işe girizildi. Onuň üsti bilen ýylda 30 mlrd $m^3$ tebigy gazyň akdyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Şonlukda, halkara bazarynda tükmen gazyny gündogar ugra ibermegiň uzak möhletlik strategiýasanyň durmuşa geçirilip başlanmagyna badalga berildi.

Ýene-de bir taslamanyň durmuşa geçirilmegi netijesinde möhüm waka 2010-njy ýylyň ýanwarynda Türkmenistandan Eýrana tarap ikinji ugur boýunça 30,5 km uzynlykdaky Döwletabat–Sarahs–Hangeran gaz geçirijisiniň işe girizilmegi boldy. Bu gaz geçirijisiniň taslama kuwwaty ýylda 12,5 mlrd $m^3$ "mawy ýangyjy" daşamaga niýetlenendir. Häzirki wagtda Türkmenistan ýurduň günbatar tarapynda gurlan Körpeje–Gutguýy gaz geçirijisi arkaly Eýrana gaz iberýär. Indi tebigy gazyň goşmaça möçberleri iň iri känleriň biri bolan Döwletabatdan täze geçiriji arkaly ugradylar. Geljekde eýranly sarp edijilere gaz iberilişini ýylda 20 mlrd $m^3$ möçberine ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Şonuň bilen birlikde Türkmenistan–Owganystan–Päkistan–Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasynyň üstünde hem işlenilýär. Şonuň ýaly-da, Hazarýaka gaz geçirijisiniň gurluşygyny tamamlap, ony 2015-nji ýylda ulanmaga bermek meýilleşdirilýär. Geljekde bu gaz geçirijileri sebitdäki umumy ýagdaýa oňyn tasirini ýetirer, Merkezi Aziýa we Hazar deňziniň basseýni sebitinde energetiki howpsuzlygyň çynlakaý sebäbine öwrüler.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan durmuşa geçirilýän ýangyç-energetika syýasaty ýurduň ýangyç-energetika toplumyny ösdürmegiň ýakyn onýyllyklar üçin ileri tutulýan ugurlarynynyň, dünýä energetika ulgamyna goşulyşmagy ugrundaky anyk ädimleri takyk kesgitledi.

Nebit we gaz çykarylyşyny artdyrmak mümkinçiligi olaryň gorlaryna ýokary baha berilýändigi bilen üpjün edilýär. Türkmenistanyň çäginiň 70% meýdany nebit we gaz çykarmaga ýaramly ýerlerdir. Hazar deňziniň ýalpaklyklary hem nazara alnanda, bu san 85%-e deňdir. Bu babatda Günorta Hazar basseýnini (gury ýerde), Hazar deňziniň günorta ýalpaklyklary, Murgap çöketligini, Garagum belentligini we Amyderýa gazly-nebitli basseýnini aýratyn görkezmek bolar. Az öwrenilen, emma geljegi bar sebitlerden demirgazyk Türkmenistany we Köpetdagyň eteklerini hem bellemek mümkin.

Çägiň öwreniliş derejesini ýokarlandyrmak üçin düýpli geologiýa-gözleg işleriniň üzül-kesil güýçlendirilmegi gerek bolup durýar.

Bu bolsa gözleg işleriniň öňdebaryjy usullaryny ulanmak arkaly has çuň gatlaklary (gündogar sebitlerde 5 müň metre çenli, deňizde bolsa 7 müň metre çenli) burawlamagy göz öňünde tutmak bilen, nebitiň we gazyň ýer astynda ýerleşiş kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmak üçin zerurdyr. Munuň üçin täze häzirki zaman tehnikasy we tehnologiýasy talap edilýär.

Nebit we gaz çykarylyşyny artdyrmak maksady bilen Türkmenistanda geologiýa gözlegleri babatynda giň gerimli işler ýaýbaňlandyryldy. Deňizde we gury ýerde Kelker, Ýolbars, Körpeje, Çekişler ýaly nebit we gaz känleriniň abadanlaşdyrylmagy dowam etdiriler. Şonuň ýaly-da, 170-e golaý gaz çykarylýan guýularyň özleşdirilmegi, gaz ýataklarynyň Şatlyk toparynyň täzeden abadanlaşdyrylmagy meýilleşdirilýär.

Türkmenistanyň ýangyç toplumynyň ösüş strategiýasy, ýurduň ägirt uly nebit-gaz mümkinçiliklerini nazara almak bilen, çuň gözleg burawlaýşynyň möçberini artdyrmagyň we netijeliligini ýokarlandyrmagyň, nebitiň we gazyň senagat gorlarynyň öňürdip köpeldilmeginiň, täze guýulary işe girizmegiň we hereket edýän känlerdäki guýulary gaýtadan dikeltmegiň we olarda nebitiň we gazyň alnyşyny artdyrmagyň hasabyna çig mal binýadyny goldamaga we ösdürmäge gönükdirilen çäreleriň ulgamyny göz öňünde tutýar.

Bu pudaklary ösdürmekde daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine we innowasion tehnologiýalaryň peýdalanylmagyna ýardam edýän şertleriň döredilmegine aýratyn üns berler.

“Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna” laýyklykda, 2030-njy ýylda nebit çykarylyşyny gaz kondensatyny goşmak bilen 66,6 mln t, gaz çykarylyşyny bolsa 229,8 mlrd $m^3$ möçberine ýetirmek göz öňünde tutulýar. Gazyň eksporty şol döwürde 179,9 mlrd $m^3$ bolar.

Türkmenistan Garaşsyzlyk ýyllary içinde dünýäniň iň iri energetika döwletleriniň arasynda mynasyp orny aldy hem-de häzirki wagtda özüniň energetika döwletleriniň strategiýasyny üstünlikli durmuşa geçirýär. Ýangyç –energetika toplumynyň kärhanalaryny döwrebaplaşdyrmak we täzeden enjamlaşdyrmak, pudagyň çig mal binýadyny pugtalandyrmak, şol sanda, Amyderýanyň kenarynda, Merkezi

Garagumda, deňiz ýalpaklagynda we Hazaryň kenarýaka zolagynda ýüze çykarylan täze nebit-gaz ýataklaryny senagat taýdan çalt depginlerde özleşdirmegiň hasabyna berkitmek, şeýle hem türkmen energiýa serişdeleriniň dünýä bazaryna ibermegiň köp ugurly ulgamyny döretmek bu strategiýanyň möhüm ugurlarydyr.

Garaşsyz bilermenleriň baha bermegine görä, Türkmenistanyň serişdeleri 71,3 milliard tonna şertli ýangyç möçberinde bahalandyrylýar. Onuň 53,1 milliard tonnasy gury ýerdäki ýataklaryň serişde gorlarydyr, 18,2 milliard tonnasy bolsa deňizdäki serişde gorlarydyr.

Halkara ölçegler boýunça ägirt uly “Galkynyş”gaz käni munuň aýdyň mysallarynyň biri bolup biler. Ony özleşdirmäge iri daşary ýurt firmalary we kompaniýalary gatnaşýarlar. Mälim bolşy ýaly, bu täsin käniň birinji nobatdakysy –harytlyk gazy taýýarlaýan zawodlar toplumy 2014-nji ýylyň sentýabr aýynda ulanmaga berildi. Şonda ýokary derejedäki türkmen – hytaý gepleşikleriniň barşynda iki ýurduň hyzmatdaşlygyny mundan beýläkde pugtalandyrmak we hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin binýady goýan iri Şertnamalar toplumyna gol çekdi. Olaryň hatarynda Hytaýyň Ösüş döwlet bankynyň we Hytaýyň milli hebitgaz korporasiýasynyň “Galkynyş”gaz ýatagyny özleşdirmegiň ilkinji tapgyryna gatnaşmagyna degişli resminamalar bar. Hususan-da “Türkmengaz”döwlet konserni bilen “CNPC” kompaniýasynyň baglaşan şertnamalarynyň biri bu ýatakda ýylda 30 milliard kub metr harytlyk gazy öndürmek boýunça desgalar toplumynyň taslamasyny düzmegi we gurmagy göz öňünde tutýar. Şeýlelikde, bu ýatakda arassalanan tebigy gazyň jemi möçberi 60 milliard kub metre deň bolar.

Mundan başga-da bu ýatagy özleşdirmek boýunça ägirt uly taslamanyň amala aşyrylmagy, häzirki wagtda gurulmagyna işjeň taýýarlyk görülýän Türkmenistan-Owganystan-Päkistan-Hindistan gazgeçirijisi bilen baglylykda hem uly ähmiýete eýedir. Bu gazgeçiriji üçin “Galkynyş” ýatagy esasy çig mal çeşmesi bolup kömek eder. Häzirki wagtda bu taslama gatnaşmaga Bangladeş hem gyzyklanma bildirýär.

Bu transmilli gazgeçirijiniň çekilmegi gönüden-göni ykdysady meseleleri çözmekden başga–da taslama gatnaşyjy ýurtlara möhüm durmuş we gumanitar meseleleriň birnäçesini, şol sanda gazgeçiriji-

niň ugrunda goşmaça iş orunlaryny döretmek, ulag-aragatnaşyk we durmuş düzümlerini kemala getirmek bilen baglanyşykly wezipeleri çözmäge ýardam eder, iň esasy bolsa tutuş sebitde syýasy we durmuş durnuklylygyny üpjün etmäge şert döreder.

Türkmenistan giň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen, ähli ýurtlaryň we halklaryň bähbitlerine laýyk gelýän möhüm başlangyçlar bilen çykyş edip, bu wezipeleri iş ýüzünde durmuşa geçirmek boýunça anyk çäreler geçirilýär. Hormatly Prizidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-nyň Baş Assambleýasynyň mejlisinde energetika howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça başlangyçlary hem muňa şaýatlyk edýär.

Hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Merkezi we Günorta Aziýa, Hazar, Gara deňiz we Baltika sebitleri döwletleriniň, Russiýanyň, Hytaýyň, Ýewropa Birleşiginiň, Orta we Ýakyn gündogar ýurtlarynyň, ähli gyzyklanma bildirýän döwletleriň, kompaniýalaryň, halkara maliýe edaralarynyň gatnaşmagynda, Sebitara energetika gepleşigini döretmek barada gürrüň gidýär.

Şeýle kompaniýalaryň birnäçesi tebigy gory boýunça dünýäde ikinji orunda hasaplanylýan “Galkynyş” gaz käninde, “Bagtyýarlyk” şertnamalaýyn sebitinde, Hazar deňzinde we ýurdumyzyň beýleki sebitlerinde üstünlikli iş alyp barýarlar.

Munuň özi bitewi, toplumlaýyn we deňagramly strategiýany, energetika ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyň netijeli hukuk gurallaryny döretmäge ýardam berer.

Häzirki wagtda Hazar ýakasynda Gyýanlyda umumy bahasy ABŞ-nyň 3 milliard 432 million dollaryna deň bolan we ýylda 5 milliard kub metr gazy toplumlaýyn gaýtadan işlemäge hem-de 386 million tonna polietilen we 81 müň tonna polipropilen öndürmäge niýetlenen ilkinji gazhimiýa toplumynyň gurluşygyna girişildi.

Ahal welaýatynyň Owadandepe şäherçeside gazy benzine öwürmek baradaky giň möçberli ilkinji taslama durmuşa geçirilýär. Kärhanada ýylda 1 milliard 785 million kub metr tebigy gaz gaýtadan işlenip, Ýewro-5 ülüňiniň ýokary ekologiýa talaplaryna laýyk gelýän A-92 kysymly benziniň 600 müň tonnasy öndüriler. Bu ýerde häzirki

zaman tehnologiýa enjamlarynyň, kömekçi desgalaryň tutuş toplumy, şol sanda, täsin suw arassalaýjy ulgam bina ediler.

Gazdan kerosin, dizel we beýleki ýangyçlary almak boýunça ilkinji taslama, häzirki wagtda öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan bilelikde öwrenilýär.

Tehnikanyň ösmegi, täze tehnologiýalaryň ýüze çykmagy, halk hojalygynyň täze önümlere bolan isleginiň artmagy, uglewodorod serişdelerini ibermegi diwersifikasiýa etmegiň zerurlygy, gazy çykarmak we gaýtadan işlemek ulgamlarynyň ekologiýa howpsuzlygyna barha ýokarlanýan talaplar, tebigy gazy rejeli peýdalanmak meselesini çözmäge täzeçe toplumlaýyn çemeleşmegi talap edýär.

Tebigy gazyň has çüňňur we toplumlaýyn gaýtadan işlenmegi, ony işlemekden alynýan önümleriň eksportdaky paýyny artdyrmagy ugur edinip, Türkmenistan diňe bir ilkinji energiýa serişdeleri bazarynda öz ornuny giňeltmek bilen çäklenmän, eýsem, has girdejili bolan himiýa önümleri bazarynda hem özüniň mynasyp ornuny eýelär.

Geljekde nebiti, gazy we gaz kondensatyny çykarmaklygyň möçberleri çig mal mümkinçiliklerinden hem-de uglewodorod çig malyny eksport etmek boýunça öňde goýlan wezipelerden ugur alnyp kesgitlenendir.

**Şeýlelik bilen,** köp dürli konsepsiýalaryň esasyndaky alternatiw taslamalaryň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň ilerleýjilikli ykdysady ösüşiniň möhüm daýanjyny döretmäge esas bolup hyzmat eder, şonuň ýaly-da, oňa uglewodorod çig malyny dürli ugurlar boýunça uly möçberlerde iberiji ýurt bolmaga mümkinçilik berer.

***2.3. Nebiti gaýtadan işleýän senagat.*** Nebitiň, gazyň we gaz kondensatynyň uly möçberlerde gazylyp çykarylmagy, olary gaýtadan işläp, taýýar önüme öwürmegiň derejesini ýokarlandyrmagy talap edýär. Häzirki wagtda Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýji zawodlar toplumynda nebitiň gaýtadan işlenmegi benziniň birnäçe görnüşini, kerosin, dizel ýangyjy, mazut we başga önümleriň birnäçesini öndürmäge mümkinçilik berýär. Seýdidäki nebiti gaýtadan işleýän zawod bolsa awtomobil benzinini, dizel ýangyjyny we mazut çykarýar.

Türkmenistanda nebit önümleriniň esasy görnüşlerine bolan isleg ýurduň özündäki önümçiligiň hasabyna kanagatlandyrylýar, taýýar önümiň esli bölegi bolsa eksport edilýär.

Nebit çykarylyşynyň möçberiniň köpelmegi bilen baglylykda, uglewodorod çig malynyň gaýtadan işlenişini artdyrmagyň, öndürilýän taýýar önümleriň görnüş sanawyny giňeltmegiň we hilini ýokarlandyrmagyň meseleleri barha derwaýys bolýar. Şol maksat bilen Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek arkaly bar bolan kuwwatlyklary döwrebaplaşdyrmak we täze önümçilikleri gurmak işleri geçirildi.

Nebiti gaýtadan işleýän pudagyň kärhanalaryny ösdürmegiň esasy ugurlary eýýäm ýakyn ýyllarda önümçilik kuwwatlyklaryny doly güýjünde işletmäge mümkinçilik berer.

Köne önümçilik kuwwatlyklarynyň durkunyň täzelenmegi bilen bir hatarda, iň täze tehnologik enjamlar bilen abzallaşdyrylan häzirki zaman önümçilikleriniň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Munuň özi çig nebitiň gaýtadan işlenilişiniň diwersifikasiýalaşdyrylyşyny giňeltmäge, çykarylýan önümleriň görnüşlerini köpeltmäge, olaryň hilini dünýä standartlarynyň derejesinde ýokarlandyrmaga, ýurduň eksport mümkinçiliklerini giňeltmäge ýardam eder.

Gaz kondensatynyň alnyş derejesiniň ýokarlandyrylmagy, şonuň ýaly-da, çykarylýan gazdan himiki çig mal hökmünde peýdalanmak üçin etan, propan, butan ýaly gymmatly düzüm böleklerini bölüp almagyň derejesiniň ýokarlandyrylmagy möhüm mesele bolup durýar. Bu meseleleriň çözülmegi esli möçberdäki maýa goýumlaryny, innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny talap edýär.

**Şeýlelikde,** Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň nebit-gaz pudaklaryny ösdürmekde meseleleriň şu toplumyny çözmek öňde durýar: nebiti gaýtadan işleýän kärhanalaryň has döwrebaplaşdyrylmagy, deňiz ýalpaklyklaryndaky känleriň özleşdirilmegi, çuň gatlaklardaky nebitiň gözlegi we gazylyp alynmagy, gatlaklaryň nebit berijiligini ýokarlandyrýan öňdebaryjy usullaryň ornaşdyrylmagy, çykarylýan çig malyň kondensatdan arassalanmagy, gazyň himiki taýdan gaýtadan işlenilmeginiň ösdürilmegi.

## §3. Maşyn gurluşyk toplumy

Türkmenistanyň maşyn gurluşyk toplumyna milli ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda umumy maksatlar üçin ulanylýan maşynlary we enjamlary öndürýän kärhanalar girýär. Bu toplumyň esasyny maşyn gurluşygy we metal işläp bejeriş düzýär. Ol ykdysadyýetiň ençeme pudaklaryna elektrotehnika senagatynyň dürli önümlerini, wentilýatorlary, nasoslary, azyk senagaty üçin niýetlenen enjamlary we gaýry metal önümlerini iberýär, şonuň ýaly-da, enjamlaryň düýpli abatlaýyş işlerini amala aşyrýar.

Ýurduň maşyn gurluşyk senagaty özüniň uly ösüşine XX asyryň ýetmişinji ýyllarynda eýe boldy. Şol mahallar oňa diňe Türkmenistanda däl, eýsem onuň çäklerinden daşarda hem uly islegden peýdalanylýan önümleri çykarýan senagat kärhanalary girýärdi. Aşgabadyň nebit maşyn gurluşygy zawodynyň agyr senagatynyň pudaklaryna niýetlenilen önümleri muňa mysal bolup biler.

Maşyn gurluşygy we metal işläp bejeriji senagat kärhanalary medeni-durmuş maksatly we öý hojalygynda ulanylýan harytlaryňda ýurtdaky sarp ediş bazaryna niýetlenilen ençeme görnüşlerini öndürýärler.

Maşyn gurluşyk kärhanalary 2000–2013-nji ýyllarda önümleriň senagatda ulanylýan wentilýatorlar, merkezden daşlaşýan güýç bilen işleýän suw sorujylar, gaz plitalary, kabel önümleri, azyk senagaty üçin tehnologik enjamlar ýaly görnüşlerini çykardylar.

Türkmenistanyň geljekki ösüşi onuň maşyn gurluşyk önümlerine bolan isleginiň ýokarlanmagyny şertlendirýär. Şonuň bilen baglylykda, maşyn gurluşyk pudagynyň öňünde önümçiligiň içerki düzümini özgertmegiň, ony milli ykdysadyýetiň häzirki şertlerine uýgunlaşdyrmagyň hem-de içerki we daşarky bazarlaryň isleglerine gaýtadan nazarlandyrmagyň hasabyna öndürilýän önümleriň görnüş sanawyny diwersifikasiýalaşdyrmak wezipesi durýar.

Ýurduň maşyn gurluşygyny mundan beýläk-de ösdürmegiň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr: nebit-gaz we himiýa senagatlary ýaly esasy pudaklary maşynlar we enjamlar bilen üpjün edýän önümçi-

likleriň giňeldilmegi; elektrotehnika senagatynyň ösdürilmegi; yssy howa şertlerinde ulanylýan enjamlaryň tapgyrlaýyn önümçilikleriniň döredilmegi; dokma sanagaty we oba hojalygy üçin maşyn gurluşygynyň ösdürilmegi; sarp ediş bazary üçin geçginli önümleri öndürmegiň diwersifikasiýasy.

Häzirki zaman ýokary öndürijilikli enjamlar we innowasion tehnologiýalar bilen abzallaşdyrylan abatlaýyş kärhanalarynyň döredilmegi-de möhüm ugurlaryň biri bolup durýar.

## §4. Himiýa toplumy

Türkmenistanyň milli ykdysadyýetini ösdürmekde himiýa senagatynyň-da ähmiýeti az däldir, ol, esasan, mineral suwlaryň we daghimiýa çig malynyň gorlaryny peýdalanýan dag-magdan senagaty görnüşinde emele gelipdi.

Türkmenistanyň himiýa senagatynyň kärhanalary tarapyndan natriý sulfaty, bişofit, epsomit, ýod, brom, kükürt we himiki çig maldan öndürilýän kükürt kislotasy, tehniki uglerod, mineral dökünler, sintetik ýuwujy serişdeler we durmuş himiýasynyň önümleri çykarylýar (*14-nji tablisa*).

*14-nji tablisa*

**Himiýa senagatynda önümleriň esasy görnüşleriniň öndürilişi**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 2000 | 2005 | 2010 | 2012 | 2013 |
| Mineral dökünler (100% ýokumly maddalara geçirilip hasaplananda), müň t | 100 | 191 | 234 | 188 | 139 |
| Ýod, t | 291 | 411 | 488 | 525 | 549 |
| Natriý sulfatlary, müň t | 19,6 | 17,3 | 7,8 | 0,7 | 0,9 |
| Kükürt kislotasy, müň t | 92,5 | 93,7 | 135,7 | 168,5 | 141,3 |
| Tehniki uglerod, müň t | 1,5 | 2,2 | 0,6 | 0,8 | 0,8 |
| Ýuwujy serişdeler, müň t | 2,2 | 0,6 | 0,9 | 1,4 | 0,2 |
| Çeşmeler: (34, s.32); (36, s.23); (40, s. 32). | | | | | |

Ýurt boýunça 2013-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, mineral dökünleriniň öndürilişi 39 müň t ýa-da 1,4 esse, kükürt kislotasynyň öndürilişi 48,8 müň t ýa-da 52,8%, tehniki ýoduň öndürilişi 258 t ýa-da 88,7% artdy.

Türkmenistanyň himiýa senagaty özüniň mundan beýläk-de ösmegi üçin çig malyň uly gorlaryna eýedir. Meselem, kükürdiň geologik gorlary Gowurdak käninde, kaliý duzlarynyňky Garlyk käninde, bromuňky Günbatar Türkmenistanyň ýod-bromly suwlarynda, Garabogazköl aýlagynyň şerebeli suwlarynda jemlenendir. Garlyk käninde magniý okisiniň gorlary hem bar.

Ýurduň himiýa senagatynyň çig mal binýady ýa-ha köp düzümli ýataklardan, ýa-da dürli serişdeler belli bir çäklerdäki özara utgaşykly känlerinden ybaratdyr. Bu känleriň ulanylmagy entek çig malyň toplumlaýyn peýdalanylmagyny we tebigy baýlyklaryň çägiň içersinde utgaşykly peýdalanylmagynyň netijeli bolmagyny üpjün edip bilmeýär. Şonuň üçin-de peýdaly düzüm bölekleri has doly almak arkaly mineral serişdeleriniň toplumlaýyn peýdalanylmagyny guramak zerur bolup durýar.

Himiýa senagatyny ösdürmegiň maksatnamasynda baý çig mal serişdelerini toplumlaýyn we netijeli peýdalanmagyň hasabyna mineral dökünleriň we beýleki himiýa önümleriniň köp görnüşleriniň öndürilişini artdyrmak göz öňünde tutulýar.

Geljekde tebigy kükürdi gazyp alýan önümçiligiň durky täzelener, tehniki ýoduň önümçiligi döwrebaplaşdyrylar. Kaliý hloridini, kaliý sulfatyny, kaustik sodany, hlory öndürmek boýunça gurluşyklar amala aşyrylar. Munuň özi, hususan, 2030-njy ýyla çenli mineral dökünleri öndürmekligiň möçberini 7375 müň t (fiziki agramda), natriý sulfatyny 440 müň t, tehniki ýoduň öndürilişini 1515 t ýetirmäge mümkinçilik berer.

Göz öňünde tutulýan çäreleriň hemmesi ýurtdaky çig mal baýlyklaryny toplumlaýyn we netijeli peýdalanmagyň hasabyna himiýa toplumynyň durnukly ösmegine ýardam eder, şonlukda milli hojalygyň degişli pudaklarynyň barha artýan isleglerini kanagatlandyrmaga-da mümkinçilik döreder.

## §5. Gurluşyk materiallary senagaty

Türkmenistanda gurluşyk materiallary senagatynyň esasy wezipesi milli ykdysadyýetiň isleglerini ýerli gurluşyk materiallary bilen üpjün etmek bolup durýar.

Bu pudagyň önümçilik dolanyşygyna gurluşyk işlerinde ulanylýan çig mal serişdeleriniň dürli görnüşleri barha köp çekilýär. Adaty gurluşyk materiallary bilen bir hatarda, häzirki wagtda hili we berkligi boýunça has kämil materiallary öndürmek göz öňünde tutulýar.

Sementi, jaýlaryň üçegi üçin niýetlenen dürli görnüşdäki materiallary, turbalary, diwar materiallaryny, magdan däl gurluşyk materiallaryny öndürmek giňişleýin ýola goýuldy (*15-nji tablisa*).

Maglumatlardan görnüşi ýaly, 2013-nji ýylda 2000-nji ýyldaka görä, gurluşyk materiallarynyň has möhüm görnüşlerinden sement öndürilişi 2653 müň t ýa-da 7,3 esse, magdan däl gurluşyk materiallarynyň öndürilişi 23981 müň $m^3$ ýa-da 5,2 essä golaý, ýygnama demir-beton gurnawlary we önümleri 156,8 müň $m^3$ ýa-da 81,1% artdy.

Türkmenistanyň geljekde gurluşyk materiallary senagatyny netijeli ösdürmek üçin çäksiz köp mümkinçilikleri bar.

Ýurduň milli ykdysadyýetiniň ýokary ösüş depginleri gurluşyk materiallary senagaty pudagynyň önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmagyň, önümleriň görnüş sanawyny diwersifikasiýalaşdyrmagyň, täze tehnologiýalary ornaşdyrmagyň zerurlygyny kesgitleýär. Bu çäreler ýokary hilli we bäsdeşlige ukyply önümleri çykarmaga mümkinçilik berýär. Kärhanalardaky hereket edýän kuwwatlyklaryň durkunyň täzelenmegi, häzirki zaman tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy önümleriň täze görnüşlerini çykarmaga mümkinçilik berer.

Dokma, azyk, maşyn gurluşyk, himiýa senagatlarynyň ýokary ösüş depginleri, gaz we nebit geçirijileriniň gurulmagy, şonuň ýaly-da ýaşaýyş jaý gurluşygynyň hajatlary sement öndürilişiniň möçberini 2030-njy ýylda 3387,4 müň tonna ýetirilmegini öňünden kesgitleýär. Häzirki wagtda sement öndürilişi Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda jemlenendir. Lebap welaýatynyň Magdanly–Garlyk sebitinde we Balkan welaýatynda kuwwatly sement zawodlarynyň gurulmagy göz öňünde tutulýar.

Umuman, gurluşyk materiallary senagatynyň geljekdäki ösüşi ozaly bilen ýerli çig mallary has doly peýdalanylmagyna esaslanar.

*15-nji tablisa*

**Türkmenistanda gurluşyk materiallary senagatynyň önümleriniň esasy görnüşleriniň öndürilişi**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **2000** | **2005** | **2010** | **2012** | **2013** |
| Sement, mün t | 420 | 697 | 1131 | 1590 | 3073 |
| Ýygnama demir-beton gurnawlary we önümleri, müň $m^3$ | 193,3 | 190,9 | 295,1 | 297,0 | 350,1 |
| Diwar materiallary, mln sany şertli kerpiç | 383,3 | 275,9 | 382,6 | 411,7 | 464,6 |
| Magdan däl gurluşyk materiallary, müň $m^3$ | 5781 | 6145 | 18754 | 23828 | 29762 |
| Asbestli-sementden listler (şifer), mln şertli plita | 10,1 | 13,9 | 6,3 | 3,4 | 2,7 |
| Gurluşyk aýnasy (2-mm şertli, ölçegde), mln $m^2$ | 3,0 | 2,4 | 0,7 | 0,5 | 0,1 |
| Çeşmeler: (34, s.33); (36, s.24); (40, s.33). | | | | | |

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Senagat önümçiliginiň ösüşi haýsy görkezijiler bilen kesgitlenilýär?
**2.** Senagat önümçiliginiň pudaklaýyn düzümi barada aýdyp beriň.
**3.** Senagat önümleriniň umumy möçberiniň pudaklar boýunça ösüşi barada gürrüň beriň.
**4.** Türkmenistanda elektrik energiýasynyň öndürilişi nähili ösýär?
**5.** Türkmenistanyň elektrik balansy barada aýdyp beriň.
**6.** Türkmenistan boýunça nebit çykarylyşynyň möçberi nähili ösýär?
**7.** Türkmenistan boýunça gaz çykarylyşynyň möçberi nähili ösýär?
**8.** Nebiti gaýtadan işleýän senagat barada gürrüň beriň.
**9.** Maşyn gurluşyk toplumy barada aýdyp beriň.
**10.** Himiýa senagatynda önümleriň öndürilişi nähili ösýär?
**11.** Türkmenistanda gurluşyk materiallary senagatynda önümleriň öndürilişi barada gürrüň beriň.

# VI. GURLUŞYK, ULAG WE ARAGATNAŞYK

## §1. Gurluşyk toplumy

Türkmenistanda alnyp barylýan giň gerimli maýa goýum syýasaty düýpli gurluşygyň çalt depgin bilen öňe gitmegi mynasybetli, milli hojalygyň ähli pudaklarynyň üstünlikli ösmegine ýardam etdi. Ýurduň senagatynda, oba hojalygynda, suw hojalygynda, ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy ulgamynda gurluşyk işleri giň gerim bilen amala aşyrylýar, täze mekdepler we çagalar baglary, saglygy goraýyş we medeni-durmuş edaralary bina edilýär, şäherler we obalar abadanlaşdyrylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda milli ykdysadyýeti ösdürmek üçin maýa goýum serişdeleri, ilkinji nobatda, iri obýektlere gönükdirildi, olaryň arasynda gazy eksport etmek üçin niýetlenen Türkmenistan–Eýran turba geçirijisi, Merkezi Aziýadan Pars aýlagyna göni çykalga açan Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly, Aşgabat-Garagum–Daşoguz demir ýoly; Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisi, Döwletabat–Sarahs–Hangeran ugry boýunça Türkmenistandan Eýrana tarap ikinji gaz geçiriji, "Awaza" milli syýahatçylyk zolagy we ençeme beýleki möhüm obýektler bar.

Gurluşyk toplumy ykdysadyýetiň önüm öndürýän pudaklarynyň ösmegine esli goşant goşýar. Önümçilik ýaýrawy öňdebaryjy tehnikany we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hasabyna giňeldilýär, täze kärhanalar bina edilýär we köneleriniň durky täzelenýär.

Esasy serişdelere döwletiň düýpli maýa goýumlarynyň umumy möçberinde ýangyç-energetika toplumy möhüm orun tutýar. Elektrik energetikasynda Abadan döwlet elektrik stansiýasynyň durky täzelendi, Seýdi ýylylyk elektrik merkeziniň ikinji energetiki blogy işe başlady, Aşgabatda we Balkan welaýatynda täze elektrik stansiýalary guruldy, ýurduň çar tarapyna ýokary woltly elektrik geçirijileriň ýüzlerçe kilometrligi çekildi.

Gaz senagatynda ulanyş üçin onlarça guýular işe girizildi, Sowetabat gaz käniniň abadanlaşdyryş işleri tamamlandy.

Nebit çykaryjy senagatda hem täze guýular burawlanylyp, işe girizildi. Nebiti gaýtadan işleýän senagatda Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda katalitik reforming enjamla-

rynyň işe girizilmegi amala aşyrylýar, bu bolsa gaýtadan işlenilýän nebitiň möçberini esli artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýurduň oba senagat toplumynda iri elewatorlar guruldy we olaryň ýene-de birnäçesiniň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Miwe-gök önüm saklanýan ammarlar, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän kärhanalar we beýleki möhüm önümçilik we infrastruktura obýektleri bina edilýär.

Ulag infrastrukturasy barada aýdylanda, hususan, Hazar–Goturdepe, Ekerem–Wyşka, Wyşka–Belek nebit geçirijileriniň gurlandygyny belläp geçmek bolar.

Döwletiň alyp baran maýa goýum syýasatynyň netijeleri ähli maýa goýumlarynyň aglaba böleginiň ileri tutulýan ugurlara, çig mallaryň gaýtadan işlenmegine, sarp ediş harytlarynyň we edilýän hyzmatlaryň möçberiniň ardyrylmagyna gönükdirilendigini görkezýär.

Milli ykdysadyýetiň mundan beýläk-de ösdürilmegi maýa goýum serişdeleriniň degişlilikde artdyrylmagyny hem-de ýurtda maýa goýum işjeňliginiň ýokarlandyrylmagyny talap edýär.

Esasy serişdelere düýpli maýa goýumlarynyň möhüm çeşmeleri bolup, içerki maýa goýum serişdeleri, hususan-da, kärhanalaryň toplan maýalary we ilatyň pul süýşürintgileri çykyş edýär. Şol bir wagtyň özünde maliýeleşdirişiň beýleki çeşmelerini, ozaly bilen-de, göni daşary ýurt maýa goýumlaryny, şonuň ýaly-da soňlanmagy bilen täze döredilen kärhanalaryň peýdasynyň hasabyna üzülişmek şerti bilen ýokary netije berýän önümçilikleri döretmek üçin daşary ýurt karzlaryny çekmek boýunça çäreler görülýär.

Gurluşyk toplumyna girýän ministrlikler we dolandyryş edaralary boýunça bir ýylda özleşdirilýän düýpli maýa goýumlarynyň möçberi 2030-njy ýylda 8,5 mlrd. manatdan-da geçer. Düýpli maýa goýumlarynyň üznüksiz önümçilik, tehnologik, pudaklaýyn we sebitleýin düzümi-de barha kämilleşdiriler. Şol bir wagtyň özünde geljek döwürde hususy bölegiň hojalyk subýektleri tarapyndan esasy serişdelere düýpli maýa goýumlarynyň möçberi artar.

**Şeýlelikde,** maýa goýumlary, üznüksiz önümçilik işiniň möhüm şerti bolmak bilen, ykdysady ösüşiň çaltlandyrylmagyna we ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň strategik wezipelerini durmuşa geçirmegiň barşynda durmuş meseleleriň çözülmegine ýardam edýär.

## §2. Ulag toplumy

Ulag toplumy önümçilige, milli hojalygyň dolanyşygyna we ilata hyzmat edýän dürli görnüşdäki ýük daşaýan we ýolagçy gatnadýan ulag pudaklaryny öz içine alýar. Oňa demir ýol, awtomobil, howa, deňiz, derýa ulaglary, turba geçirijiler degişlidir.

16-njy tablisanyň maglumatlaryndan görnüşi ýaly, 2013-nji ýylda 2010-njy ýyl bilen deňeşdirilende, umumy peýdalanyşdaky ulaglar arkaly ýolagçy gatnadylyşy 10,9%, ýük daşalyşy 22,2% artypdyr. Ulag toplumynyň esasy görkezijileri, umuman, oňyn ösüşe eýedir.

*16-njy tablisa*

**Türkmenistanda ulagyň ösüşiniň esasy görkezijileri**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 2000 | 2005 | 2010 | 2012 | 2013 |
| Gatnadylan ýolagçylar, mln adam | 738,5 | 936,9 | 830,1 | 878,9 | 921,1 |
| Daşalan ýükler, mln tonna | 463,6 | 558,3 | 369,9 | 420,8 | 451,9 |
| Ulaglaryň ýolagçy dolanyşygy, mln ýolagçy-km | 11504 | 16287 | 24765 | 25873 | 27329 |
| Ulaglaryň ýük dolanyşygy, mlrd t-km | 37,6 | 44,4 | 28,2 | 35,4 | 39,6 |
| Çeşmeler: (34, s.96); (36, s.82); (40, s.121-122). | | | | | |

***Demir ýol ulagy*** ýurduň ulag toplumynda esasy orunlaryň birini eýeleýär. Türkmenistanda demir ýollaryň umumy uzynlygy häzirki wagtda 3 müň kilometrden geçýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Tejen–Sarahs, Türkmenabat–Atamyrat, Daşoguz–Köneürgenç aralyklarynda täze demir ýollar guruldy, Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýolunyň gurluşygy tamamlandy.

Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň işe girizilmegi Ýewropanyň we Aziýanyň iri demir ýol ulgamlaryny birikdirdi. Bu ýol Eýranyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň demir ýol ulgamlaryna çykalga açdy hem-de Merkezi Aziýa ýurtlaryny Eýranyň Pars aýlagyndaky we Oman deňzindäki portlary bilen, şonuň ýaly-da Türkiýäniň üsti bilen Ýewropany baglanyşdyryjy halka öwrüldi. Onuň ulanylmaga berilmegi, Aziýanyň üstünden geçýän Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltdi, ol indi Stambul–Tähran–Maşat–Sarahs–Türkmenabat–Daşkent–Almaaty–Družba–Urumçy–Pekin ugry boýunça geçýär.

Ulag infrastrukturasynyň ösdürilmegi dowam edýär. 2007-nji ýylyň ahyrynda geljekki transmilli “koridor” bolan 900 km umumy uzynlykdaky Üzen–Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gürgen halkara demir ýolunyň gurluşygyna badalga berildi. Ol Türkmenistan üçin uly ykdysady we syýasy ähmiýetli gurluşykdyr. 2015-nji ýyla çenli demir ýollaryň umumy uzynlygy 3900 kilometre ýetiriler.

Demirgazyk–Günorta transmilli demir ýoly Gazagystanyň, Türkmenistanyň we Eýranyň üsti bilen geçip, köp ýurtlar üçin iň oňaýly, ykdysady taýdan bähbitli gatnaw ugry bolar. Bütin Ýewropa, Russiýa, Merkezi Aziýanyň ýurtlary gysga aralyk bilen günortadaky deňizlere çykalga alarlar. Pars aýlagy ýurtlary bolsa, demirgazyk tarapa çykmak üçin şonuň ýaly amatly mümkinçilige eýe bolarlar.

***Awtomobil ulagy.*** Ýük daşalyşynyň we ýolagçy gatnadylyşynyň umumy möçberinde awtomobil ulagy saldamly orny eýeleýär. Ýük daşalyşynyň umumy möçberinde ol 85%-den gowrak paýy tutýar. Ýük ulagy hakykatda milli hojalygyň ähli pudaklarynyň we ilatyň isleglerini kanagatlandyrmak üçin hyzmat edýär. Ulagyň bu görnüşi bilen Eýrana, Pakistana, Türkiýä we GDA ýurtlaryna hem ýükler daşalýar.

Awtomobil ulagy ýerli ilatyň köpçülikleýin gatnawlarynyň iň ýörgünli serişdesidir. Ýolagçy gatnadylyşynyň umumy möçberinde onuň tutýan paýy 95%-e ýetýär.

Umumy peýdalanyşdaky awtomobil ýollarynyň jemi uzynlygy 14 müň km. Türkmenistanyň çäginden Türkmenbaşy–Aşgabat–Türkmenabat ugry boýunça iňňän möhüm awtomobil ýoly geçýär, ol ýurduň günbatar we gündogar künjeklerini baglanyşdyrýar.

Awtomobil ýollarynyň gurluşugy we durkunyň täzelenmegi dowam etdirilýär. “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna” laýyklykda, 2011–2015-nji ýyllar aralygynda Türkmenbaşy–Aşgabat–Mary–Türkmenabat–Farap, Aşgabat–Garagum–Daşoguz halkara derejeli awtomobil ýollarynyň gurluşygy tamamlanar. Şäherleriň ýollary düýpgöter özgerdiler, ikitaraply ýollaryň (estakadalaryň) gurluşygyna başlanar.

***Howa ulagy*** Türkmenistany beýleki döwletleriň ençemesi, şol sanda GDA ýurtlary, Eýran, Päkistan, Hindistan, Germaniýa, Türkiýe, Beýik Britaniýa, Birleşen Arap Emirlikleri bilen baglanyşdyrýar. 1994-nji ýylda Aşgabatda howa gämileriniň ähli kysymlaryny kabul

etmäge ukyply iri aerowokzal toplumy, ýagny halkara howa menzili açylypdy.

Türkmenbaşy şäherinde iri howa menzili bar. Şäheriň iri söwda-senagat merkezine öwrülmegi we bu ýerde “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi bilen bu aeroportyň ähmiýeti has-da artýar.

Geljekde Günorta-Gündogar Aziýanyň, Günbatar Ýewropanyň we Amerikanyň ýurtlaryna täze uçuş ugurlary açylar. Türkmenabat, Mary, Daşoguz we Balkanabat şäherlerindäki aeroportlaryň hem-de olardaky uçuş-gonuş zolaklarynyň durkuny täzelemek işleri geçirildi we dowam etdiriler.

Türkmenistanyň raýatlyk awiasiýasynda ýük daşamak işi, belli derejede möhüm orun tutýar. Häzirki wagtda howa ulagy arkaly ýükler dünýäniň 40-dan gowrak ýurduna daşalýar.

***Deňiz ulagynda*** gämi ýollarynyň täze ugurlary özleşdirildi, Atlantik ummanyna çykalga we Portugaliýanyň, Ispaniýanyň, Fransiýanyň, Afrika ýurtlarynyň portlaryna ýol açyldy. Türkmenbaşy we Astrahan portlarynyň arasynda yzygiderli teplohod-parom gatnawlary amala aşyrylýar. Türkmenbaşy deňiz porty ýurduň günbatar derwezesi, Türmenistanyň hem Azerbaýjan (Baku), Eýran (Enzeli, Bender Türkmen), Russiýa (Astrahan), Wolga-Don kanalynyň we Azow deňziniň üsti bilen Türkiýe, Bolgariýa, Ukraina ýaly ýurtlaryň hem daşary ykdysady gatnaşyklarynda ýük ýazdyryş nokady bolup durýar.

***Derýa ulagy*** Amyderýanyň basseýninde jemlenendir. Ol ýurduň öz ýükleriniň-de, Özbegistan, Täjigistan ýaly hyzmatdaş ýurtlaryň ýükleriniň-de daşalmagyny üpjün edýär. Deňiz gämiçiliginiň esasy ýük daşalyşy Kelif, Türkmenbaşy, Haýraton we Termez portlarynyň aralarynda amala aşyrylýar.

**Jemläp aýdylanda,** geljek döwürde ýurduň ulag toplumy has çaltlandyrylan depginler bilen ösdüriler. Ulag serişdeleriniň ähli görnüşleriniň sany artar. Pudakda täze tehnika we innowasion tehnologiýalar, ulag serişdelerini peýdalanmagyň öňdebaryjy usullary giňden ornaşdyrylar. Bularyň hemmesi ýük daşamakda we ýolagçy gatnatmakda ýurduň ykdysadyýetiniň we ilatyň barha ösýän isleglerini has doly kanagatlandyrmaga mümkinçilik berer.

## §3. Aragatnaşyk ulgamynyň ösüşi

Türkmenistanda aragatnaşyk ulgamynyň kärhanalary uly ösüşe eýe boldy. Poçta, telefon, faksimil hyzmaty, Internet tory – bularyň hemmesi milli hojalyga we ýurduň ilatyna hyzmat edýär. “Türkmentelekom” döwlet kompaniýasy, “Altyn asyr” öýjükli aragatnaşyk kärhanasy kemala geliş we pajarlap ösüş basgançagyny başdan geçirýär. Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň hut öz başlangyjy bilen ýurtda Elektron Hökümet ulgamyny döretmek işi ýaýbaňlandyryldy.

Ýurtda ähli aragatnaşyk serişdeleri bitewi toplumlaýyn hojalyga birikdirilip ösdürilýär. Muňa umumy peýdalanyşdaky aragatnaşygyň ösüş görkezijileri şaýatlyk edýär. 2013-nji ýylda 2010-njy ýyl bilen deňeşdirilende, aragatnaşygyň esasy işinden alnan girdejiler 2,7 esse, şol sanda ilata edilen tölegli aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnany 8,6 esse artdy. Şol ýyllaryň içinde gazetleriň we žurnallaryň çykarylyşy 5,1%, şäherara telefon gepleşikleriniň sany 6,1%, öýde oturdylan telefon nokatlarynyň sany 15,9% köpeldi (40, s. 131).

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda aragatnaşygy daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek we häzirki zaman tehnologiýalaryny ulanmak arkaly täze sanly tehnikanyň esasynda maksada gönükdirip ösdürmek üçin binýat döredildi.

Ýurtda 20-den gowrak sanly awtomatlaşdyrylan beketler oturdyldy. Netijede, 2013-nji ýylda 2010-njy ýyl bilen deňeşdirilende, umumy ulgamdaky telefon nokatlarynyň sany 74,4 müň birlik ýa-da 14,2%, şol sanda şäher telefon ulgamynda 56,2 müň birlik ýa-da 12,8%, oba ýerlerinde bolsa 18,2 müň birlik ýa-da 21,6% artdy (40, s. 131).

Halkara we şäherara telefon gepleşikleriniň ösdürilmegine has artykmaçlyk berildi.

Türkmenistanyň üstünden geçýän Transaziýa–Ýewropa süýümli-optiki aragatnaşyk ulgamynyň gurluşygy tamamlandy. Onuň işe berilmegi aragatnaşygyň halkara ýaýlymlaryny guramagyň mümkinçiliklerini giňeltdi, Türkmenistanyň Internet aragatnaşyk ulgamyna birikdirilmegi bolsa, ýaşaýjylara dünýä bazarynyň ýagdaýy hakynda maglumat almaga mümkinçilik döretdi.

Türkmenistanyň uzak aralykdan maglumat alyşmak ulgamynyň bar bolanlaryny ösdürmek we täzelerini döretmek maksady bilen geljekde dünýä jemgyýetçiliginiň bitewi maglumat giňişligine goşulyşmaklyk göz öňünde tutulýar.

**Şeýlelikde,** Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösýän şertlerinde bar aragatnaşyk kärhanalarynyň döwrebaplaşdyrylmagy we täzeleriniň döredilmegi, täze halkara aragatnaşyk ýaýlymlarynyň açylmagy, häzirki zaman maglumat tehnologiýalaryna geçilmegi göz öňünde tutulýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Türkmenistanda garaşsyzlyk ýyllarynda milli ykdysadyýeti ösdürmek üçin maýa goýum serişdeleri, ilkinji nobatda, nähili iri obýektlere gönükdirilýär?
**2.** Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gurluşyk toplumynyň ösüşini mysallaryň üsti bilen aýdyp beriň.
**3.** Türkmenistanda ulagyň ösüşi haýsy görkezijileri bilen kesgitlenýär?
**4.** Ulag toplumynyň pudaklarynyň ösüşine baha beriň.
**5.** Türkmenistanda aragatnaşyk ulgamynyň kärhanalary uly ösüşe eýe boldular. Bu barada gürriň beriň.

# VII. OBA SENAGAT TOPLUMY

## §1. Oba senagat toplumy barada düşünje

Milli ykdysadyýetiň durnukly ösmeginiň maddy esasy hökmünde ýangyç-energetika toplumyndan soň iň möhüm orunlaryň birini oba senagat toplumy eýeleýär.

***Oba senagat toplumy*** – bu oba hojalyk önümlerini öndürmäge, gaýtadan işlemäge hem-de olary ahyrky sarp edijä ýetirmäge, şonuň ýaly-da, oba hojalygy üçin önümçilik serişdelerini öndürmäge we oňa hyzmat etmäge ýöriteleşen özara baglanyşykly pudaklaryň jemidir.

Oba senagat syýasaty şu aşakdaky ýagdaýlary nazara almak bilen, maksada gönükdirilip durmuşa geçirilýär:

• önümçilik serişdelerini öndürýän pudaklaryň oba hojalygy, onuň önümlerini gaýtadan işleýän we daşaýan pudaklaryň ösüşi bilen jebis özara baglanyşykda bolmagy;

• oba hojalygynyň howa şertlerine baglydygy sebäpli, ekerançylyk we maldarçylyk önümlerini öndürmekligiň zähmet sygymynyň ýokary bolmagy;

• oba hojalyk kärhanalarynyň iş netijeliliginiň we girdejileriniň ekerançylyk we maldarçylyk önümçiliginiň tehniki taýdan abzallaşdyrylyşyna we harajatlylygyna, onuň ösüşiniň häzirki zaman gurallary, mehanizmleşdiriş, elektrikleşdiriş serişdeleri, biotehnologiýalar we ş.m. bilen üpjünçilik derejesine bagly bolup durmagy;

• oba hojalyk önümçiliginde zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagynyň ilat tarapyndan öz pul girdejileriniň az bölegine ýokary hilli önümleriň köp mukdaryny almagyna oňyn täsir etmegi;

• aluw-satuw üçin bazara gelip düşýän oba hojalyk önümleriniň nyrhlary bilen oba senagat toplumyna iberilýän senagat önümleriniň we enjamlarynyň nyrhlarynyň arasyndaky deňeçerlige döwlet tarapyndan gözegçilik edilmeginiň zerurlygy.

## §2. Döwletiň oba hojalyk syýasaty

***Oba hojalyk syýasaty*** ylmy-tehniki ilerlemäniň we hojalygy ýöretmegiň öňdebaryjy tejribesiniň gazananlaryny hemme çäreler arkaly peýdalanmak esasynda ilaty azyk önümleri bilen, senagaty bolsa ýokary hilli oba hojalyk çig maly bilen üpjün etmek üçin döwlet tarapyndan öňe sürlen maksatlaryň we olary durmuşa geçiriş usullarynyň jemidir.

Döwletiň oba hojalyk syýasaty aşakdaky ugurlar boýunça amatly şertleriň döredilmegini öz içine alýar:

• önümçilik serişdelerini öndürýän senagat pudaklarynyň ösüş strategiýasyny oba hojalygynyň dürli pudaklarynda işleýän kärhanalaryň we tutuş oba senagat toplumynyň zerur önümçilik serişdelerine bolan tölege ukyply isleglериniň kanagatlandyrylmagyna ugrukdyrylmagy;

• strategik ähmiýetli oba hojalyk önümlerine önümçilik harajatlaryny harjamaga we kadaly girdeji almaga mümkinçilik berýän satyn alyş nyrhlarynyň bellenmegi we beýleki oba hojalyk önümleriniň

nyrhlarynyň düzgünleşdirilmegi babatda hem gytaklaýyn ykdysady düzgünleşdiriş çäreleriniň görülmegi;

• topragyň we suwaryş suwunyň goralmagy we rejeli peýdalanylmagy;

• oba hojalygynda kiçi we orta telekeçiligiň ösmegine, hususanda, karz mehanizmini peýdalanmak arkaly goldaw berilmegi;

• oba senagat toplumynda ylmy barlaglaryň geçirilmegi;

• oba hojalyk ekinlerini we olaryň hasylyny, mallary we guşlary tebigatyň öňünden görüp bolmaýan hadysalaryndan ätiýaçlandyrmagyň guralmagy.

## §3. Oba senagat toplumynda bazar gatnaşyklarynyň ösmegi

Bazar gatnaşyklaryna geçilmegi Türkmenistanyň oba senagat toplumynda düýpli özgerişleriň bolup geçmegine getirdi. Bu ýerde bazar gatnaşyklarynyň ösdürilmegi aşakdakylar ýaly durmuş-ykdysady meseleleriň çözülmegini göz öňünde tutýar:

• oba senagat toplumynyň oba hojalyk böleginde köp gurluşly ykdysadyýetiň emele getirilmegi arkaly jemgyýetçilik eýeçiliginiň monopoliýasynyň aradan aýrylmagy;

• eýeçiligiň dürli görnüşleriniň we hojalyk ýöretmegiň usullarynyň ösýän şertlerinde obada täze ýaşaýyş keşbiniň hem-de durmuş infrastrukturanyň emele getirilmegi;

• oba hojalyk önümleriniň iň möhüm görnüşleriniň, zähmetiň we maýanyň bazarlarynyň ösdürilmegi;

• ýer gatnaşyklarynyň özgerdilmegi;

• oba senagat toplumynyň ösen bazar infrastrukturasynyň döredilmegi;

• ekerançylyk we maldarçylyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek, saklamak we daşamak boýunça kärhanalary hususylaşdyrmak arkaly eýeçilik gatnaşyklarynyň özgerdilmegi.

Bazar gatnaşyklaryny emele getirmegiň ýurduň oba senagat toplumyna mahsus bolan umumy meseleleri bilen bir hatarda, Türkmenistanda oba hojalygynyň özüne degişli özboluşly meseleleri hem bar. Olar, esasan, şu aşakdaky ýagdaýlar bilen baglylykda ýüze çykýar:

• oba hojalyk kärhanalarynyň ýerleşişiniň, ýöriteleşdirilişiniň we görnüşleriniň, olaryň maddy, maliýe we zähmet serişdeleri bilen üpjünçiliginiň kesgitlenilmegi;

• ykdysadyýetiň oba hojalyk böleginde bazar gatnaşyklarynyň ösmegine oba hojalyk ýerleriniň ägirt uly meýdanlarynyň ýurduň dürli howa şertleri bilen tapawutlanýan çäklerinde ýerleşmeginiň edýän täsiri;

• ekerançylyk we maldarçylyk pudaklarynyň nebit-gaz senagaty, maşyn gurluşygy, himiýa, gurluşyk materiallary senagatlary ýaly ileri tutulýan pudaklarynyň hatarynda ösdürilmegi;

• ilatyň köp böleginiň oba ýerlerinde ýaşamagy;

• meýdan işlerini ýerine ýetirmegiň agrotehniki möhletleri bilen oba hojalyk önümçiliginiň möwsümleýinliginiň baglanyşdyrylmagy;

• guşçulyk fabriklerinde, maldarçylyk toplumlarynda, ýyladyşhana hojalyklarynda tehnologik işleriň üznüksiz bolmagynyň üpjün edilmegi;

• bar bolan zähmet serişdeleriniň, ýeterlik ýokary derejedäki önümçilik, ylmy-tehniki we intellektual mükinçilikleriniň netijeli peýdalanylmagy.

## §4. Oba senagat toplumynyň ýaýrawlary

Durmuş nazarlandyrylan bazar ykdysadyýeti şertlerinde oba senagat toplumyny ösdürmegiň ugurlary boýunça strategik meýilnamalar esasynda onuň üç sany özara baglanyşykly ýaýrawlarynyň we umumy infrastrukturasynyň deňölçegliligini gazanmak bilen, döwlet kadalaşdyrylmasy zerur bolup durýar:

***Birinji ýaýrawa*** oba senagat toplumynda hojalygy ýöredýän subýektleriň traktorlara, oba hojalyk maşynlaryna, awtomobillere, ekerançylyk we maldarçylyk önümlerini gaýtadan işlemek boýunça enjamlara, mineral dökünlere, ösümlikleri goramagyň himiki serişdelerine, gurluşyk materiallaryna we ş.m. bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin, önümçilik serişdelerini öndürýän hem-de oba hojalygyna gös-göni önümçilik hyzmatlaryny edýän pudaklar girýär.

***Ikinji ýaýraw,*** ýagny oba hojalygy oba senagat toplumynyň özeni bolup durýar. Onuň ösdürilmegi ilatyň azyk önümlerine, senagatyň

bolsa, çig mala bolan isleglerini has doly kanagatlandyrmak boýunça strategik wezipäniň çözülmegine gönükdirilendir.

***Üçünji ýaýrawa*** oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän we ony soňky sarp edijä çenli ýetirmek bilen meşgullanýan pudaklar girýär.

Oba senagat toplumynyň infrastrukturasy iki sany bölege bölünýär:

***Önümçilik infrastrukturasy*** önümçilik-tehniki we maddy üpjünçilik, önüm taýýarlaýyş, önüm saklaýjy kuwwatlyklar, ulag, ýol hojalygy, aragatnaşyk, maglumat üpjünçiligi we ş.m. hyzmat ediji pudaklaryň toplumyndan ybaratdyr.

***Durmuş infrastrukturasy*** – oba ýerlerindäki ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy, saglygy goraýyş, bilim, medeniýet, sport edaralary, çagalar baglary, işgärleri taýýarlaýyş ulgamy we durmuş häsiýetdäki beýleki edaralarydyr.

## §5. Oba senagat toplumynyň işlemegi we ösmegi

Oba senagat toplumynyň bökdençsiz işlemegi üçin onuň ähli pudaklarynyň deňölçegli we deňagramly ösdürilmegi, maddy-önümçilik binýadynyň pugtalandyrylmagy üpjün edilmelidir. Oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak, onuň saklanylyşyny, daşalyşyny, gaýtadan işlenişini we ahyrky sarp edijä ýetirilişini gowulandyrmak üçin pudaklaryň aralaryndaky ykdysady arabaglanyşyklaryň kämilleşdirilmegine, olaryň takyk özara täsir edişmeginiň guralyşyna uly üns berilmelidir.

Oba senagat toplumynyň işlemeginiň esasyna şeýle toplumlaýyn, maksatnamalaýyn maksatly çemeleşme goýulmalydyr, şonda oba hojalygynyň oňa hyzmat edýän senagat pudaklary, şonuň ýaly-da ulag, söwda pudaklary bilen birikmegi, olaryň ähli işleriniň köp möçberdäki ýokary hilli önümleri öndürip, ahyrky sarp edijä ýetirmekden ybarat bolan soňky maksada tabyn edilmegi, şol çemeleşmäniň düýp mazmunyny kesgitlemelidir. Şonuň ýaly netijä ugur alynmagy maksatlaýyn wezipäniň kesgitlenmegini talap edýär. Önümi almagyň esasyna şu nusga goýlup bilner:

$$\mathbf{M \rightarrow C \rightarrow Z \rightarrow Ö.}$$

Bu ýerde: **M** – maddy serişdeler; **C** – önümçilik serişdeleri; **Z** – zähmet harajatlary; **Ö** – önüm.

Oba senagat toplumynyň netijeli işlemegi ony bir bitewi ulgam hökmünde dolandyrmagyň pudaklaýyn we sebitleýin ýörelgeleriniň utgaşdyrylmagyna, biri-birlerini gaýtalaýan artykmaç guramaçylyk birlikleriniň bolmazlygyna, önümçilige ylmy-tehniki ilerlemäniň we öňdebaryjy tejribäniň gazananlarynyň ornaşdyrylmagynda tagallalaryň jemlenmegine, ýer-suw, maddy, maliýe we zähmet serişdeleriniň hem-de beýleki bar bolan mümkinçilikleriň netijeli peýdalanylmagyna ýardam edýär.

Institusional babatda oba senagat toplumynyň düzümine daýhan birleşikleri, daýhan hojalyklary, oba hojalygyny önümçilik serişdeleri bilen üpjün edýän we onuň önümlerini gaýtadan işleýän, eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki senagat kärhanalary we beýleki hyzmat ediji guramalar girýär (*17-nji tablisa*).

*17-nji tablisa*

**Türkmenistanyň oba senagat toplumy**

| Oba senagat toplumynyň düzümi | Önümçiligiň möçberi | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 2000-nji ýyl | | | 2013-nji ýyl | | |
| | mln manat | göterim hasabynda | | mln manat | göterim hasabynda | |
| | | tutuş ykdysadyýete görä | oba senagat toplumyna görä | | tutuş ykdysadyýete görä | oba senagat toplumyna görä |
| Tutuş ykdysadyýet | 8642 | 100 | X | 111719 | 100 | X |
| şol sanda:<br>oba senagat toplumy | 3132 | 36,2 | 100 | 32622 | 29,2 | 100 |
| I ýaýraw | 268 | 3,1 | 8,5 | 8491 | 7,6 | 26,0 |
| II ýaýraw | 1574 | 18,2 | 50,3 | 10054 | 9,0 | 30,8 |
| III ýaýraw | 1246 | 14,4 | 39,8 | 13071 | 11,7 | 40,1 |
| Infrastruktura | 44 | 0,5 | 1,4 | 1006 | 0,9 | 3,1 |
| Tablisa görkezilen ýyllar boýunça Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň maglumatlary esasynda düzülendir | | | | | | |

Maglumatlardan görnüşi ýaly, 2013-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, oba senagat toplumynyň jemi önüminiň möçberi 10,4 esse köpeldi, şonda onuň tutuş ykdysadyýetdäki tutýan paýy 36,2%-den 29,2%-e çenli azaldy. Oba senagat toplumynda ykdysadyýet boýunça jemi önümiň 30%-e golaýy öndürilýär, esasy önümçilik

serişdeleriniň 30%-den gowragy jemlenendir, ýurduň ykdysadyýetinde işleýänleriň ýarpysyna golaýy zähmet çekýär.

Oba senagat toplumy kemala geldigiçe, onuň ýaýrawlarynyň mundan beýläk-de ösmegi dowam edýär. Oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän we oba hojalygy üçin önümçilik serişdelerini öndürýän pudaklar has ýokary depginler bilen ösýär. Meselem, 2013-nji ýylda oba senagat toplumynyň oba hojalygyny önümçilik serişdeleri bilen üpjün edýän I ýaýrawynyň önüm çykarmakdaky tutýan paýy 26,0%, III ýaýrawyň paýy bolsa 40,1% boldy.

Oba senagat toplumynyň ykdysady esasyny oba hojalygyna maddy hyzmatlary edýän ýaýraw däl-de, oba hojalygynyň özi düzýär. Emma onuň paýyna ýurduň jemi içerki önüminiň 9,0%-i, esasy önümçilik serişdeleriniň 25,2%-i düşýär, bu pudakda ykdysadyýetdäki ähli işleýänleriň 42,3%-i zähmet çekýär. Bu görkezijilerde oba senagat toplumynyň işleýşiniň ykdysady esasy beýanyny tapýar, ýagny oba hojalygynyň mundan beýläk-de ösdürilmegi, oňa serişde üpjünçiligi babatynda hem, pudagyň önümlerini gaýtadan işläp, ahyrky sarp edijilere zaýasyz ýetirmekde hem tagalla edilmegi möhüm ugur bolup durýar.

Oba senagat toplumynyň düzümine gallaçylyk, pagtaçylyk, etsüýt, miwe-gök önüm, üzümçilik ýaly möhüm kiçi toplumlar girýär. Kiçi toplumlaryň içindäki özara baglanyşyklaryň, olaryň her biriniň tutuş toplumyň düzümindäki ornunuň we ähmiýetiniň öwrenilmegi ýer-suw, maddy, maliýe we zähmet serişdeleriniň peýdalanylyşyny rejeli ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Bu hem öz gezeginde tutuş oba senagat toplumynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Ýurduň oba senagat toplumynyň mundan beýläk-de ösdürilmegi üçin toplumlaýyn maksatnama esasynda göz öňünde tutulýan degişli pudaklary dolandyrmaga bolan pudaklaýyn we sebitleýin çemeleşmeleri utgaşdyrýan ykdysady we guramaçylyk çäreleri amala aşyrylmalydyr. Şol çäreler toplumyň ähli düzüm birlikleriniň öz aralarynda deňölçegli ösdürilmegine gönükdirilmelidir. Bu iş iri kärhanalaryň derejesindäki oba senagat goşulyşmasy, şonuň ýaly-da oba senagat toplumyny dolandyrmagyň bütin ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy bilen ugurdaş alnyp barylmalydyr.

**Şeýlelikde,** ýurduň oba senagat toplumy önümçilikdäki ykdysady, guramaçylyk, tehnologik çäreleriň bitewüligi arkaly özara baglanyşýan kiçi toplumlaryň ulgamy hökmünde işlemelidir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Oba senagat toplumy barada düşünje beriň.
2. Döwletiň oba hojalyk syýasatynyň özeni nämeden ybarat?
3. Döwletiň oba hojalyk syýasatynyň esasy ugurlary haýsylar?
4. Oba senagat toplumynda bazar gatnaşyklarynyň ösmegi üçin nähili meseleleri çözmeli?
5. Oba hojalygynda bazar gatnaşyklaryny ösdürmek üçin çözmeli meseleler barada aýdyň.
6. Oba senagat toplumynyň ýaýrawlary barada aýdyp beriň.
7. Oba senagat toplumynyň infrastrukturasy diýip nämä aýdylýar?
8. Oba senagat toplumynyň işleýşine baha beriň.
9. Oba senagat toplumynda önüm almak üçin nähili nusga ulanylýar?
10. Oba senagat toplumynyň önümini ösdürmek üçin nähili çäreleri amala aşyrmaly?

# VIII. TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY ARAGATNAŞYKLARY

## §1. Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň geografik ugurlary

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan daşary döwletler bilen halkara ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça uly üstünlikleri gazanmagy başardy. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklary ösüşiň täze tapgyryna geçdi. Munuň özi şol gatnaşyklaryň dürli görnüşlerde giň gerimde we ýokary depginde ösdürilmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Daşary ykdysady ulgamda amala aşyrylýan özgertmeler, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň zähmetiň halkara bölünişiginiň ulgamyna has netijeli goşulyşmagyna hem-de daşary ýurtlar bilen esaslandyrylan söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna gönükdirildi.

Türkmenistanyň dünýäniň ykdysady giňişligine goşulyşmagyny çuňlaşdyrmak üçin esas bolup hyzmat edýän durnukly we özara peýdaly söwda gatnaşyklary ýurdumyzyň ykdysadyýetini yzygiderli ösdürmegiň esasy şerti bolup durýar.

Türkmenistan Ýewropany Merkezi Aziýa, Hytaý, Ýaponiýa bilen birleşdirmek nukdaýnazaryndan garanyňda, geografik taýdan amatly ýerde ýerleşýän az sanly döwletleriň biri diýlip hasaplanýar.

Şoňa görä-de, garaşsyzlyk ýyllarynda üstaşyr geçmek üçin amatly ýer we önümler ýerlenýän täze bazar hökmünde garalanda, Günbatar ýurtlarynyň Ýaponiýanyň, Hytaýyň, Merkezi Aziýadaky ýurtlar babatda bildirýän gyzyklanmasy has-da artdy.

Haryt dolanyşygynyň geografik düzüminde GDA ýurtlary – Russiýa, Ukraina, Gazagystan, Özbegistan, Azerbaýjan; Ýewropadaky ýurtlar – Türkiýe, Italiýa, Germaniýa; Demirgazyk we Günorta Amerikadaky ýurtlar – ABŞ; we Merkezi Aziýadaky ýurtlar – Eýran, Owganystan, Päkistan esasy hyzmatdaşlar bolup durýar. Netijede, Türkmenistanyň daşary ykdysady işinde iki sany iri blok – GDA ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklar hem-de dünýädäki beýleki daşary döwletler bilen özara ykdysady gatnaşyklar emele geldi. Bu iri bloklar bilen eksportyň we importyň geografik ugry 18-nji tablisada görkezildi.

*18-nji tablisa*

**Eksportyň we importyň geografik taýdan gönükdirilişi, %**

| **Görkezijiler** | | **Ýyllar** | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **2000** | **2005** | **2010** | **2012** | **2013** |
| Daşary söwda dolanyşygy | GDA döwletleri | 46,4 | 37,5 | 26,9 | 23,2 | 21,2 |
| | Beýleki döwletler | 53,6 | 62,5 | 73,1 | 76,8 | 78,8 |
| Eksport | GDA döwletleri | 52,4 | 44,6 | 34,9 | 25,6 | 24,9 |
| | Beýleki döwletler | 47,6 | 55,4 | 65,1 | 74,4 | 75,1 |
| Import | GDA döwletleri | 38,0 | 28,0 | 17,6 | 19,7 | 16,8 |
| | Beýleki döwletler | 62,0 | 72,0 | 82,4 | 80,3 | 83,2 |

Görkezilen maglumatlary seljereniňde, GDA ýurtlary bilen daşary söwda dolanyşygynyň geografik taýdan gönükdirilişinde ýagdaýyň pese düşýändigi we dünýäniň beýleki ýurtlary bilen bagly ýagdaýyň bolsa, munuň tersine, gowulanýandygy görünýär. Şonda-da GDA ýurtlary, şeýle hem dünýäniň beýleki ýurtlary bilen bagly eksportyň ýagdaýy ozalky derejesinde saklanyp galýar.

Diýmek, GDA ýurtlary bilen daşary söwda dolanyşygynyň pese düşmegi, esasan, importyň peselmeginiň hasabyna bolup geçýär. Dünýäniň beýleki ýurtlary bilen daşary söwda dolanyşygynyň artmagy bolsa, import boýunça mümkinçilikleriň artmagynyň, ýagny maşynlaryň, enjamlaryň we mehanizmleriň, ulag serişdeleriniň, çig malyň we materiallaryň getirilýän möçberleriniň köpelmeginiň hasabyna bolup geçýär.

## §2. Daşary söwda dolanyşygy

Dünýä ulgamyndaky ýurtlar bilen daşary ykdysady aragatnaşyklary işjeňleşdirmek, milli hojalygyň dürli ugurlarynda bilelikdäki kärhanalary döretmek, gös-göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek we gurluşyga degişli hyzmatlary berjaý etmek Türkmenistanyň ykdysadyýetini mundan beýläk-de ösdürmegiň wajyp ähmiýetli şerti bolup durýar. Daşary söwda gatnaşyklarynyň ösdürilmegi Türmenistanyň daşary ykdysady işine baha bermekde has möhüm ähmiýete eýedir. Daşary söwda gatnaşyklary daşary söwda dolanyşygynyň möçberi we düzümi (strukturasy), eksport we import ýaly esasy görkezijileri (*19-njy tablisa*) arkaly häsiýetlendirilýär.

*19-njy tablisa*

**Daşary söwda dolanyşygynyň möçberi we düzümi**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **2000** | **2005** | **2010** | **2012** | **2013** |
| Daşary söwda dolanyşygy, ABŞ-nyň mln dollary | 4291 | 8577 | 17883 | 34125 | 34944 |
| Eksport | 2506 | 4939 | 9679 | 19987 | 18854 |
| Import | 1785 | 3638 | 8204 | 14138 | 16090 |
| Oňyn tapawut (saldo) | 721 | 1301 | 1475 | 5849 | 2764 |
| Daşary söwda dolanyşygy, % | | | | | |
| Eksport | 58,4 | 57,6 | 54,1 | 58,6 | 54,0 |
| Import | 41,6 | 42,4 | 45,9 | 41,4 | 46,0 |
| Çeşmeler: (34, s.116); (38, s.140); (40, s.149). | | | | | |

Görkezilen maglumatlar 2013-nji ýylda daşary söwda dolanyşygynyň 34944 mln dollar möçberinden ybaratdygyny görkezýär. Bu bolsa 2000-nji ýyldaka garanyňda, 30653 mln dollar köpdür ýa-da 8,1 esse ýokarydyr. 2013-nji ýylyň jemleri boýunça eksport we import 18854 we 16090 mln dollardan ybarat bolup, 2000-nji ýyldaky bilen deňeşdireniňde, 7,5 we 9,0 esse artdy. 2013-nji ýylda oňaýly saldo ABŞ-nyň 2764 mln dollaryna barabar boldy.

2000–2013-nji ýyllar üçin daşary söwda dolanyşygynyň möçberinde belli bir üýtgetmeler bolup geçdi. Diýmek, eger 2000-nji ýylda eksportyň paýy 58,4% bolýan bolsa, 2005-nji ýylda onuň paýy 57,6 %-e, 2013-nji ýylda bolsa – 54,0%-e barabar bolup, eksportyň ösýän meýlini görkezýär.

2000-nji ýylda Türkmenistan has degerli daşary söwda dolanyşygyny (*20-nji tablisa*) Russiýa bilen amala aşyryp ol 29,9%, Türkiýe bilen daşary söwda dolanyşygy jemi 10,2%-e, Italiýa bilen – 9,5%-e, Ukraina bilen – 8,8%-e, Eýran bilen 7,8%-e ýetdi, 2013-nji ýylda bolsa Hytaý bilen 27,1%-e, Russiýa bilen 14,6%-e we Türkiýe bilen 13,6%-e barabar boldy.

*20-nji tablisa*

**Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy, %**

| Döwletler | Eksport | | Import | | Haryt dolanyşygy | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 2000 ý. | 2013 ý. | 2000 ý. | 2013 ý. | 2000 ý. | 2013 ý. |
| Jemi | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 |
| Azerbaýjan | 1,5 | 0,3 | 2,1 | 0,4 | 1,7 | 0,3 |
| Ermenistan | 0,06 | 0,2 | 1,1 | 0,1 | 0,5 | 0,1 |
| Belarus | 0,01 | 0,0 | 3,0 | 1,7 | 1,3 | 0,8 |
| Gruziýa | 0,6 | 2,5 | 0,6 | 0,2 | 0,6 | 1,4 |
| Gazagystan | 0,2 | 0,1 | 1,1 | 1,9 | 0,6 | 0,9 |
| Gyrgyzstan | 0,9 | 0,0 | 0,3 | 0,1 | 0,7 | 0,1 |
| Russiýa | 41,1 | 20,1 | 14,3 | 8,0 | 29,9 | 14,6 |
| Özbegistan | 0,2 | 0,8 | 2,0 | 1,0 | 1,0 | 0,9 |
| Ukraina | 6,6 | 1,0 | 12,0 | 1,2 | 8,8 | 2,1 |
| ABŞ | 0,5 | 0,1 | 3,5 | 2,5 | 1,8 | 1,2 |
| Beýik Britaniýa | 2,2 | 1,0 | 0,7 | 1,9 | 1,5 | 1,4 |
| Birleşen Arap Emirlikleri | 0,3 | 0,3 | 8,2 | 9,5 | 3,6 | 4,5 |
| Eýran | 9,7 | 11,0 | 5,1 | 7,0 | 7,8 | 9,2 |
| Fransiýa | 0,01 | 0,0 | 4,2 | 2,3 | 1,8 | 1,1 |
| Germaniýa | 0,18 | 0,0 | 3,0 | 3,0 | 1,3 | 1,4 |
| Hindistan | 0,02 | 0,1 | 0,5 | 1,1 | 0,2 | 0,5 |
| Hytaý | 0,3 | 38,8 | 0,9 | 13,5 | 0,6 | 27,1 |
| Italiýa | 16,0 | 12,5 | 0,4 | 0,9 | 9,5 | 7,1 |
| Owganystan | 1,5 | 5,2 | 0,1 | 0,1 | 0,9 | 2,9 |
| Päkistan | 0,02 | 0,1 | 0,1 | 0,1 | 0,1 | 0,1 |
| Şweýsariýa | 3,7 | 0,5 | 0,3 | 0,4 | 2,3 | 0,4 |
| Türkiýe | 7,4 | 2,7 | 14,2 | 26,4 | 10,2 | 13,6 |
| Ýaponiýa | 0,0 | 0,0 | 8,1 | 2,1 | 3,4 | 1,0 |
| Beýleki döwletler | 7,0 | 2,7 | 14,2 | 14,6 | 9,9 | 7,3 |
| Çeşmeler: (35, s. 107-108); (40, s. 149-151). | | | | | | |

Şeýlelikde, Türkmenistanyň bütindünýä ykdysady bileleşigine giriş ýagdaýy daşary ykdysady aragatnaşygynyň güýçli depginde ösmegi bilen alnyp barylýar we ol ýurduň daşary söwda dolanyşygynyň möçberiniň ýokary depginli ösüşi bilen häsiýetlendirilýär.

## §3. Eksport we import mümkinçiligi

Eksporta degişli mümkinçilikler önümçiligi giňeltmekde möhüm ähmiýetli ýagdaýa öwrülýär we tehniki derejäniň, sarp edijiligiň häsiýetleriniň, önümçilikdäki harajatlaryň we işlenip çykarylýan harytlaryň takyk ölçegi diýlip hasaplanýar. Şoňa görä-de, eksporta degişli mümkinçilikleri aşakda görkezilenler boýunça, maksadalaýyk gelýän derejede dolandyrmak zerurdyr:

– halkara derejesindäki bäsdeşligiň talaplaryny göz öňünde tutmak arkaly önümçiligiň tehniki-ykdysady derejesini ýokarlandyrmak üçin;

– önümçiligiň möçberine görä tygşytlylygy gazanmak üçin;

– ýurduň walýuta görnüşindäki gorlaryny artdyrmak üçin.

Bularyň ählisi ýurduň milli hojalygynyň aýry-aýry pudaklarynyň we sebitleriniň ösüşiniň çaltlandyrylmagyna ýardam berer.

Tebigy gaz (66,7%), nebit (11,4%) we nebit önümleri (14,6%), pagta süýümi (2,4%) eksportyň esasy önümleri bolmagynda galýar, 2013-nji ýylda Türkmenistanyň ähli eksportynyň 95,1 % şularyň paýyna düşdi (*21-nji tablisa*). Galyberse-de, esasan, nah matalar, halylar we haly önümleri, himiýa senagatynyň önümleri, gurluşyk materiallary we beýleki harytlar eksporta ugradylýan önümlerdir.

2013-nji ýylda Türkmenistanyň eksportynyň möçberi 18854,2 mln dollara barabar boldy, munuň özi 2000-nji ýyldaky eksportyň möçberinden 16348,2 mln dollar artykdyr ýa-da 7,5 esse ýokarydyr.

Ýurduň eksportynyň möçberiniň artmagy dolulygyna diýen ýaly, eksporta ugradylýan tebigy gazyň, doly arassalanmadyk nebitiň we nebit önümleriniň möçberiniň hasabyna gazanyldy. 2000-nji ýyldaky bilen deňeşdireniňde, 2013-nji ýylda nebitiň ekspotynyň nyrh bilen bagly möçberleri 8,9 esse, tebigy gazyňky 10,1 esse, nebit önümleriniňki 5,4 esse artdy. 2000-nji ýylda bu harytlaryň eksportyň umumy

möçberindäki paýy 79,8%, 2013-nji ýylda 92,7% barabar boldy. Munuň özi 2000-nji ýyldaka garanyňda, 2013-nji ýylda ýurduň eksportynyň möçberini ABŞ-nyň 15477,7 mln dollarlyk artdyrmaga mümkinçilik berdi.

*21-nji tablisa*

**Harytlaryň zerur görnüşleriniň eksporty**

| Harytlar | 2000 ý. | | | 2013 ý. | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | sany | ABŞ-nyň mln doll. | jemi, % | sany | ABŞ-nyň mln doll. | jemi, % |
| Jemi | X | 2506 | 100 | X | 18854,2 | 100 |
| Tebigy gaz, mlrd kub m | 33,6 | 1244,4 | 49,7 | 40,7 | 12580,0 | 66,7 |
| Nebit mln t. | 1,7 | 241,9 | 9,6 | 3,0 | 2140,5 | 11,4 |
| Nebit önümleri, mln t | 2,7 | 513,1 | 20,5 | 3,7 | 2756,6 | 14,6 |
| Elektrik energiýasy, mlrd. kWt·sag | 0,9 | 16,4 | 0,6 | 2,9 | 82,4 | 0,4 |
| Pagta-süýüm, müň t | 213,2 | 223,5 | 8,9 | 269,9 | 452,7 | 2,4 |
| Nah matalar, mln in. m | 19,6 | 29,5 | 1,2 | 105,3 | 59,9 | 0,3 |
| Haly we haly önümleri, müň in. m | 19,3 | 2,0 | 0,1 | 0,8 | 0,1 | 0,0 |
| Beýleki harytlar | X | 235,2 | 9,4 | X | 782,0 | 4,2 |
| Çeşmeler: (35, s. 109); (40, s.152). | | | | | | |

Eksporta ugradylýan beýleki harytlaryň arasyndan pagta süýüminiň paýy 2000-nji ýylda has köp bolup 8,9%, 2013-nji ýylda – 2,4% boldy. Pagta süýümini, esasan, Türkiýe, Şweýsariýa, Eýran, Päkistan, Beýik Britaniýa we Gonkong ýaly ýurtlar aldy, süýümi satmak arkaly alnan serişdeleriň agramly bölegi şol ýurtlaryň paýyna düşdi. GDA ýurtlaryndan we dünýäniň beýleki ýurtlaryndan ybarat bolan toplumlar boýunça eksportyň düzümi birmeňzeş däldir. Eger pagta süýümi, esasan, dünýäniň beýleki ýurtlaryna eksport edilen bolsa, GDA ýurtlaryna tebigy gaz ugradylýar. Nebit önümleriniň we elektrik energiýasynyň eksporty boýunça hem şonuň ýaly ýagdaýlar emele gelýär.

2000-nji ýylda Türkmenistan (*20-nji tablisa*) eksport boýunça Russiýa bilen has köp möçberdäki işleri amala aşyrdy, tutuş eksportyň 41,1%-i Russiýanyň, 16%-i Italiýanyň, 9,7%-i Eýranyň, 7,4%-i

Türkiýäniň we 6,6% Ukrainanyň paýyna düşdi. 2013-nji ýylda ýagdaý şeýle görnüşe eýe boldy: ähli eksportyň 38,8%-i Hytaý, 20,1%-i Russiýanyň, 12,5%-i Italiýa, 11%-i Eýran we 2,7%-i Türkiýäniň paýyna düşdi. Türkmenistanyň önümleri dünýäniň 60-dan gowrak döwletine eksport edildi.

Ýurduň mundan beýläk-de eksportyň möçberini ýokarlandyrmak üçin aşakdakylaryň hasabyna iş ýüzünde doly amala aşyrylmalydyr:

1. Eksporty diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly eksportyň ösüş mümkinçiligini artdyrmak.

2. Eksport edilýän milli önümleriň bäsdeşlik ukyplylygyny ýokarlandyrmak.

3. Döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegiň netijeli görnüşini ulanmak.

4. Geljegi bar bolan önümçiligi goldamak.

5. Garyşyk döwlet-täjirçilik taslamalary işlemek.

6. Hususy, şol sanda innowasion tehnologiýalaryň we önümleriň özleşdirilmegindäki daşary ýurt maýa goýumlaryň akymy üçin guramaçylyk-hukuk we gaýry şertleri döretmek.

2013-nji ýylda maşynlar, enjamlar we mehanizmler (26,3%), ulag serişdeleri (7,7%), gymmat bolmadyk metallar we şolardan ýasalan zatlar (16,3%), himiýa senagatynyň önümleri (4,7%), plastmassa we olardan taýýarlanylan zatlar (3,6%) Türkmenistana import boýunça getirilen esasy önümlerdir. Munuň özi importyň umumy möçberiniň 58,6% barabardyr (*22-nji tablisa*).

Türkmenistana import boýunça getirilen beýleki önümler ýangyç-energetika toplumynyň önümlerinden, dokma önümlerinden, sarp ediş bazarynyň harytlaryndan, elektrik harytlaryndan we aragatnaşyk serişdelerinden, temmäki önümlerinden, gurluşyk materiallaryndan, dermanlyk serişdelerden we beýleki harytlardan ybaratdyr.

2000-nji ýylda Türkmenistan (*20-nji tablisa*) import boýunça Russiýa bilen has köp möçberdäki işleri amala aşyrdy, tutuş importyň 14,3% Russiýanyň, 14,2%-i Türkiýäniň, 12%-i Ukrainanyň, 8,2%-i Birleşen Arap Emirlikleriniň we 8,1%-i Ýaponiýanyň paýyna düşýär. 2013-nji ýylda tutuş importyň 26,4%-i Türkiýäniň,13,5%-i Hytaýyň, 9,5%-i Birleşen Arap Emirlikleriniň, 8%-i Russiýanyň we 7%-i Eýranyň paýyna düşdi.

Şeýlelikde, daşary ýurtlar ykdysady aragatnaşyklar boýunça emele gelen ýagdaý eksporta degişli amallaryň yzygiderli ýagdaýda artmagy we import boýunça getirilýän harytlaryň azalmagy bilen şertlendirilendir. Şunda oňyn tapawut (saldo) saklanyp galýar, munuň özi Türkmenistanyň daşary söwda degişli syýasatynyň durmuşdaky hakyky ýagdaýdan ugur alnyp ýöredilýändigine şaýatlyk edýär.

*22-nji tablisa*

**Harytlaryň zerur görnüşleriniň importy**

| Harytlar | 2000 ý. | | 2013 ý. | |
|---|---|---|---|---|
| | ABŞ-nyň mln doll. | jemi, % | ABŞ-nyň mln doll. | jemi, % |
| Jemi | 1785 | 100 | 16090 | 100 |
| Ekerançylygyň önümleri | 28,9 | 1,6 | 278,6 | 1,7 |
| Maldarçylygyň önümler | 69,5 | 3,9 | 204,6 | 1,3 |
| Taýýar azyk önümleri; spirtli we beýleki | 112,6 | 6,3 | 383,3 | 2,4 |
| Himiki önümler we onuň bilen baglanyşykly senagat pudagy | 146,3 | 8,2 | 748,2 | 4,7 |
| Plastmassalar we olardan edilen önümler | 68,3 | 3,8 | 572,3 | 3,6 |
| Agaç we agaçdan edilen önümler | 10,2 | 0,6 | 255,4 | 1,6 |
| Dokma materiallary we dokma önümleri | 49,0 | 2,8 | 160,9 | 1,0 |
| Daşdan, gipsden, sementden edilen önümler; aýna we olardan edilen önümler | 24,0 | 1,3 | 667,4 | 4,1 |
| Gymmat däl metallar we olardan edilen önümler | 219,9 | 12,3 | 2625,5 | 16,3 |
| Maşynlar, enjamlar we mehanizmler | 619,8 | 34,7 | 4237,5 | 26,3 |
| Ulag serişdeleri | 162,8 | 9,1 | 1239,0 | 7,7 |
| Optiki enjamlar; sagatlar; saz gurallary | 24,7 | 1,4 | 291,3 | 1,8 |
| Dürli senagat harytlary | 44,3 | 2,5 | 630,4 | 3,9 |
| Beýleki harytlar | 204,7 | 11,5 | 3795,6 | 23,6 |
| Çeşmeler: (35, s. 109-110); (40, s.153-155). | | | | |

## §4. Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ösüşi

Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegi, halkara derejesinde zähmetiň rejeli bölünişigi, ähli ýurtlaryň ykdysady ösüşiniň derejesine we ýaşaýşyň gurluşyna garamazdan, olaryň ykdysady hajaty bolup durýar hem-de munuň özi jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamagyň wajyp serişdesi we öndüriji güýçleri ösdürmegiň möhüm şerti hasaplanýar diýen düşünjeden ugur almak arkaly ýola goýulýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň daşary ykdysady toplumynyň mundan beýläk-de ösdürilmegi GDA ýurtlary, şeýle hem dünýä ulgamynyň beýleki döwletleri bilen daşary ykdysady aragatnaşyklary işjeňleşdirmegiň hasabyna, "Açyk gapylar" syýasatynyň ýöredilmegine esaslanýar.

Dünýäniň ähli döwletleri bilen özara peýdaly hyzmatdaşlyk Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň durmuş-ykdysady özgertmeler baradaky milli maksatnamalarynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Integrasiýa bilen bagly aragatnaşyklar ýurduň ykdysadyýetiniň has ileri tutulýan ulgamlaryna daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine gönükdirilendir.

Geljekde eksportda taýyn önümleriň paýyny artdyrmagyň we import boýunça azyk önümleriniň paýyny azaltmagyň hasabyna, daşary söwdadaky harytlaryň düzüminde özgertmeleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Ýurdumyzyň azyk önümleri bilen öz-özüni üpjün etmegi boýunça ýöredilýän syýasat bu özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylmagyna ýardam berer.

2030-njy ýyla çenli daşary ykdysady aragatnaşyklary ösdürmek bilen bagly ýagdaý harytlary ýerlemegiň alternatiw (bäsleşikli) bazarlaryny ösdürmek, Türkmenistanyň halkara bazarlaryna çykmagy we ýangyç-energetika serişdeleriniň eksportyny güýçli depginde artdyrmak arkaly kesgitlener.

Tebigy gazyň iberilmeginiň görnüşleriniň we ugurlarynyň artdyrylmagynyň netijesinde 2020-nji ýylda tebigy gazyň iberilýän möçberleri 187,7 mlrd kub metre, 2030-njy ýylda bolsa 229,8 mlrd kub metre ýetiriler. Şol sanda tebigy gazyň eksporta iberilýän möçberi, degişlilikde 4,4 we 5,3 esse artar (*23-nji tablisa*). Munuň özi daşary

söwdada oňyn tapawudyň durnukly ýagdaýda ösdürilmegini üpjün etmäge mümkinçilik berer.

*23-nji tablisa*

**2030-njy ýyla çenli döwür üçin harytlaryň zerur görnüşleriniň önümçiligi we eksporty**

| Harytlaryň ady | Baha kesme | | Çaklama döwri | | Ösüş depgini | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 2000 | 2010 | 2020 | 2030 | 2020 2000-a | 2030 2000-a |
| Nebit, şol sanda gaz kondensat, mln t | 7,2 | 9,8 | 23,4 | 66,6 | 3,3p | 9,3p |
| şondan eksport, mln t | 1,7 | 1,9 | X | X | X | X |
| Tebigy gaz, mlrd kub m | 47,2 | 47,0 | 187,7 | 229,8 | 4p | 4,9p |
| şondan eksport, mlrd kub m | 33,6 | 22,6 | 148,4 | 179,9 | 4,4p | 5,3p |
| Nebiti gaýtadan işlemek, mln t | 4,9 | … | 12,7 | 30,4 | 2,6p | 6,2p |
| Nebit önümleriniň eksporty, mln t | 2,7 | 3,7 | 8,6 | 22,5 | 3,2 p | 8,3p |
| Elektrik energiýasy, mlrd kWt·sag | 9,9 | 16,8 | 27,4 | 36,5 | 2,8p | 3,7p |
| şondan eksport, mlrd kWt·sag | 0,9 | 2,1 | X | X | X | X |
| Pagta-süýüm, müň t | 235,1 | 336,4 | 379,2 | 399,2 | 1,6p | 1,7p |
| şondan eksport, müň t | 213,2 | 240,0 | X | X | X | X |
| Nah matalar, mln inedördül m | 55,1 | 145,0 | 320 | 377 | 5,8p | 6,8p |
| şondan eksport, mln inedördül m | 19,6 | 109,1 | X | X | X | X |
| Haly we haly önümleri, mln inedördül m | 1,0 | … | 2,1 | 2,8 | 2,1p | 2,8p |
| şondan eksport, müň inedördül m | 19,3 | 3,0 | X | X | X | X |
| Çeşmeler: (19, s.302, 310); (34, s.31-36); (35, s.109); (38, s.30,143). | | | | | | |

Tebigy gaz bilen birlikde nebit, nebit önümleri, elektrik energiýasy, pagta süýümi, dokma we himiýa senagatynyň önümleri, gurluşyk materiallary ýurdumyzyň eksportynyň wajyp ähmiýetli önümlerine öwrüler.

2020-nji ýylda we 2030-njy ýylda nebitiň, şol sanda gaz kondensatynyň öndürilýän möçberleri degişlilikde 23,4 we 66,6 mln tonna barabar bolar. Şunda 2000-nji ýyldaka garanyňda, 2020-nji ýylda ösüş depginleri 3,3 esse, 2030-njy ýylda bolsa 9,3 esse artar.

2030-njy ýyla çenli döwürde nebit önümleriniň eksporta ugradylýan möçberi 8,3 esse ýokarlanar we şol bir wagtyň özünde önümleriň görnüşleri diwersifikasiýa ediler. Galyberse-de, import boýunça getirilýän nebit önümleriniň belli bölegi öz ýurdumyzda öndürilýän önümler ekstraksion benzin we ýaglar bilen çalşyrylar.

Geljekde 2020-nji ýylda we 2030-njy ýylda elektrik energiýasynyň öndürilýän möçberlerini, degişlilikde 27,4 we 36,5 mlrd kWt·sag. ýetirmek arkaly onuň ýanaşyk ýerleşýän döwletlere eksport edilýän möçberlerini artdyrmak göz öňünde tutulýar. Ösüş depginleri 2000-nji ýyldaka garanyňda, 2020-nji ýylda 2,8 esse, 2030-njy ýylda bolsa 3,7 esse artar.

Pagta süýümi eksporta degişli wajyp serişde bolmagynda galýar. Şoňa görä-de, 2030-njy ýyla çenli döwürde pagta süýüminiň öndürilýän möçberi 399,2 müň tonna ýetiriler, onuň ösüş depginleri bolsa 1,7 esse artar. 2020-nji we 2030-njy ýyllarda nah matalaryň öndürilýän möçberleri, degişlilikde 320 we 377 mln inedördül metre barabar bolar. 2020-nji ýylda ösüş depginleri, 2000-nji ýyldaky bilen deňeşdirilende, 5,8 esse, 2030-njy ýylda 6,8 esse artar.

Himiýa senagatynda tehniki uglerod, natriniň sulfaty, bişofit, ýod we mineral dökünler eksport üçin niýetlenen önümler bolmagynda galar.

Eýýäm, ýakyn geljekde oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möçberleri import boýunça etiň, süýdüň, kartoşkanyň we şekeriň getirilmeginden ýüz öwürmäge mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürilmegi, ýurdumyzyň dünýä bileleşigine goşulyşmagy daşary ykdysady aragatnaşyklaryň döwrebaplaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar, munuň özi aşakda görkezilen kadalar bilen şertlendirilendir.

**Birinjiden,** durmuş-ykdysady, şeýle hem syýasy düşünjelerden ugur alyp aýdanyňda, daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ähmiýetini özgertmek bilen bagly zerurlyk ýüze çykýar. Şol gatnaşyklar

Türkmenistanyň hojalygynyň dünýä ykdysadyýetine yzygiderli goşulyşmagy esasynda önümçiligiň çaltlandyrylmagyna güýçli itergi berýän ýagdaýa öwrülmelidir. Daşary ykdysady aragatnaşyklar ýurduň ykdysady ösüşine öz täsirini ýetirýär, munuň özi teoretiki esaslaryň we amaly binýadyň işlenip taýýarlanmagyna hem-de önümçiligiň maddy ulgamynyň ugrunyň oňaýly we amatly, ykdysady taýdan netijeli bolmagyna badalga berýär.

**Ikinjiden,** Türkmenistan GDA ýurtlary we dünýä ulgamyndaky döwletler bilen gorizontal we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň saklanmagyny ugur edinýär. Munuň özi her bir döwletiň özygtyýarlylygyny we garaşsyzlygyny pugtalandyrmagyň esasy özeni bolup hyzmat eder, gol çekilen ikitaraplaýyn ylalaşyklar bolsa, iki ýurduň söwda-ykdysady, maýa goýumlary, medeniýet we ylmy-tehniki ugurlar boýunça özara peýdaly hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine oňaýly täsirini ýetirer.

Türkmenistan ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilmegini ugur edinýär, ýöne, munuň özi sebit derejesinde hyzmatdaşlyk edilmegine ýol berilmeýändigini aňlatmaýar. Iň esasy ýagdaý, şol hyzmatdaşlygyň özara peýdaly bolmagyndan ybaratdyr. Şunda çeýe, sazlaşykly görnüşde goşulyşmagy ugur edinýän ýurtlar bilen özara gatnaşyklaryň nusgasy (modeli) Türkmenistanyň ykdysady bähbitlerine has dolulygyna laýyk gelýär.

**Üçünjiden,** bazar gatnaşyklaryna mahsus şertlerdeTürkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegine gönükdirilen düýpli özgertmeleri amala aşyrmak üçin, milli hojalyga degişli düzümi dolandyryş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak zerur diýlip hasaplanýar. Daşary ýurt maýalyk goryny önümçiligiň maddy ulgamynyň düzüminiň (strukturasynyň) gaýtadan guralmagyny, onuň tehniki-tehnologik derejesiniň ýokarlandyrylmagyny we işlenip taýýarlanýan önümleriň hil bilen bagly ölçegleriniň (parametrleriniň) kämilleşdirilmegini çaltlandyrmakda wajyp ähmiýete eýe bolup biler.

Daşary ýurt maýalyk goryny, esasan, gös-göni maýa goýumlary görnüşinde çekmek maksadalaýyk bolar. Daşary ýurt maýalyk gorynyň çekilmegi durmuş-ykdysady taýdan wajyp ähmiýetli wezipeleriň berjaý edilmegine badalga bermek bilen çäklenmän, Türkmenistanyň eksporta degişli kuwwatynyň artdyrylmagyna ýardam berer.

Bu düzümi döwrebaplaşdyrmagyň birinji tapgyrynda çig mal bilen iş salyşýan pudaklara, ýeňil we azyk senagatyna aýratyn üns berilmelidir, çünki şolarda işlenip çykarylýan önümleriň hiliniň halkara derejesine ýetirilmegi üçin, uly möçberli maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi talap edilmez. Galyberse-de, bu pudaklarda maýalyk gory çalt aýlanýar hem-de köp sanly kiçi we ortaça derejedäki kärhanalary döretmek üçin amatly mümkinçilikler bar.

**Dördünjiden,** kärhanalaryň özbaşdaklygyny mundan beýläk-de giňeltmek dolandyryş ulgamyny döwrebaplaşdyrmagyň möhüm ähmiýetli ugurlarynyň biri bolup durýar, munuň özi kärhananyň döwlet tabşyrygyndan artyk öndüren önümlerini eksporta erkin ugratmagyny; walýuta görnüşindäki girdejilerini daşary ýurt banklarynda goýmagyny we daşary ýurtlara maýa goýumlary hökmünde gönükdirmegiň başga görnüşleri boýunça ulanmagyny üpjün etmelidir.

Ykdysady özgertmäniň belli bir ugry hökmünde daşary ykdysady işleri döwrebaplaşdyrmak walýuta serişdelerini differensirlenen görnüşde geçirmegiň kadasyndan hem-de hojalygy ýöredýän subýektleriň we raýatlaryň walýuta görnüşindäki girdejileri boýunça ýeke-täk salgyt kadasynyň ulanylmagyndan ýüz öwrülmegini göz öňünde tutýar.

**Bäşinjiden,** GDA ýurtlary we dünýä ulgamyndaky döwletler bilen daşary ykdysady aragatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek üçin "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda" ýurduň eksportyny diwersifikasiýa etmek, eksportyň düzüminde taýyn önümleriň paýyny artdyrmak; importa degişli harytlaryň birnäçesiniň paýyny artdyrmak maksady bilen ýerli önümleriň möçberlerini artdyrmak ýaly çäreleriň birnäçesini amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Şol bir wagtyň özünde, söwda boýunça uzak möhletleýin ylalaşyklary kämilleşdirmek we bularyň ähmiýetini artdyrmak, daşarky söwdadaky nyrhlary emele getirmegiň kadalarynyň ulgamyna degişli meseleleri toplumlaýyn öwrenmek, dünýä bazarynyň ösüşini çaklamak we halkara hyzmatdaşlygynyň beýleki meseleleri bilen bagly çäreleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

**Şeýlelikde,** daşary ykdysady aragatnaşyklary döwrebaplaşdyrmak ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça bellenilen maksatlara ýetmekde, aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolar hem-de ylmy-tehniki ösüşiň çaltlandyrylmagyna, ykdysady ösüş depginleriniň ýokarlandyrylmagyna, sarp ediş bazaryndaky harytlar babatda bildirilýän islegleriň kanagatlandyrylmagyna we Türkmenistanyň ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň ösdürilmegine ýardam berer.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklary nähili ösýär?
**2.** Daşary söwda dolanyşygy haýsy ugurlar boýunça ösýär?
**3.** Daşary söwda dolanyşygy barada düşünje beriň.
**4.** Eksport diýip nämä düşünýärsiňiz?
**5.** Import diýip nämä düşünýärsiňiz?
**6.** Eksportyň düzümi barada aýdyp beriň.
**7.** Importyň düzümi barada aýdyp beriň.
**8.** Türkmenistanda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin harytlaryň esasy görnüşleriniň önümçiligi we eksporty barada gürrüň beriň.

# II BÖLÜM
# BAZAR YKDYSADYÝETI WE ONUŇ ÖSÜŞI

## IX. BAZAR YKDYSADYÝETINIŇ MAZMUNY

### §1. Bazar näme?

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe netijeli işleýän ykdysady ulgamyň esaslandyrylmagy we döredilmegi iňňän möhüm wezipe bolup durýar. Bazar ulgamy esasy ykdysady meseleleri çözmeklige netijeli we çeýe çemeleşmäni üpjün edýär. Ol ylmy-tehniki ilerlemäniň gazananlaryny peýdalanmaklyga, önümçiligiň önjeýli bolmagyna we ahyrky netijede jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyrmaga has gowy uýgunlaşandyr. Bu ulgamyň esasynda durýan bazar ýokary netijeli hojalyk işini höweslendirmekde öz artykmaçlyklaryny görkezdi.

Bazar – bu köptaraplydyr, şonuň üçin hem ony köptaraplaýyn öwrenmek mümkin. Ykdysady edebiýatlarda bazar adalgasynyň köp sanly kesgitlemesine duş gelmek bolýar.

*Bazar* – bu haryt önümçiliginiň we aýlanyşygynyň kanunlary boýunça guralan alyş-çalyş, haryt alyş-çalşygy babatyndaky gatnaşyklaryň köplügi.

*Bazar* – satyn alyjylar bilen satyjylaryň özara täsir ediş mehanizmi, başgaça aýdylanda, hyrydarlygyň we hödürlemäniň mynasybeti.

*Bazar* – munuň özi önüm öndürijileriň we sarp edijileriň ýurtlarynyň içinde we olaryň aralaryndaky gatnaşyklaryň derejesinde baglanyşdyrýan alyş-çalyş ýaýrawydyr.

*Bazar* düşünjesine çuňňur göz ýetirilmegi, onuň jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginiň bütin ulgamyndaky ornuny nazara almaklygy talap edýär. Şonuň üçin umumylaşdyrylan görnüşde *bazar* ***diýip***, üznüksiz önümçiligiň ähli basgançaklarynda, ýagny önümçilikde, paýlaýyşda, alyş-çalyşda we sarp edişde aluw-satuwyň üsti bilen amala aşyrylýan guramaçylyk-ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyna düşünmek bolar.

Ykdysady ýaşaýşyň ahyrky, tebigy maksady sarp ediş bolsa-da, ykdysadyýetiň iň möhüm ýaýrawy önümçilikdir. Ol ösmese, hiç hili bazar bolup bilmez, çünki, ol hut önümçilik harytlaryny döredýär. Ykdysadyýetiň beýleki ýaýrawlaryndaky ähli üýtgeşmeleriň açary önümçilikdäki üýtgeşmelerdedir.

Ykdysadyýetiň ýaýrawlarynyň basgançaklaýyn ýerleşişinde soňraky orunlarda durmagyna garamazdan, alyş-çalyş önümçilige güýçli täsir edýär. Alyş-çalyş ýaýrawy jemgyýetçilik hojalygynyň bütin ulgamynda örän uly hyzmat bitirýär, şonuň üçinem haryt alyş-çalşy babatyndaky gatnaşyklaryň köplügi hökmündäki bazaryň ösmegi aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

**Şeýlelikde,** bazar adamzat medeniýetiniň ägirt uly gazananlarynyň biridir. Bu şeýledir, emma bazaryň ýüze çykmagynyň we kemala gelmeginiň diňe bir akyl-paýhasyň däl-de, örän uzak taryhy ösüşiň beren netijesidigini bellemek gerek.

## §2. Bazaryň ýüze çykmagynyň şertleri we onuň wezipeleri

Nähili taryhy şertler bazary hakyky (obýektiw) zerurlyga öwürdikä? Bu taryhy şertleri şeýle görkezip bileris:

**Birinji şert** – gadymy döwürlerde dörän jemgyýetçilik zähmet bölünişigidir. Taryhda jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň ençeme iri basgançaklary mälimdir. Olaryň birinjisi maldarçylygyň ekerançylykdan bölünip aýrylmagy bolup, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy bilen bu hadysa barha ösüpdir.

Zähmet bölünişigi alyş-çalşyň bolmagyny gutulgysyz ýagdaýda talap edýär. Alyş-çalşyň ösmegi puluň ýüze çykmagyna getiripdir,

ol hem ýörite satuw üçin öndürilýän önümleriň köp öndürilmegine höwes döredipdir. Hut şol mahallar sözüň doly manysyndaky haryt önümçiligi döräpdir. Başgaça aýdylanda, beýleki adamlaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin bazara çykarylýan harytlaryň önümçiligi ýüze çykypdyr.

**Ikinji şert** – bazar gatnaşyklarynyň emele gelmegi bilen önüm öndürijileriň ykdysady taýdan aýrybaşgalaşmagy bolup geçýär. Haryt alyş-çalşygy onuň gymmat taýdan deňeçer bolmagyny göz öňünde tutýar. Hiç kimiň öz hakyny gideresi gelmeýär, öz harydynyň deregine başga bir harydyň deň gymmatly mukdaryny almak isleýär. Şonuň ýaly höwes bildirilýän bähbitleriň ykdysady taýdan çäkliligi, aýrybaşgalaşmak esasynda ýüze çykýar.

**Üçünji şert** – bazar hojalygynyň netijeli işlemegi üçin öndürijiniň özbaşdaklygy, telekeçiligiň erkinligi zerurdyr. Hojalygyň bazardan daşgary kadalaşdyrylmagy islendik ulgamda gutulgysyzdyr, emma haryt öndüriji gysylmaga näçe az sezewar bolsa, şonça-da bazar gatnaşyklarynyň ösmegi üçin giňişlik uly bolýar.

Bazaryň mazmuny onuň wezipeleriniň üsti bilen amal edilýär. Bazaryň esasy wezipelerine aşakdakylar degişli:

– bazaryň *maglumat beriş* wezipesi nyrhlaryň, bank göteriminiň, girdeji gazanmagyň, ortaça iş hakynyň derejeleri ýaly ykdysady görkezijileriň seljermesini geçirmek üçin maglumat almaga mümkinçilik berýär. Şolar ýaly maglumatlaryň alynmagy telekeçiligi netijeli guramaga we önümçiligiň düzümine gaýtadan seretmäge ýardam edýär;

– *kadalaşdyryş* wezipesi bazaryň üsti bilen jemgyýetçilik önümçiligi kadalaşdyrylýan mahalynda amala aşýar, ýagny näme öndürmeli, nähili edip öndürmeli, kim üçin öndürmeli diýen ýaly meseleler bazaryň ýagdaýyna görä çözülýär;

– *aralykçylyk* wezipesi arkaly haryt öndürijiler bilen sarp edijileriň aralaryndaky baglanyşyk ýola goýulýar. Bazara her bir gatnaşyjy şol bir wagtyň özünde hem satyn alyjy, hem satyjy bolup çykyş edýär, ýagny ýa-ha özüne gerek harytlary satyn alýar, ýa-da öndüren önümlerini satýar;

– *höweslendiriş* wezipesi bazar arkaly harydy öndürmäge çykarylan harajatlaryň hasabynyň gelip çykmagy bilen amala aşýar. Bazar

nämäniň öndürilmelidigini däl, eýsem, şol önümi almak üçin jemgyýetiň näçe çykdajy edip biljekdigini-de kesgitleýär. Bazara diňe harajatlary örtmäge ýeterlik nyrhlar boýunça satylyp bilinjek önümler gelip düşmelidir;

– *nyrh emele getiriş* wezipesi hyrydarlygyň we hödürlemäniň mynasybetine görä nyrhlaryň üýtgemegi arkaly durmuşa geçýär. Eger bazarda haýsydyr bir harydyň mukdary oňa bolan hyrydarlykdan agdyk gelse, nyrh pese düşýär, harydyň mukdary hyrydarlyga görä az bolsa, onda nyrh ýokarlanýar;

– *gözegçilik* wezipesi önüm öndürijileriň ýagdaýyna bagly bolýar. Bäsdeşlige diňe önümçilik harajatlary bazar nyrhlaryndan aşak bolan kärhanalar döz gelip bilýärler.

## §3. Bazaryň işlemeginiň şertleri

Bazaryň öz wezipelerini hakykat ýüzünde ýerine ýetirmegi üçin belli bir şertler zerurdyr. Olaryň has möhümleri aşakdakylardan ybaratdyr:

• ykdysady subýektleriň garaşsyzlygy, olaryň gepleşikleri baglaşmaga we öz girdejilerine ygtyýar etmäge hakly bolmagy;

• satyjylar we satyn alyjylar üçin iş salşylýan garşydaşlaryň bolmak mümkinçiligi. Şonda azyndan birnäçe bäsdeşiň bolmagy gerek, ýogsa monopoliýa ýagdaýy ýüze çykýar;

• bazar hakynda onuň subýektleriniň habarly bolmagy;

• hojalyk subýektleriniň öz harytlaryna özleriniň nyrh bellemek hukugy.

Ykdysadyýetiň taryhy bazary buýruk bilen ýöredip bolmaýandygyna şaýatlyk edýär. Onuň emele gelmegi obýektiw hadysadyr. Oňaýly şert döretmek arkaly oňa täsir edip bolýar. Bu babatda näme edilmegi gerek diýlende, şulary aýratyn bellemek bolar:

• iş ýüzünde eýeçiligiň we hojalyk ýöretmegiň köp dürli görnüşiniň bolmagyny üpjün etmeli. Şonda olaryň deňhukuklylygy we sagdyn bäsdeşlik haryt önümçiligi ulgamynyň obýektiw esasyny we degişli ykdysady gurşawy döredýär;

• ykdysadyýetiň gytçylygyny ýeňip geçmeli. Munuň üçin milli hojalygyň düzüminiň kämilleşdirilmegi zerur;

• karz we pul ulgamlaryny sagdynlaşdyrmaly, hümmetsizlenmäni durnuklaşdyrmaly hem-de onuň kadaly çygra girizilmegi boýunça çäreleri görmeli;

• mümkin boldugyça nyrhlaryň bazar arkaly düzgünleşdirilmegine geçmeli. Nyrhlaryň ýokarlanmagynyň öňüni alýan esasy şerti bazaryň doýgunlygy esasynda haryt öndürijileriň arasyndaky sagdyn bäsdeşlik bolmaly;

• diňe bir önümçiligi däl, eýsem, söwdany, karz hyzmatlaryny, ylmy üpjünçiligi hem monopoliýadan saplamaly. Munuň özi öndürijiniň bähbitleriniň agalyk etmeginden dynmaga, bazarda satyn alyjynyň isleginiň ileri tutulmagyna mümkinçilik berýär;

• bazary açyk ýaýrawa, ýagny dünýä bazarynyň bir bölegine öwürmeli. Şonsuz milli hojalygyň dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagy mümkin däldir.

## §4. Bazaryň subýektleri we obýektleri

Bazaryň esasy hereket edýän taraplary, ýagny subýektleri bolup, olar hökmünde öý hojalyklary, kärhanalar we döwlet çykyş edýär.

*Öý hojalygy* – bu bir ýa-da birnäçe adamdan ybarat düzümdäki ykdysady birlik bolup, ol:

• adam kapitalynyň önümçiligini we üznüksiz önümçiligini üpjün edýär, ýagny öz agzalarynyň saglygy, terbiýesi, bilimi hakynda alada edýär;

• özbaşdak çözgütleri kabul edýär;

• önümçiligiň haýsydyr bir şertine eýe bolup durýar hem-de öz emlägini, maýasyny, işçi güýjüni kärendesine berip ýa-da satyp bilýär;

• öz isleginiň aňrybaş kanagatlandyrylmagyna ymtylýar.

*“Öý hojalygy”* diýen düşünje *“maşgala”* düşünjesine deň däldir. Maşgala diýip, maşgala garyndaşlygynyň umumylygy arkaly birigişýän hem-de bir öýde ýaşamagy we umumy býujetiniň bolmagy hökman däl adamlaryň toparyna düşünilýär. Başgaça aýdylanda,

maşgalanyň işi biologik, demografik, psihologik we ş.m. ölçegleriň köpüsini öz içine alýar. Öý hojalygy bolsa maşgalanyň ykdysady iş ýaýrawy boýunça bir taraplaýyn şekilini aňladýar.

Bazaryň indiki bir subýekti kärhanadyr.

*Kärhana*– bu aşakdaky sypatlar mahsus bolan ykdysady birlikdir:

• önümçilik şertleriniň satmak üçin önüm öndürmekde peýdalanylmagy;

• peýdanyň aňrybaş artdyrylmagyna bolan ymtylyş;

• çözgütleriň özbaşdak kabul edilmegi.

Bazar şertlerinde hereket edýän kärhana peýdanyň köp gazanylmagyny maksat edinýär. Şärikli eýeçilik mahalynda onuň öňünde bu maksady paýdarlar goýýar, peýdanyň möçberi bolsa hakyna tutma dolandyryjylaryň işleýşine bagly bolup durýar. Dolandyryjylar bilen işgärleriň arasyndaky gatnaşyklar zähmeti guramagyň ýörelgelerine we kadalaryna laýyklykda ýola goýulýar. Şonuň ýaly kärhanada zähmeti guramagyň has möhüm düzüm böleklerine şular degişlidir:

• iş hakynyň ýokary derejesi we nyrhlaryň ýokarlanyşyna görä onuň indeksleşdirilmegi;

• berk önümçilik düzgün-nyzamy;

• iş berijiler bilen hakynatutma işgärleriň arasyndaky dawaly ýagdaýlarda kärdeşler arkalaşyklarynyň aralykçy bolmagy;

• işgärleriň ýerli-ýerinde goýulmagy we ösdürilip durulmagy.

Bazaryň ýene-de bir subýekti *döwletdir.*

Döwlete jemgyýetçilik maksatlaryndan ugur alyp, hojalyk subýektleriniň hem-de bazaryň üstünden gözegçiligi üpjün etmek üçin hukuk we syýasy häkimiýeti amala aşyrýan kanun çykaryjy we hökümet edaralary degişlidir.

Bu ýerde döwletiň esasy ykdysady hyzmaty hojalyk işiniň ähli subýektleriniň aralaryndaky özara baglanyşygyň kadaly berjaý edilmegini gazanmakdyr. Nazaryýetde ***döwletiň* şu *wezipeleri*** bölünip çykarylýar:

**1.** Eýeçilik hukugynyň goralmagy.

**2.** Maglumatlary alyşmak ýollarynyň döredilmegi.

**3.** Ölçegleriň standartlarynyň we kadalaryň işlenip düzülmegi.


114

**4.** Harytlary we hyzmatlary alyş-çalyş etmegiň akabalarynyň we mehanizmleriniň emele getirilmegine ýardam berilmegi, ulag we beýleki infrastruktura şertleriniň döredilmegi we ş.m.

**5.** Hukuk goraýyş işi we dawaly ýagdaýlarda "üçünji" tarap hökmünde çykyş edilmegi.

**6.** Saglygy goraýyş, bilim, ekologiýa ýaly jemgyýetçilik nygmatlarynyň önümçiligi;

Döwlet öz telekeçilik işini ykdysadyýetiň döwlete degişli böleginiň üsti bilen alyp barýar. Hususy telekeçiden tapawutlylykda, döwlet diňe bir peýda gazanmagy göz öňünde tutman eýsem, tutuş ykdysadyýetiň sazlaşykly işlemegine ymtylýar.

Öý hojalyklary, kärhanalar we döwlet bazar obýektlerine eýelik etmek, olardan peýdalanmak, olary satmak we satyn almak babatyndaky gatnaşyklara girişýärler.

Bazar hojalygynyň ***obýektleri*** hökmünde harytlar we hyzmatlar, önümçilik şertleri (ýer, önümçilik serişdeleri, işçi güýji) pul, gymmatly kagyzlar, durmuş tölegleri we ş.m. çykyş edýär.

## §5. Bazaryň öz-özüni dolandyryşynyň mehanizmi

Bazaryň öz-özüni dolandyryşynyň mehanizmi özara baglanyşykly esasy şertleri öz içine alýar, olara bazar nyrhlary, harytlara bolan hyrydarlyk we harydyň hödürlenişi, bäsdeşlik degişlidir.

***Bazar nyrhlary*** bazarda hyrydarlygyň we hödürlemäniň mynasybetine laýyklykda erkin emele gelýän hakyky nyrhlardyr.

***Hyrydarlyk*** – munuň özi belli bir harytlara bolan tölege ukyply islegdir. Ol belli bir wagtyň dowamynda belli bir nyrh boýunça sarp edijileriň satyn almaga isleg bildirýän we satyn almaga ýagdaýy bar bolan harytlarynyň mukdary bilen kesgitlenýär.

***Hödürleme*** – bu belli bir wagtyň dowamynda belli bir nyrh boýunça satuwa çykarylýan harytlaryň mukdarydyr.

***Bäsdeşlik*** – biri-birlerine gabat gelmeýän bähbitler boýunça özara garşy durmak ýa-da harytlary we hyzmatlary öndürijileriň

bazardaky amatly aluw-satuw şertleri ugrunda aňrybaş peýda gazanmak maksady bilen öz aralarynda ýaryşmagydyr. Satyjylaryň we satyn alyjylaryň köp sanlysynyň bolmagy bazara erkin aralaşmak we ondan çykmak üçin mümkinçilik berýär.

Bäsdeşligiň iki sany görnüşi bar. ***Pudak içersindäki bäsdeşlik*** önümçiligiň bir pudagynyň içersindäki telekeçileriň aralarynda has köp peýda gazanmak ugrundaky göreş netijesinde ýüze çykýar. ***Pudagara bäsdeşlik*** önümçiligiň dürli pudaklaryndaky telekeçileriň aralarynda maýa goýmagyň has amatly şertleri ugrundaky göreş netijesinde emele gelýär.

***Bäsdeşlik göreşiniň usullary*** hökmünde nyrh bäsdeşligi we nyrha dahylsyz bäsdeşlik çykyş edýär.

***Nyrh basdeşligi*** önümçilik harajatlaryny azaltmak we harytlaryň aýry-aýry görnüşlerini, önümleriň sanawyny we hilini üýtgetmezden, olaryň nyrhlaryny peseldip satmak arkaly goşmaça peýda görmek ugrunda telekeçileriň arasyndaky ýaryşy aňladýar.

***Nyrha dahylsyz bäsdeşlik*** şulary öz içine alýar:

• harydyň hil sypatlarynyň üýtgedilmegi;

• harytlara hil taýdan täze sypatlaryň berilmegi;

• islegleriň täze görnüşlerini kanagatlandyrmak üçin harydyň täze görnüşiniň döredilmegi;

• harydyň häsiýetleriniň moda, ýörgünlilige laýyklykda täzelenmegi;

• harydyň ýany bilen amala aşyrylýan hyzmatlaryň kämilleşdirilmegi – gowy edip görkezmek, oturdyp bermek, kepillikli abatlaýyş we başgalar.

**Bäsdeşlik** bazar ykdysadyýetiniň hereketlendiriji güýçleriniň biridir. Ol önümçiligi ösdürmegiň we onuň netijeliligini ýokarlandyrmagyň kuwwatly höweslendirijisi bolup hyzmat edýär. Şol mynasybetli harytlaryň ägirt köp dürlüligi we sarp edijiler tarapyndan olary saýlap almagyň giň mümkinçilikleri döreýär. Emma bäsdeşlik mydama telekeçileriň öz aralarynda ýapyk ýagdaýda ylalaşmak we olaryň ykdysady kuwwatlarynyň bir ýere aşa köp jemlenmek howpy astynda durýar.

## §6. Häzirki zaman bazarynyň nusgalary

Birbada ykdysadyýetiň her bir pudagyny we ýaýrawyny aýry-aýrylykda öwrenmek synanyşygy kyn bolardy, çünki olaryň sany örän köpdür. Diýmek, häzirki zaman bazar ykdysadyýetini häsiýetlendirýän, onuň aglaba pudaklaryna we ýaýrawlaryna mahsus bazar düzümleriniň ýa-da nusgalarynyň esasylaryndan diňe birnäçesiniň üstünde durlup geçilmegi has dogry bolar.

Ykdysatçylar biri-birlerine meňzemeýän dört sany bazar nusgasyny tapawutlandyrýarlar, olara *sap bäsdeşlik, sap monopoliýa, monopolistik bäsdeşlik* we *oligopoliýa* degişlidir. Häzirki zaman bazarynyň bu dört sany nusgasy, täze kärhanalaryň pudaga aralaşyp bilmeginiň ýeňildigine ýa-da kyndygyna garamazdan, pudakdaky kärhanalaryň sany bilen tapawutlanýarlar.

Häzirki zaman bazarynyň bu nusgalaryna degişli häsiýetnama bereliň.

***Sap bäsdeşlik*** – bu ýagdaýda köp kärhanalar bazarda meňzeş haryt satýarlar.

***Sap bäsdeşlik bazarynyň aýratynlyklary:***

- garaşsyz kärhanalar köp hem-de bazaryň üstünden gözegçilik ýok;
- nyrhlaryň üstünden gözegçilik ýok hem-de olar bazaryň özünde kesgitlenýär;
- häsiýetleri we hili boýunça harytlaryň tapawutlandyrmalary ýok;
- bazara aralaşmak we ondan çykmak aňsat.

***Monopoliýa*** – harydy öndürmäge ýa-da satmaga ýeke-täk hukuk.

***Sap monopoliýa*** – bu ýagdaýda bir harydy bazarda diňe bir satyjy satýar.

***Sap monopoliýa bazarynyň aýratynlyklary:***

- bir önümiň we bir sany iri kärhananyň bolmagy;
- hakykatda nyrhlaryň üstünden doly gözegçilik edilmegi;
- harytlaryň dürli görnüşde bolmazlygy;
- bazara aralaşmak üçin çynlakaý kynçylyklaryň bolmagy.

***Monopolistik bäsdeşlik*** – bu ýagdaýda birmeňzeş harytlary we hyzmatlary dürli bahadan köp sanly satyjylar satýar.

***Monopolistik bäsdeşlik bazarynyň aýratynlyklary:***

• bir meňzeş harytlary öndürýän we hyzmatlary ýerine ýetirýän kärhanalaryň sanynyň köp bolmagy;

• nyrhlara täsir etmegiň harytlaryň bir görnüşini beýlekilerine çalyşmak mümkinçiligi arkaly çäklendirilmegi;

• bazara aralaşmaklyk we ondan çykmak birneme ýeňil bolup, harytlaryň we hyzmatlaryň özboluşly bazarlar üçin dürli görnüşde bolmagy.

***Oligopoliýa*** – bu ýagdaýda az sanly satyjylara bazarda hukuk berilýär.

***Oligopoliýa bazarynyň aýratynlyklary:***

• bir meňzeş harytlary öndürýän we hyzmatlary ýerine ýetirýän iri kärhanalaryň bolmagy;

• nyrh babatyndaky "öňbaşçynyň" täsiriniň ýüze çykmagy;

• harytlaryň dürli görnüşde bolmagy;

• bazara aralaşmagyň kyn bolmagy we köp maýa goýumlaryny talap etmegi.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Bazaryň nähili kesgitlemelerini bilýärsiňiz? Olar barada düşündiriş beriň.
**2.** Bazaryň döremegine haýsy şertler degişli?
**3.** Bazar haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
**4.** Bazaryň işlemegine nähili şertler täsir edýär?
**5.** Bazaryň nähili subýektleri we obýektleri bar?
**6.** Öý hojalygy düşünjesi barada gürrüň beriň.
**7.** Kärhana nähili ykdysady birlik?
**8.** Döwlet haýsy ykdysady wezipeleri ýerine ýetirýär? Olaryň käbirlerine mysal getiriň.
**9.** Bazaryň öz-özüni dolandyryşynyň mehanizmi barada gürrüň beriň.
**10.** Häzirki zaman bazarynyň haýsy nusgalaryny bilýärsiňiz? Olaryň manysyny gysgaça düşündiriň.
**11.** Häzirki zaman bazarynyň nusgalarynyň biri-birinden nähili aýratynlyklary bar?
**12.** Bazaryň bir nusgasyny mysallaryň üsti bilen düşündirmäge synanyşyň.

# X. BAZAR YKDYSADYÝETINIŇ IŞLEMEGI

## §1. Bazar we bazar ykdysadyýeti

Bazar gatnaşyklarynyň ösüşi, hakykatda bazar ykdysadyýetiniň emele gelmegine getirýär. *"Bazar"* we *"bazar ykdysadyýeti"* diýen düşünjeler şol bir zady aňlatmaýar. Bazar haryt önümçiligi döräli bäri ol ýa-da başga bir görnüşde bolup gelýär. Bazar ykdysadyýeti bazaryň ösmeginiň ýokary derejesi bolup dursa-da, haryt önümçiligi we bazar elmydama we hökmany suratda bazar ykdysadyýetini emele getirmeýärler.

*Bazar ykdysadyýeti* – haryt öndürijiler (satyjylar) bilen sarp edijileriň (alyjylar) arasyndaky haryt aluw-satuwy arkaly amala aşyrylýan göni baglanyşyklara esaslanýan hojalyk ulgamydyr. Bazar ykdysadyýetiniň esasy görnüşleri aşakdakylardan ybaratdyr:

- önümçilik serişdelerine hususy eýeçiligiň bolmagy;
- telekeçiligiň erkinligi;
- ykdysady hyzmatdaşlary saýlap almak erkinligi;
- ykdysady aragatnaşyklara gatnaşyjylaryň hususy bähbidiniň öňe sürülmegi;
- ykdysadyýetiň bazar şertleri arkaly öz-özünden kadalaşdyrmagy;
- döwletiň bazara iň az derejede goşulmagy.

Bazar ykdysadyýeti işiň önümçilik, ulag, bank, söwda ýaly esasy ugurlaryny özüne birikdirdi. Harytlaryň öndürijiden sarp edijä tarap hereket etmeginde olaryň her birisiniň belli bir hyzmaty bardyr. Şeýlelikde, bazar ulgamy bitewi sazlaşykly mehanizm bolup, onuň ähli bölekleri sarp edijiniň isleglериniň kanagatlandyrylmagyna ugrukdyrylan ahyrky netijäni gazanmak üçin işleýär.

*Bazar ykdysadyýetiniň baş maksady* – erkin jemgyýetiň hojalyk durmuşynyň usulyny emele getirmekden hem-de şonuň esasynda milli hojalygyň işjeň ösüşini we ilatyň ýokary hilli ýaşaýşyny üpjün etmäge ukyply, netijeli işleýän hojalyk ulgamyny döretmekden ybaratdyr.

Ilatyň ýaşaýş durmuşynyň ýokarlanmagy jemgyýetiň isleglериniň, onuň maddy we ruhy medeniýetiniň kanunalaýyk ýagdaýda

ýokary göterilmegini beýan edýär, munuň özi hem maddy we maddy däl önümçilikleriň ösmeginiň we kämilleşmeginiň netijesi bolup durýar.

Şonuň üçin bazar ykdysadyýeti mahalynda ykdysady mejburylyk öndürijileri önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmaga itekleýär. Bazar önümçiligi çeýe we işjeň bolýar, oňa çykarylýan jemgyýetçilik zerur harajatlary kesgitleýär we nyrhlary kadalaşdyrýar, ylmyň we innowasion işiň soňky gazananlaryny peýdalanmagy talap edýär.

*Bazar ykdysadyýeti* örän işjeň ulgamdyr, ol diňe bir ykdysady işleri erkinleşdirmek bilen çäklenmän, eýsem, bazar gatnaşyklary bilen gös-göni baglanyşykly bölekleriniň täsiri astynda bolup geçýän üýtgeşmeleri düzgünleşdirmäge mümkinçilik berýän mehanizmi-de döredýär.

## §2. Bazar ykdysadyýetiniň bölekleri

Bazar ykdysadyýetiniň işlemegi tutuşlygyna alnanda, bazar ulgamyny emele getirýän belli bir bölekleriniň bolmagyny göz öňünde tutýar.

Bazar ykdysadyýetiniň ***birinji*** we iňňän möhüm bölegi hökmünde ***öndürijiler we sarp edijiler*** çykyş edýär. Olar jemgyýetçulik zähmet bölünişiginiň barlygynda, birleriniň haryt öndüren, beýlekileriniň bolsa ony sarp eden mahalynda emele gelýärler.

Bazar ykdysadyýetiniň ***ikinji*** bölegi **ykdysady taýdan aýrybaşgalaşmak** bolup durýar, ol eýeçiligiň hususy we önümçilik birliklerini bilelikde dolandyrmak esasyndaky garyşyk görnüşleri bilen şertlendirilendir.

***Üçünjiden*** bazar ykdysadyýetiniň möhüm bölegi ***nyrhlardyr.*** Nyrh aýratyn öwrenilmäge degişli düşünjedir. Şu ýerde bellemek gerek. Birinjiden, nyrh hyrydarlygyň we hödürlemäniň netijesinde emele gelýär, olaryň mynasybeti bolsa, bazardaky ýagdaýa görä üýtgäp durýar. Ikinjiden, nyrh belli bir geografik sebitde öndürilen anyk haryda bazar gatnaşyklarynyň täsir ediş ýaýrawyny kesgitleýär. Bu ýaýrawyň çäkleri hem alyş-çalyş bilen baglanyşykly aýlanyşyk çykdajylary bilen kesgitlenýär.

Bazar ykdysadyýetiniň ***dördünji*** möhüm bölegi iki zatdan, ýagny ***hyrydarlykdan* we *hödürlemeden*** ybaratdyr. Bazarda hyrydarlyk

harytlara bolan isleg görnüşinde ýüze çykýar. Sarp edijiler harytlary emele gelen nyrhlara we öz pul girdejilerine görä satyn alyp bilýärler. Hyrydarlyk we hödürleme bazar mehanizminiň iňňän möhüm bölekleri bolmak bilen, maddy nygmatlary öndürijileriň we olary sarp edijileriň arasyndaky hemişelik baglanyşygy üpjün edýär.

Bazar mehanizminiň ***bäşinji*** bölegi ***bäsdeşlikdir.*** Ol peýdanyň aňrybaş köpelmegini we şonuň esasynda hem önümçiligiň geriminiň giňeldilmegini üpjün edýär. Bäsdeşlik bazar subýektleriniň we deňölçeglilikleri düzgünleşdiriş mehanizminiň özara täsir edişmekleriniň görnüşi hökmünde çykyş edýär. Ol ykdysadyýetiň ilerleýjilikli ösüşine itergi berýär. Bäsdeşligiň esasy wezipesi nyrhlar, peýdanyň kadasy, bank göterimleri ýaly ykdysady düzgünleşdirijileriň derejelerini kesgitlemekden ybaratdyr.

## §3. Bazaryň düzümi we görnüşleri

Bazaryň düzümi çylşyrymly bolup, ol ykdysadyýetiň ähli ýaýrawlaryna öz täsirini ýetirýär. **Bazaryň *ykdysady düzümi*** şular bilen kesgitlenýär:

• eýeçiligiň görnüşleri (döwlet eýeçiligi, hususy, bilelikdäki, garyşyk eýeçilik);

• önüm öndürijileriň düzümi (döwlete degişli, kärende, kooperatiw, hususy kärhanalardan, orta, kiçi we mikrokärhanalardan, ýekebara telekeçilerden ybarat bolup, ol ýa-da beýleki hojalyk subýektleriniň tutuş ykdysadyýetdäki tutýan bölegine bagly bolup durýar);

• haryt aýlanyşygy ýaýrawynyň aýratynlyklary;

• eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagynyň we hususyýetleşdirilmeginiň derejesi;

• söwdanyň ýurtda hereket edýän görnüşleri.

Düzümi babatda bazarlary dürli alamatlar we ölçegler boýunça aşakdaky toparlara bölmek mümkin:

***1.*** *Bazar gatnaşyklarynyň obýektleriniň ykdysady taýdan niýetlenişi boýunça:*

• maýanyň we senagat maksatly harytlaryň bazary;

• sarp ediş harytlarynyň we hyzmatlarynyň bazary;

• zähmet bazary;
• “nou-hau” bazary;
• çig mal bazary;
• gymmatly kagyzlaryň bazary we ş.m.

***2.*** *Geografik ýerleşişi boýunça:*

• ýerli bazar;
• milli (ýurduň içindäki) bazar;
• dünýä bazary.

***3.*** *Pudaklaýyn ugurlar boýunça* – awtomobil, nebit, maýa goýum, kompýuter bazarlary we ş.m.

***4.*** *Harytlaryň satylyşy boýunça*– lomaý we bölek satuw bazarlary.

***5.*** *Bäsdeşligiň çäklendiriliş derejesi boýunça*– kämil bäsdeşlikli, monopoliýalaýyn bäsdeşlikli, oligopoliýa we monopoliýalaýyn bazarlar.

***6.*** *Ykdysadyýetde kanunçylygyň berjaý edilişini nazara almak bilen:*

• kanuny, resmi bazarlar;
• kanunlaşdyrylmadyk “ýaşyryn” we “gara” bazarlar.

Bazarlaryň düzüm taýdan öwrenilmegi olaryň esasy görnüşleriniň bölünip çykarylmagyna mümkinçilik berýär.

***Harytlaryň we hyzmatlaryň bazary***. Bu topara bazarlaryň aşakdaky görnüşleri girýär:

• sarp etmek üçin niýetlenen, ýagny azyk we azyk däl harytlaryň bazary;

• hyzmatlaryň, ýagny durmuş hyzmatlarynyň, ulag, jemagat hyzmatlarynyň bazary;

• ýaşaýyş jaýlarynyň we önümçilik däl maksatly binalaryň bazary.

***Önümçilik şertleriniň bazary***. Onuň düzümine aşakdakylar girýär:

• gozgalmaýan emlägiň bazary;
• zähmet gurallarynyň bazary;
• çig mallaryň we materiallaryň bazary;
• energetiki serişdeleriň bazary;
• gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň bazary.

***Maliýe bazarlary*:**

• maýa goýum bazary;

• gymmatly kagyzlaryň bazary. Onda paýnamalar, obligasiýalar satylýar,

• pul gepleşikleri baglaşylýar we ş.m. amallar geçirilýär;
• walýuta bazary.

*Intellektual önümleriň*, ýagny innowasiýalaryň, oýlap tapyşlaryň, maglumat beriş hyzmatlarynyň, edebiýat we sungat eserleriniň *bazary*.

*Işçi güýjüniň bazary.* Ol zähmet serişdeleriniň hereketiniň ykdysady görnüşi bolup, şonda işçi güýji bazar ykdysadyýetiniň kanunlaryna laýyklykda hereket edýär.

*Sebitleýin bazarlar.* Olara ýerli, ýurduň içindäki milli hem-de daşary, ýagny halkara bazarlar degişlidir.

## §4. Bazar ykdysadyýetiniň artykmaçlyklary we kemçilikleri

*Bazar ykdysadyýetiniň artykmaçlyklary:*

• önümçiligi ösdürmekde maýa goýumunyň, işçi güýjüniň, harytlaryň, pul eýeleriniň döwlet tarapyndan belli bir kanunçylygyň çäklerindäki ykdysady erkinligi;
• bazarlarda satyn alyjylar tarapyndan isleg bildirilýän harytlary öndürmegiň we ýerleşdirmegiň, şeýle hem dürli hyzmatlary ýerine ýetirmegiň netijeli guralmagy;
• bazar gatnaşyklarynyň subýektleriniň paýlaýyş we alyş-çalyşda harytlaryň hereketiniň üýtgäp durýan şertlerine çeýelik bilen uýgunlaşmagy;
• haryt öndürijileriň ylmy-tehniki ilerlemäniň gazananlaryna we satyn alyjylaryň bazardaky islegleriniň üýtgeýşine duýgurlygy;
• tölege ukyply hyrydarlyga laýyklykda harytlary öndürmegiň ýokary düşewüntliligi ugrundaky we hyzmatlary ýerine ýetirmekdäki bazar bäsdeşliginiň ösmegi;
• harytlara we hyzmatlara bolan tölege ukyply hyrydarlygy ýokary hilli kanagatlandyrmak ukyby;
• bar bolan serişdeleri önümçiligiň bol ýerlerinde başarjaň jemlemek arkaly olaryň rejeli paýlanmagy.

*Bazar ykdysadyýetiniň kemçilikleri:*

• öndürijilerde köpçüligiň peýdalanýan harytlaryny öndürmekde höwesiň döremezligi;

• zähmete we girdeji gazanmaga aňrybaş kepil geçmezligi;

• düýpli ylmy-barlaglary maliýeleşdirmäge doly mümkinçiligi üpjün etmezligi;

• daşky tebigy gurşawyň önümçilik galyndylary bilen hapalanmagyndan goramagyň ygtybarly ykdysady mehanizminiň bolmazlygy;

Ösen bazar ykdysadyýeti mahalynda şol kemçilikleri düzetmek üçin döwlet öz kadalaşdyryş çärelerini görýär. Aslyýetinde, häzirki wagtda döwlet tarapyndan düýbünden kadalaşdyrylmaýan hakyky bazar ykdysadyýeti dünýäniň ýekeje ýurdunda hem ýokdur.

## §5. Bazar ykdysadyýetiniň netijeli işlemegi

Bazar ykdysadyýetiniň netijeli işlemegi birnäçe şertleriň bolmagyny göz öňünde tutýar.

**1.** Şol şertleriň bazaryň hut öz mazmunyndan gelip çykýan esasy birisi *hojalyk subýektleriniň ykdysady erkinligi* we *özbaşdaklygy* bolup durýar. Her bir subýekt haýsy harydy we hyzmaty näçe mukdarda öndürmelidigini, bazaryň ýagdaýyny nazara almak bilen, olary nähili nyrhlar boýunça ýerleşdirmelidigini kesgitläp bilýär.

**2.** Bazar ykdysadyýeti *eýeçiligiň köp dürlüligine* daýanmak bilen, netijeli işläp bilýär. Bu şertiň durmuşa geçirilmegi, birinjiden, ykdysadyýetiň aýry-aýry böleklerinde eýeçiligiň ol ýa-da beýleki görnüşleriniň has netijelidigini ýüze çykarmaga, ikinjiden, şahsyýete hojalyk işiniň belli bir görnüşini saýlap almak hukugyny amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

**3.** Bazar ykdysadyýetiniň esas goýujy sypatlarynyň biri hökmünde sagdyn bäsdeşlige goldaw bermegiň zerur şerti harytlary öndürmekde we ýerleşdirmekde *monopolizm hadysalaryna ýol berilmezligi* bolup durýar.

**4.** Bazar ykdysadyýetiniň işlemegi bazar nyrhlarynyň harytlara we hyzmatlara bolan *hyrydarlygyň we hödürlemäniň üýtgäp durýan mynasybetiniň* täsiri astynda emele gelmegini göz öňünde tutýar.

**5.** *Sarp edijiniň bähbitleriniň öňe tutulmagy*. Gytçylykly ykdysadyýetde öndürijiniň sarp edijiniň üstünden agalyk etmegi

gutulgysyzdyr. Bazar ykdysadyýetinde bazar harytlar bilen doýgun bolan mahalynda sarp ediji bilen satyn alyjynyň arasynda göreş başlanýar, önümçilik şolara nazarlandyrylýar. Sarp edijä nazarlanylmagy bazaryň hakyky we bolup biljek isleglериniň öwrenilmegini talap edýär.

**6.** *Maliýe we pul ulgamynyň durnuklylygy*. Bazar ykdysadyýetiniň işleýiş mehanizminde milli pul birligini pugtalandyrmak, döwlet býujetiniň gytçylygyny (defisitini) aradan aýyrmak, öndürijiliksiz çykdajylary kemeltmek, çeýe bank ulgamyny döretmek boýunça karzyň we pul massasynyň netijeli dolandyrylmagyny üpjün edýän ykdysady usullar göz öňünde tutulmalydyr.

**7.** *Ykdysadyýetiň açyklygy*. Bu şert kärhanalara we guramalara bellenen düzgünleri berjaý etmek bilen daşary ykdysady aragatnaşyklary ýola goýmaga we daşary ykdysady amallary ýerine ýetirmäge hukuk bermek arkaly durmuşa geçirilýär. Daşary ýurtly telekeçilerem öz gezeklerinde içerki milli bazarda diňe bir haryt öndürijiler hökmünde däl, eýsem, emläk eýeleri hökmünde-de çykyş etmäge hukuk alýarlar.

**8.** *Ilatyň durmuş goraglylygynyň üpjün edilmegi*. Ösen bazar ykdysadyýetli ýurtlarda durmuş taýdan goraýyş ulgamy emele gelendir we öz netijelidigini görkezýär. Ozaly bilen ol ilatyň iş bilen rejeli meşgullygy, işsizlik boýunça kömek puluny tölemek, ilatyň girdejilerini hümmetsizlenmä görä indeksleşdirmek, mätäçlik çekýän raýatlara, çagaly maşgalalara, az girdejili adamlara hemaýat etmek ýaly çäreleriň durmuşa geçirilmegini göz öňünde tutýar.

**9.** *Ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklary bilen ýeterlik gurşalyp alynmagy*. Haryt, maliýe bazarlarynyň, işçi güýjüniň bazarynyň doly güýjünde işlemegi. Häzirki wagtda Türkmenistanda döwlet haryt-çig mal biržasy, zähmet biržalary işleýär.

**10.** *Ösen infrastruktura*, ýagny önümçiligiň we adamlaryň ýaşaýşynyň umumy şertlerini üpjün edýän pudaklaryň we hojalyk gulluklarynyň toplumy. Önümçilik we sosial-durmuş infrastrukturalary öz aralarynda tapawutlanýarlar.

## §6. Bazar ykdysadyýetiniň nusgalary

Dünýä tejribesinde bazar ykdysadyýetiniň ýeke-täk nusgasy ýokdur. Olaryň özboluşlylygy belli bir ýurduň ösüşiniň taryhy aýratynlyklaryna, onuň ykdysady ösüşine, döwlet we jemgyýetçilik düzüm birlikleriniň mynasybetine, jemgyýetçilik ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynyň saýlanyp alnyşyna bagly bolup durýar. Munda köplenç, bazar ykdysadyýetiniň amerikan, ýapon, german we şwed nusgalary saýlanyp alynýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy" okuw gollanmasynda hem olar barada belläp geçdi.

***Amerikan nusgasy.*** Bu nusga "kapitalizmiň liberal nusgasy" diýen ada eýe boldy. Onuň häsiýetli aýratynlygy şulardan ybaratdyr:

- döwlet eýeçiligine degişli böleginiň az bolmagy;
- döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirmäge doly gatyşmazlygy;
- telekeçiligiň hemmetaraplaýyn höweslendirilmegi;
- ilatyň ýokary we pes gatlaklara bölünmegi;
- kärhanalaryň dolandyryjylary bilen işgärleriň arasynda iş hakynyň derejesi boýunça uly tapawudyň bolmagy;
- üpjünçilik taýdan pes ilatyň ýaşaýyş derejesiniň oňuşarlykly bolmagy.

***Ýapon nusgasy.*** Ýapon nusgasynyň esasy görnüşlerine aşakdakylar degişlidir:

- milli ykdysadyýetiň esasy ösüş ugurlaryna döwletiň ýokary derejede täsir etmegi;
- kärhanalarda işgärleri ömürlik hakyna tutmanyň giňden ýaýramagy, olaryň umumy bähbitler esasynda birleşmegi, işgärleriň dolandyryşa we çözgüt kabul edilişine çekilmegi;
- kärhanalaryň dolandyryjylary we hünärmenleri bilen işgärleriniň arasynda iş hakynyň derejesi boýunça uly tapawudyň az bolmagy;
- durmuşa gönükdirilen nusgadyr. Döwlet durmuş deňsizligine garşy göreş alyp barýar, raýatlar kesellän, işsiz galan, pensiýa çykan halatlarynda olaryň durmuş hukuklarynyň berjaý edilmegine gözegçilik edýär. Işleýänleriň durmuş taýdan meseleleriniň çözülmegi boýunça borçlar korporasiýalara we kärhanalara ýüklenýär.

***German nusgasy.*** Öz durmuş-ykdysady mazmuny boýunça ol ýapon nusgasyna ýakyndyr. Bazar ykdysadyýetiniň german nusgasynyň tapawutly aýratynlyklary aşakdakylardyr:

• ykdysadyýete döwlet tarapyndan güýçli täsir edilmegi. Ol, esasan, durmuş meseleler çözülende ýüze çykýar;

• esasy makroykdysady görkezijileriň meýilnamalaşdyrylmagy. Bu ýörelge Germaniýada XX asyryň ýetmişinji ýyllarynyň başlarynda girizildi. Şonuň ýaly-da bu ýurtda kärhananyň işgärleriniň onuň eýeçiligine gatnaşmagyny göz öňünde tutýan sosial hyzmatdaşlyk ýörelgesi-de durmuşa geçirildi;

• german nusgasynda hem ýapon nusgasynda hem banklara uly ähmiýet berilýär, şonda Merkezi bankyň ygtyýarlyklary has uludyr;

• kärhananyň ýolbaşçylarynyň we işgärleriniň iş haklarynyň derejelerindäki tapawut ujypsyzdyr.

Bazar ykdysadyýetiniň ***şwed nusgasyna*** ozaly bilen durmuş ugra güýçli gönükdirilmek we kuwwatly döwlet düzgünleşdirişi mahsusdyr. Salgyt salmagyň ýokary kadasy döwlete esli möçberdäki maliýe serişdelerini jemlemäge we olary durmuşy meseleleriň çözülmegine gönükdirmäge mümkinçilik berýär. Netijede, bu ýurtda işsizlik iň az derejede saklanýar, ilatyň alýan girdejileri bolsa esli derejede gyradeňleşendir.

Beýan edilenlerden başga-da, beýleki ýurtlarda bazar ykdysadyýetiniň iş tejribesi umumylaşdyrylanda, milli bazar ykdysadyýetleriniň köp sanly ösüş nusgalarynyň, belli bir derejedäki şertli ýagdaýda, iki sany nusga, ýagny liberal we durmuşa gönükdirilen nusgalara syrygýandygyny aýtmak bolar.

Bazar ösüşiniň **liberal nusgasyna,** ozaly bilen hususy eýeçiligiň agalyk etmegi, hususy telekeçilige hemmetaraplaýyn goldaw berilmegi mahsusdyr. Döwletiň ykdysady wezipeleri, esasan, makroderejede durmuşa geçirilýär. Şonuň ýaly ulgamda durmuşda deňlik ýörelgesi aýratyn öňe sürülmeýär, döwletiň durmuş işi bolsa, esasan, ilatyň iň mätäçlik çekýän gatlaklaryna gönükdirilýär. Ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň arasynda bu nusga ABŞ we Beýik Britaniýa has ýakyn durýar.

***Durmuşa gönükdirilen bazar*** ykdysadyýetine üznüksiz önümçiligi düzgünleşdirmekde we durmuş meselelerini çözmekde döwletiň ornunyň uly bolmagy mahsusdyr. Döwletiň durmuş syýasaty jemgy-

ýetiň ähli agzalary babatynda ýöredilýär. Ilatyň iş bilen üpjünçiligi, girdejileriniň derejesi, aýry-aýry halatlarda nyrhlar düzgünleşdirilýär. Şonda döwletiň kadalaşdyryş wezipesi hojalyk işiniň diňe makroderejesine däl, eýsem, mikroykdysadyýetiň subýektlerine-de ýaýradylýar. Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýeti Şwesiýa, Germaniýa, Awstriýa ýaly ýurtlara, şeýle-de Türkmenistana hem mahsusdyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Bazar we bazar ykdysadyýet diýen düşünjeleri aýyl-saýyl etmäge çalşyň.
**2.** Bazar ykdysadyýetiniň esasy görnüşleri haýsylar?
**3.** Bazar ykdysadyýetiniň baş maksady nämeden ybarat?
**4.** Bazar ykdysadyýetiniň bölekleri barada düşünje beriň.
**5.** Bazaryň ykdysady düzümi nähili kesgitlenýär we haýsy alamatlary boýunça toparlara bölünýär?
**6.** Bazarlaryň esasy görnüşleri haýsylar we olar barada gürrüň beriň.
**7.** Bazar ykdysadyýetiniň nähili artykmaçlyklary we kemçilikleri bar hem-de olaryň tapawudyny açyp görkezmäge synanyşyň.
**8.** Bazar ykdysadyýeti nähili netijeli işlemeli?
**9.** Bazar ykdysadyýetiniň haýsy nusgalaryny bilýärsiňiz?
**10.** Bazar ösüşiniň liberal nusgasyna näme mahsus?
**11.** Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň nähili aýratynlyklary bar?
**12.** Türkmenistana mahsus bolan bazar ykdysadyýetiniň nusgasyny häsiýetlendiriň.

# XI. BAZAR GATNAŞYKLARYNYŇ MEHANIZMI

## §1. Bazar we bazar gatnaşyklary

Haryt önümçiligi ösdügiçe bazaryň özi-de, ol baradaky düşünjede çylşyrymlaşýar. Bazar düşünjesini sözüň giň we dar manylarynda bermek bolýar. ***Giň manydaky bazar*** – bu jemgyýetçilik önümçiliginiň ähli ýaýrawlarynda hereket edýän ykdysady gatnaşyklaryň ýüze çykmagynyň belli bir ulgamydyr. ***Dar manydaky bazar*** – munuň özi harytlaryň aýlanyş ýaýrawdyr, şonda hojalyk işiniň satmak üçin niýetlenilen, işlerini we hyzmatlaryny hem goşmak bilen, isleg ödeýiş gymmatyna eýe bolan önümleri satuwa çykarylýar.

Bazar diňe bir ykdysady, syýasy, durmuş däl, eýsem, moral-etik mazmuna eýe bolan köptaraplaýyn düşünjedir. Ol ahyrky maksat bolman, eýsem, ýurduň ýokary netijeli ykdysadyýetini berkarar etmek, ylmy-tehniki ilerlemäniň soňky gazananlaryny peýdalanmak üçin gural bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanda döwrüň talaplaryna gabat gelýän bazar gatnaşyklarynyň esaslandyrylmagy ýönekeý iş däl. Bu ýerde çylşyrymly meseleler we çylşyrymly ýagdaýlar ýüze çykýar. Geljegiň nusgasyny obýektiw kanunalaýyklyklardan we ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň emele gelen ýagdaýyndan ugur alyp düzmek mümkin. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow:
– Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli ykdysadyýetiň düzgünleşdirilýän bazar nusgasy baradaky taglymatynyň öňdengörüjilikli, adalatly we parasatly häsiýete eýedigini aýratyn belläp geçmek zerurdyr–diýip belleýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanda bazar gatnaşyklarynyň häsiýeti jemgyýetçilik gurluşynyň ykdysadyýet, syýasat, aňyýet aýratynlyklaryndan gelip çykýar.

Bazar nazaryýeti nukdaýnazaryndan satyjylar bilen satyn alyjylaryň arasyndaky bazar gatnaşyklarynyň umumy çyzgydy arabaglanyşyklaryň şu ulgamy görnüşinde emele gelýär: **haryt we onuň nyrhy – pul –täze haryt we onuň täze nyrhy.** Şol çyzgytdan, **birinjiden,** bazary emele getirmek, ýagny dükanlary we ammarlary harytlar bilen doldurmak, **ikinjiden,** gerekli harydy satyn alyp bolýan berk hümmetli puly herekete girizmek zerurlygy gelip çykýar. Şonuň bilen baglylykda bazar gatnaşyklarynyň kadaly işlemeginden ötri harytlaryň arasy üzülmän aýlanmagy (aluw-satuwy) üçin zerur mukdardaky pulyň bolmagy talap edilýär.

Bazaryň kadaly işlemeginiň ugur alyş şertleriniň biri şundan ybarat, ýagny girdejileriň (harytlara bolan tölege ukyply hyrydarlygyň) ösüşi önümçiligiň, degişlilikde harytlaryň we tölegli hyzmatlaryň hödürlenişiniň hem ösüşinden ozup geçmeli däldir.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde hojalygy alyp barmagyň ýörelgeleri hakynda gürrüň edilýän mahalynda ykdysady hadysalaryň öz akymyna görä ösýändigini, dolandyryşyň täsirine ujypsyz derejede sezewar bolýandygyny bellemek gerek. Şonuň üçin bazar ykdysady-

ýetini dolandyrmak babatynda diňe kadalaşdyrýan bazar gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy ýerliklidir.

**“Kadalaşdyrýan bazar gatnaşyklary”** diýen düşünje meseläniň düýp mazmunyny öz-özünden açyp görkezmeýär. Bu düşünjäniň esasynda gatnaşyklaryň üç sany özara baglanyşykly toparyny gurşap alýan ykdysady gatnaşyklar nusgasy göz öňüne getirilýär.

**Birinji topara** bazar gatnaşyklary degişli bolup, olar üçin satyjylaryň we satyn alyjylaryň erkin gözlenmegi, bäsdeşlik, nyrhlaryň degişli özgermesi häsiýetlidir.

**Ikinji topar** – bu ykdysady hadysalary döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak bilen baglanyşykly gatnaşyklardyr. Bu düzgünleşdiriş, ozaly bilen, ykdysady usullary ulanmak arkaly, hususan-da, salgyt, maliýe we karz syýasatlarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Gatnaşyklaryň **üçünji toparyna** durmuş goraglylyk ulgamy degişli bolup, ol hem köp dürlülik häsiýetine eýedir. Oňa, ozaly bilen, ilatyň mätäçlik çekýän gatlaklaryna hemaýat edilmegi, puluň hümmetsizlenmeginden, bazar ýagdaýynyň üýtgemeginden, işsiz galmak mümkinçiliginden goralmagy degişlidir.

Bazar mehanizmi düýbünden ulanylmaýan ykdysadyýetiň hiç ýerde ýokdugyny dünýä tejribesinden görmek bolýar. Diýmek, bazar ýoluna düşülmegi ykdysady ösüş boýunça öňde goýulýan maksatlara ýetmegiň guralydyr.

## §2. Bazar mehanizminiň esasy bölekleri

Islendik bazar, onuň anyk görnüşine bagly bolmazdan, üç sany esasy bölege daýanýar, olara nyrhlar, hyrydarlyk we hödürleme, bäsdeşlik degişlidir. Bazar mehanizminiň hut şu esasy bölekleri has jikme-jik seljerilip görülmegine mynasypdyr.

Bellenip geçilişi ýaly, olaryň birinjisi ***nyrhlardyr.*** Nyrhlaryň üýtgemegi öndüriji üçin tehnologik işiň ugruny saýlap almakda we önümçiligiň möçberini üýtgetmegiň zerurlygyny esaslandyrmakda nazarlanyş nokady bolup hyzmat edýär.

Bazar mehanizminiň ikinji elementi ***hyrydarlyk we hödürleme*** bolup durýar. Hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arasyndaky mynasybetiň üýtgemegi bazar nyrhlarynyň deňagramlylyk nyrhy diýilýäniniň

töwereginde üýtgäp durmagyna getirýär. Şol üýtgäp durmalaryň üsti bilen nyrhlaryň, hyrydarlygyň we hödürlemäniň deňeçerligi, ahyrsoňunda hem önümçiligiň we sarp edişiň deňeçerliginiň üpjün edilýän derejesi emele gelýär.

Üçünji bölegi ***bäsdeşlikdir.*** Her bir telekeçiniň maksady gazanylýan peýdanyň köp bolmagyndan, şonuň üçinem hojalyk işiniň geriminiň giňeldilmeginden ybaratdyr. Munuň özi gutulgysyz ýagdaýda telekeçileriň harytlary öndürmegiň we ýerleşdirmegiň has peýdaly şertleri ugrunda, önümçiligiň möçberleriniň artdyrylmagy ugrunda öň aralarynda göreşe girişmeklerine getirýär hem-de olar biri-birleri babatynda bäsdeş, ýaryşdaş bolup çykyş edýärler.

**Bäsdeşlik** bazar mehanizminiň zerur bölegidir. Emma onuň häsiýeti dürli-dürli bolýar, bu hem bazar deňagramlylygyny gazanmagyň usulyna düýpli täsir edýär.

## §3. Bazaryň düzüm birlikleriniň esasy kysymlary

Bazar bäsdeşligi häsiýetindäki tapawutlar bazaryň dürli düzüm birlikleriniň bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Olar biri-birlerinden şol bazarda hereket edýän subýektleriň sany we ululygy, olar tarapyndan satuwa çykarmak üçin öndürilýän önümleriň häsiýeti, bazara täze subýektleriň aralaşmak we ondan çykmak mümkinçilikleri bilen, şonuň ýaly-da, ykdysady çözgütleri kabul etmek üçin zerur bolan maglumatlaryň elýeterliligi bilen tapawutlanýarlar.

Bazar mehanizmi ***erkin we kämil bäsdeşlik şertlerinde*** has netijeli işleýär. Şonda bazardaky ýagdaý şu alamatlar bilen häsiýetlenýär:

- satyn alyjylaryň we satyjylaryň köp bolmagy;
- önümçilik şertleriniň ýokary derejedäki hereketjeňligi;
- bazara aralaşmakda we ondan çykmakda päsgelçilik bolmazlygy;
- satylýan önümleriň hiliniň bir (standartlaşdyrylan) bolmagy;
- ähli hojalyk subýektleri üçin bazar baradaky maglumatlara deň derejedäki elýeterliligiň bolmagy.

Eger kämil bäsdeşligiň ýekeje alamaty ýetmeýän hem bolsa, şonuň ýaly bazar düzümine ***kämil däl bäsdeşlik*** mahsusdyr. Kämil däl bäsdeşligiň üç sany esasy görnüşi tapawutlandyrylýar:

– ***sap monopoliýa*** – bazarda harydyň ýa-da hyzmatyň satyjysy ýeke-täk bir kärhana bolanda hem-de şol kärhananyň we degişli pudagyň çäkleri özara gabat gelen mahalynda ýüze çykýar;

– ***oligopoliýa*** – pudakda kärhanalaryň azsanlysy bar bolanda ýüze çykýar;

– ***monopolistik bäsdeşlik*** – bazarda dürlüleşen görnüşdäki önümleri öndürýän kärhanalaryň has köp sanlysynyň bolmagy bilen häsiýetlenýär.

Şeýlelikde, bazar düzüm birlikleriniň kysymyna bagly bolmazdan, olaryň kadaly işlemeginiň zerur şerti hojalyk gatnaşyklarynyň subýektleriniň ykdysady erkinligi we özbaşdaklygy bolup durýar.

## §4. Bazar mehanizminiň işleýşi

Bazar ykdysadyýetiniň işleýiş mehanizmi *üç sany esasy ýörelgä* esaslanýar:

- maržinal (aňryçäk) seljeriş;
- alternatiw saýlap alyş harajatlary;
- ykdysady taýdan rejelilik.

***Maržinal seljeriş ýörelgesiniň*** esasynda bazar subýektleriniň orta däl-de, aňrybaş ululyklarynyň aýgytly täsiri astyndaky özüni alyp baryşlary gurulýar. Maržinal çemeleşme bazar giňişliginiň işleýşiniň üznüksizligini üpjün edýär, hyrydarlygyň we hödürlemäniň mynasybetinde çürt-kesik üýtgäp durmalaryň mümkinçiligini aradan aýyrýar, haryt öndürijiler bilen sarp edijileriň arasyndaky ýagdaýyň deňagramly bolmagyna goltgy berýär.

***Alternatiw saýlap alyş harajatlary ýörelgesi.*** Alternatiw saýlap alyş harajatlary göni harajatlaryň we serişdeleri peýdalanmagyň ýa-da telekeçileriň işiniň beýleki usullaryndan ýüz öwrülmegi bilen baglylykda kemter alnan nepiň jemi hökmünde çykyş edýär. Bu ýörelge öndürijileri bar bolan serişdeleri has netijeli ulanmagyň ýollaryny agtarmaga mejbur edýär.

***Ykdysady taýdan rejelilik ýörelgesi*** görüljek nepiň we harajatlaryň deňeşdirilip görülmegine esaslanýar. Rejeli çözgüt özgerip durýan görnüşleriň hataryndan saýlanyp alynýar, olardan aňryçäk re-

jelisi harajatlaryň ýol berip bolýan iň aşak möçberine girdejiniň kepillendirilen mukdarynyň alynmagyny üpjün edýär. Rejelilik ölçegi girdeji almaga aýratyn hukugyň bolmagy bilen kesgitlenýär. Kärhanalar peýdany köpeltmäge çalyşýarlar, sarp edijiler bolsa maýalaryny çäkli peýdalanmak bilen bir hatarda, öz ýagdaýlaryny gowulandyrmaga ymtylýarlar.

Şonlukda, bazar ykdysadyýetiniň agzalyp geçilen ýörelgeler esasynda gurulmagy ýagdaýyň deňagramly bolmagyny gazanmaga mümkinçilik berýär. Munuň özi biri-birine gapma-garşy durýan iki sany güýjüň, ýagny bir tarapdan, hyrydarlygyň we hödürlemäniň, beýleki tarapdan – bazar nyrhlarynyň peýdalanylmagyna esaslanýan bazar mehanizminiň esasy meselesidir.

## §5. Bazar gatnaşyklaryny kadalaşdyrmagyň mehanizmi

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde harytlary we hyzmatlary öndürmegiň tölege ukyply hyrydarlyga görä düzgünleşdiriş mehanizmi şu düzüm böleklerini öz içine alýar:

- öndürijiler tarapyndan bazarda sarp edijilere satmak üçin haryt önümçiligi;
- haryt eýeleriniň eýeçilik hukugy;
- harytlaryň hyrydarlygyň we hödürlemäniň mynasybeti boýunça bellenilýän bazar nyrhlary;
- sarp edijileriň tölege ukyply hyrydarlygy;
- bazarda hyrydarlygy kanagatlandyrmak üçin harytlaryň hödürlenmegi;
- harytlary meýletin alyp-satmak boýunça gepleşikler;
- bazara gatnaşyjylaryň aralaryndaky erkin bäsdeşlik;
- bazardaky “oýun düzgünleriniň” jemgyýetiň ilerleýjilikli ösmeginiň hatyrasyna döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagy.

Satyjylaryň aralarynda bäsdeşlik näçe güýçli bolsa, has ýokary hilli harytlaryň we hyzmatlaryň hödürlenilişi satyn alyjylaryň tölege ukyply hyrydarlygyndan şonça-da agyşýar, bazar nyrhy bolsa aşaklaýar. Elbetde, bu önümçiligiň azaldylmagyna getirýär. Tersine, satyjylaryň aralaryndaky bäsdeşlik gowşan mahalynda, tölege ukyply

hyrydarlyk gytçylygyny emele getirmegi we harytlaryň hiliniň peselmegi üçin şert döretmek bilen, harytlaryň hödürlenilişinden agdyk gelip başlaýar. Netijede, nyrh ýokarlanýar, pes hilli önümleriň we hyzmatlaryň öndürilmegi amatly bolýar, şeýle ýagdaý belli bir wagt dowam edýär we soňra üýtgeýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Bazar sözüniň giň we dar manylaryndaky nähili düşünjelerini bilýärsiňiz?
**2.** Ykdysady gatnaşyklar nusgasy üç sany özara baglanyşykly toparyny gurşap alýar. Bu barada aýdyp beriň.
**3.** Bazar mehanizminiň nähili esasy bölekleri bar?
**4.** Bazar mehanizminiň esasy bölekleri barada gürrüň beriň.
**5.** Bazar düzüminiň nähili esasy görnüşleri bar?
**6.** Bazar ykdysadyýetiniň işleýiş mehanizmi nähili esasy ýörelgä esaslanýar?
**7.** Bazar ykdysadyýetiniň işleýiş mehanizminiň esasy ýörelgeleri barada gürrüň beriň.
**8.** Bazar gatnaşyklaryny kadalaşdyrmagyň mehanizminiň düzüm bölekleri barada aýdyp beriň.

# XII. TÜRKMENISTANYŇ BAZAR YKDYSADYÝETINIŇ MILLI NUSGASY

## §1. Maksatlar we wezipeler

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bazar ykdysadyýetini we netijeli işleýän Garaşsyz döwleti hemmetaraplaýyn ösdürmek we pugtalandyrmak wezipesinden möhüm wezipe tapylmasa gerek. Häzir Türkmenistan ykdysadyýet ýolunyň çatrygynda durýar, şoňa görä-de, ol özüniň ykdysady ýolunyň nähili bolmalydygyny özi kesgitlemelidir. Bu ýerde nämäni ileri tutmaly? Bazar ykdysadyýetiniň haýsy nusgasynyň biziň Garaşsyz we Bitarap diýarymyz üçin amatlydygyny bilmek gerek. Şol sebäpli, Türkmenistan öz ýoluny gutarnykly saýlap-seçip almalydyr we özüniň ösüş ugrunyň maksatlaryny kesgitlemelidir.

*Şu günki maksat* – munuň özi jemgyýetiň ähli ugurlarynda garaşsyzlygymyzyň pugtalandyrylmagyny, ýurdumyzyň ykdysady, durmuş we syýasy mümkinçilikleriniň ösdürilmegini gazanmakdyr.

*Geljekki maksat* – munuň özi demokratik we dünýewi döwlet gurmakdyr hem-de ýakyn ýyllaryň içinde iň öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna goşulmakdyr. Munuň özi bütinleý täze jemgyýet bolup, biziň halkymyzyň şonuň ýaly jemgyýeti gurmaga tarap öz ýoly bilen barmagydyr.

Bu maksat umumadamzat kadalary we ýörelgeleri, milliligimiziň taryhy taýdan emele gelen sütünleri bilen baglanyşyklydyr. Aslyýetine garanyňda, dünýäniň ösüp barýan her bir döwletiniň öňünde ösüşe we rowaçlyga tarap barýan amatly ýoly tapmak wezipesi durýar. Şu günki däp-dessurlar dünýä ösüşiniň umumy ýoly bolup hyzmat edýär we häzirki Türkmenistanyň geljekki ösüşi bolsa şuňa doly laýyk gelýär.

**Ykdysady maksat**. Türkmenistany ösdürmegiň maksady ilatyň jan başyna düşýän, hasap boýunça, jemgyýetçilik önüminiň öndürilişini artdyrmakdan, ýagny hakyky önümi köpeltmekden ybaratdyr, munuň özi, elbetde, halkyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna, maddy bolçulygynyň artmagyna getirer. Bu bolsa täze islegleri kanagatlandyrmaga ýardam eder, ýurduň içinde-de, halkara derejesinde-de durmuş-ykdysady meseleleri göwnejaý çözer.

Ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetiniň öňünde şunuň ýaly belli bir maksada gönükdirilen meseläniň goýulmagy birnäçe wezipäniň çözülmegini hem talap edýär: Bu wezipeler kanunçylyk namalarynyň birgidenini işläp taýýarlamakdan, durnuklylyk we bazar ykdysadyýetine geçiş wezipesini çözmekden, düzgünleşdiriji ulgamy döretmekden we ony netijeli peýdalanmakdan, ilatyň durmuş goraglylygyny üpjün etmegiň anyk ulgamyny işläp taýýarlamakdan, biržalary, firmalary, habar beriş-täjirçilik merkezlerini we beýleki gulluklary guramak üçin şertleri döretmekden, käbir yzagalaklygy ýeňip geçmekden, zähmetiň medeniýetini we düzgün-nyzamyny ýokarlandyrmakdan, önüm öndürmegi we ýerleşdirmegi guramagyň ýokary derejesini üpjün etmekden, zähmetiň pudaklaýyn bölünişiniň deňagramlygyny göwnejaý ýola goýmakdan ybaratdyr.

## §2. Şertler we aýratynlyklar

Islendik ýurduň bazar ykdysadyýetini döretmek we ony işletmek, esasan, şu aşakdaky şertleriň kömegi bilen üpjün edilýär:

• gymmat kanunyny we haryt-pul gatnaşyklaryny peýdalanmak;
• demokratiýany we aýanlygy yzygiderli giňeltmek;
• eýeçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmek;
• önümçilik birleşiginiň görnüşini doly ykrar etmek;
• adamy ykdysady we durmuş taýdan goramak;
• köpçüligiň bähbitlerini aramak we höweslendirmek;
• şahsyýetiň hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmek;
• her kimiň ukybyna görä, her kimiň zähmetine görä diýen ýörelgäni ornaşdyrmak;
• jemgyýetçilik durmuşyna köpçüligiň demokratik esasda gatnaşmagyny üpjün etmek;
• öndürijiler bilen sarp edijileriň arasynda göni we gytaklaýyn gatnaşyklary ornaşdyrmak;
• öndüriji güýçleri ösdürmegiň ýokary derejesini gazanmak;
• döwlet we jemgyýetçilik işlerini dolandyrmaga köpçüligi işeňňir gatnaşdyrmak.

Jemgyýetiň bazar ykdysadyýetini döretmegiň we ösdürmegiň şertleri dürli ýollar bilen üpjün edilýär, bu şertler dürli görnüşlerde ýüze çykyp, wagt taýdan bir meňzeş bolmadyk çäklerde amala aşyrylýar, bu bolsa dürli ýurtlaryň we halklaryň durmuş-ykdysady, syýasy, medeni ösüşiniň taryhy taýdan emele gelen aýratynlyklary bilen iňňän ýakyndan baglanyşyklydyr. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçýän mahalynda ýerli şertleri we milli aýratynlyklary nazarda tutmak zerurdyr, çünki, her bir halkyň taryhy däpleri, milli aýratynlyklary, ykdysady gurluşynyň aýratynlyklary hem bardyr. Munuň özi Türkmenistana hem degişlidir. Biziň bazar hojalygy meselesinde öz nusgamyzyň bolmagy gerek. Munuň özi öňdebaryjy we ösen ýurtlardaky ýaly, entek şeýle bir netijeli bolmasa-da, ilatyň galapyn bölegi üçin düşnükli we oňa ýakyn bolan nusgamyzyň, özem halkyň pelsepesine laýyk gelýän nusgamyzyň bolmagy gerek diýildigidir.

Ýurdumyzda türkmen halkynyň döwletliligi berkidilmelidir, jemgyýetiň syýasy ulgamy yzygiderli kämilleşdirilmelidir, milli ba-

zar gatnaşyklaryna geçiş döwründe ykdysadyýetimiz durnuklaşdyrylmalydyr, şonuň ýaly-da, önümçiligiň düzümi we dolandyryşyň guralyşy düýpgöter üýtgedilmelidir, hökmürowanlyk ýeňlip geçilmelidir, çig malyň eksport edilişi üýtgedilmelidir, birinji nobatda, önümçilik serişdelerini öndürýän pudaklarda bazar ykdysadyýetine geçilmelidir.

## §3. Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetiniň milli nusgasynyň döwürleri

Garaşsyz we Bitarap döwletimiziň milli bazar nusgasy öz içine üç döwri alýar: geçiş döwri, bazar ykdysadyýetini döretmek döwri, jemleýji döwür.

***Geçiş döwri.*** Bu döwrüň esasy mazmuny syýasy jähtden garaşsyzlygymyzy doly pugtalandyrmakdan, jemgyýetde syýasy durnuklylygy üpjün etmekden, bir jemgyýetden başga bir jemgyýete geçilende, döwlet gözegçiligini we demokratiýany üpjün edýän güýçli häkimýet syýasatyny ýöretmekden, oňyn (pozitiw) bitaraplyk we hoşniýetli daşary syýasaty ýöretmekden, jemgyýetiň ykdysady, durmuş we syýasy mümkinçiligini ösdürmekden ybaratdyr.

Bu döwürde jemgyýetimiz bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçýär. Munuň özi köne ülňülerden ýüz öwürmek, ykdysadyýeti ösdürmegiň özümize ýat bolan nusgalaryndan el çekmek şertlerinde bolup geçýär. Şu döwürde jemgyýetiň işiniň we adamlaryň ýaşaýyş şertleriniň üzül-kesil üýtgemeginiň zyýanly netijeleri gowşadylýar, şoňa görä-de, ykdysady babatda birgiden çäreler ulgamyny durmuşa geçirmek milli hojalygynyň ösüşini durnuklaşdyrmak, býujet ulgamynyň bitewüligini üpjün etmek, maliýe ýagdaýyny we pul aýlanyşygyny sagdynlaşdyrmak, döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak, ýer özgertmelerini geçirmek, bank ulgamyny üýtgedip guramak, haryt-pul deňagramlylygynyň şertlerini gowulandyrmak, özara üpjünçilikleri durnuklaşdyrmak we önümçiligi giňeltmek, maliýe-karz ulgamyny kämilleşdirmek, ilatyň pul girdejilerini we çykdajylaryny deňleşdirmek, daşary ykdysady aragatnaşyklary durnuklaşdyrmak, sarp ediş bazaryny dikeltmek we kadalaşdyrmak, ýurdumyzyň bitewi bazar ulgamyny döretmek üçin şertleri üpjün etmek zerurdyr.

Geçiş döwründe hümmetsizlenmäni peseltmek baradaky maksatnamany işläp düzmek, GDA ýurtlarynyň arasynda özara hasaplaşyklaryň düzgünlerini ýola goýmak, daşary ýurt maýa goýumlaryny we täze tehnologiýany ulanmak baradaky çäreleri kämilleşdirmek, ykdysadyýeti dolandyrmagy ymykly üýtgedip guramak meýilnamasyny kabul etmek, ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny ykdysadyýete ornaşdyrmak hem zerurdyr.

Bu döwürde bazar gurluşynyň aýry-aýry bölekleri hereket edip başlaýar, ykdysady ösüş üçin esas döreýär, içerki höwes emele gelýär, jemgyýetiň ýaşaýyş derejesi durnuklaşyp, ýokarlanyp ugraýar.

***Bazar ykdysadyýetini döretmek döwri.*** Bu döwürde sarp ediş harytlarynyň we önümçilik serişdeleriniň bazarynyň durnuklaşdyrylmagyny gazanmak, bazar gatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn ösdürmek we hojalygyň aragatnaşyk ulgamyny ýola goýmak gerek.

Ýurdumyzda bazar ykdysadyýetiniň döredilmegi birgiden maksatlaryň durmuşa geçirlimegini, ýagny makroykdysadyýeti durnuklaşdyrmagy, ýurduň kanunlaryna laýyklykda eýeçiligi hususylaşdyrmagy, ykdysady we durmuş syýasatynyň güýçlendirilmegini, ýer özgertmeleriniň geçirilmegini, sarp ediş harytlarynyň öndürilşiniň artdyrylmagyny, ykdysadyýetiň eksport esasyny pugtalandyrylmagyny, uzak möhletli häsiýetdäki düzüm özgerişlikleriniň geçirlimegini, daşary ýurtlaryň hususy maýa goýumlarynyň çekilmegini we içerki maýa goýumlaryň höweslendirilmegini, daşary söwdanyň we ykdysady gatnaşyklaryň erkinleşdirilmegini talap edýär.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüniň bu tapgyrynda Türkmenistanyň netijeli bazar ykdysadyýeti döräp, ol bazarlar ulgamyny, ýagny serişdeler bazaryny, önümçilik serişdeleriniň bazaryny, ýaşaýyş jaý bazaryny, harytlar we hyzmatlar bazaryny, maliýe bazaryny, gymmatly kagyzlar bazaryny, maýa goýumlar bazaryny, walýuta bazaryny, ylmy-tehniki işläp düzmeler bazaryny öz içine alýar. Şonda bazaryň düzümi dörär we işläp ugrar.

***Jemleýji döwür.*** Bu döwürde ýurduň ykdysadyýeti we maliýe ýagdaýynyň durnuklaşdyrylyşy öňküsinden-de pugtalanar, sarp ediş bazary gowulanar, bäsleşikli bazar dörär, bazaryň öz-özüni kadalaşdyrýan we bazar üçin mahsus bolan düzgünleri işläp başlar.

Jemleýji döwürde erkin haryt öndürijiler dörär, sarp ediş bazary kadalaşar, nyrhlara gözegçilik aýrylar, berk maliýe-karz syýasaty ýörediler, ykdysadyýeti hökmürowanlaşdyrmaklyk, eýeçiligi hususylaşdyrmaklyk çalt depginler bilen öňe gider, bäsleşik we telekeçilik güýçlener, bazar gurluşynyň amatlylyklary öser, durmuş syýasaty we ilaty iş bilen üpjün etmek syýasaty dowam etdiriler.

Bu döwürde esasy ugur ýurdy durmuş, innowasiýa we ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdiriler, durmuş we ylmy-önümçilik taýdan öňe sürülýän pudaklar öser, düzüm syýasaty ýola goýlar, bilim we medeniýet öser, durnukly maliýe we pul ulgamy üpjün ediler, ilatyň saglygynyň we tebigy gurşawyň goralyşy güýçlendiriler.

Emma bulara garamazdan, bu döwürde-de käbir meseleleriň ýeterlik derejede çözülmän galmagy mümkindir. Şol meseleleriň arasynda harytlaryň öndürilişini doly artdyrmak meselesi, ilaty iş bilen doly üpjün etmek meselesi bolar. Bu meseleler ençeme ýyllar bäri ABŞ-da-da, Ýaponiýada-da, dünýäniň beýleki öňdebaryjy ýurtlarynda-da doly çözülmän gelýär. Türkmenistanda bolsa bu meseleleri çözmek üçin ähli şertler we mümkinçilikler bolar.

**Netije:** şan-şöhraty Ýer ýüzünde ykrar edilen Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň häzirki barýan ýoly XXI asyrda bazar ykdysadyýetli demokratik, hukuk, dünýewi döwleti, ýagny önümçiligiň ýokary netijeli işlemegini, halkyň ýaşaýyş derejesini dünýä ülňüleriniň derejesine ýetirmegi, durmuş adalatlylygyny üpjün etmek, ekologiýanyň has ýiti meselelerini çözmäge ukyby boljak döwleti gurmaga mümkinçilik berer.

## §4. Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň matematiki nusgasy

Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň matematiki nusgasyny gysgaça aşakdaky ýaly şekilde görkezmek mümkindir:

**1.** Türkmenistanyň ösüşiniň ykdysady maksady – jemi içerki önümiň jan başyna düşýän mukdarynyň ýokarlandyrylmagy, ýagny hakyky önümiň artmagy ýaşaýyş derejesiniň gowulanmagyna getirýär, maddy bolçulyk ýokarlanýar we çykdajy azalýar. Bu bolsa täze islegleri kanagatlandyrýar, ýurduň çäginde we halkara derejesinde durmuş-ykdysady meseleleri çözýär.

**2.** Bu matematiki nusga ýurduň ykdysady ösüşiniň esasy görkezijilerini kesgitlemek üçin, şeýle hem milli ykdysadyýetiniň her bir pudagy üçin niýetlenendir. Ösüşiň esasy görkezijileriniň depginli üýtgemegini, jemi içerki önümiň, milli girdejini, sarp ediş gaznasyny, şeýle hem gaznanyň göwrümini, kadalaryň ösüşini we başgalaryň düzüm häsiýetnamalarynyň görkezijilerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

**3.** Matematiki nusgada birnäçe görkezijiler, ýagny gaznanyň ösüşi, sarp ediş, jemi içerki önüm, gaznanyň göwrümi we maddy göwrüm ýaly görkezijiler ulanylýar. Bu görkezijileriň ählisi ösüşi sazlamagyň amatly görnüşini tapmaga mümkinçilik berýär.

**4.** Matematiki nusganyň maksady iň amatly görkeziji hökmünde sarp ediş gaznasynyň ösüşini ulanmakdyr, muny şu aşakdaky deňlemäniň üsti bilen görkezmek bolar:

$$\sum_{i=1}^{n} (1+\alpha)^{-i} \Phi_{ni} \to \mathbf{max.}$$

Bu ýerde: $\boldsymbol{i} = 1, 2, 3 \ldots \boldsymbol{n}$; $\boldsymbol{\Phi}_n$ – sarp ediş gaznasy; $\boldsymbol{\alpha}$ – wagtlaýynça diskontirowkanyň koeffisiýenti.

**5.** Şu şertlerde:

a) $\Phi_t^i = \Phi_e^i$,

bu ýerde: $\boldsymbol{\Phi}_t^i$ – toplanýan gaznasy deňdir; $\boldsymbol{\Phi}_e^i$ – esasy önümçilik gaznalarynyň ösüşine.

b) $\boldsymbol{\beta_i \gamma_i (\Phi_{ti} + \Phi_{ni}) = \Phi_{oi}}$,

bu ýerde: $\boldsymbol{\beta}_i$ – jemi jemgyýetçilik önüminiň koeffisiýenti; $\boldsymbol{\gamma}_i$ – esasy gaznalaryň ösüşiniň beýleki bölegine jemi jemgyýetçilik önüm bilen sarp ediş gaznasy goşulýar; $\boldsymbol{\Phi}_{oi}$ – esasy önümçilik gaznalarynyň bahasy.

ç) $\Phi_{ni} = \dfrac{T_i}{1+T_i} \cdot \dfrac{1}{\beta_i \cdot \gamma_i} \cdot \Phi_{oi}$,

bu ýerde $\boldsymbol{T}_i$ – görkezýän dolandyrylyşy:

$$T_i = \frac{\Phi_t^i}{\Phi_n^i};$$

d) $\Phi_{ni} = \frac{1}{1+T_i} \cdot \frac{1}{\beta_i \cdot \gamma_i} \cdot \Phi_{oi};$

e) $T < T_i < \varphi,$

bu ýerde: $T$ we $\varphi$ – görkeziji dolandyrylyşynyň goýberilýän aşaky we ýokarky çäkleri.

ä) $\sum_{i=1}^{n} \Phi_{ni} = \sum T^i \Phi_t^i,$

bu ýerde: $T^i < 0$, onda $i = T + 1,\ldots n$; $T^i > 0$ onda $i = 0, 1, 2, 3,\ldots n$.

**6.** Hödür edilýän bu matematiki nusga ýurduň ykdysady ösüşiniň mazmunyny doly manysynda düşündirenok, ýöne ol ýurduň ykdysady we durmuşyň ösüşiniň geljekki ugruny, milli ykdysadyýetiniň hökmany deňagramlylygyny düzmäge, ylmy-tehniki ösüşi çalt depgin bilen ösdürmäge, düzüm we maýa goýum syýasatynyň dolandyrylyşynyň netijeliligini, ýokary hilliligini, innowasiýanyň girizilmegini, sebit pudaklarynyň arasyndaky gatnaşyklaryny ýola goýmaga, Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň deňagramlylygyny üpjün etmäge ýardam edýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetiniň milli nusgasy haýsy maksatlary amala aşyrmagy göz öňünde tutýar?
**2.** Göz öňünde tutulan maksatlara ýetmek üçin nähili wezipeleri ýerine ýetirmeli?
**3.** Ýurduň bazar ykdysadyýeti haýsy şertler bilen kesgitlenýär?
**4.** Bazar ykdysadyýetine geçmegiň nähili aýratynlyklary bar?
**5.** Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçişini häsiýetlendiriň.
**6.** Geçiş döwrüň esasy mazmuny nämeden ybarat?
**7.** Ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüniň ýola goýluşyny düşündiriň.
**8.** Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetiniň jemleýji döwrüni nähili kesgitläp bolýar?
**9.** Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň matematiki nusgasy barada düşünje beriň.
**10.** Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetiniň milli nusgasyny häsiýetlendiriň.

# XIII. TÜRKMENISTANYŇ PUL-KARZ ULGAMY WE ONUŇ WEZIPELERI

## §1. Pul-karz ulgamy we onuň wezipeleri

Önümçiligiň we telekeçiligiň ösmegine pul-karz ulgamy uly täsir edýär. Ol ýurtda pul aýlanyşygyny guramagyň görnüşi bolup çykyş edýär. Pul ulgamynyň iň möhüm düzüm böleklerine aşakdakylar degişlidir:

1) *milli pul birligi* – onda harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlary aňladylýar. Türkmenistanda 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan mili pul birligi hökmünde *manat* aýlanyşyga girizildi. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bolsa manadyň *denominasiýasy*, ýagny onuň nominal hümmetiniň üýtgedilmegi geçirildi. Şonuň netijesinde milli pul birliginiň bellenilen (narisatel) hümmeti güýçlendi, töleg dolanyşygy ýeňilleşdi;

2) kanunçylyga laýyklykda nagt dolanyşykda töleg serişdesi bolup hyzmat edýän *kagyz pullaryň we şaýy pullaryň ulgamy*;

3) *pul emissiýasynyň ulgamy*, ýagny puly aýlanyşyga goýbermegiň kanunçylyk bilen berkidilen tertibi;

4) pul aýlanyşygyna dahylly meseleleri alyp barýan *döwlet edaralary.*

Pul aýlanyşygy ulgamynyň iki sany esasy kysymy bar:

- metal pullaryň aýlanyşyk ulgamy;
- karz pullaryň we kagyz pullaryň aýlanyş ulgamy.

Bazar ykdysadyýetine geçilýän şertlerde karzlaşdyrmak uly ähmiýete eýe bolýar, sebäbi edara-kärhanalar, guramalar, firmalar, telekeçiler we şahsy taraplar dürli amallary ýerine ýetirmek üçin banklar bilen aragatnaşykda bolýar. Türkmenistanyň kada-kanunlaryna laýyklykda, banklar wagtlaýyn ulanylmaýan (boş) pul serişdelerini belli maksatlara niýetlenen, anyk möhlete, karzy yzyna göterim bilen gaýtarmak we üpjünçilik şerti bilen mätäç bolan müşderilere ulanmaga berýärler. Ykdysady edebiýatda şol pul serişdelerine karz (ssuda) diýilýär.

“Karz” diýen söz latin sözünden terjime edilende, “ynanç” diýen manyny aňladýar. Şol sebäpli bankyň esasy ýerine ýetirýän wezipesi

*karz (ssuda),* ýagny wagtlaýyn boş pul serişdelerini jemlemek we ony isleg bildirýän ynamly, abraýly ýuridik we fiziki taraplara karz ýörelgeleri esasynda peýda alynýar.

Häzirki zaman bazar ykdysadyýetinde “karz” düzünjesi puluň telekeçilere yzyna gaýtaryp bermek, peýdalanylandygy üçin karz alyjynyň karz berijä göterim tölemek şerti bilen belli bir möhletli hereketine düşünilýär.

Bazar ykdysadyýetinde karz möhüm wezipeleriň birnäçesini ýerine ýetirýär.

**Birinjiden,** karz jemgyýetçilik önümçiliginiň çygryny ýurtdaky bar bolan nagt pullaryň mukdary bilen kesgitlenýän çäkden has giňeldýär;

**Ikinjiden,** karz gaýtadan paýlaýyş wezipesini ýerine ýetirýär. Şol mynasybetli hususy süýşürintgiler, kärhanalaryň erkin pul serişdeleri, döwletiň girdejileri karz (ssuda) maýasyna öwrülýär we ykdysadyýetiň düşewüntli ýaýrawlaryny maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

**Üçünjiden,** karz aýlanyşyk çykdajylarynyň tygşytlanmagyna ýardam edýär. Onuň ösüşiniň barşynda bank hasaplaryndan we goýumlaryndan peýdalanmagyň dürli serişdeleri ýüze çykýar, nagt däl pul dolanyşygy öňürdip ösýär, pul akymlarynyň aýlanyş tizligi ýokarlanýar.

**Dördünjiden,** karz maýanyň bir ýere jemlenmegini we merkezleşmegini çaltlandyryş wezipesini ýerine ýetirýär. Ol bäsdeşlik göreşinde işjeň peýdalanylýar, kärhanalaryň biri-birlerine goşulyşmak hadysasyna itergi berýär.

Bazar hojalygynda karzyň görnüşleri dürli-dürlüdir.

*Täjirçilik karzy* – kärhanalar, birleşikler we beýleki hojalyk subýektleri tarapyndan biri-birlerine haryt görnüşinde gaýra süýşürmek arkaly berilýär.

*Bank karzy* – maliýe – karz edaralary (banklar, gaznalar, assosiasiýalar) tarapyndan islendik hojalyk subýektlerine pul serişdeleri berilýär.

*Sarp ediş karzy* – fiziki şahslara belli bir möhlet bilen uzak wagtlap ulanylýan sarp ediş harytlaryny satyn almak üçin pul serişdeleri berilýär.

*Ipoteka karzy* – gozgalmaýan emlägi girewe goýmak arkaly uzak möhletli ulanmaga pul serişdeleri berilýär.

*Döwlet karzy* – döwlet pul serişdeleriniň karz berijisi bolup, ilat ýa-da hususy telekeçiler bolsa karz alyjy bolup çykyş edýän mahalyndaky karz gatnaşyklarynyň ulgamy.

*Halkara karzy* – pul serişdeleri dürli ýurtlaryň halkara maliýe-pul gatnaşyklary ýaýrawyndaky hereketini gurşap alýar. Şonda karz berijiler we karz alyjylar bolup, banklar, hususy kärhanalar, döwlet, halkara guramalary we ş.m. çykyş edýär.

## §2. Karz-bank ulgamy

Häzirki zaman karz-bank ulgamy uzak döwürdäki taryhy ösüşiň we karzlaşdyryş edaralarynyň bazar ykdysadyýetiniň hajatlaryna uýgunlaşmagynyň netijesi bolup durýar. Institusional nukdaýnazardan karz-bank ulgamy döwlet tarapyndan ykdysadyýeti düzgünleşdirmek üçin işjeň peýdalanylýan pul-maliýe edaralarynyň toplumydyr.

Häzirki zaman karz ulgamynda üç sany esasy dereje, ýagny Merkezi bank, täjirçilik banklary we ýöriteleşen karz-maliýe edaralary bölünip çykýar.

Karz ulgamynyň ***birinji derejesi*** Merkezi bank bolup, ol möhüm wezipeleriň birnäçesini ýerine ýetirýär. Şol wezipeleriň arasynda aşakdakylary aýratyn görkezmek bolar:

- bank biletleriniň aýlanyşyga goýberilmegi (emissiýa wezipesi);
- döwletiň gyzyl pul ätiýaçlyk gorlarynyň saklanmagy;
- beýleki karz edaralarynyň ätiýaçlyk gorlarynyň saklanmagy;
- ykdysadyýetiň pul-karz düzgünleşdirilişiniň amala aşyrylmagy;
- täjirçilik banklarynyň karzlaşdyrylmagy we döwlet edaralaryna kassa hyzmatlarynyň edilmegi;
- hasaplaşyklaryň we pul geçirme amallarynyň geçirilmegi;
- karzlaşdyryş edaralarynyň işine gözegçilik edilmegi.

Karz ulgamynyň ***ikinji derejesine*** täjirçilik banklary degişli bolup, olar fiziki we ýuridik şahslar hökmündäki müşderiler bilen gösgöni iş salyşýarlar. Täjirçilik banklarynyň hyzmatlarynyň arasynda şu görnüşler bölünip çykarylýar:

– göni karzlaşdyryş, ýagny gaýtaryp bermek, töleglilik we möhletlilik şertlerinde ssuda berilmegi;

– bank maýa goýumlary, ýagny bank tarapyndan paýnamalaryň, obligasiýalaryň satyn alynmagy;

– lizing, ýagny dürli görnüşdäki emlägiň we enjamlaryň bankyň arada durmagyndaky kärendesi;

– faktoring, ýagny müşderiniň algysynyň hasapdaky pulunyň haýal etmän ýa-da bergi üzüldigiçe inkasso edilmegi;

– trast amallary, ýagny müşderiniň maýasyny dolandyrmak boýunça amallar.

Karz ulgamynyň ***üçünji derejesine*** ýöriteleşen karz-maliýe edaralary – pensiýa gaznalary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, maýa goýum we ipoteka banklary, karz-süýşürintgi assosiasiýalary we ş.m. degişlidir. Olar özlerinde köp möçberlerdäki pul serişdelerini jemleýändikleri üçin pul syýasatyna uly täsir edýärler.

Ykdysadyýetiň kadaly işlemegi üçin bank ulgamynyň durnukly bolmagy zerurdyr. Bank ulgamynyň işlemeginiň bozulmagyna getirýän sebäplere şular degişlidir:

• milli puluň hümmetiniň durnuksyz bolmagy;
• Merkezi bankyň şowsuz karz-pul syýasaty;
• paýhassyz salgyt syýasaty;
• depozitleri ätiýaçlandyryş ulgamynyň bolmazlygy.

Karz-bank ulgamyny durnuklaşdyrmagyň çärelerine şular degişlidir:

• bank kanunçylygynyň kämilleşdirilmegi;
• iň aşak bank ätiýaçlyklarynyň derejesiniň we hasaba alyş stawkasynyň derejesiniň laýyk getirilmegi;
• karz-bank hyzmatlarynyň täze görnüşleriniň ösdürilmegi we karz bazarynyň sygymynyň düzgünleşdirilmegi.

## §3. Banklar we olaryň ýerine ýetirýän amallary

Häzirki zaman ykdysadyýetinde *bank* kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň wagtlaýyn boş pul serişdelerini özüne çekmek hemde jemlap, töleglilik we möhletlilik şertleriň esasynda karz bermek,

şonuň ýaly-da töleg geçirmek, puly we gymmat kagyzlary aýlanyşyga goýbermek boýunça amallary ýerine ýetirýän maliýe-karz edarasydyr.

Türkmenistanyň ösen bank ulgamynyň emele gelmegini çaltlandyrmak maksady bilen, şeýle-de “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda” bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny” tassyklady.

Bu maksatnamada ýurduň bank ulgamyny tapgyrlaýyn ösdürmek hem-de pul-karz we walýuta syýasatyny döwrelaýyk amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Ykdysady ulgamda üstünlikli geçirilen özgertmeler, ýagny milli pulumyzyň daşary ýurt puluna bolan gatnaşygynyň ýeke-täk hümmetine geçirilmegi we denominasiýanyň amala aşyrylmagy ýurdumyzyň maliýe durnuklylygyny gazanmaga we maýa goýum işjeňliginiň tijenmegine getirdi hem-de Türkmenistanyň maliýe we bank ulgamyny mundan beýläk-de özgertmäge esas döretdi. Bank kanunçylygyny kämilleşdirmek maksady bilen, “Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda”, “Karz edaralary we bank işi hakynda”, “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” kanunlar kabul edildi.

Türkmenistanda häzirki döwürde Türkmenistanyň Merkezi banky we bellige alnan karz edaralarynyň 13 sanysy, şol sanda 7 sany döwlet täjirçilik banky, 4 sany paýdarlar täjirçilik banky, 2 sany daşary ýurt maýasynyň gatnaşygyndaky banklar (banklaryň ýerlerdäki şahamçalarynyň sany 139, daşary ýurt pulunyň alyş-çalyş nokadynyň sany 183, olaryň 11 sanysy gije-gündiziň dowamynda işleýär) hereket edýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna Türkmenistanyň “Rysgal” paýdarlar-täjirçilik banky (ykdysadyýetiň hususy bölegine degişli) we Türkmenistanyň “Döwlet ösüş banky” açyldy.

*Türkmenistanyň banklary* ýerine ýetirýän amallary boýunça döwlet täjirçilik banklardan, paýdarlar täjirçilik banklardan, daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryndan we daşary ýurt wekilliklerden düzülýär.

Banklar passiw we aktiw amallary ýerine ýetirýär. Passiw amallar arkaly olar pul serişdelerini (resurslary) ýygnaýarlar. Aktiw amallaryň üsti bilen bolsa, olary ýerleşdirýärler.

*Bankyň serişdeleri (resurslary)* onuň öz serişdeleriniň we çekilen serişdeleriň hasabyna emele gelýär.

*Bankyň öz serişdeleri* – paýdarçylyk we ätiýaçlyk maýasy, şonuň ýaly-da paýlanmadyk peýdadan ybaratdyr.

Bankyň resurslarynyň esasy bölegi goýumlar (depozitler), şonuň ýaly-da kontokorrent we baglanyşdyryjy hasaplardaky pullar görnüşinde bolýar.

*Depozitler (goýumlar)* bankyň müşderileriniň süýşürintgilerden başga ähli möhletli we möhletsiz goýumlarydyr. Olar iki görnüşde, ýagny "talap edilýänçä" diýilýän we "möhletli hasaplar" görnüşinde bolýar.

*Kontokorrent* (italýan sözi bolup, "*gündelik hasap*" diýmegi aňladýar) – bankyň müşderi bilen ähli amallarynyň hasaby ýöredilýän bitewi hasapdyr.

## §4. Pul-karz syýasatynyň gurallary

***Pul-karz syýasaty*** Merkezi bank tarapyndan karzyň we pul aýlanyşygynyň ýagdaýyna meýilleşdirilen täsir etmek arkaly işewürlik derejesini düzgünleşdirmek maksady bilen geçirilýän özara baglanyşykly çäreleriň toplumydyr.

***Merkezi bank*** pul-karz syýasatyny durmuşa geçirmekde esasy hyzmaty ýerine ýetirýär. Şonluk bilen, ol ykdysady ösüş üçin amatly şertleri üpjün etmäge ymtylýar we ykdysady ösüşiň depginlerini düzgünleşdirmek, döwürleýin gaýtalanýan üýtgäp durmalary ýumşatmak, puluň hümmetsizlenmegini bökdemek, daşary ykdysady aragatnaşyklaryň deňagramlylygyny gazanmak ýaly anyk maksatlara eýerýär.

Döwletiň Merkezi bankynyň pul-karz syýasatynyň iňňän möhüm gurallary şulardyr:

***1. Maýa goýumlarynyň ösüşini çäklendirmek.*** Merkezi bank täjirçilik banklary tarapyndan amala aşyrylýan karz goýumlarynyň

ösüşini çäklendirýär. Ol belli bir wagtyň dowamynda karz amallarynyň üstünden geçýän pullaryň ýokarlanmagynyň täjirçilik banklary üçin göterim kadalaryny belleýär.

***2. Hasaba alyş-diskont we lombard syýasatlary.*** Olar ulanylan mahalynda Merkezi bank ýurduň beýleki banklarynyň esasy karzlaşdyryjysy bolup çykyş edýär. Ol banklardaky aýlanyşykda duran wekseller gaýtadan hasaba alnan mahalynda karzlary berýär, munuň özi diskont syýasaty bolýar; banklaryň gymmatly kagyzlarynyň girewine alnyp karz berilmegi bolsa lombard syýasatydyr.

Karzlar boýunça Merkezi bank tarapyndan kesgitlenýän göterim derejesine resmi hasaba alyş-diskont ýa-da lombard göterim derejesi diýilýär. Hasaba alyş derejesini üýtgetmek arkaly Merkezi bank jemi hyrydarlyga we jemi hödürlemä täsir edýär.

***3. Açyk bazardaky amallar*** – ätiýaçlyklary döwletiň karz ulgamyna goşmak ýa-da ol ýerden yzyna almak maksady bilen ýurduň Merkezi banky tarapyndan gymmatly gaznaçylyk kagyzlarynyň açyk bazarda satyn alynmagy ýa-da satylmagydyr.

***4. Iň aşak çäk ätiýaçlyklar syýasaty.*** *Iň aşak çäk ätiýaçlyklar* täjirçilik banklaryna ýurduň Merkezi bankyndaky hasaplarda saklamak tabşyrylan belli bir pul möçberleridir.

Hökmany ätiýaçlygyň möçberini ýokarlandyryp, Merkezi bank täjirçilik banklaryň işewürlik mümkinçiliklerini birneme bökdeýär, azaltmak bilen bolsa, ony höweslendirýär.

***5. Meýletin ylalaşyklar.*** Olar ýurduň Merkezi banky bilen öz islegi boýunça işini belli bir çäklendirmeleriň astynda goýýan täjirçilik banklarynyň arasynda baglaşylýar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Döwletiň pul ulgamynyň düzüm böleklerine haýsy edaralar degişli?
**2.** Karz diýip nämä aýdylýar?
**3.** Karz haýsy esasy wezipeleri ýerine ýetirýär?
**4.** Karzyň görnüşlerini sanaň.
**5.** Bank nähili hyzmatlary ýerine ýetirýän edara?
**6.** Türkmenistanyň bank ulgamynda nähili kanunlar we maksatnamalar kabul edilipdir?
**7.** Türkmenistanyň bank ulgamy barada aýdyp beriň.

# XIV. MALIÝE ULGAMY WE SALGYT-BÝUJET WEZIPELERI

## §1. Maliýe ulgamy we onuň wezipeleri

Eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň, telekeçilik guramalarynyň, şonuň ýaly-da ilatyň girdejileriniň, jemgyýetiň mundan beýläkki ösüşini üpjün etmäge pul serişdeleriniň goruny döretmek üçin döwlet býujetine we ýerli býujetlere geçirilýän salgytlary we ýygymlary emele getirmek bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklaryň köplügi *ýurduň maliýe ýagdaýyny* aňladýar. Bu ýagdaýy pul serişdeleriniň döwlet derejesinde onuň maliýesi hökmünde çykyş edýän merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik gaznalarynyň hereketi kesgitleýär.

*Maliýe* düşünjesi goşmaça önümiň goşmaça gymmat görnüşindäki puluň öndürilmegi we aýlanmagy, ýurduň hajatlary we adamlaryň jemgyýetçilik we şahsy isleglerini kanagatlandyrmak üçin paýlanmagy hem-de peýdalanylmagy babatyndaky gatnaşyklaryň köplüginiň mazmunyny aňladýar.

*Maliýe* birnäçe *wezipäni* ýerine ýetirýär:

• toplaýyş wezipesi – serişdeleriň jemlenmeginden we döwletiň işlemeginiň maddy binýadyny döretmekden ybaratdyr;

• düzgünleşdiriş wezipesi – hojalyk subýektleriniň işini höweslendirmekden ybaratdyr;

• paýlaýyş wezipesi – býujetiň, durmuş ätiýaçlandyryşynyň we ş.m. üsti bilen pul serişdeleriniň emele getirilmegidir;

• gözegçilik wezipesi – salgytlaryň dogry alnyşynyň we olaryň niýetlenişi boýunça peýdalanylyşynyň üpjün edilmegidir.

Aralarynda mydama pul akymlary bolup geçýän esasy subýektler aşakdakylardan ybaratdyr:

• döwlet we onuň edaralary;
• kärhanalar, birleşmeler we ş.m.;
• ilat, hususan-da, öý hojalyklary.

*Maliýe ulgamy* ähli özara baglanyşykly düzüm birlikleriniň, ýagny ýuridik we fiziki şahslaryň pul girdejileriniň bir bölegine dürli salgytlar we ýygymlar görnüşinde döwlet gaznasyna yzygiderli düşüp durmagyny

hem-de jemgyýetiň öňünde durýan maksatlara ýetilmegini, şonuň ýalyda, wezipeleriň çözülmegini üpjün etmek üçin milli howpsuzlygy, döwlet diwanynyň saklanmagyny, durmuş maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegini, ýurduň ykdysadyýetiniň, ylmynyň, tehnikasynyň, medeniýetiniň, sungatynyň we onuň halkara gatnaşyklarynyň ösdürilmegini maliýeleşdirmekde, olaryň maksadalaýyk paýlanmagyny we peýdalanylmagyny guramak bilen meşgullanýan dolandyryş edaralarynyň köplügidir.

Maliýe ulgamynyň düzümine şular girýär:

• ähli derejelerdäki býujetleriň, ýagny döwlet býujetiniň, edara ediş birlikleriniň, ýerli häkimiýet edaralarynyň býujetleriniň köplügi;

• durmuş, emläk we şahsy ätiýaçlandyryş boýunça býujetden daşary gaznalar;

• döwletiň gyzyl pul ätiýaçlyk gorlary;

• eýeçiligiň hem-de hojalyk ýöretmegiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň we guramalaryň pul gorlary.

Olaryň her birisiniň umumy maliýe ulgamyndaky tutýan bölegi onuň düzümini häsiýetlendirýär.

Ýurduň maliýe ulgamy döwletiň, hojalyk subýektleriniň we ilatyň özara baglanyşykly maliýeleriniň köplügi hökmünde kesgitlenip bilner.

Maliýe ulgamyna şu wezipeler ýüklenýär:

• girdejileri almagyň we harçlamagyň meýilnamalarynyň düzülmegi;

• pul akymlarynyň hereketiniň guralmagy;

• maliýe ulgamy döwlet derejesinde belli bir maksatlara ýetmäge nazarlandyrylan mahalynda, döwletiň maliýe syýasatynyň durmuşa geçirilmegine ýardam berilmegi.

Ykdysadyýeti düzgünleşdirmek babatynda döwletiň maliýe syýasatynyň iki sany aýratynlygy bar.

• Olaryň birinjisi girdejileri almagyň we çykdajylary amala aşyrmagyň maliýe gurallarynyň kömegi bilen ykdysadyýetiň düzgünleşdirilmegidir. Oňa fiskal syýasat diýilýär.

• Bu meseläniň ikinji aýratynlygy býujet işiniň düzgünleşdirilmegidir. Şonda býujetiň deňagramlylygy býujet syýasatynyň üsti bilen gazanylýar, ýagny döwletiň çykdajylarynyň ugurlary, düzümi, aýry-aýry maddalaryň maksadalaýyk esaslandyrylmagy arkaly ykdysady düzgünleşdiriş çäreleri geçirilýär.

## §2. Salgytlar we olaryň toparlara bölünişi

*Salgytlar* – bu fiziki we ýuridik şahslaryň, ähli hojalyk subýektleriniň öz girdejileriniň belli bir bölegini döwlet býujetiniň we ýerli býujetleriň girdejilerini doldurmak üçin döwletiň salgyt ulgamynyň üsti bilen geçirýän hökmany tölegleridir.

*Salgyt ulgamy* – döwlet býujetine we ýerli býujetlere salgytlary we ýygymlary döwletiň maliýe serişdelerini jemlemegiň olara mahsus bolan görnüşlerde we usullarda guralmagy bilen meşgullanýan edaralarnyň köplügidir.

Salgytlaryň esasy görnüşleri şu aşakdaky alamatlar boýunça toparlara bölünýär.

*Salgyt salmagyň obýektleri boýunça:*

• girdejilere salynýan salgytlar;

• emläge salynýan salgyt;

• belli bir harytlary we hyzmatlary satyn alyjylaryň çykdajylaryna salynýan salgytlar.

*Alnyş usullary boýunça:*

• göni salgytlar. Olar girdeji gazanýanlaryň ýa-da emläk eýeleriniň özlerinden alynýar (girdeji salgydy, eýeçilige salynýan salgyt we beýlekiler);

• gytaklaýyn salgytlar. Olar belli bir harydyň nyrhyna goşulýar hem-de satylan mahalynda olar sarp edijilerden alynýar (meselem, aksizler).

Möçberiniň *kesgitleniş usuly boýunça* salgyt salmagyň deňölçegli we ilerleýjilikli ulgamlary öz aralarynda tapawutlandyrylýar.

*Deňölçegli ulgam* mahalynda salgytlaryň girdejilere, çykdajylara ýa-da emlägiň gymmatyna bagly bolmadyk üýtgewsiz göterim ölçegi bolýar.

*Ilerleýjilikli ulgam* mahalynda salgytlaryň ölçegi girdejiler ýa-da emlägiň möçberi köpeldigiçe ýokarlanýar.

Salgyt girdejileriniň gelip düşýän *býujet derejesi boýunça* umumy döwlet salgytlaryna we ýerli salgytlara bölünip çykarylýar.

*Peýdalanylyş tertibi boýunça* döwletiň bitewi gaznasyna düşýän umumy salgytlar hem-de belli bir niýetlenişi bolan maksatlaýyn ýa-da ýörite salgytlar öz aralarynda tapawutlanýar.

## §3. Salgyt salnyş ýörelgeleri

Ideal salgyt ulgamy diýilýäniň häsiýetnamalaryna seredip geçeliň. Kesgitlemä laýyklykda, ***salgyt salyş ulgamy*** ýurtda salgytlaryň ýygnalşyny üpjün edýän kadalaryň, düzgünleriň we olary durmuşa geçirýän edaralaryň köplügidir.

Salgyt ulgamynyň nähili bolmalydygy baradaky sowala aşakda sanalyp geçilýän alty sany ýörelge jogap bolup durýar, emma munuň özi dünýä ýurtlarynda hakykatda, hereket edýän salgyt ulgamlarynyň şol ýörelgelere doly gabat gelýändigini aňlatmaýar.

***1. Netijelilik*** **ýa-da** ***bitaraplyk ýörelgesi*** salgytlaryň bazardaky erkin bäsdeşlik şertlerine laýyk gelýän gatnaşyklary mümkin boldugyça ýoýmaly däldir (döwlet tarapyndan gatyşylmagy esasly hasap edilýän daşarky täsirleriň nazara alynýan halatlaryndan başga).

***2. Çeýelik ýörelgesi*** salgyt salnyş ulgamynyň ykdysady ýagdaýyň üýtgemegine duýgurlygyny ýüze çykarmagy bilen baglanyşyklydyr.

***3. Dolandyryş babatynda ýönekeýlik ýörelgesi*** salgyt ulgamynyň tutuşlygyna alnanda edara ediş babatyndaky çykdajylarynyň az bolmagy, onuň aýdyňlygy we salgyt tölemekden boýun gaçyrmagyň kyn bolmagy bilen häsiýetlenýändigini aňladýar.

***4. Şahsyýetiň ileri tutulmak ýörelgesi*** salgyt ulgamynyň her bir raýat üçin deň şertleriň döredilmegine däl-de, deň mümkinçilikleriň berilmegine gönükdirilmelidigi bilen baglanyşyklydyr.

***5. Syýasy jogapkärçilik ýörelgesi*** salgyt töleýjileriň hut özleriniň salgyt töleýändiklerini we şondan gelip çykýan jogapkärçilige akyl ýetirmelidiklerini aňladýar.

***6. Adalatlylyk ýörelgesi*** salgyt töleýjileriň bir topary üçin salgydynyň aşa agyr, beýleki toparlary üçin ýeňil bolmazlygyny aňladýar.

## §4. Döwlet býujeti we onuň wezipeleri

Makroykdysady düzgünleşdirişiň iňňän möhüm guraly bolup, pul-karz syýasaty bilen bir hatarda, döwletiň salgyt-býujet syýasaty çykyş edýär.

*Salgyt-býujet syýasaty* – munuň özi döwlet çykdajylaryny we salgyt salnyşyny üýtgetmek arkaly işewürlik ýagdaýyna döwletiň täsir etmegidir. Ol milli girdejiniň derejesine, şunlukda hem, önümçiligiň möçberine, iş bilen üpjün ediş derejesine, şonuň ýaly-da nyrhlaryň derejesine täsir edýär. Salgyt-býujet syýasaty, hususan, işsizlik we puluň hümmetsizlenmegi bilen baglylykda, ykdysady ýagdaýyň ýaramaz tarapa üýtgemegine garşy gönükdirilendir.

*Döwlet býujeti* – bu döwlet işiniň onuň ähli pul serişdelerini we girdejilerini hem-de olaryň jemgyýetiň durmuş-ykdysady ösüşiniň ugurlary boýunça paýlanyşyny beýan edýän maliýe meýilnamasydyr. Ol döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň jemidir.

*Býujetiň çykdajylary* öz düzümi boýunça şu ugurlara gönükdirilýär:

- jemgyýetçilik we durmuş hyzmatlar;
- umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary;
- ykdysady işler bilen baglanyşykly döwlet hyzmatlary.

*Döwlet býujetiniň girdejileri,* ilkinji nobatda, merkezi we ýerli häkimiýet edaralary tarapyndan alynýan salgytlardan we ýygymlardan emele gelýär.

*Býujetiň defisiti.* Döwlet býujetiniň çykdajylary we onuň girdejileri mydama gabat gelip durmaýar. Eger girdejiler çykdajylardan agdyk gelse, oňa *býujet profisiti* ýa-da agdyk gelmesi diýilýär. Tersine bolanda, ýagny çykdajylar girdejilerden köp bolsa, onda *býujet defisiti* ýüze çykýar.

Býujet işi döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň deňagramlaşdyrylan ýagdaýda bolmalydygyny göz öňünde tutýar.

Döwletiň çykdajylarynyň girdejilerden agdyk gelmegi şu sebäplere görä ýüze çykýar:

- jemgyýetçilik durmuşynyň, durmuş ösüşiniň düzgünleşdirilmegi kanunçylyga laýyklykda, döwlete degişli bolan ýaýrawlarynda onuň ähmiýetiniň ýokarlanmagy;
- döwlet diwanynyň işgär sanynyň köpeldilmegi;
- hojalyk ýörediş şertleriniň üýtgäp durmagy, ykdysady çökgünlik hadysalarynyň täsiri we ş.m.

Makroykdysadyýetiň nazaryýetinde býujeti deňagramlaşdyrmak meselesiniň çözülmeginde üç sany çemeleşme tapawutlandyrylýar:

***1. Ýyllyk deňagramlaşdyrylýan býujet,*** ýagny şonda girdejileriň we çykdajylaryň arasynda tapawut emele gelmeýär.

***2. Döwürleýin esasda deňagramlaşdyrylýan býujet.*** Bu çemeleşmäniň esasy aýratynlygy ony ýylda deňagramlaşdyryp durmagyň zerur däldiginden ybaratdyr. Esasy zat onuň ykdysady sikliň barşynda (mysal üçin, 5–7 ýylyň dowamynda) döwürleýin deňagramlaşdyrylmagydyr.

***3. Býujetiň deňagramlaşdyrylmagyna wezipeleýin çemeleşme*** *(wezipeleýin maliýe).* Bu çemeleşmäniň tarapdarlary makroykdysady syýasatyň baş maksadynyň nämeden, ýagny býujeti deňagramlaşdyrmakdan ýa-da ykdysadyýeti deňagramlaşdyrmakdan ybaratdygy baradaky sowaly öňe sürýärler.

Şonuň üçin dünýäniň köp ýurtlarynda salgyt-býujet syýasatynyň düzgünleriniň işlenip düzülýändigi tötänden däldir. Salgyt-býujet syýasatynyň esasy kysymlaryna şulary degişli etmek mümkindir:

***Deňagramlaşdyrylan býujet ýa-da düzgünleşdirýän defisit.*** Oňa aşakdaky aýratynlyklar mahsusdyr:

• umumy girdejiler bilen çykdajylaryň arasynda deňagramlylygyň üpjün edilmegi ýa-da býujet defisitiniň jemi içerki önümiň möçberine görä belli bir derejede çäklendirilmegi;

• düzümleýin (sikliň döwürlerine baglylykda sazlaşdyrylan) girdejiler bilen çykdajylaryň arasynda deňagramlylygyň üpjün edilmegi ýa-da býujetiň düzümleýin defisitiniň jemi içerki önümiň möçberine görä belli bir derejede çäklendirilmegi;

• girdejileriň we çykdajylaryň häzirki geçirilýän amallaryň hasaby boýunça deňagramlaşdyrylmagy. Şonda döwlet karzlary (zaýomlary) diňe maýanyň çykyp gitmegini maliýeleşdirmek üçin rugsat edilýär.

***Döwlet karzlaryny (zaýomlaryny) amala aşyrmagyň düzgünleri:***

• döwlet karzlarynyň içerki çeşmelerden amala aşyrylmagynyň gadagan edilmegi;

• döwlet karzlarynyň Merkezi bankda amala aşyrylmagynyň gadagan edilmegi ýa-da şeýle zaýomlaryň döwletiň geçen döwürlerdäki

girdejileriniň (ýa-da çykdajylarynyň) belli bir bölegine deň möçberde çäklendirilmegi.

***Bergi we ätiýaçlyk gory babatyndaky düzgünler:***

• umumy (ýa-da sap) döwlet borçnamalarynyň möçberiniň jemi içerki önümiň belli bir bölegine deň möçberde çäklendirilmegi;

• býujetden daşary ätiýaçlyk gorlarynyň (mysal üçin, durmuş ätiýaçlandyryş gaznasy) möçberiniň peýdadan ýyllyk geçirmeleriň belli bir bölegine deň möçberde kesgitlenmegi.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Maliýe diýip nämä aýdylýar?
**2.** Maliýe haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
**3.** Maliýe ulgamyna degişli subýektleri sanaň.
**4.** Salgyt diýip nämä düşünýärsiňiz?
**5.** Salgytlaryň görnüşleri haýsy alamatlar boýunça toparlara bölünýär?
**6.** Döwlet býujeti düşünjesiniň manysyny düşündiriň.
**7.** Döwlet býujetiniň defisiti we profesiti barada aýdyň.
**8.** Döwlet býujetiniň çykdajylary nämeden ybarat?
**9.** Döwlet býujetiniň girdejileriniň çeşmelerine haýsylar degişli?
**10.** Döwlet býujetiň esasy wezipelerini düşündiriň.

# III BÖLÜM

# BAZAR YKDYSADYÝETINIŇ DURMUŞ MESELELERI

## XV. DURMUŞ YKDYSADYÝETI WE ÝAŞAÝŞYŇ HILI

Ykdysadyýet adamyň we jemgyýetiň ýaşaýyş üpjünçiliginiň ulgamy hasaplanylýar, şonuň üçinem ynsan ýaşaýşynyň hili ykdysadyýetiň ýagdaýy we ösüşi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şonuň bilen baglylykda, ýaşaýşyň keşbi, derejesi we hili baradaky düşünjeleri, ykdysadyýetiň ýaşaýşy nähili gowulandyryp bilýändigini aýdyňlaşdyrylmagy zerur bolup durýar.

Sözüň giň manysynda jemgyýete, adamlara, olaryň ýaşaýşyna gös-göni dahylly zatlaryň hemmesi durmuş häsiýetli hasaplanylýar. Sözüň dar manysynda bolsa durmuş ýaýrawy diýip, ykdysadyýetiň durmuş hadysalary bilen gös-göni baglanyşykly bölegine aýdylýar. Durmuş ýaýrawyna adamlaryň ýaşaýşyna, keşbine, ilat tarapyndan maddy we ruhy nygmatlaryň, hyzmatlaryň sarp edilişine, adamyň, maşgalanyň, tutuş jemgyýetiň ahyrky hajatlarynyň kanagatlandyrylyşyna dahylly ykdysady obýektler we hadysalar degişlidir.

*Durmuş ykdysadyýeti* ylym hökmünde islegleriň ýüze çykyşyny, sarp ediş isleglerini, sarp edişiň düzümini, adamyň, maşgalanyň, sosial toparlaryň, sebitleriň, tutuş jemgyýetiň rejeli isleglerini, şol isleglериň we sarp edijileriň köp dürlüligini öwrenýär.

**Şeýlelikde,** adamlaryň hal-ýagdaýyna gös-göni dahylly meseleleriň ählisi ykdysadyýetiň durmuş ýaýrawyna degişlidir.

## §1. Ýaşaýşyň derejesi we hili

*Ýaşaýyş derejesi* ynsan islegleriniň adamlar tarapyndan özleriniň dürli hajatlary üçin öndürilýän we sarp edilýän maddy, durmuş we medeni nygmatlaryň we hyzmatlaryň mukdary we hili bilen şertlendirilen kanagatlandyrylyş derejesidir.

Ýaşaýyş derejesiniň baş görkezijisi hökmünde ***jemi içerki önümiň ilatyň jan başyna düşýän möçberi*** çykyş edýär. Ýaşaýyş derejesiniň hakyky ýagdaýyna göz ýetirmek üçin deňeşdiriş binýadyny kabul etmek zerur, ol hem oňşugyň möçberidir.

*Oňşugyň möçberi* – bu her bir adamyň durmuş taýdan kabul ederlik mynasyp ýaşaýş derejesini saklamak üçin onuň fiziki, durmuş we ruhy isleglerini kanagatlandyrmaga niýetlenen harytlaryň we hyzmatlaryň iň az mukdardaky gymmatlyk möçberidir.

Oňşugyň möçberi iň az sarp edişiň gymmatyna barabar bolan jan başyna düşýän girdejidir. Fiziologik we durmuş oňşugynyň möçberleri öz aralarynda tapawutlandyrylýar.

*Ýaşaýşyň hili* – munuň özi adamlaryň maddy we medeni islegleriniň kanagatlandyrylyşynyň hilidir. Ýaşaýşyň hili jemgyýetiň maddy we ruhy islegleriniň ýokarlanyş kanunalaýyklygyny beýan edýär, bu hem maddy we maddy däl önümçilikleriň ösmeginiň we kämilleşmeginiň netijesi bolup durýar.

Ýaşaýşyň hiline köp dürli görkezijiler bilen baha berilýär. Olara iýmitiň hili, egin-eşikleriň döwrebaplygy we hili, ýaşaýyş jaýynyň amatlylygy, bilime, medeni we ruhy gymmatlyklara, döredijilikli zähmet çekmäge, howpsuz ýaşamaga bolan islegleriň kanagatlandyrylyş derejesi ýaly ençeme görkezijiler degişlidir.

## §2. Adamyň durmuş islegleri

Isleg, zerurlyk hökmünde düşünilýän *isleg* bolup, ol önümçilik-ykdysady işiň hereketlendiriji güýji, höweslendirijisi manysyndaky esasy hyzmaty bitirýän ilkinji ykdysady düşünjeleriň hatarynda durýar. Durmuş islegleri örän köp dürlüdir.

Islegleriň şeýle köp dürlüligini olaryň görnüşlerini bölüp çykarmak arkaly toparlamak mümkindir. Ozaly bilen şahsy (ýekebara),

maşgala, köpçülikleýin (toparlaýyn), jemgyýetçilik we döwlet isleglerini tapawutlandyrmak bolar. Şol görnüşleriň her birisi islegleriň subýektiniň, şeýle islegleriň gelip çykmagyna we haýsy bähbitleri aňladýandygyna dahylly adamlaryň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Ýüze çykyş ýa-da kanagatlandyryş möhletlerine baglylykda, häzirki we geljekki, gysga möhletli we uzak möhletli islegler öz aralarynda tapawutlanýar. Möhümlik derejesi boýunça birinji derejeli we ikinji derejeli islegler bölünip çykarylýar.

Durmuş isleglериniň aýry-aýry görnüşlerine seredip geçeliň.

*Şahsy islegler* iýmite, egin-eşige, aýakgaba, ýaşaýyş jaýyna, öý hojalyk zatlaryna, durmuş hyzmatlaryna, ruhy we medeni gymmatlyklara, bilime, saglygy goraýşa, zähmete we dynç almaga, mynasyp durmuş goraglylyga, maglumatlara, ulaga, aragatnaşyga, şahsy howpsuzlyga, şahsy hukuklaryň goralmagyna bildirilýär. Bir söz bilen aýdylanda, şularyň hemmesi her bir adama gereklidir.

*Maşgalanyň islegleri* öz görnüşleri we düzümi boýunça şahsy isleglere ýakyndyr. Emma maşgalada olardan başga isleglerem ýüze çykýar. Ýaşaýyş jaýa, öý hojalyk zatlaryna bolan isleg artýar, çagalara seretmek boýunça täze islegler döreýär we ş.m.

*Durmuş toparlaryň islegleri* – bu belli bir bähbitleri esasynda bir topar adamlaryň umumy islegleridir.

*Işgärler köpçüliginiň islegleri* – munuň özi toparlaýyn islegleriň bir görnüşi bolup, şonda işgäriň şahsyýet hökmündäki aýrybaşgalaşan isleglerinden başga-da, işgärler köpçüliginde emele gelýän umumy islegLerdir. Iş meseleleriniň bileleşip çözülmeginiň, önümçilikden daşgary pikir alyşmagyň, işgärleriň arasyndaky dawalary aradan aýyrmagyň, amatly zähmet we dynç alyş şertlerini döretmegiň zerurlygy ýüze çykýar.

*Jemgyýetçilik islegleri* döwlet, milli, sebitleýin, dini, taryhy şertleriň täsiri astynda ýüze çykýar hem-de şol görnüşlere hem eýe bolýar. Olara ilki bilen jemgyýetçilik düzgün-tertibiniň goralmagyna, milli medeniýetiň we däp-dessurlaryň ösdürilmegine, taryhy we medeni ýadygärlikleriň, daşky tebigy gurşawyň goralyp saklanmagyna bolan islegler degişlidir. Has giň manyda aýdylanda, jemgyýetçilik isleglerine bütin halkyň, ähli adamlaryň medeni gymmatlyklara, bilime, saglygy goramaga, bedenterbiýä we sporta, zähmet şertleriniň gowulandyrylmagyna we dynç almaga bolan islegleri degişli edilýär.

Durmuş islegleri öwrenmegiň nazaryýetinde we iş tejribesinde şahsy, maşgala, köpçülikleýin we jemgyýetçilik islegleriniň kanagatlandyrylyşyny öz aralarynda utgaşdyrmak meselesi möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

## §3. Adamyň we maşgalanyň sarp ediş býujeti

Maliýe býujeti barada gürrüň edilende, döwlet derejesindäki we ýerli býujetler hem-de kärhanalaryň we telekeçileriň býujetleri bilen bir hatarda, maşgala býujetlerini we şahsy býujetleri hem bölüp çykarmak mümkin. Sarp ediş we durmuşy islegler, ýaşaýş derejesi barada aýdylanda, adamyň we maşgalanyň sarp ediş býujetine dahylly meselelere garalyp geçilmegi zerur.

*Sarp ediş býujeti* diýip adamyň we maşgalanyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň deňeşdirilmegine aýdylýar, onuň esasynda hem girdejileriň we çykdajylaryň gabat gelşi barada seljerme berilýär, deňagramlylygy üpjün etmek üçin olaryň ol ýa-da beýleki tarapa üýtgedilmeginiň zerurlygy ýüze çykarylýar. Býujet tablisasynda onuň girdeji we çykdajy taraplary aýry-aýrylykda görkezilýär.

Hakyky sarp ediş býujeti maşgalalaryň aýlyk ýa-da ýyllyk girdejileriniň we çykdajylarynyň emele gelşini görkezýär. Hakyky býujetler ilatyň aýry-aýry toparlarynyň isleglerini, girdejilerini we çykdajylaryny seljerip görmek esasynda düzülýär.

*Rejeli sarp ediş býujeti* nazary taýdan esaslandyrylan kadaly býujet bolup, onuň çykdajy bölegi belli bir maksadalaýyk toplumda berlen maddy we ruhy gymmatlyklaryň rejeli kadalaryndan ugur alnyp emele getirilýär. Rejeli sarp ediş býujeti durmuş-ykdysady seljermäniň guraly we gönükdirilmeli maksat bolup hyzmat edýär.

Ýaşaýş derejesiniň kepillikli iň aşak derejesini kesgitlemek üçin, iň az sarp ediş býujeti ýa-da sarp ediş býujetiniň oňşuk möçberi diýen düşünje giňden ulanylýar. Şonuň ýaly býujetde çykdajy bölegi adama, ilkinji nobatda, hökman gerek bolan sarp ediş harytlarynyň we hyzmatlarynyň toplumy esasynda düzülýär. Hakyky nyrhlary hasaba almak bilen, şol çykdajylary ýapmak üçin talap edilýän girdejileriň pul hasabyndaky möçberi kesgitlenýär. Şondan ugur alyp, sarp edişiň

oňşuk möçberi bellenýär, onuň hasaplamasy “sarp ediş sebedi” diýilýäniniň esasynda geçirilýär.

Sarp ediş býujetiniň düzülmegi diňe bir döwlet derejesindäki durmuş häsiýetli çäreleri işläp düzmekde däl, eýsem maşgala derejesinde-de möhümdir. Maşgala býujetini dogry meýilnamalaşdyrmak arkaly artykmaç, az netijeli çykdajylardan gaça durmak, gündelik we uzak wagtlyk ulanylýan harytlary satyn almak üçin çykdajylaryň mynasybetini dogry kesgitlemek mümkindir.

## §4. Durmuş goragy we durmuş kepillikleri

***Durmuş goragy*** gymmatlyklar ulgamy hökmünde adamyň we ilatyň durmuş toparlarynyň jemgyýetdäki hukuklarynyň berjaý edilmeginden ötri, özara baglanyşykly kanunçylyk, ykdysady we durmuş şertleriniň häsiýetnamasyny aňladýar hem-de olaryň döwlet edaralaryna daýanyş derejesini beýan edýär.

Adamyň bähbitleriniň durmuş taýdan goralmagy ony işsizlikden, kesellän, çaga dogran, önümçilik şikeslenmesine sezewar bolan, maýyp bolan, garran mahalynda we ş.m. ýagdaýlarda girdejisini ýitirmekden we onuň kemelmeginden goramaklygyň çäreler ulgamyny, şonuň ýaly-da bilim, saglygy goraýyş hyzmatlarynyň edilmegini we çagaly maşgalalara hemaýat edilmegini öz içine alýar.

Bazar ykdysadyýetine geçilmegi ilatyň durmuş taýdan goraglylygynyň düýpli üýtgedilmegini talap edýän täze şertleri herekete getirýär. Şol şertler, ozaly bilen, ykdysadyýetiň döwlet eýeçiliginden aýrylmagy we hususyýetleşdirilmegi, täze döredilen gymmatyň paýlanyşyndaky we nyrh emele gelşindäki üýtgeşmeler, ykdysadyýetiň düzüm taýdan özgerdilmegi we başgalar degişlidir.

Şonuň üçin bazar ykdysadyýetinde ilaty durmuş taýdan goramagyň täze mehanizmini döretmek zerurdyr. Ol hem aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

• telekeçileriň girdejileriniň salgyt mehanizmi arkaly düzgünleşdirilmegi;

• zähmete hak tölemekdäki hökmany binýat hökmünde hakynatutma işgärleriň iş hakynyň iň aşak derejesiniň kanunçylyk tertibinde tassyklanyp kepillendirilmegi;

• iş hakyny indeksleşdirmek arkaly ilatyň ýaşaýyş derejesiniň goralmagy;

• durmuş ýagdaýyna, ýaşyna, zähmete bolan ukybyna, maşgalasynyň düzümine baglylykda, ilatyň durmuş-demografik toparlarynyň meselelerine dürlüçe çemeleşilmegi;

• döwlet tarapyndan öz raýatlaryna berilýän kanunçylyk arkaly berkidilen durmuş-ykdysady kepillikleriniň ulgamynyň döredilmegi.

Türkmenistanda hut şonuň ýaly hukuk binýady döredilýär.

Durmuş goragy ulgamy ähli derejelerde, ýagny milli, sebitleýin (welaýat, şäher, etrap) zähmet toparlary we maşgala derejelerinde hereket etmelidir.

Ilaty durmuş taýdan goramagyň ulgamy ýurtda bazar gatnaşyklaryny döwrebap, adalatly esasda ýola goýluşynyň ölçegi bolup durýar. Durmuş goragy we durmuş kepillikleri adalatlylygy yzygiderli amala aşyrmagyň şertleridir.

***Durmuş kepillikleri*** döwletiň öz raýatlarynyň öňündäki zerur isleglerini kanagatlandyrmak boýunça borçlaryny aňladýar. Durmuş kepillikleriniň düzümi we olary durmuşa geçirmegiň mehanizmi obýektiw we subýektiw şertleriň täsiri astynda üýtgäp durýar.

Durmuş kepillikleri adamyň jemgyýetçilik we şahsy durmuşynyň ähli ýaýrawlaryny gurşap almalydyr. Munuň özi bilime, ýaşlaryň zähmet işine taýarlanyşyna, ekologik taýdan howpsuzlyga, her bir şahsyýetiň raýatlyk hukuklarynyň goralmagyna we ş.m. hem dahyllydyr. Durmuş kepillikleriniň obýektiw zerur we jemgyýetçilik taýdan maksadalaýyk çäkleri bolýar.

## §5. Durmuş üpjünçiligi we durmuş kömegi

Ilatyň belli bir gatlaklaryna döwlet, hökümet, jemgyýet tarapyndan durnukly durmuş goldawyny bermegiň dürli görnüşleri bar. Bu ýerde gürrüň uzak wagtlap ýa-da mydama döwletiň we jemgyýetiň eklenjinde, esasanam, döwlet üpjünçiliginde durýan adamlar barada barýar. Şol adamlara kömek etmek, olary zerur ýaşaýyş serişdeleri bilen üpjün etmek üçin ykdysadyýetiň *durmuş üpjünçiligi* diýen ýörite pudagy bar.

Durmuş üpjünçilik guramalary ilatyň ýaşy, maýyplygy, zähmete ukyplylygynyň çäkli bolmagy, başga ýaşaýyş serişdeleriniň bolmazlygy zerarly uzak wagtlyk ýa-da mydama kömek almaga kanunçylyk esasynda hukugy bar bolan toparlary baradaky aladany öz üstlerine alýar.

Durmuş üpjünçiliginiň has ýaýran görnüşi *pensiýa üpjünçiligidir*. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, aýallar 57 ýaşda, erkekler 62 ýaşda pensiýa çykmak hukugyna eýedirler. Saglyga zyýanly önümçiliklerde işleýänler, şonuň ýaly-da harby gullukçylar üçin bu ýaş has-da aşak bellenendir. Pensionerlere olaryň işlän döwrüniň dowamlylygyna we şol döwürdäki iş hakynyň derejesine baglylykda pensiýa tölenýär.

Emma islendik ýagdaýda hem olaryň her birisine pensiýanyň kanunda göz öňünde tutulan iň az derejeden aşak bolmadyk möçberi kepillendirilendir. Garrylyk boýunça pensiýadan başga, maýyplyk üçin pensiýa hem berilýär. Ol ýaşa bagly bolman, diňe adamyň saglyk ýagdaýyna ýa-da zähmet işi bilen meşgullanmak mümkinçiliginiň çäkliligine bagly bolup durýar.

Pensiýalardan başga-da, ilatyň mätäçlik çekýän dürli toparlaryna döwlet býujetinden we ýerli býujetlerden *kömek pullary* berilýär hem-de dürli tölegler amala aşyrylýar. Kömek pullary we tölegleri mydamalyk, uzak wagtlyk we wagtlaýyn häsiýetde bolup biler. Bir wagtlaýyn durmuş kömeginiň berilmegi-de mümkin. Kömek pullary, köplenç, çagalara, syrkawlara, maýyplara tölenýär.

Durmuş kömegi adamlara, maşgalalara ýaşaýyş jaýyny gurmak, ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak üçin ýeňillikli şertlerdäki karzlar görnüşinde-de berlip bilner.

Okaýan ýaşlara pul kömegini bermegiň ýaýran görnüşi *talyp haklarynyň* tölenmegidir. *Lukmançylyk kömeginiň berilmegi* durmuş kömeginiň aýratyn bir görnüşi bolup durýar. Şonuň ýaly kömek belli bir derejede mugt berilýär. Emma, has ösen ýurtlarda-da saglygy goraýşyň ähli çykdajylary tutuşlygyna döwlet býujetiniň üstüne ýüklenmeýär, lukmançylyk hyzmatlarynyň we dermanlaryň bir bölegi tölegli bolýar. Bu ýerde saglyk ätiýaçlandyrmasynyň uly ähmiýeti bardyr. Şonuň ýaly öňdebaryjy tejribe Türkmenistanda hem ulanylyp gelinýär.

*Ätiýaçlandyryş lukmançylygy* iş hakyndan geçirimleriň hem-de kärhanalaryň we guramalaryň geçirýän beýleki serişdeleriniň hasabyna ätiýaçlandyryş gaznasynyň döredilmegini göz öňünde tutýar. Ätiýaçlandyryş gaznasynyň pul serişdeleri lukmançylyk edaralaryny maliýeleşdirmäge gönükdirilýär, şonlukda saglyk ätiýaçlandyrmasy boýunça şertnama baglaşan adam öz saglygyny bejertmekde belli bir ýeňilliklerden peýdalanýar.

## §6. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde durmuş deňligi we adalatlylygy

***Durmuş deňligi*** adalatly jemgyýetçilik gurluşynyň esasy ýörelgeleriniň biridir. ***Durmuş adalatlylygy*** bolsa, ilatyň durmuş ýagdaýyndaky, onuň dürli durmuş toparlarynyň arasyndaky durmuş deňliginiň ýa-da deňsizliginiň ölçegidir. Ol ölçeg jemgyýetiň ykdysady we ruhy ösüşiniň derejesi bilen obýektiw halda şertlendirilendir.

Durmuş deňligi we adalatlylygy diňe bir hukuk, ahlak, edara ediş gatnaşyklarynda däl, eýsem, ozaly bilen, binýatlaýyn, ýagny ykdysady gatnaşyklarda, hususan-da, eýeçilik, zähmet gatnaşyklarynda, biliminiň, medeniýetiň, lukmançylyk hyzmatlarynyň elýeterli bolmagynda, dynç alşyň guralyşynda, ýaşaýyş jaýy bilen üpjünçilikde, eneler, çagalar, gartaşan adamlar, maýyplar barada alada edilişinde hasyl bolýar. Şonda durmuş adalatlylygyň diňe maddy nygmatlaryň paýlanmagy bilen çäklenmän, önümçilige, dolandyryşa gatnaşmak babatyndaky gatnaşyklary hem öz içinde alýandygyny belläp geçmek gerek.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde jemgyýetiň agzalarynyň durmuş deňliginiň we durmuş adalatlylygyň ösmek mümkinçiligi aradan aýrylmaýar. Şol bir wagtyň özünde hem ol durmuş deňligi we durmuş adalatlylygyny doly üpjün etmeýär. Bazar gatnaşyklary girdejileriň uly möçberlerde, köplenç, aklap bolmajak dürlüleşmegi bilen ugurdaş ösýär. Şonda girdejler diňe bir goýlan zähmete we maýa, telekeçiniň guramaçylyk zehinine däl, eýsem, hojalyk ýagdaýynyň emele gelşine, işiň şowlulygyna, "aşygyň alçy gopuşyna" hem bagly bolýar.

Girdejileri gyradeňleşdirmek hem-de girdejileriň emele getirilişinde durmuş adalatlylygy ýörelgesini ösdürmek maksady bilen,

daşary ýurt döwletlerinde girdejiler işçi güýjüniň bazary, döwletiň gatyşmagy, işgärler bilen telekeçileriň arasynda baglaşylýan köpçülikleýin şertnamalar, öz hünärini ýokarlandyrýan, kärleri we aýry-aýry zähmet işlerini utgaşykly alyp barýan işgärleri höweslendirmek, işgärleri kärhanalaryň hojalyk işiniň netijeleri boýunça maddy taýdan höweslendirmek arkaly düzgünleşdirilýär.

Eýeçilik gatnaşyklaryny özgertmek esasynda bazar ykdysadyýetiniň ösdürilýän şertlerinde girdejileri düzgünleşdirmegiň şunuň ýaly tejribesi Türkmenistan üçin hem derwaýysdyr.

Durmuş deňligi we adalatlylygy meselesi ýurduň ähli raýatlarynyň bähbitlerine gös-göni dahyllydyr. Maddy nygmatlaryň jemgyýetiň emläk taýdan gatlaklara bölünmegine getirýän paýlanylyşy, aşa dürlüleşen möçberlerdäki girdejileriň alynmagy oňaýsyz ýagdaýlara getirip biler.

**Şonlukda,** döwlet özüniň girdejiler babatyndaky durmuş syýasatynda ilatyň aýry-aýry durmuş toparlarynyň bähbitlerini goramagyň ulgamyny, girdejileri salgytlaryň üsti bilen gaýtadan paýlaýyş mehanizmini kämilleşdirip durýar. Bu işiň ähli hojalyk subýektleri üçin bir meňzeş ykdysady şertleriň döredilmegi, döwrebap tehnologiýalar esasynda işleýän iri kärhanalarda täze iş orunlarynyň döredilmegi, ownuk telekeçiligiň ösdürilmegi, ilaryň öz-özüni iş bilen üpjün etmegine mümkinçilikleriň giňeldilmegi ýaly çäreler bilen utgaşykly alnyp barlylmagy has ýokary netije berýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Durmuş ykdysadyýeti diýip nämä düşünýärsiňiz?
**2.** Ýaşaýyş derejesi bilen ýaşaýşyň hili düşünjeleriniň nähili tapawudy bar?
**3.** Isleg diýip nämä düşünýärsiňiz?
**4.** Durmuş isleginiň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
**5.** Islegleriň tapawudyny açyp görkezmäge synanyşyň.
**6.** Sarp ediş býujeti näme?
**7.** Maşgalanyň rejeli sarp ediş býujetine nähili düşünýärsiňiz?
**8.** Durmuş goragy we durmuş kepillikleri barada aýdyp beriň.
**9.** Durmuş üpjünçiligi diýmek nämäni aňladýar?
**10.** Türkmenistanda durmuş kömeginiň haýsy görnüşleri berilýär?
**11.** Lukmançylyk kömegi barada gürrüň beriň.
**12.** Bazar ykdysadyýeti şertlerinde durmuş deňligi we adalatlylygy barada düşünje beriň.

# XVI. DURMUŞ YKDYSADYÝETINIŇ ESASY PUDAKLARY

## §1. Bilim we medeniýet

**Bilim.** Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda bolup geçýän durmuş-ykdysady özgertmeler milli bilim ulgamynyň ösüşi bilen pugta baglanyşyklydyr. Bilim jemgyýetiň ruhy, durmuş, ykdysady we milli ösüşiniň esasy hökmünde döwleti ösdürmegiň ileri tutulýan pudagyny düzýär. Türkmenistanda bilim ynsanperwerlik, demokratiýa, adamlaryň hem-de halklaryň arasynda özara hormat goýmak başlangyçlaryna esaslanýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy" atly düýpli işinde "Häzirki döwürde jemgyýetiň hakyky gymmatlygynyň ýerasty baýlyklardan däl-de, adamlardan, olaryň bilimlerinden, hünär taýdan we adam hökmünde berýän netijesinden ybaratdygyny" belleýär. Bu sözlerde biziň ähli ugurlardaky, şol sanda ýurdumyzdaky bilimde amala aşyrylýan özgertmelerimiziň logikasy we many-mazmuny jemlenýär.

Türkmenistanda milli bilim ulgamy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, "Bilim hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna, şeýle hem halkara hukugynyň kadalaryna we ýurduň bilim ulgamy babatdaky gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki kanunçylyk namalaryna laýyklykda durmuşa geçirilýär.

2012-nji ýylyň oktýabr aýyndaky Ýaşulular maslahatynda çykyş edip, ýurduň Lideri "umumybilim berýän mekdepleri on iki ýyllyk etmegiň, daşary ýurt dilinde bilim berýän ýokary okuw mekdepleriniň, şeýle hem tölegli bilim berýän guramalaryň döredilmeginiň" wajyplygy hakyndaky tezisi öňe sürdi.

"Bilim hakynda" Türkmenistanyň Kanuny (9-njy madda) bilim basgançagyna laýyklykda okatmagyň ýeke-täk ulgamynyň döredilmegini göz öňünde tutýar. Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň konsepsiýasyna laýyklykda, bilimiň şu aşakdaky basgançaklary bellenildi: mekdebe çenli; umumorta bilim; başlangyç hünär bilimi; orta we ýokary hünär bilimi; ýokary bilim mekdebinden soňky hünär bilimi.

Bilim basgançagy we üznüksiz okuw ulgamy **Milli bilim nusgasyny** kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň bilim nusgasynda bilim edaralarynyň arasynda okuwyň yzygiderliligi görkezilýär.

Ýurduň bilim edaralarynda okatmak bellenilen tertipde bilimi dolandyrýan döwlet edaralary tarapyndan tassyklanan ýa-da ylalaşylan okuw meýilnamalaryna we maksatnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Üznüksiz bilimiň milli ulgamynyň bölekleriniň biri-de mekdebe çenli çagalar edaralarydyr, olarda bir ýaşdan alty ýaşa çenli çagalar gözegçilik astynda durýarlar we terbiýelenýärler. Çagalar alty ýaşyna ýetenlerinde, orta bilimiň ýeke-täk milli maksatnamasyny durmuşa geçirmeli umumybilim berýän mekdeplerde üznüksiz bilimi dowam etdirýärler. Mekdeplerde okamak Türkmenistanyň raýatlarynyň çagalary üçin mugtdur.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda ýokary we orta hünär bilimini almaga umumy orta bilim berýän mekdeplerde on iki ýyllyk okuw gerek. Umumy orta bilim berýän mekdepleri tamamlanlaryndan soň okuwçylar ýokary hünär bilimini almak maksady bilen, okuwyny dowam etdirmek üçin uniwersitete ýa-da instituta girip bilerler, şeýle-de başlangyç ýa-da orta hünär berýän mekdeplerde okap bilerler.

Ýokary hünär biliminiň maksady Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary üçin taýýarlyk we hünär ugurlary boýunça hünärli işgärleri nazary we amaly taýdan düýpli taýýarlamak, şeýle hem bilimi, ylmy-mugallymçylyk hünärini çuňlaşdyrmakda we giňeltmekde şahsyýetiň isleglerini doly kanagatlandyrmak bolup durýar.

Ýokary hünär bilimini almak üçin uniwersitetde ýa-da institutda kärine we okuwyň görnüşlerine baglylykda, bäş ýa-da alty ýyl okamaly, bu bolsa gutarnykly maksat bolup biler ýa-da ýokary okuw mekdebinden soň hünär bilimini dowam etdirmek üçin esas bolup biler.

Milli bilim ulgamynyň esasyny umumy orta bilim berýän, ýokary we orta bilimli hünärmenleri taýýarlaýan okuw mekdepleri düzýär. Şu aşakdaky maglumatlar olaryň ösüşine şaýatlyk edýärler (*24-nji tablisa*).

*24-nji tablisa*

**Umumy orta bilim berýän, ýokary we orta bilimli hünärmenleri taýýarlaýan okuw mekdepleri (okuw ýylynyň başynda, müň adam)**

| Okuw ýyly | Ähli görnüşdäki umumy orta bilim berýän mekdepler | | Ýokary okuw mekdepler | | Orta hünär okuw mekdepler | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | hemmesi | okuwçy-laryň sany | hemmesi | talypla-ryň sany | hemmesi | talypla-ryň sany |
| 2000/01 | 1922 | 1017,1 | 16 | 16,6 | 16 | 4,3 |
| 2005/06 | 1710 | 981,9 | 16 | 16,1 | 16 | 4,1 |
| 2006/07 | 1708 | 957,9 | 16 | 16,5 | 16 | 3,8 |
| 2007/08 | 1711 | 1040,0 | 17 | 17,0 | 18 | 3,9 |
| 2008/09 | 1718 | 1006,4 | 18 | 20,7 | 18 | 4,0 |
| 2009/10 | 1725 | 969,3 | 19 | 22,1 | 19 | 4,3 |
| 2010/11 | 1730 | 931,3 | 21 | 23,7 | 27 | 6,2 |
| 2011/12 | 1741 | 900,4 | 23 | 25,6 | 27 | 8,3 |
| 2012/13 | 1761 | 873,3 | 23 | 27,4 | 32 | 11,6 |
| 2013/14 | 1781 | 961,8 | 23 | 29,8 | 37 | 14,5 |
| Çeşmeler: (33, s.155); (36, s. 201) (38, s.219); (40, s. 225). | | | | | | |

Häzirki wagtda orta hünär berýän mekdepleriniň ulgamyny giňeltmek we olaryň okuw önümçilik binýadyny pugtalandyrmak boýunça uly iş alnyp barylýar. Munuň özi geljekde milli ykdysadyýetiň pudaklarynda ýokary we orta hünär bilimli hünärmenleriň arasyndaky amatly gatnaşyklary ýola goýmaga mümkinçilik berer.

**Şeýlelik bilen,** Türkmenistanyň milli bilim ulgamy ilatyň bilim we medeni derejesini ýokarlandyrmaga, terbiýäniň we okatmagyň hilini gowulandyrmaga, ilatyň intellektual mümkinçiligini we hünär ussatlygyny artdyrmaga, jemgyýetiň ruhy baýlygyny aýap saklamaga we ösdürmäge, bilimiň hilini ýokarlandyrmaga we okatmagyň ähli derejelerinde dünýä ülňüleriniň derejesine ýetmäge gönükdirildi.

***Medeniýet.*** Türkmenistanda medeni aň-bilim edaralarynyň ulgamy uly ösüşe eýe boldy. Kitaphanalaryň, muzeýleriň, teatrlaryň, klub edaralarynyň köp sanlysy bar. Meselem, 2013-nji ýylda kitaphanalaryň 2080 sanysy, 745 klub edarasy, 37 sany muzeý we 11 sany teatr bardy, neşir edilýän kitaplaryň we kitapçalaryň sany 6,7 mln nusga,

žurnallaryň we şolar ýaly döwürleýin neşirleriň sany 4,9 mln nusgadan ybarat boldy (40, s.253-256).

Geljek döwürde medeniýeti mundan beýlägem ösdürmegiň möhüm wezipeleri şulardan ybaratdyr:

• ýurtdaky teatrlaryň we beýleki durmuş-medeni edaralaryň maddy-tehniki binýadynyň pugtalandyrylmagy;

• muzeýleriň, kitaphanalaryň, klub edaralarynyň işiniň kämilleşdirilmegi;

• halk döredijiliginiň ösdürilmegi.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde şu maksatlar üçin medeniýeti we sungaty döwlet tarapyndan has köp möçberde maliýeleşdirmek göz öňünde tutulýar, şolardan:

• medeni nygmatlaryň we hyzmatlaryň elýeterlilik derejesiniň ýokarlandyrylmagy;

• ahlak we estetiki terbiýä ünsi güýçlendirmek;

• döredijilik ukybynyň we zehininiň açylmagy;

• medeni gymmatlyklaryň goralyp saklanmagy we ş.m.

**Şeýlelikde,** döwlet býujetinden we beýleki çeşmelerden maliýeleşdirmekde medeni hyzmatlaryň täjirçilik esasyna geçirilmegi mümkin bolmadyk we şeýle edilmegi maksadalaýyk däl pudaklar babatda artykmaçlyk berilýär. Olara milli kitaphanalar we muzeýler, döwlet we halk teatrlary hem-de taryhy gymmatlyklar bilen baglanyşykly halkyň baýlygy bolan beýleki edaralar degişlidir.

## §2. Ylym we ylmy hyzmatlar

***Ylym*** – esasy wezipesi adamzat ýaşaýşynyň tebigat, jemgyýet we akyl ýetiriş baradaky obýektiw bilimleriniň nazary taýdan ulgamlaşdyrylmagy bolan ýaýrawydyr. Şonuň üçin ylmyň önümçilik serişdeleri bilen bir hatardaky gös-göni öndüriji güýje öwrülmegi ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň goşmaça şerti bolup öňe çykýar.

Ýurtda ylmyň ösmegi üznüksiz önümçilik işine, esasy önümçilik serişdeleriniň täzelenmegine, önümçiligiň möçberleriniň artmagyna we netijeliliginiň ýokarlanmagyna, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna we zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna, milli

ykdysadyýetiň kämil düzümleýin deňölçeglilikleriniň emele gelmegine barha köp täsir edýär.

Ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna ylmyň gazananlarynyň we innowasiýa işlenilip düzmeleriniň ornaşdyrylmagy netijesinde, önümçiligiň tehniki taýdan abzallaşdyrylyşynyň depginleri ýokarlandy, önümçilik işiniň mehanizmeleşdiriliş we awtomatlaşdyryş, iňňän täze tehnikany, öňdebaryjy tehnologiýalary we ýokary hilli materiallary özleşdiriş derejeleri ýokarlandy.

Ýurduň ylmyndaky ilerlemeler, täze tehnikanyň we öňdebaryjy tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy Türkmenistanyň ykdysady binýadyny pugtalandyrmak esasynda ilat üçin ýokary ýaşaýyş derejesini üpjün etmege gönükdirilen, durmuş ugra nazarlandyrylan milli bazar ykdysadyýetini üstünlikli kemala getirmegiň esasy bolup durýar.

Şoňa laýyklykda ylmy-tehniki syýasat ykdysadyýetiň binýatlaýyn pudaklarynda dünýä ylmynyň we tejribesiniň gazananlaryny giňden peýdalanmak, şonuň ýaly-da ýurduň içinde geçirilýän düýpli we amaly ylmy barlaglaryň netijelerini önümçilige ornaşdyrmak esasynda amala aşyrylar.

Ylmyň mundan beýläkki ösüşi täze tehnikalaryň we innowasiýa tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşiniň girewi bolup durýar. Bu ýerde möhüm orun düýpli özgertmeler geçirilmegi we Türkmenistany ýokary ösüşli döwlete öwürmäge ýardam bermeli milli ylma degişlidir. Ol ýokary halkara derejeli ylmy işläp düzmeleri önümçilige giňden ornaşdyrmagyny we innowasiýa tehnologiýalarynyň ösdürilmegini göz öňünde tutýar. Munuň özi, öz gezeginde, şu wezipeleriň çözülmegini göz öňünde tutýar:

- Milli ylmy-tehniki gurşawyň ösdürilmegi.
- Innowasiýa işläp düzmeleriň döredilmegi we ornaşdyrylmagy hem-de ylmyň we tehnologiýanyň iň täze gazananlarynyň giňden ulanylmagy.
- Ylmy işiň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi.
- Ýurduň intellektual ylmy-tehniki kuwwatynyň güýçlendirilmegi.

Şunuň bilen baglanyşyklylykda döwlet Baştutany Gurbanguly Berdimuhamedow 2012-nji ýylda Türkmenistanda ylmy we tehnologiýalary ösdürmegiň ileri tutulýan sekiz ugry boýunça 2012-2016-njy

ýyllarda amala aşyrylmaly ylmy-barlag işläp düzmeleriň Sanawyny tassyklap, Karara gol çekdi.

1. Innowasiýa tehnologiýalaryny oba senagat toplumyna ornaşdyrmak.

2. Ekologiýa we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak.

3. Energetika, ýangyç serişdeleri we olary tygşytlamak.

4. Himiýa tehnologiýalary we bäsdeşlige ukyply täze önümleriň görnüşlerini öndürmek.

5. Gurluşyk, binagärlik we seýsmologiýa.

6. Lukmançylyk we derman serişdelerini öndürmek.

7. Maglumat we telekommunikasiýa tehnologiýalary.

8. Ykdysadyýet we gumanitar ylymlar.

Türkmenistanda ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlarynyň durmuşa geçirilmegi durmuş-ykdysady gurşawyň pudaklarynyň ösüşini göz öňünde tutýar. Ol önümçilikleri tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmagyň hasabyna jemi içerki önümi artdyrmaga, ýurduň eksport kuwwatyny ýokarlandyrmaga ýardam edýän önümiň düýbünden täze görnüşlerini we innowasiýa tehnologiýalaryny özleşdirmäge kömek etmelidir. Ylmy barlaglary durmuşa geçirmek şu çäreleriň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar:

• Ylmy-tehniki kuwwaty ylmy-tehniki gurşawy ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynda jemlemek we ýurduň ýerli şertlerini we aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen, milli ykdysadyýetiň pudaklarynyň anyk meselelerini çözmek.

• Ýokary okuw mekdepleriniň ylmy barlaglaryny ösdürmek we ylmy-pedagogik kuwwaty aňrybaş derejede peýdalanmak.

• Durmuş-ykdysady dolandyryşy üpjün etmek üçin iň täze dünýä ylmy barlaglaryny we innowasiýa gazananlaryny giňden peýdalanmak.

• Durmuş-ykdysady dolandyryşy netijeli we ýokary hilli üpjün etmek üçin maglumat tehnologiýalaryny döretmek we ornaşdyrmak.

• Ylym, tehnika we innowasiýa tehnologiýalary çygrynda daşary ýurtlaryň we halkara guramalarynyň öňdebaryjy ylmy we tehnologik merkezleri bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň aýratynlyklaryndan ugur alyp, innowasiýa prosesleri **şu wezipeleriň çözülmegine gönükdirilmelidir**:

• önümçiligiň we hyzmat gurşawynyň innowasiýa tehnologiýalaryny kabul edijiligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýän we döwletiň durmuş-ykdysady ösüşiniň netijeliligini üpjün edýän rejeli guralyny döretmek.

• gurluş-tehnologik kämilleşdirmäni amala aşyrmak we ýokary netijeli innowasiýa giňişligini döretmek.

• içerki we daşarky maliýe çeşmelerini netijeli peýdalanmak maksady bilen milli we halkara innowasiýa prosesleriniň bilelikdäki rejeli hereketini guramak.

Ýurdumyzda geljek döwür üçin ylmyň we tehnologiýanyň ileri tutulýan ugurlaryny durmuşa geçirmek üçin degişli ylmy we ylmy-pedagogik güýç, kuwwat bar.

2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli ylmy barlaglary we innowasiýa işläp düzmelerini ýerine ýetirýän işgärleriň umumy sany (ýokary okuw mekdepleriniň ylmy-pedagogik işgärlerini goşmak bilen) 4748 adam bolup durýar, olardan ylymlaryň doktory we kandidaty alymlyk derejesi bolanlar 883 adam ýa-da 18,6%. 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli ýokary okuw mekdeplerindäki ylmy-pedagogik işgärleriň sany 3102 adam bolup durýar, olardan ylymlaryň doktory we kandidaty alymlyk derejesi bolanlar 622 adam ýa-da 20,1% (40, 252 sah.).

Milli ylmyň mundan beýläkki ösüşi Türkmenistanyň ylmy-tehniki döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary arkaly kesgitlenilýär. Ol bolsa strategik milli bähbitleri üpjün etmeklige – ilatyň durmuş ýagdaýyny ýokarlandyrmaklyga, ykdysady ösüşiň ýokary depginlerini gazanmaklyga, maksady Türkmenistanyň innowasiýa ösüş ýoluna geçmegi bolup durýan ýurduň durmuş-ykdysady ösüşine gönükdirilendir.

Bu ýagdaýy bazar ykdysadyýetine geçmeklige, ykdysady özbaşdaklygyň güýçlenmegine, ýurduň Garaşsyzlygynyň pugtalanmagyna ýardam eder. Şeýle-de özi öz gezeginde, döwletiň ylmy-tehniki syýasatyny işläp düzmeklige we amala aşyrmaklyga täzeçe çemeleşmeleri talap eder. Şonuň üçin ýurduň bazar ykdysadyýetine geçip ösýän şertlerinde ylmy-tehniki gurşawyň hereket etmeginiň hukuk esaslaryny döredýän kadalaşdyryjy namalaryň toplumyny işläp düzmek we kabul etmek zerurdyr.

Şonuň üçin döwlet dolandyryş edaralary netijeli ylmy tehniki gurşawy durmuşa geçirmek boýunça çäreleri işläp düzmelidirler we amala aşyrmalydyrlar, degişli döwlet we sebit ylmy-tehniki maksatnamalaryň çäklerinde, öz ylmy guramalarynda ylmy barlaglary we innowasiýa işläp düzmeleri utgaşdyrmalydyrlar, ýurt üçin tehnikalaryň we innowasiýa tehnologiýalarynyň geljegi uly bolan täze görnüşlerini özleşdirmäge ýardam etmelidirler.

**Şeýlelikde,** ýurduň milli ylmy-tehniki gurşawynyň ösüş strategiýasy döwlet tarapyndan degerli goldaw edilmeginde ylmyň gazananlaryna we öňdebaryjy tejribä esaslanýan tehnika, tehnologiýalar, zähmeti guramak we dolandyrmak ugurlarynda innowasiýa proseslerini sazlaşykly ulanmak, şeýle hem ylmy-tehniki işi netijeli, toplumlaýyn dolandyrmak ulgamynyň esasynda milli ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda we gurşawlarynda innowasiýalary peýdalanmak arkaly amala aşyrylmalydyr.

## §3. Saglygy goraýyş, sport we syýahatçylyk

***Saglygy goraýyş.*** Jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygy hökmündäki ilatyň saglygy döwletiň üns merkezinde durýar.

Türkmenistanda 1995-nji ýylda kabul edilen “Saglyk” maksatnamasy saglygy goraýşy ösdürmegiň we ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmagyň ýörelgesini (strategiýasyny) kesgitledi.

Bu maksatnamany tapgyrlaýyn durmuşa geçirmegiň netijesinde ýurduň saglygy goraýyş ulgamy üýtgedilip guruldy, onuň dolandyrylyşy kämilleşdirildi, ätiýaçlandyryş lukmançylygy girizildi.

Ilatyň saglygyny gorap saklamak maksady bilen, Türkmenistanda duzuň ýodlaşdyrylmagy, agyz suwunyň arassalygyny üpjün etmek, ýurtda öndürilýän we daşary ýurtlardan getirilýän adam saglygyna howp salyp biljek önümleriň gigiýena taýdan sertifikasiýa edilmegi ýaly döwlet derejesindäki iri möçberli öňüni alyş çäreleri geçirilýär. Bu çäreler keselleriň öňüni almaga we sagdyn ýaşaýyş keşbini emele getirmeklige gönükdirilendir.

Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmekde düýpli üýtgeşmeler bolup geçdi. Häzirki wagtda bejeriş we keselleriň öňüni alyş eda-

ralarynyň bir toparyny döretmek we lukmançylyk işgärlerini taýýarlamak boýunça zerur çäreler görülýär.

Bu işleriň amala aşyrylmagyna döwlet býujetinden saglygy goraýyş ulgamyna goýberilýän maliýe serişdeleriniň ýylsaýyn köpelmegi ýardam edýär. Goýberilýän serişdeleriň özleşdirilmegi şu işleriň ýerine ýetirilmegine mümkinçilik berdi:

• bejeriş-öňüni alyş we arassaçylyk-gigiýena çäreler toplumynyň amala aşyrylmagy;

• lukmançylyk we ylmy edaralaryň sanynyň artdyrylmagy hem-de olaryň zerur ehjamlar bilen üpjün edilmegi;

• lukmançylyk ugrundan ökde hünärli işgärleriň taýýarlanmagy;

• ilata edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hiliniň gowulandyrylmagy.

Bu çäreleriň hemmesi ilat üçin amatly ýaşaýyş, zähmet we durmuş şertleriniň döredilmegine ýardam etdi.

Ilatyň saglygynyň goralyşyny mundan beýläk hem gowulandyrmak üçin Türkmenistanda “Saglyk” maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi dowam etdirilýär, ýagny dünýäniň iň gowy iş tejribesiniň gazananlary öwrenilýär we durmuşa ornaşdyrylýar. Meselem, Aşgabatda Merkezi deri-wenerologik hassahanasy, Inçekesel bejeriş-öňüni alyş merkezi, AIDS-iň öňüni alyş merkezi, Ýokanç keselleriň bejeriş-öňüni alyş merkezi, Gan merkezi, Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň binasy guruldy.

Türkmenistanda ilatyň saglygyny goramagyň iňňän möhüm meseleleriniň jemgyýetde sagdyn ýaşaýşyň berkarar bolmagy, bedenterbiýe-sagaldyş çäreleriniň ösdürilmegi, häzirki zaman saglygy goraýyş infrastrukturasynyň döredilmegi bolup durýar. Bu infrastrukturanyň düzümine lukmançylyk edaralaryndan başga-da, şypahana, sport, syýahatçylyk we dynç alyş merkezleri hem girýär.

Saglygy goraýyş pudagynda ýurduň derman senagaty barha ösýär. Saglygy goraýşy we derman senagatyny ösdürmegiň strategiýasy, ozaly bilen, ýurduň her bir raýatynyň saglygyny dünýäniň gazananlarynyň derejesinde goramaklygyň üpjün edilmegine, lukmançylyk hyzmatlarynyň hiliniň düýpgöter gowulandyrylmagyna gönükdirilendir.

***Bedenterbiýe we sport.*** Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda bedenterbiýe we sport işi doly kämilleşdiriş tapgyryny başdan geçirdi. Soňky ýyllarda Buzly köşgi, uly sport binalary guruldy, “Köpet-

dag” stadionynyň durky täzelendi. Ähli welaýatlarda täze, häzirki zaman stadionlary işe girizildi. Aşgabadyň etegindäki “Saglyk” ýoly paýtagtyň ilatynyň we onuň myhmanlarynyň mydama gelim-gidimli ýerine öwrüldi.

Ýurdumyzda dünýä ülňülerine laýyk gelýän sport desgalarynyň bolmagy paýtagtymyzy sportuň dürli görnüşleri boýunça milli, sebitleýin we dünýä ýaryşlarynyň, çempionatlaryň geçirilýän ýerine öwürdi.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda sporty mundan beýlägem ösdürmegiň esasy wezipelerine ilatyň giň gatlaklaryny bedenterbiýe bilen işjeň meşgullanmaga çekmek, beden taýdan sagdyn nesli terbiýeläp ýetişdirmek, dünýä derejesindäki ýaryşlara gatnaşmaga taýýarlykly türgenleri ýetişdirip, sportuň maddy binýadyny has-da pugtalandyrmak degişlidir.

Şu wezipeleri çözmek üçin paýtagtda Olimpiýa şäherçesi döredilýär. Ýurduň ähli künjeklerinde dürli sport desgalary bar, welaýatlaryň hemmesinde at çapylýan aýlawlar gurulýar.

Iri senagat kärhanalarynyň we iri edaralaryň ýanlarynda olaryň öz serişdeleriniň hasabyna bedenterbiýe-sagaldyş toplumlarynyň, sport meýdançalarynyň, suwda ýüzülýän howuzlaryň gurulmagy göz öňünde tutulýar.

“Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň” çäklerinde ýurtda jemi 75,5 müň orunlyk sport mekdepleri we merkezleri, şonuň ýaly-da 180 sany sport desgaly binalar gurlar.

**Şeýlelik bilen,** şu çäreleriň durmuşa geçirilmegi netijesinde hem-de ilatyň giň gatlaklarynyň sagdyn ýaşaýyş durmuşyna girmegi bilen, köpçülikleýin bedenterbiýe we sport hereketi jemgyýetçilik ýaşaýşynyň iň möhüm ýaýrawlarynyň birine öwrüler.

***Syýahatçylygyň ösüşi.*** Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda milli maksatlary we bähbitleri nazara almak bilen, syýahatçylygyň, şol sanda halkara syýahatçylygyň hem, ösmegine aýratyn üns berilýär.

Ýurtda dynç alşyň we syýahatçylygyň berkden-berk binýadynyň tutulmagy döwletiň durmuş-ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Munuň üçin ähli deslapky zerur şertler,

ýagny häzirki zaman gözel şäherler, köp sanly taryhy we medeni ýadygärlikler, gaýtalanmajak keşpdäki dürli tebigy künjekler we şypa beriji howaly zolaklar bar.

Syýahatçylygy ösdüriş strategiýasynyň baş maksady Türkmenistanda ýokary netijeli we bäsdeşlige ukyply syýahatçylyk toplumynyň döredilmegi bolup durýar. Munuň özi, bir tarapdan, ýerli ilatyň we daşary ýurtlardan gelen adamlaryň syýahatçylyk hyzmatlaryna bolan işleglериniň kanagatlandyrylmagyny, beýleki bir tarapdan milli ykdysadyýetiň ösüşine goşant goşulmagyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Syýahatçylyk ykdysadyýeti düşewüntli pudaklarynyň birine öwrüldi. Munuň üçin ähli zerur şertler döredildi, dünýä derejesindäki amatly myhmanhanalar guruldy, daşary ýurt syýahatçylyk kärhanalary bilen şertnamalar baglaşyldy, gadymy Nusaýa, Merwe, Köneürgenje, Köpetdagyň, Köýtendagyň we Garagum çölüniň özboluşly ajaýyp ýerlerine syýahatçylyk ugurlary açylýar.

Beýik Ýüpek ýolunyň ugry boýunça, Maşat-Misseriana, Sarahsa täze syýahatçylyk ugurlarynyň açylmagy göz öňünde tutulýar. Hazar deňziniň kenar ýakasynda milli kurort-syýahatçylyk zolagyny ösdürmek maksatnamasy durmuşa geçirildi.

Tebigatyň barmasy kyn künjeklerine we awçylyk maksady bilen syýahat etmek boýunça halkara derejesindäki isleg öwrenilip, täze syýahatçylyk ugurlarynyň açylmagy daşary ýurt syýahatçylarynyň täze akymlarynyň gelmegine mümkinçilik berýär.

Şu agzalyp geçilenleri nazara almak bilen, geljek döwürde syýahatçylary ýerleşdirmek üçin täze binalaryň gurulmagy we syýahatçylyk infrastrukturasynyň ösdürilmegi göz öňünde tutulýar.

Şypahana-syýahatçylyk dynç alşyny we ekologik syýahatçylygy ösdürmekde Hazar deňziniň türkmen kenary iňňän uly mümkinçiliklere eýedir. Mylaýym, tenekar howa şertlerini, mineral palçyk çeşmelerini we ýaýlyp ýatan çägesöw kenary eçilmek bilen, bu sebit barada tebigatyň özi alada edipdir.

2007-nji ýylyň iýun aýynda ***Awaza Milli syýahatçylyk zolagynyň*** açylyş we tanyşdyrylyş dabarasynyň geçirilmegi dynç alyş we syýahatçylyk pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek arkaly

ýurduň bu ugurdaky ägirt uly tebigy we ykdysady mümkinçiliklerini durmuşa geçirmeklige bolan düýpgöter täzeçe çemeleşmäniň başlanýan pursadyny yglan etdi. Bu işiň esasy maksady Türkmenistanyň durmuş-ykdysady syýasatynyň ilat üçin ähli babatlarda gowy ýaşaýşy üpjün etmeklige zerur şertleri döretmek ýaly möhüm ugrunyň hemme taraplaýyn durmuşa geçirilmegi bolup durýar.

Deňziň 16 kilometrlik kenarynda halkara ülňülerine gabat gelýän syýahatçylyk zolagyny gurmak göz öňünde tutulýar. Şonda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň meýdany 1700 gektara deň bolar. Häzir bu meýdanda naýbaşy myhmanhanalary we häzirki zaman sagaldyş toplumlarynyň ençemesi gurlup, ulanylmaga berildi.

Awaza milli syýahatçylyk zolagynyň ösmegi bilen bir hatarda, beýleki dynç alyş merkezlerine-de daşary ýurtly myhmanlaryň gyzyklanmasy artýar. Olara ýurduň daşyndaky-içindäki mineral çeşmeli we bejeriş palçykly şypahanalar degişlidir.

Syýahatçylyk hyzmatlaryny ösdürmegiň esasy ugurlaryna şular girýär:

• dynç alyş infrastrukturasynyň döredilmegi, syýahatçylyk hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlandyrylmagy hem-de bu ýaýrawlarda telekeçiligiň ösdürilmegi;

• sportuň işjeň görnüşleri bilen meşgullanmaga mümkinçilik berýän syýahatçylyk-sagaldyş işleriniň, syýahatçylyk gezelençleriniň guralmagy, dynç alyş zolaklarynda syýahatçylygyň dürli görnüşleriniň ösdürilmegi;

• ýurduň tebigatynyň seýrek duş gelýän geň-enaýy künjeklerine, binagärlik ýadygärlikleri bar bolan ýerlere syýahatçylyk ugurlarynyň döredilmegi.

## §4. Söwda we jemgyýetçilik iýmiti

***Söwda*** önümçilik we sarp ediş ýaýrawlarynyň arasyndaky baglanyşdyryjy halka bolmak bilen, ilatyň sarp ediş harytlaryna bolan barha artýan islegleriniň kanagatlandyrylmagyny, satyn alyjylara hyzmat edilişiniň gowulandyrylmagyny, olaryň haryt satyn almaga sarp edýän wagtynyň tygşytlanylmagyny üpjün etmäge gönükdirilen wezipeleri ýerine ýetirýär. Munuň üçin sarp edijileriň islegleri nazara

alynýar, önümleriň görnüş sanawyny giňeltmek we harytlaryň hilini ýokarlandyrmak babatda senagat kärhanalary bilen özara gatnaşyklar, şonuň ýaly-da ilata hyzmat etmegiň usullary kämilleşdirilýär.

Şonuň bilen baglylykda hem-de ilatyň girdejileriniň ýokarlanmagy bilen ýurtda bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberi ýylsaýyn artýar, azyklyk we azzyk däl sarp ediş harytlaryna bolan islegler has doly kanagatlandyrylýar. Ýurtda bölek satuw söwdasynyň 2000–2013-nji ýyllardaky ösüş görkezijileri 25-nji tablisada berilýär.

*25-nji tablisa*

**Türkmenistanda söwdanyň ösüşiniň esasy görkezijileri**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 2000 | 2005 | 2010 | 2012 | 2013 |
| Bölek satuw haryt dolanyşygynyň hereket edýän nyrhlardaky umumy möçberi, mln manat | 1865 | 8667 | 18924 | 25420 | 30274 |
| şol sanda:<br>– söwda kärhanalary we guramalary | 666 | 883 | 1703 | 1807 | 2143 |
| – azyk, azyk däl we garyşyk harytlaryň bazarlary | 1199 | 7784 | 17221 | 23613 | 28131 |
| Bölek söwdadaky we iýmit taýýarlaýan kärhanalardaky haryt gorlary (ýylyň ahyryna), mln manat | 94 | 95 | 240 | 327 | 360 |
| Bölek söwda kärhanalarynyň sany (ýylyň ahyryna) | 1378 | 1352 | 3375 | 6553 | 9430 |
| Iýmit kärhanalarynyň sany (ýylyň ahyryna) | 267 | 1289 | 1368 | 1125 | 1251 |
| Çeşmeler: (34, s. 107); (38, s.127); (40, s.136). | | | | | |

Maglumatlardan görnüşi ýaly, 2013-nji ýylda bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberi 30274 mln manat boldy hem-de ol 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 16,2 esse, 2005-nji ýyldaka görä bolsa 3,5 esse artdy. Bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberiniň depginli ösüşi ilata satylýan harytlaryň esasy görnüşleriniň möçberleriniň artmagy, sarp ediş bazarynyň harytlar bilen doýgun bolmagy we olaryň görnüş sanawynyň giňelmegi bilen häsiýetlenýär.

Bölek satuw haryt dolanyşygynyň söwdanyň ýaýrawlary boýunça paýlanylyşy iki ugur, ýagny söwda kärhanalary we guramalary hem-de azyklyk, azyk däl we garyşyk harytlaryň bazarlary boýunça amala aşyrylýar. Söwda kärhanalarynyň we guramalarynyň 2013-nji ýyldaky bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberi 2000-nji ýyldaka görä 3,2 esse, azyklyk, azyk däl we garyşyk harytlaryň bazarlary boýunça hem 23,5 esse köpeldi. Bölek satuw haryt dolanyşygynyň 2000-nji ýyldaky umumy möçberinde söwda kärhanalarynyň we guramalarynyň tutýan bölegi 35,7%, azyklyk, azyk däl we garyşyk harytlaryň bazarlarynyň tutýan bölegi hem 64,3% boldy, 2013-nji ýylda bolsa bu san degişlilikde 7,1%-e we 92,9%-e barabar boldy.

Bölek satuw söwdasy we jemgyýetçikik iýmiti kärhanalarynyň hususylaşdyrylmagy hem-de söwda pudagynda hususy telekeçiligiň çalt ösmegi netijesinde, bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberinde azyklyk, azyk däl we garyşyk harytlaryň bazarlarynyň tutýan bölegi seljerilýän döwürde 64,3%-den 92,9%-e çenli ýokarlandy. Işi, esasan, býujetden maliýeleşdirilýän kärhanalara, guramalara we edaralara söwda hyzmatlaryny etmek hem-de ilaty harytlaryň aýry-aýry görnüşleri bilen bökdençsiz üpjün etmek bilen baglanyşykly bolan döwlet söwda kärhanalarynyň paýy degişlilikde azaldy.

Bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberiniň köpelmegi bilen bir hatarda, söwda edýän kärhanalaryň haryt gorlarynyň möçberleri-de artýar. Munuň özi ilaty zerur harytlaryň dürli görnüşleri bilen üznüksiz we durnukly üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

## §5. Sarp ediş harytlarynyň we tölegli hyzmatlaryň bazary

***Sarp ediş bazary*** harytlary öndürijiler we sarp edijiler, ozaly bilen-de ilat bilen baglanyşdyryjy halka bolup durýar. Şonda önüm öndüriji çykaran harajatlaryny ödemäge we mümkin boldugyça, köp peýda gazanmaga, sarp ediji bolsa, öz sarp ediş isleglerini kanagatlandyrmaga ymtylýar. Bu hereketler mazmuny boýunça biri-birlerine gapma-garşy bolsa-da, olaryň arasynda özara jebis baglanyşyk bardyr.

Sarp ediş bazarynyň işleýşini gowulandyrmak üçin önümçiligiň sarp ediji bilen kadaly özara baglanyşygyny ýola goýmagyň mehanizmi bolmalydyr. Munuň özi bazar ykdysadyýeti mahalynda olaryň bähbitleriniň arasyndaky obýektiw gapma-garşylygyň çözülmegine hem-de adamlaryň ykdysady bähbitleriniň ylalaşdyrylmagyna mümkinçilik berýär. Bu ýerde sarp ediş harytlarynyň öndürilişiniň we ilata edilýän tölegli hyzmatlaryň ösmegi möhüm ähmiýete eýedir.

Türkmenistanda sarp ediş harytlarynyň önümçiliginiň ösüş ýagdaýy 26-njy tablisada getirilen görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär.

*26-njy tablisa*

**Türkmenistanda sarp ediş harytlarynyň öndürilişi, million manat**

| Görkezijiler | Ýyllar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 2000 | 2005 | 2010 | 2012 | 2013 |
| Sarp ediş harytlary | 1287 | 3779 | 6159 | 6719 | 6999 |
| şol sanda:<br>– azyk harytlary | 758 | 2367 | 3867 | 4004 | 4147 |
| – azyk däl harytlar | 476 | 1315 | 2057 | 2400 | 2595 |
| şolardan:<br>– ýeňil senagat harytlary | 433 | 1252 | 1743 | 1828 | 1952 |
| – alkogolly içgiler | 53 | 97 | 235 | 315 | 257 |
| Çeşmeler: (35, s.33); (40, s.34). | | | | | |

Maglumatlardan görnüşi ýaly, 2013-nji ýylda öndürilen sarp ediş harytlarynyň möçberi 6999 mln manat boldy we 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 5,4 esse, 2005-nji ýyldaka görä bolsa, 1,8 esse köpeldi. Munuň özi öndürilýän harytlaryň sarp ediş bazarynda satylyşynyň durnukly ösmegi, olara bolan islegleriň ýokarlanmagy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr, çünki islegleriň artmagy önümçiligiň ösmegine itergi berýär.

Sarp ediş harytlaryň öndürilişinde düzümleýin üýtgeşmeler hem bolup geçdi. Onuň düzüminde azyk däl harytlaryň paýy ýokarlanmak meýline eýedir. Munuň özi azyk däl harytlaryň önümçilik möçberleriniň ýokary ösüş depginleri bilen şertlendirilendir, ýagny ol 2013-nji ýylda 2000-nji ýyldaka garanyňda 5,4 esse köpeldi. Beýleki bir tarap-

dan, bu ýagdaý ilatyň sarp ediş islegleriniň düzümindäki kanunalaýyk üýtgeşmeler bilen-de baglanyşyklydyr. Jemgyýet näçe gurply bolsa, ilatyň azyklyk harytlara bolan islegleri belli bir kadanyň çäginde durnuklaşyp, azyk däl sarp ediş harytlaryna we tölegli hyzmatlara bolan islegleri barha artýar.

Artyş, esasan, ýeňil senagat harytlarynyň (2013-nji ýylda onuň möçberi 2000-nji ýyldakydan 4,5 esse köpeldi), şonuň ýaly-da, ozal ýurtda öndürilmeýän harytlaryň hasabyna gazanyldy.

Öndürilen azyklyk harytlaryň möçberi 2013-nji ýylda, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 5,5 esse köpeldi. 2013-nji ýylda sarp ediş harytlarynyň öndürmegiň umumy möçberinde olaryň tutýan paýy 59,3% boldy. Azyk bazarynyň ösmeginde ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň tutýan orny ýokarlanýar.

Sarp ediş harytlarynyň öndürilişiniň we söwdasynyň ösmegi bilen bir hatarda, ilata edilýän tölegli hyzmatlaryň möçberleri-de barha artýar. Meselem, 2013-nji ýylda olaryň möçberi 9538 mln manat boldy we 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 5,4 esse, şol sanda durmuş hyzmatlarynyň möçberi 6,1 esse köpeldi (40, s.146).

Geljekde ilata edilýän tölegli hyzmatlaryň möçberleriniň esli artmagyna garaşylýar. Şonda ilata edilýän kepillikli mugt hyzmatlar bilen bazar gatnaşyklaryna mahsus tölegli hyzmatlaryň möçberleriniň esaslandyrylan mynasybetiniň kesgitlenmegi aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Degişli döwlet edaralary tarapyndan-da, hususy sektor tarapyndan-da edilýän tölegli lukmançylyk, bilim hyzmatlarynyň ösmegi tölegli hyzmatlaryň düzüminde olaryň paýynyň ýokarlanmagyny şertlendirýär. Ilatyň girdejileriniň artmagy bilen, syýahatçylyk-gezelenç we şypahana hyzmatlarynyň möçberleri çalt köpelýär.

**Şonlukda,** durmuş ýaýrawy býujetden daşary maliýeleşdiriş çeşmeleriniň giňelmeginiň hasabyna milli girdejide bu maksatlar üçin döwlet tarapyndan edilýän çykdajylaryň mukdar möçberi azalmazdan, olaryň tutýan paýy ýuwaş-ýuwaşdan kemeler. Munuň özi, degişlilikde, döwlet tarapyndan binýatlaýyn infrastrukturanyň ösüşine serişde goýbermek mümkinçiligini giňelder.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Umumybilim berýän mekdeplerde okuw möhletini on iki ýyllyk etmeklik haçan we nirede aýdyldy?
**2.** Milli bilim nusgasyny düşündiriň.
**3.** Türkmenistanda bilim berýän mekdeplere haýsylar degişli?
**4.** Medeniýeti ösdürmegiň möhüm wezipelerini sanaň.
**5.** Türkmenistanda ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlary barada gürrüň beriň.
**6.** Ylmy-barlag işlerini durmuşa geçirmek üçin nähili çäreleriň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutmaly?
**7.** Türkmenistanda ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlaryny durmuşa geçirmek üçin nähili degişli ylmy we ylmy-pedagogik güýç, kuwwat bar?
**8.** Türkmenistanda "Saglyk" maksatnamasy haýsy ýylda kabul edildi?
**9.** Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmekde nähili üýtgeşmeler bolup geçdi?
**10.** Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmek babatda alnyp barylýan düýpli üýtgeşmeler barada aýdyp beriň.
**11.** Türkmenistanda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bedenterbiýe we sport ýaýrawynyň işi barada aýdyp beriň.
**12.** Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň maksady näme?
**13.** "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynyň ösüşi barada gürrüň beriň.
**14.** Türkmenistanda söwdanyň ösüşiniň esasy görkezijileri barada aýdyp beriň.
**15.** Türkmenistanda sarp ediş harytlarynyň öndürilişi barada gürrüň beriň.

# XVII. DOLANDYRYŞYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY

## §1. Dolandyryşyň ylmy netijeleri

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetçilik ýaşaýşynyň ähli ýaýrawlaryny dolandyrmaklyga bildirilýän talaplar güýçlenýär. Şonuň üçin dolandyryşda şu netijeleriň gazanylmagyna mümkinçilik berip biljek ileri tutulýan ugurlary öňe çykýar:

• pudak edaralarynyň aralaryndaky üzňeligiň aradan aýrylmagy;

• ýokary ahyrky netijeleriň gazanylmagyna bolan gyzyklanmanyň artdyrylmagy;

• milli ykdysadyýetiň ähli bölüm birliklerine täsirli ýolbaşçylyk etmek üçin şertleriň döredilmegi;

• önümçiligi ösdürmekde we onuň netijeliligini ýokarlandyrmakda dolandyryş işgärleriniň jogapkärçiliginiň ýokarlandyrylmagy;

• önümçilik serişdeleriniň tygşytly we rejeli peýdalanylmagy.

Türkmenistanda senagatyň, oba hojalygynyň, gurluşygyň, ulagyň we milli ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň häzirki zaman ösüş derejelerine laýyklykda, dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek boýunça uly işler amala aşyrylýar.

Ykdysadyýetde bolup geçýän hadysalaryň çylşyrymlaşmagy we olardaky üýtgeşmeler dolandyryşyň şoňa laýyk gelýän ulgamynyň kemala getirilmegini talap edýär, ol hem ýurduň önümçilik ýaýrawyny ösdürmegiň häzirki mümkinçiliklerini we isleglerini nazara almaga gönükdirilmelidir.

Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň ösüşiniň has öndümli bolmagy dolandyryşyň bütin ulgamynyň täsirli we takyk bolmak zerurlygyny şertlendirýär. Geljek döwür üçin durmuş-ykdysady özgertmeler strategiýasy dolandyryş ulgamynyň ylmy derejesiniň ýokary bolmagyny göz öňünde tutýar.

Bu meseläniň çözülmegi şu aşakdakylara baglydyr:

• jemgyýetçilik isleginiň has takyk öwrenilmegi;

• ykdysady mümkinçilikleriň ylmy taýdan çaklanmagy;

• hemme taraplaýyn seljeriş we dürli hojalyk çözgütlerine baha berilmegi;

• obýektiw ykdysady kanunlaryň täsiriniň hökmany suratda nazara alynmagy;

• ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna bil baglanylmagy, öňdebaryjy tejribäniň we adamlaryň döredijilik başlangyçlarynyň nazara alynmagy;

• milli ykdysadyýetiň pudaklarynyň deňölçegli ösüşiniň üpjün edilmegi.

Ýokarda beýan edilenler milli ykdysadyýetiň deňölçegli ösmek mümkinçiliklerini mundan beýläk-de kämilleşdirmek hem-de ony dolandyrmagyň düzümini döwrebaplaşdyrmak üçin esas bolup durýar, şonlukda ýurduň durmuş-ykdysady taýdan ilerlemesi üpjün edilýär.

## §2. Dolandyryş düzüminiň döwrebaplaşdyrylmagy

Milli ykdysadyýetiň häzirki zamandaky ösüş derejesi, onuň geriminiň giňelmegi dolandyryş edaralarynda hojalygy guraýyş işiniň ýaýbaňlandyrylmagyny, olaryň wezipeleriniň giňelmegini, olar tarapyndan dolandyryşyň täze usullarynyň ulanylmagyny göz öňünde tutýar. Bu möhüm oňyn meýiller ol ýa-da başga bir görnüşde ýurduň ykdysadyýetiniň ähli ýaýrawlarynda ýüze çykýar.

Häzirki zaman ykdysady hadysalarynyň häsiýeti milli ykdysadyýetiň umumy we özboluşly ösüş meýillerini has takyk kesgitlemekden başga-da, düzümleýin ilerlemeleri toplumlaýyn seljerip görmek zerurlygyny öňe sürýär. Dolandyryşyň netijeli guramaçylyk düzümini kesgitlemegiň usulyýet esaslarynyň işlenip düzülmegi könelişen önümçilik ülňülerini döwrebaplaşdyrmak üçin mümkin bolan serişdeleri agtarmagyň täsirli ýollaryna bolan isleg arkaly kesgitlenýär. Bu meseläniň çözgüdi milli ykdysadyýeti dolandyrmagyň rejeli görnüşleriniň gözlenmeginden hem-de onuň üýtgedilip gurulmagyndan ybaratdyr.

Milli ykdysadyýetiň emele gelen düzümi we dolandyryşyň däp bolup gelýän görnüşleri häzirki zaman ykdysady hadysalaryna aňrybaş gabat gelmeýär, jemgyýetiň täze durmuş isleglerini kanagatlandyrmaýar. Ykdysadyýetiň ähli düzüm birlikleriniň kadaly işlemegini üpjün etmek üçin ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny, şonuň ýaly-da durmuş-ykdysady mehanizmdäki düzümleýin ilerlemeler babatdaky toplanan oňyn tejribäni peýdalanmak arkaly dolandyryşyň bar bolan usullarynyň we serişdeleriniň kämilleşdirilmegi zerurdyr.

Dolandyryşyň düzümi diňe bir innowasion hadysalar we önümçiligiň ugry bilen däl, eýsem, hojalygyň ölçegi, esasy serişdeler bilen abzallaşdyrylyş derejesi, kärhanalaryň ýöriteleşmesi we önümçiligiň bir ýere jemlenmegi, çig mal binýadynyň, önümçilik kuwwatynyň derejesi, zähmet çeşmeleri bilen üpjünçilik, önümçiligi dolandyrmagyň pudaklaýyn aýratynlyklary ýaly ençeme alamatlar bilen kesgitlenýär. Bu alamatlar dolandyryşyň guramaçylyk düzümi esaslandyrylanda anyk mazmuna eýe bolýar.

Dolandyryşyň düzümi şu talaplary berjaý etmeklige gönükdirilip emele getirilýär:

• dolandyryşyň ýörelgeler we usullar ulgamynyň durmuşa geçirilmegi;

• dolandyrylýan obýektiň her bir böleginiň dolandyryşyň täsiri bilen gurşalyp alynmagy;

• dolandyryşyň netijeliliginiň dolandyryş ulgamynyň tygşytly bolmagy bilen utgaşdyrylmagy.

Bularyň hemmesi häzirki zamandaky ýagdaýlary nazara alýan we bazaryň talaplaryna gabat gelýän täze düzümleýin syýasaty hem-de ony amala aşyrmagyň mehanizmini işläp düzmäge we durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär. Bu syýasatyň esasynda senagatyň düzüminde ýokary ylmy sygymly, bäsdeşlige ukyply, ýokary tehnologiýaly, netijeli we ekologik taýdan arassa önümçilikleri köpeltmek esasynda hakyky tehniki we tehnologik öwrülişigi amala aşyrmak üçin şertleri, köne enjamlaryň täzeleri bilen çalşylmagyny, önümçiligiň durmuş ýaýrawynyň we sarp ediş toplumynyň ösmegine nazarlanmagyny üpjün edýän pudaklaýyn ileri tutmalary goýulmalydyr.

Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ugurlaryny beýan edýän ähli maksatnamalaýyn resminamalarda diýen ýaly milli ykdysadyýeti düzüm taýdan üýtgedip gurmak meselesiniň göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek arkaly çözülmegi göz öňünde tutulýar. Daşary ýurt maýa goýujylary üçin öňdebaryjy daşary ýurt tehnikasyny we tehnologiýalaryny, dolandyryş tejribesini milli ykdysadyýetde peýdalanmak üçin ykdysady şertler döredilýär. Daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň bähbitleriniň goralmagy kanun tarapyndan kepillendirilendir.

Düzümleýin ilerlemeleri göz öňünde tutýan maýanyň ugry, ozaly bilen, jemgyýetiň ahyrky isleglerini kanagatlandyrýan (oba senagat toplumy, ýeňil senagat we ş.m.) hem-de şolaryň kadaly işlemegine şert döredýän (ýangyç-energetika toplumy, gurluşyk materiallary senagaty we ş.m.) pudaklara gönükdirilmelidir. Oba senagat toplumynyň guramaçylyk düzüminiň kämilleşdirilmegi aýratyn möhüm bolup durýar. Onuň düzüminde daýhan birleşikleri, daýhan hojalyklary, kooperatiwler, kiçi we orta hususy kärhanalar ýaly täze guramaçylyk birlikleri ýüze çykýar.

Bazar ulgamynyň işleýşini, bazar infrastrukturasynyň, bazar gatnaşyklaryna esaslanýan täze hojalyk gatnaşyklarynyň kemala gelmegini tertipleşdirmegiň meseleleri köp üns berilmegini talap edýär.

Häzirki wagtda dolandyryşyň guramaçylyk görnüşlerinde düýpli ilerlemeler bolup geçýär. Döwlet kärhanalary bilen bir hatarda, dürli konsernler, assosiasiýalar, konsorsiumlar, paýdarlar jemgyýetleri döredilýär. Dolandyryşyň täze guramaçylyk görnüşleriniň berkarar bolmagynda eýeçiligiň köp dürli görnüşleriniň mümkinçiliklerini peýdalanmaklyk uly ähmiýete eýe bolýar. Hut şunda hem bazar mehanizminiň ähli bölekleriniň jebis özara baglanyşygy ýüze çykýar.

**Şeýlelikde,** häzirki döwürde milli ykdysadyýetiň guramaçylyk düzümini üýtgetmek, bazar gatnaşyklarynyň täze subýektlerini emele getirmek arkaly geljekde önümçiligi dolandyrmagyň esaslary kemala gelýär. Hojalyk işiniň täze görnüşleriniň döremegi we ösmegi ykdysadyýeti hil taýdan döwrebaplaşdyrmak wezipesini çözmäge ukyply hereketlendiriji güýçleriň pugtalanmagyna ýardam eder.

## §3. Dolandyryşyň maglumat tehnologiýalary esasynda guralýan awtomatlaşdyrylan usullary

Önümçiligi dolandyryş ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy-da ileri tutlýan ugurlarynyň biri hem edara ediş-hojalyk işinde-de, kärhanalardaky tehnologik düzgünler babatynda-da, maglumatlaryň kompýuter binýatlarynyň esasynda guralýan awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlarynyň peýdalanylmagydyr.

Awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlaryny ulanmagyň esasy şertleri milli ykdysadyýetiň we onuň düzüm birlikleriniň kadaly işlemegi, maddy, maliýe we zähmet çeşmeleriniň netijeli peýdalanylmagy, şonuň ýaly-da esaslandyrylan hojalyk çözgütleriniň kabul edilmegi üçin ykdysady-matematiki usullaryň we kompýuter tehnikasynyň ulanylmagy bolup durýar.

Häzirki wagtda ministrliklerde we pudak edaralarynda maglumatlaryň elektron dolanyşygyny girizmek boýunça işler başlandy. Netijede, bu iş ähli edaralar, guramalar we kärhanalar boýunça-da ýaýbaňlandyrylar. Şonuň ýaly-da ýakyn ýyllarda “Ekektron hökümet”

ulgamynyň döredilip, resmi maglumat alyş-çalşynyň gerimini has-da giňeltmek göz öňünde tutulýar.

Ykdysady edaralaryň derejesinde elektron maglumat binýatlaryny döretmegiň we olaryň esasynda ýörite kompýuter programmalaryny ulanmak bilen hasaplamalary geçirmegiň şu jähtleri aýratyn möhümdir:

• aýry-aýry hasaplamalardan olaryň toplumlaýyn ulgamyna geçilmegi;

• maglumatlaryň we hasaplamalaryň aýry-aýry kiçi ulgamlarynyň döredilmegi;

• hasaplamalaryň mydama üsti ýetirilip durulýan tükel maglumat üpjünçiligi.

Bu ugurdaky işleriň netijeliligi, ilkinji nobatda, şu meseleleriň çözülmegine bagly bolup durýar:

• dolandyryşa dahylly maglumatlary ýygnamagyň, geçirmegiň, işlemegiň we saklamagyň elektron ulgamynyň döredilmegi;

• kadalaýyn tehniki-ykdysady görkezijiler binýadynyň döredilmegi;

• ykdysady maglumatlary klassifikasiýalaşdyrmak we kodlaşdyrmak ulgamynyň mundan beýlägem kämilleşdirilmegi.

Şonuň bilen baglylykda ykdysady klassifikatorlaryň ähmiýeti has-da artýar. Häzirki wagtda olaryň tutuş ulgamy hereket edýär. Bazar gatnaşyklarynyň ösmegi bilen klassifikatorlar yzygiderli kämilleşdirilýär. Hususan-da, Türkmenistanda ykdysady işleriň görnüşleriniň klassifikatoryna geçilýär.

Ykdysadyýetiň durnukly ösüşiniň strategiýasyny tehniki-ykdysady taýdan esaslandyrmakda maddy, zähmet, maliýe serişdelerini harçlamagyň, olaryň netije berşiniň umumy we pudaklaýyn kadalarynyň işlenip düzülmeginiň çaklaýyş, meýilnamalaşdyryş we dolandyryş çözgütleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik ediş işlerinde iňňän möhümdigini belläp geçmek gerek.

Şonuň ýaly-da, kämil kompýuter tehnikasy, onuň degişli programmalary, elektron maglumatlary geçirmegiň we saklamagyň häzirki zaman serişdeleri bilen üpjünçilik, şeýle hem şol serişdeler bilen iş salşyp bilýän hünärmenleriň ýeterlik bolmagy ýaly meseleleriň çözülmegi dolandyryşyň awtomatlaşdyrylan ulgamyny durmuşa giňişleýin ornaşdyrmagyň möhüm şertleri bolup durýar.

**Şunlukda,** awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlarynyň döredilmegi ykdysadyýeti dolandyrmagyň we durmuş-ykdysady ösüşiň strategiýasyny kesgitlemegiň iňňän täze ylmy-tehniki, maglumat-tehnologik we usulyýet binýadynyň emele getirilmegini göz öňünde tutýar.

## §4. Dolandyryş işgärleri

"Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda" bellenen strategik wezipeleriň çözülmegi döwlet dolandyryş ulgamynyň özgerdilmegi bilen gabat geldi. Döwlet dolandyryşynyň täsirli ulgamyny döretmegiň möhüm bölegi obýektiw ykdysady kanunlar esasynda ýurduň ykdysadyýetindäki ýagdaýy oňyn üýtgetmäge ukyply dolandyryjylaryň kemala getirilmegi bolup durýar. Hut şu meseläniň özi, köplenç halatlarda, ykdysady özgertmeler ýolunda käbir päsgelçilikleri döredýär.

Ykdysady özgertmeler üçin döredijilikli pikirlenýän ýolbaşçylar zerur. Olara ykdysady özgertmeleriň logikasyna we strategiýasyna takyk düşünmeklik, ýokary hünärjeňlik, düşbülik, täzeçillik, intellektual we iş salşyjylyk sypatlary mahsus bolmaly. Olar ýagdaýa baha bermegi, maksatlary aýdyň kesgitlemegi we alternatiw çözgütleri taýýarlamagy başarmaly, maýa goýumlaryna, serişdeleriň netijeli peýdalanylyşyna, önümleriň täze nusgalaryna geçilişine, hyzmatdaşlaryň saýlanyp alnyşyna dahylly jogapkärçilikli çözgütleri dogry kabul edip bilmelidir.

Başarjaň ýolbaşçylar işgärleri yzyna tirkäp bilýän, önümçilik we durmuş maksatlary deň utgaşdyryp bilýän bolmalydyr. Şu günki gün ýolbaşçylara iki sany häsiýet, ýagny öňdengörüjilik we netijeli hereket etmek mahsus bolmalydyr.

Ösen ýurtlarda dolandyryjy wezipesine dalaş edýän işgäre şolar ýaly talaplar bildirilýär. Şonda onuň guramanyň işiniň esasy ölçegi bolan netijelilige nazarlanyşyna, başlangyç goýup bilşine, çözgütleri işgärler bilen bilelikde taýýarlap bilşine, ýagdaýyň üýtgemegine duýgurlygyna aýratyn baha berilýär.

Ýolbaşçylara şeýle talaplaryň bildirilmegi olaryň jogapkärçiligini ýokarlandyrýar. Ýolbaşçy wezipä bellenýän her bir adam adamlar

bilen işleşmegi başarmalydyr. Ynsan gatnaşyklaryna nazarlanan ýolbaşçylyk nusgasy netijeli işlemekde ýolbaşçynyň mümkinçiliklerini giňeldýär, bu hem oňa täsir etmegiň anyk ýagdaýda has kybapdaş usullaryny we tärlerini peýdalanmaga mümkinçilik berýär.

Häzirki zaman ýolbaşçylary döredijilikli bolmaly, ýolbaşçylyk edilişi bolsa, ylmy esasda, ýagny dolandyryş ulgamynda ylmy taýdan esaslandyrylan usullary giňden peýdalanmak bilen amala aşyrylmalydyr. Ýolbaşçy işi oňa göz ýetirmek bilen, ýagny tehnikanyň, tehnologiýanyň ýagdaýyny, önümçiligiň we zähmetiň guralyşyny, ykdysady ýörelgeleri bilmek arkaly alyp barmalydyr. Ol dolandyryş işini guramak babatynda düşünjeli bolmalydyr. Oňa salyhatlylyk, tabynlykdaky işgärler bilen medeniýetli iş salyşmak, diňe buýruk bermäge däl, eýsem, işgäriň pikirini diňlemäge-de ukyplylyk mahsus bolmalydyr.

Häzirki zaman şertlerinde öňde durýan wezipeleriň çylşyrymlaşmagy, dolandyryş işiniň möçberiniň artmagy, dolandyryş çözgütlerini kabul etmegiň we olary ýerine ýetirmegiň özboluşly kynçylyklary bilen baglylykda, dolandyryş işgärleriniň öz hünär derejelerini mydama ýokarlandyryp durmaklary zerurdyr. Döwrüň talaplaryny ödeýän dolandyryş işgärleriniň täze demokratik gymmatlyklara, türkmen halkynyň ykdysady, durmuşy, medeni, ruhy we milli bähbitlerine ygrarly bolmaklary iň möhüm talaplaryň biridir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Dolandyryşyň nähili ileri tutulýan ugurlary bar?
**2.** Dolandyryş ulgamynyň ylmy derejesiniň ýokary bolmagy barada gürrüň beriň.
**3.** Dolandyryşyň düzümi nähili alamatlar bilen kesgitlenilýär?
**4.** Dolandyryş düzüminiň nähili döwrebaplaşdyrylýandygy barada aýdyp beriň.
**5.** Awtomatlaşdyrylan dolandyryş ulgamlaryny milli ykdysadyýetde ulanmaga nähili esasy şertler zerur?
**6.** Türkmenistanyň milli toplumynyň netijeli işlemegi üçin nähili meseleleriň çözülmegi gerek?
**7.** Ösen ýurtlarda dolandyryjy wezipesine dalaş edýän işgäre nähili talaplar bildirilýär?
**8.** Häzirki zaman ýolbaşçylaryna nähili talaplar bildirilýär?

# XVIII. ZÄHMET BAZARY WE ADAM KAPITALY

## §1. Zähmet bazary we adam kapitalynyň emele getirilişi

***Zähmet bazary*** ýa-da, başgaça aýdylanda, işçi güýjüniň bazary, jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň möhüm we köp taraply ýaýrawydyr. Zähmet bazarynda işçi güýji öz bahasyny tapýar, işgäri hakyna tutmagyň, şol sanda iş hakynyň derejesi, zähmet şertleri, hünär bilimini almagyň, kär babatynda kämilleşmeginiň şertleri kesgitlenýär, iş bilen üpjünçiligiň kepillikleri durmuşa geçirilýär. Bu meselelere Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy" okuw gollanmasynyň "Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary" babynda beýan edýär.

Zähmet bazarynda ilatyň iş bilen meşgullygyndaky, onuň esasy düzüm bölekleriňdäki, ýagny pudaklaýyn, kär-hünär, demografik düzümindäki üýtgeşmeler, jemgyýetçilik zähmet bölünişigindäki ilerlemeler, işçi güýjüniň işjeňligi, işsizligiň derejesi öz beýanyny tapýar.

Tutuşlygyna alnanda, hyrydarlyk we hödürleme kanunyna tabyn bolmak bilen, zähmet bazary öz işleýiş mehanizminiň ýörelgelerine laýyklykda, özboluşly bazar bolup durýar. Ol haryt bazaryndan birnäçe görnüşleri boýunça tapawutlanýar. Bu ýerde diňe bir makro we mikroykdysady şertler däl, eýsem, işçi güýjüniň bahasyny aňladýan iş hakyna mydama gös-göni dahylly bolup durmaýan durmuş kadalaşdyryjylar we durmuş-psihologik şertler hökmünde hem çykyş edýärler.

Ykdysady durmuşda zähmet bazarynyň ösüşine işçi güýjüniň hödürlenişine-de, oňa bildirilýän hyrydarlyga-da täsir edýän şertleriniň ençemesi hereket edýär. Meselem, işçi güýjüniň hödürlenişi, ilkinji nobatda, demografik şertler, ýagny çaga dogluş derejesi, zähmet çekmäge ýaramly ilatyň ösüş depgini, ilatyň ýaş-jyns düzümi bilen kesgitlenýär.

Demografik şertlerden başga-da, zähmet bazarynyň ýagdaýyna zähmet çekmäge ýaramly ilatyň dürli demografik we etnik toparlarynyň ykdysady taýdan işjeňligi täsir edýär. Mysal üçin, zenanlaryň

durmuş işjeňliginiň güýçlenmegi netijesinde, olaryň işçi güýjüniň düzümine has köp çekilmegi işçi güýjüniň hödürlenişini ýokarlandyrýar.

Işçi güýjüne hyrydarlyk babatynda iş bilen meşgullygyň esasy ösüş şertleri bolup, ykdysady ösüşiň depginleri, ykdysadyýetdäki düzümleýin üýtgeşmeler we üznüksiz önümçilik tapgyrynyň ýagdaýy çykyş edýär. Onda-da başga, häzirki wagtda işçi güýjüne bildirilýän islege innowasion ilerlemeler täsir edýär.

Adam kapitaly baradaky nazaryýetiň ýüze çykmagy we ösmegi ylmy-tehniki we maglumat rewolýusiýasy mahalynda jemgyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler bilen şertlendirilendir. Şonda adam, onuň ylym-bilim mümkinçilikleri durmuş we ykdysady ilerlemäniň aýgytlaýjy şertine öwrülýär. Adam kapitaly düşünjesi häzirki zaman ykdysadyýet ylmynda giňden ulanylýar hem-de bazar hojalygynyň nazaryýetinde we iş tejribesinde esasy orunlaryň birini eýeleýär.

Adam kapitaly düşünjesiniň ulanylmagy ykdysady ösüşiň şertleri, zähmet bazarynyň rejeli işlemegi, girdejileriň paýlanmagy, ilatyň iş bilen üpjünçiligi, telekeçilik işiniň dellilendirilişi bilen baglanyşykly meseleleriň çözülmegine täzeçe çemeleşmäge mümkinçilik berdi.

***Adam kapitaly*** diýip, adatça, adamda bar bolan saglygyň, bilimleriň, endikleriň, ukyplaryň, delillendiriş sypatlarynyň onuň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna ýardam berýän we girdejileriniň (iş hakynyň) artmagyna täsir edýän goruna düşünilýär.

Adam kapitaly dogabitdi bolubam bilýär, durmuş şertleriniň täsiri astynda emele gelibem bilýär. Şonda olaryň arasyndaky serhet şertlidir. Meselem, adamyň saglygy, fiziki güýji, ukyplary we zehini dogabitdi başlangyja-da, fiziki we psihologik türgenleşige, okamaga we ş.m. esaslanýan kemala geliş başlangyjyna-da eýedir.

Adam kapitalynyň emele getirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylary işgärleriň özleri, iş berijiler we döwlet tarapyndan çykarylýar. Adam kapitalyny kemala getirmek üçin edilýän çykdajylaryň arasynda bilime, saglygy goraýşa, işgäriň hereketjeňligine, ýagny iş ornuny çalyşmagyna çykarylýan harajatlar tapawutlandyrylýar.

Adam kapitalyna şahsyýetiň öz bütin ömrüniň dowamynda emele gelýän ynsan sypatlarynyň gory hökmünde seredilýär. Adam kapitalyna çykarylýan harajatlar netijede işgärlere girdeji getirýär.

Uzak wagtyň dowamynda alynýan girdejileriň we onuň üçin çykarylýan harajatlaryň degşirilip görülmegi rejeli pikir ýöredýän subýekt tarapyndan adam kapitalyna çykdajy etmegiň maksadalaýyklygy barada netije çykarylmagynyň esasynda durýar.

**Şeýlelikde,** ykdysady nukdaýnazardan adam kapitaly – bu girdeji gazanmagyň adamda emele gelen ukybynyň ölçegidir.

## §2. Zähmet çeşmeleri we ilatyň iş bilen üpjünçiligi

***Ilat*** – bu taryhy taýdan emele gelen we ynsan ýaşaýşynyň barşynda tebigy suratda täzelenip durýan adamlaryň köplügidir hem-de ol her bir anyk ýurduň tebigy-geografik gurşawynyň çäklerindäki belli bir jemagat umumylygy bolup durýar.

Ilatyň düzüminde onuň zähmete ukyply bölegi, ýagny işe ukyply ýaşdaky, öz akyl we fiziologik häsiýetleri boýunça zähmet çekmäge ukyply adamlaryň köplügi aýratyn bölünip çykarylýar.

Zähmete ukyply ilatdan ***zähmet çeşmeleri*** emele gelýär, olar eýýäm dürli görnüşli harytlary öndürmäge gatnaşýan ýa-da şoňa taýýar adamlardyr.

Zähmet çeşmeleriniň düzüminde aňly-düşünjeli işi jemgyýet üçin girdeji getirýän ***ykdysady taýdan işjeň ilat*** hem-de hak tölenýän işiň gözlegindäki *işsizler* bölünip çykarylýar.

Türkmenistandaky iş bilen meşgul ilatyň umumy düzüminde 2013-nji ýylda iň köp bölek (42,3%) oba hojalygynyň, onuň yzyndan senagatyň (12,1%), gurluşygyň (9,2%), bilimiň, medeniýetiň we sungatyň (7,3%) paýyna düşdi (40, s. 297).

2013-nji ýylda ýurt boýunça iş bilen meşgul ilatyň kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşleri boýunça bölünişiginde döwlet kärhanalaryna we guramalaryna 24,7%, hususy telekeçilikde 24,3%, daýhan birleşiklerine 22,9% we şahsy kömekçi hojalyklara 16,8% degişli boldy (40, s. 296).

Iş bilen meşgul adamlara belli bir döwürde zähmet işi bilen meşgullanan 16 ýaşdan uly adamlaryň hemmesi degişli edilýär. Olar şu toparlara bölünýär:

• hakyna tutulyp, şertnamalar we ylalaşyklar boýunça, pul we zat görnüşindäki iş hakyny alyp işleýänler;

• öz-özüni iş bilen üpjün edýänler, peýda ýa-da maşgala girdejisini gazanmak üçin belli bir döwürde haýsydyr bir işi ýerine ýetirmek bilen hakyna tutulmazdan işleýänler, öz işini ýola goýan adamlar (iş berijiler, öz hasabyna önümçilik kooperatiwlerini, daýhan hojalyklaryny ýöredýänler);

• ýekebara telekeçiler.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ilaty iş bilen üpjün etmekde zähmet biržalarynyň uly ähmiýeti bardyr. Olar, bir tarapdan, kärhanalardan we guramalardan işçi güýjüne bolan sargytlary, beýleki tarapdan, işe ýerleşmek isleýän raýatlardan hünäri boýunça işe durmak baradaky arzalary kabul etmek bilen, işçi güýjüniň hyrydarlyk we hödürleme esasynda paýlanmagyna mümkinçilik döredýär.

## §3. Işçi güýji, zähmet we onuň öndürijiligi

***Işçi güýji*** – adamyň zähmet çekmäge bolan ukyby, onuň önümçilikde ulanýan fiziki güýjüniň we akyl-paýhas mümkinçilikleriniň köplügidir. Işçi güýjüniň mümkinçilikleri zähmet çekilen mahalynda hasyl bolýar, şonuň üçinem kähalatlarda önümçiligiň adamyň ýagdaýy hökmündäki “işçi güýji” düşünjesi we işçi güýjüniň önümçiligiň maddy şertleri bilen birikdirilmegini aňladýan hadysa hökmündäki *zähmet* düşünjesi garyşdyrylýar.

*Zähmete* adamlaryň ýaşamak üçin zerur nygmatlary döretmek boýunça maksada gönükdirilen işi hökmünde kesgitleme bermek bolýar. Zähmetiň iňňän möhüm görkezijisi onuň önüm berijiligini aňladýan ***zähmet öndürijiligidir***. Bu görkeziji zähmetiň wagt hasabyndaky birligine düşýän önümiň ýa-da girdejiniň mukdary bilen ölçenýär.

Zähmet öndürijiligine şu esasy şertler täsir edýär:

• işgärleriň bilimlilik, kär derejeleri we hünärjeňligi;

• önüm öndürijileriň öz zähmetiniň netijelerine gyzyklanyş derejesi;

• zähmetiň esasy serişdeler bilen üpjün ediliş derejesi;

• ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň we olaryň gazananlarynyň önümçilikde ulanylyş derejesi;

• önümçilik serişdelerini peýdalanmagyň netijeliligi;

• zähmetiň önjeýliligi, dartgynlylygy, iş wagtynyň ýitgileriniň kemeldilmegi;

• tebigy şertler (tebigy baýlyklar, toprak, howa şertleri we ş.m.).

Ykdysadyýetiň ösmegi bilen jemgyýetde zähmet öndürijiligi ýokarlanýar. Adamlar önümleriň birligine düşýän zähmet harajatlarynyň azalýan mahalynda barha köp önüm öndürýärler. Şonda adamlaryň önümçilikdäki gös-göni siňdirýän zähmeti (janly zähmet) geçen döwürleriň zähmeti arkaly öndürilen maşynlar tarapyndan barha gysylyp çykarylýar. **Netijede,** zähmetiň tehniki serişdeler bilen üpjün edilişiniň barşynda zähmet harajatlarynyň düzümi üýtgeýär: geçen döwrüň zähmetiniň paýy ýokarlanýar, janly zähmetiň paýy bolsa azalýar.

## §4. Ylmy-tehniki rewolýusiýa şertlerinde adamyň ýagdaýy

Çalt ýaýbaňlanýan ylmy-tehniki rewolýusiýa ykdysadyýetde ägirt uly üýtgeşmeleriň bolup geçmegine getirdi. Onuň gazananlarynyň elektronika, maglumat tehnologiýalary ulgamyna, çeýe awtomatlaşdyrylan ulgamlara ornaşdyrylmagy we beýleki täzelikler önümçiligiň ylmy-tehniki derejesini ýokarlandyrdy.

Täze şertlerde işgär hökmünde adamyň önümçilikdäki hyzmaty düýpgöter özgerýär. Ol maşynlaryň ýanyndaky mehaniki ýerine ýetiriji bolmagyny bes edip başlaýar hem-de tehnologik işdäki esasy şerte, ýagny gözegçilik edijä we düzgünleşdirijä öwrülýär. Munuň özi ***täze kysymdaky işgäre*** bolan islegi ýüze çykarýar. Şonuň ýaly işgäriň ýokary we hemmetaraplaýyn bilimli, hünär taýdan düşbi, özbaşdak we döredijilikli pikirlenýän, öz hereketlerinde işjeň we jogapkärçilikli bolmagy talap edilýär. Ýurt derejesinde şol kysymdaky işgärleriň kemala getirilmegi çylşyrymly we uzaga çekýän işdir.

Täze kysymdaky işgärleriň kemala getirilmegi şu aşakdaky esasy ugurlar boýunça alnyp barylýar:

• ozalky bildirilýän talaplardan öňürdýän, köp ugurly we üznüksiz okatmak arkaly hemmetaraplaýyn giň düşünjeli häzirki zaman işgärleriniň bilim we hünär taýdan taýýarlanylmagy;

• zähmetiň intellektuallaşdyrylmagy. Ol zähmetiň barha akyl-paýhasa daýanýan, seljerişe ukyply we döredijilikli häsiýete eýe bolmagynda ýüze çykýar. Şonda adamyň pikirleniş ukyby barha köp işleýär;

• önümçiligiň ynsanperwerleşdirilmegi. Ol önümçiligi guramagyň işgärleriň isleglerine ýakyn getirilmegini, ýagny olaryň ýokary netijeli zähmet çekmekleri üçin has ynsanperwer şertleriň döredilmegini aňladýar;

• önümçiligiň demokratiýalaşdyrylmagy. Bu iş işgärleriň öz işleýän kärhanalarynyň emlägine şärikli gatnaşmaklary, onuň dolandyrylyşyna we alnan girdejileriň paýlanyşyna gatnaşmaklary arkaly amala aşyrylýar.

## §5. Zähmet bazarynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy

Döwlet zähmet bazarynyň göni we gytaklaýyn usullary, şol sanda kadalaşdyryjy-kanunçylyk, salgyt, karz, býujet gurallaryny ulanmak arkaly düzgünleşdirýär.

Zähmet bazarynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagynyň iň möhüm ýörelgelerine şular degişlidir:

• durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň häsiýetiniň tutuş ykdysadyýeti ilerleýjilikli ösdürmegiň hem-de resurslaryň ähli görnüşleriniň peýdalanylyş netijeliligini ýokarlandyrmagyň talaplaryna laýyk gelmegi;

• işçi güýjüniň hil sypatlarynyň üýtgedilmegine öňdebaryjy tehnologik we maglumat ulgamlarynyň talaplaryna laýyklykda ýardam berilmegi;

• işgärleriň has mätäçlik çekýän we bäsdeşlige ukyby pes bolan toparlary üçin durmuş goragynyň üpjün edilmegi;

• zähmet bazaryny düzgünleşdirmek arkaly ykdysady, durmuşy we syýasy durnuklylygyň üpjün edilmegi.

Zähmet bazarynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy şu esasy ugurlar boýunça amala aşyrylýar.

**1.** Harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilişini giňeltmek boýunça maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi, täze iş orunlarynyň döredilmegi, ykdysadyýetiň döwlete degişli we hususy böleklerinde,

ylaýta-da, ownuk telekeçilikde iş bilen meşgullyk derejesini ýokarlandyrmaklygyň we işleýänleriň sanyny artdyrmaklygyň höweslendirilmegi.

**2.** Işçi güýjüniň täze talaplara laýyklykda taýýarlanmagynyň we gaýtadan taýýarlanylmagynyň, işgärleriň hünärini ýokarlandyrmagyň we täze hünärleri özleşdirmeginiň guralmagy.

**3.** Eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki kärhanalar tarapyndan işçi güýjüniň çekilmegine itergi berilmegi.

**4.** Işsizligiň durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça maksatnamalaýyn çäreleriň görülmegi.

Zähmet bazaryny düzgünleşdiriş ulgamynda zähmet biržalary we iş bilen üpjün ediş gulluklary aýratyn orun eýeleýärler. Olar işçi güýjüniň bazarynda iş gözleýänler bilen iş berijileriň arasyndaky araçyllyk wezipesini ýerine ýetirýärler, işsizleri hünär taýdan ugrukdyryş we gaýtadan taýýarlaýyş işlerini amala aşyrýarlar, işsizlere kömek pullarynyň berilmegini guraýarlar. Şonuň ýaly-da olar zähmet bazarynyň ýagdaýyny öwrenýärler.

Häzirki wagtda Aşgabat şäherinde hem-de ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda zähmet biržalary işleýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Zähmet bazary baradaky düşünjäňizi durmuşdan alnan mysallaryň üsti bilen düşündirmäge synanyşyň.
**2.** Zähmet bazarynyň ösüşine haýsy şertler täsir edýär?
**3.** Adam kapitaly diýip nämä düşünýärsiňiz?
**4.** Ilat diýmek näme? Onuň manysyny gysgaça düşündiriň.
**5.** Zähmet serişdeleri diýip nämä düşünýärsiňiz?
**6.** Türkmenistanda iş bilen meşgul adamlar nähili toparlara bölünýär?
**7.** Bazar ykdysadyýeti şertlerinde zähmet biržalarynyň işini durmuşdan alnan mysallaryň üsti bilen düşündirmäge synanyşyň.
**8.** Işçi güýji diýmek näme?
**9.** Zähmet öndürijiligine nähili düşünýärsiňiz? Onuň manysyny gysgaça düşündiriň.
**10.** Zähmet öndürijiliginiň derejesine haýsy şertler täsir edýär?
**11.** Zähmet bazarynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy barada gürrüň beriň?

# XIX. DÖWLETIŇ DURMUŞ SYÝASATY

## §1. Durmuş syýasatynyň mazmuny we maksatlary

Durmuş syýasaty dar manyda hökümet tarapyndan jemgyýetiň dürli gatlaklaryna degişli agzalarynyň girdejilerini paýlamaklyga we gaýtadan paýlamaklyga gönükdirilen hereketlerini aňladýar. Sözüň giň manysanda bolsa, ol makroykdysady kadalaşdyrylyşyň jemgyýetde durmuş durnuklylygy üpjün etmeklige, raýatlar üçin mümkin boldugyça bir meňzeş şertleri üpjün etmäge gönükdirilen ugurlarynyň biri bolup durýar.

Türkmenistanda döwlet öz durmuş syýasatyny şu maksatlara ýetmek üçin ugrukdyrýar:

• zähmete ukyply ähli raýatlaryň jemgyýetçilik önümçiligine işjeň gatnaşmagy hem-de ýaşaýyş serişdelerine bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin öz zähmetlerine görä girdeji gazanmagy;

• ilatyň, ylaýta-da, az üpjünçilikli maşgalalaryň hal-ýagdaýynyň we ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagy üçin durmuş taýdan kepillendirilen şertleriň döredilmegi, bilimiň, saglygy goraýşyň, pensiýa üpjünçiliginiň we ş.m. ösdürilmegi;

• jemgyýetiň durmuş toparlarynyň, gatlaklarynyň aralaryndaky we olaryň içindäki gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmegi;

• jemgyýetde durmuş adalatlylygynyň saklanmagy.

## §2. Durmuş syýasatynyň esasy ugurlary

Ýurtda alnyp barylýan durmuş syýasatynyň esasy ugurlaryna, ozaly bilen, şular degişlidir:

• önümçiligiň ösüşini we işleýän adamlaryň zähmetine hak tölenişiniň düzgünleşdirilmegi;

• ilatyň durmuş taýdan goralmagy we oňa hemaýat edilmegi;

• durmuş üpjünçilik we durmuş kömegi;

• girdejileri kadalaşdyrmak boýunça döwlet syýasaty;

• durmuş ätiýaçlandyryş;

• ilatyň durmuş taýdan mätäçlik çekýän gatlaklary (maýyplar, köp çagaly, üpjünçiligi pes maşgalalar, okaýan ýaşlar) barada alada edilmegi;

• döwlet tarapyndan zähmet bazarynyň düzgünleşdirilmegi we ilaty iş bilen üpjün ediş syýasatynyň durmuşa geçirilmegi;

• durmuş ýaýrawy maliýeleşdiriş ulgamynyň kämilleşdirilmegi;

• ýüze çykýan durmuş meseleleriň çözülmegine ýardam edilmegi.

Türkmenistanda durmuş syýasatynyň dabaralanýandygy barada işgärleriň ortaça aýlyk iş hakynyň 2013-nji ýylda 1047 manada ýetendigini belläp geçmegiň özi-de ýeterlikdir. Şonda ykdysadyýetiň gurluşyk pudagynda ortaça aýlyk iş hakynyň derejesi 1136,9 manada, karz bermek, maliýe we ätiýaçlandyryş ýaýrawynda 1269,7 manada deň boldy. Ýurt boýunça iş hakynyň iň ýokary derejesi gazyp çykaryjy senagatyň ýaýrawynda emele geldi 2970,9 manat (40, s. 334).

Durmuş ýaýrawynyň döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegiň möçberi bilen ilata edilýän mugt hyzmatlaryň kepillendirilen möçberiniň arasyndaky baglanyşygyň üpjün edilmegi aýratyn üns berilýän meseleleriň biridir. Bu meseläniň çözülmegi ýurtdaky bar bolan ykdysady mümkinçiliklerden peýdalanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmagy talap edýär. Döwlet býujeti ýerine ýetirilýän mahalynda pensiýalary we kömek pullaryny tölemek ýaly durmuş hajatlarynyň maliýeleşdirilmeginiň kemsiz ýerine ýetirilmegine ýol berilmeýändigini belläp geçmek gerek.

## §3. Ilatyň nominal we hakyky girdejileri

***Ilatyň girdejileri*** adamlar tarapyndan alynýan we ýaşaýşyň belli bir derejesini üpjün etmek üçin zerur maddy nygmatlaryň hakyny tölemek üçin harç etmäge niýetlenen maliýe serişdeleriniň jemini aňladýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanda ilatyň girdejileriniň esasy çeşmesi zähmet haky bolup durýar. Öý hojalyklarynyň girdejileriniň düzüminde olar, takmynan, dörtden üç bölegi eýeleýär.

Bazar ykdysadyýeti mahalynda adamlaryň hal-ýagdaýynyň derejesi, ozaly bilen, olaryň alýan girdejileriniň möçberi bilen kesgitlenýär.

Ilatyň girdejilerine dürli jähtlerden baha berilýär. Şonda aşakdaky esasy ölçeglerden ugur alynýar:

***1. Nominal girdeji*** – aýry-aýry fiziki şahslar tarapyndan işiň belli bir wagtynyň dowamynda alynýan puluň mukdary.

Ilatyň nominal pul girdejileri dürli çeşmelerden emele gelýär:

• önümçilik şerti üçin alynýan girdejiler – iş haky, peýda, göterim, renta;

• jemgyýetçilik sarp ediş gaznalaryndan durmuş transfertleri görnüşinde berilýän pullar – tölegler we ýeňillikler;

• maliýe ulgamyndan alynýan girdejiler – banklara goýlan süýşürintgi goýumlary we obligasiýalar boýunça göterimler, paýnama haklary, ätiýaçlandyrylanlara tölenilýän serişdeler, lotoreýa utuşlary we başgalar.

***2. Ygtyýarlykdaky girdeji*** – işgärleriň we olaryň maşgalalarynyň şahsy sarp edişi we şahsy süýşürintgisi üçin peýdalanylýan puluň mukdary. Onuň möçberi nominal girdejiniň mukdaryndan salgytlaryň we hökmany tölegleriň möçberi az bolýar.

***3. Hakyky girdeji***. Ol ygtyýarlykdaky girdejiniň hasabyna degişli wagtyň dowamynda satyn alyp boljak harytlaryň we hyzmatlaryň mukdary bilen kesgitlenýär. Bu ýerde nominal we ygtyýarlykdaky girdejiniň hakyky girdeji bilen ara tapawudy nyrhlaryň üýtgeýiş derejesi bilen kesgitlenýär. Puluň hümmetsizlenmegi nominal girdeji üýtgewsiz bolan mahalynda hakyky girdejiniň kemelmegine getirýär. Şonuň üçin nyrhlaryň ýokarlanmagy uzak dowam eden halatlarynda wagtal-wagtal iş hakynyň we durmuş tölegleriniň indeksleşdirilmegi geçirilip durulýar.

Ilatyň aglaba böleginiň esasy girdejileriniň çeşmeleri bolup, iş haky we kömek pul tölegleri çykyş edýär. Olaryň arasyndaky mynasybet adamlaryň ykdysady taýdan özlerini alyp baryşlaryna mesemälim täsir edýär. Hususan-da, girdejileriň düzüminde iş hakynyň agdyklyk etmegi adamyň işe bolan yhlasyny güýçlendirýär. Eger berilýän kömekleriň möçberi aşa köp bolsa, onda belli bir derejede ýaltalyk meýilleri ýüze çykyp başlaýar. Şonuň üçin girdejileriň bu görnüşleriniň özara möçberi örän esaslandyrylan bolmalydyr.

## §4. Girdejileri paýlamagyň ýörelgeleri

Dürli ýurtlarda we dürli döwürlerde girdejileri emele getirmegiň dürli ulgamlary hereket edýär. Girdejileri paýlamagyň aşakdaky ýörelgeleri öz aralarynda tapawutlandyrylýar.

***Gyradeňleşdirip paýlaýyş*** jemgyýetiň ähli agzalarynyň (ýa-da olaryň bir böleginiň) girdejileri we nygmatlary deň möçberde almagyny göz öňünde tutýar.

***Bazar paýlaýşy*** mahalynda ol ýa-da beýleki bir önümçilik şertiniň (işçi güýjüniň, telekeçilik ukybynyň, maýanyň, ýeriň) eýeleri tarapyndan özüne degişli şertiň hojalyk taýdan peýdalylygyna ýa-da önüm berijiligine görä girdeji alynýar.

***Toplanan emläk boýunça paýlaýyş*** haýsydyr bir eýeçiligi (ýeri, jaýy, gymmatly kagyzlary we ş.m.) toplan we miras hökmünde alan adamlar tarapyndan şol emläk boýunça goşmaça girdeji gazanan mahalynda ýüze çykýar.

***Artykmaçlyklar nazara alnyp paýlaýyş,*** köplenç, demokratik däl jemgyýet üçin mahsusdyr, şonda häkimiýet başyndaky adamlar jemgyýetçilik nygmatlaryny özleri üçin ýokarlandyrylan iş haklary we pensiýalar, aýratyn gowulandyrylan ýaşaýyş, zähmet we dynç alyş şertleri we ş.m. ýeňillikler görnüşinde öz peýdalaryna gaýtadan paýlaýarlar.

Emma paýlaýşyň haýsy ulgamy ulanylýanam bolsa, adamlaryň girdejileriniň arasyndaky deňsizlik gutulgysyzdyr.

## §5. Girdejileriň deňsizlik meseleleri we onuň kadalaşdyrylyşy

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde girdejileriň deňsizligi obýektiw şertlendirilendir, çünki bazar ulgamy sap ykdysady babatda haýyr-sahawaty bilmeýän, adamlara diňe olaryň işiniň ahyrky netijeliligi esasynda girdeji getirýän berk mehanizmdir. Adamlar bolsa zähmetsöýerlik, işjeňlik, başlangyç goýuş, ukyp, zehin, bilim, emläge eýeçilik ediş we ş.m. babatlarda biri-birlerinden örän tapawutlydyrlar.

Diýmek, olar birmeňzeş işläp we gazanç edip bilmeýärler. Şonuň bilen baglylykda döwlet jemgyýetiň gatlaklara bölünişiniň hetdenaşa derejä ýetmegine ýol bermezlik üçin adamlaryň girdejilerindäki deňsizlikleri kadalaşdyrmak ugrunda çäreleri görýär. Emma girdejileriň gaýtadan paýlanyşyna we gyradeňleşdirilmegine döwletiň has içgin gatyşmagy önümçiligiň netijeliligini peseldýär.

Şeýlelikde, önümçiligiň netijeliligi bilen girdejileriň deň bolmagynyň arasynda gapma-garşylyk döreýär. Deňlik has adalatly bolup biler, emma ol zähmete bolan höwesi peseldýär. Bu gapma-garşylygy diňe girdejileri döwlet tarapyndan gaýtadan paýlamagyň has netijeli çägini kesgitlemek arkaly çözmek mümkin. Umuman, deňlik barada aýdylanda girdeji gazanmaga her bir adamyň ukybyna laýyklykda degişli şertleriň döredilmegi göz öňünde tutulýar.

Şeýlelik bilen, döwletiň durmuş syýasaty makroykdysady kadalaşdyrylyşyna örän habardar bolup we çeýe ulanylmagyny talap edýän inçe guraly bolup durýar. Girdejileriň deňsizligi barada aýdylanda, ol her niçik-de bolsa, gutulgysyzdyr we adamlaryň zähmet işjeňligini höweslendirmek babatynda belli bir derejede zerurdyr. Meseläniň şol taraplaryny nazara almak bilen, ilatyň girdejileriniň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagy amala aşyrylýar.

Girdejileri kadalaşdyrmak boýunça döwlet syýasaty şol girdejilere dürli möçberdäki salgytlaryň salynmagy, maliýe çeşmesi kemter bolan ýaýrawlarda işleýänlere döwlet tarapyndan hak tölenmegi ýaly ugurlar boýunça amala aşyrylýar.

Ilatyň hakyky girdejileri, esasan, iş hakynyň we jemgyýetçilik sarp ediş gorlaryndan tölenýän serişdeleriň hasabyna emele gelýär. Iş haky çekilen zähmetiň mukdaryna we hiline, onuň netijeliligine görä tölenýär. Jemgyýetçilik sarp ediş gaznasynyň üsti bilen serişdeler adamlaryň mätäçligi nazara alnyp paýlanýar.

Jemgyýetçilik sarp ediş gaznasynyň üsti bilen serişdeleriň paýlanmagy döwlet tarapyndan şu ugurlar boýunça amala aşyrylýar:

- durmuş taýdan ätiýaçlandyryş boýunça kömek pullarynyň berilmegi, hak tölenýän zähmet rugsatlary, garrylyk we maýyplyk boýunça kömek pullary we ş.m.;

• çagalar üçin kömek pullary, maýyplaryň ýöriteleşdirilen bejergisi, mekdep-internatlary, mekdebe çenli çagalar edaralaryny saklamaga sarp edilen çykdajylar we başgalar;

• durmuş-medeni ýaýrawyň edaralarynyň üsti bilen ilata natural görnüşde berilýän ýeňillikler we hyzmatlar – lukmançylyk kömegi, döwletiň aýratyn bilim hyzmatlarynyň maliýeleşdirilmegi we ş.m.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy" okuw gollanmasynyň "Durmuş syýasaty we zähmet gatnaşyklary" babyny okaň we gürrüň beriň.
**2.** Durmuş syýasatynyň özeni nämeden ybarat?
**3.** Türkmenistanyň durmuş syýasatynyň esasy ugurlary nähili maksatlara gönükdirildi?
**4.** Türkmenistanyň durmuş syýasatynyň esasy ugurlary haýsylar?
**5.** Türkmenistanda işgärleriň ortaça aýlyk iş hakyny ykdysadyýetiň pudaklary boýunça seljermäge synanyşyň.
**6.** Girdejiler nämäni aňladýar?
**7.** Girdejileriň haýsy görnüşleri bar?
**8.** Iş haky we kömek tölegleriň arasyndaky mynasybeti düşündiriň.
**9.** Girdejileri paýlamagyň nähili ýörelgeleri bar?
**10.** Bazar ykdysadyýeti şertlerinde näme üçin girdejiler deň paýlanmaýar?
**11.** Girdejileriň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy nähili amala aşyrylýar?
**12.** Jemgyýetçilik sarp ediş gaznasynyň üsti bilen serişdeleriň paýlanyşyny düşündiriň.

# XX. YKDYSADYÝETIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY

## §1. Ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda döwletiň wezipesi

Döwlet ykdysady ösüşi kadalaşdyrmakda özüniň möçberi boýunça çäkli, emma, ähmiýeti boýunça örän möhüm işini strategik meýilnamalaşdyryş, pul-karz, salgyt, gümrük, býujet-maliýe, maýa goýum, ylmy-tehniki, tehnologik, durmuş-medeni we daşary syýasatlary arkaly, şonuň ýaly-da kanunçylyk namalarynyň we hökümetiň

kararlarynyň hojalyk subýektleri we raýatlar, ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bilen amala aşyrýar.

Ýurdumyzda durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilen bazar ykdysadyýetiniň kemala gelýän şertlerinde döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň esaslary Türkmenistanyň Prezidenti, ykdysady ylymlaryň doktory, TYA-nyň akademigi Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy" atly okuw gollanmasynda beýan edilýär.

Döwletiň ýurtdaky hojalyk işinde bitirýän hyzmaty onuň ýerine ýetirýän wezipeleriniň üsti bilen ýüze çykýar. Jemgyýetiň durmuş-ykdysady taýdan ösüşini kadalaşdyrmak boýunça döwletiň iň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

• jemgyýetiň we milli ykdysadyýetiň ösüşiniň strategik meýilnamalarynyň hem-de hukuk esaslarynyň işlenip düzülmegi we tassyklanmagy;

• strategik maksatlara ýetmekde makroykdysady häsiýetdäki uzak möhletli ileri tutmalaryň kesgitlenmegi;

• milli önümiň düzümini kämilleşdirmek maksady bilen girdejileriň we baýlyklaryň gaýtadan paýlanmagy, serişdeleriň paýlanyşyna düzedişler girizilmegi;

• bazar ulgamynyň we bäsdeşlik gurşawynyň işleýşine goldaw berilmegi, monopoliýalara garşy kanunçylygyň üsti bilen bäsdeşligiň goralmagy;

• bazar mehanizminiň käbir bölekleriniň hereketiniň çäklendirilmegi;

• iş bilen üpjünçiligiň we puluň hümmetsizlenmeginiň derejelerine gözegçilik etmek arkaly ykdysadyýetiň durnuklaşdyrylmagy;

• bazaryň we jemgyýetiň bähbitlerini nazara almak bilen merkezi we ýerli döwlet edaralary tarapyndan bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynyň kadaly işlemeginiň üpjün edilmegi;

• jemgyýetiň, ekologiýanyň ýagdaýyny gözegçilikde saklamagy;

• telekeçilik we täjirçilik düzüm birlikleriniň strategik we ykdysady meýilnamalaşdyrylyşynyň döwlet dolandyryşy bilen gös-göni baglanyşykly işiniň kadalaşdyrylmagy.

## §2. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň obýektleri we maksatlary

*Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň obýektleri* – ýurduň durmuş-ykdysady ýaşaýşynyň öz-özünden çözülmeýän ýa-da uzak geljekde çözülmegi mümkin bolan kynçylyklaryň we meseleleriň ýüze çykýan ýa-da ýüze çykyp biljek ýaýrawlary, pudaklary, sebitleri hem-de ýagdaýlary, hadysalary we şertleri, şol bir wagtyň özünde, şol meseleleriň aradan aýrylmagy ykdysadyýetiň kadaly işlemegi we durmuş durnuklylygyny saklamak üçin örän zerurdyr.

Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň obýektleri aşakdakylardan ybaratdyr:

– ykdysadyýetdäki üznüksiz önümçilik sikli;
– milli hojalygyň pudaklaýyn we sebitleýin düzümi;
– maýa toplamagyň şertleri;
– ilatyň iş bilen üpjünçiligi;
– pul aýlanyşygy;
– töleg balansy;
– ylmy barlaglar we düýpli innowasion işläp düzmeler;
– bäsdeşligiň şertleri;
– durmuş gatnaşyklary we durmuş üpjünçiligi;
– işgärleriň taýýarlanmagy we gaýtadan taýýarlanmagy;
– tebigy gurşaw;
– daşary ykdysady aragatnaşyklar.

Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň *baş maksady* – jemgyýetde ykdysady, durmuşy we syýasy durnuklylygy üpjün etmekden, onuň üýtgeýän şertlere uýgunlaşdyrylmagyndan ybaratdyr:

Şol anyklaşdyrylan maksatlar hem ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň obýektleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

## §3. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň usullary

Döwlet, durmuş-ykdysady hadysalary kadalaşdyrmak bilen, özüniň ykdysady wezipelerine, maddy mümkinçiliklerine, kadalaşdyrylyşyň toplanan tejribesine baglylykda üýtgäp we kämilleşip durýan usullaryň toplumyndan peýdalanýar.

*Ykdysady usullar* bazar gatnaşyklarynyň häsiýetine, onuň giňeldilmegine we kämilleşdirilmegine, jemi hyrydarlyga, jemi hödürlemä, maýanyň toplanyş derejesine, ykdysadyýetiň düzüminiň üýtgedilmegine, ykdysady ösüşiň aýry-aýry şertleriniň önjeýli peýdalanylmagyna daýanyp täsir edilmegini göz öňünde tutýar. Şu maksat bilen döwlet aşakda görkezilen ugurlary ulanýar:

• malie syýasatyny;

• pul-karz syýasatyny;

• ykdysady we durmuş taýdan maksatnamalaşdyrylyşy;

• çaklaýyş we meýilnamalaşdyrylyşy.

*Maliýe syýasaty* ykdysady we durmuş maksatlara ýetmekde býujet we salgyt mehanizmleriniň peýdalanylmagyna daýanýar.

*Pul-karz syýasaty* bazar mehanizminiň düzüm böleklerine, ozaly bilen-de, pul aýlanyşygyna, Merkezi bank tarapyndan gytaklaýyn täsir etmek usulynyň peýdalanylmagyny göz öňünde tutýar.

*Hökümetiň ykdysady syýasaty* hojalyk subýektleriniň özlerini alyp baryş kadalarynyň we düzgünleriniň belli bir derejede ykdysady usullar arkaly berkidilmegini üpjün edýär. Bu bolsa aşakdaky kadalaşdyrylyşyň usullary bilen amala aşyrylýar.

*Karz syýasatynda:*

• bank ätiýaçlyk gorlarynyň kadalaşdyrylmagy;

• bank göterimleri boýunça hasaba alyş derejeleriniň belli bir çäklerde düzgünleşdirilip bellenmegi;

• pul bazarynda amallaryň geçirilmegi.

*Býujet syýasatynda:*

• döwlet çykdajylarynyň kadalaşdyrylmagy;

• döwletiň söwda amallarynyň geçirilmegi;

• döwletiň içinde zaýomlarynyň goýberilmegi;

• döwletiň telekeçilige goldaw bermegi.

*Salgyt syýasatynda:*

• raýatlaryň we ýuridik şahslaryň emlägine salgyt salnyşynyň kadalaşdyrylmagy;

• ýerli salgytlaryň girizilmegi.

*Durmuş syýasatynda:*

• iş hakynyň iň az möçberiniň bellenmegi;

• pensiýalaryň, kömek pullarynyň we beýleki durmuş häsiýetli tölegleriň möçberleriniň kadalaşdyrylmagy.

*Daşary ykdysady syýasatda:*

• gümrük paçlarynyň, puluň alyş-çalyş hümmetiniň kanunçylyk tertibinde bellenmegi;

• daşary ýurt zaýomlarynyň alynmagy, maýa goýumlarynyň çekilmegi we daşary ýurt puly babatda çäklendirmeleriň girizilmegi.

Döwlet kadalaşdyrylyşynyň sanalyp geçilen usullarynyň köp dürlüligi olaryň toplumlaýyn ulanylmagynyň zerurlygyny, şeýle hem bazarlaryň (harytlaryň we hyzmatlaryň bazary, pul bazary, zähmet bazary, daşary söwda bazary) özara baglanyşygy deňagramly ykdysady ösüşe täsir edlen mahalynda öz aralarynda sazlaşdyrylan çäreleriň ulanylmagyny talap edýär.

**Şeýlelikde,** döwlet kadalaşdyrylyşynyň usullarynyň toplumlaýyn ulanylmagy milli ykdysadyýet derejesindäki bazary öwreniş işiniň ýola goýulmagyny şertlendirýär. Bu çäre öz häsiýeti boýunça işjeňligi sebäpli, ýagny ykdysady ýagdaýyň üýtgemegi bilen onuň ugurlary we ulanylýan usullarynyň mynasybeti hem özgerýär.

## §4. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy görnüşleri

Häzirki wagtda ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy görnüşleri hökmünde şu aşakdakylar çykyş edýär:

**1.** Aýry-aýry harytlara we hyzmatlara bu hajatlar üçin niýetlenen býujet maliýeleşdirişiniň möçberleri bilen çäklendirilen jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak üçin, şolaryň öndürilmegine salynýan *döwlet salgytlary*.

**2.** Dürli harytlaryň we hyzmatlaryň, ozaly bilenem, önümçilik-tehniki önümleriň we möhüm azyklyk oba hojalyk önümleriniň *döwlet tarapyndan satyn alynmagy.*

**3.** Hereket edýän kanunçylygyň çäklerinde harytlar we hyzmatlar boýunça *salgyt salyş we gümrük tölegleri*.

**4.** Hojalyk subýektlerinden, ýuridik we fiziki şahslardan býujete gelip düşýän serişdeleriň hasabyna *döwlet maliýeleşdirişi*.

**5.** Hojalyk subýektleriniň, aýratynam, hususy, telekeçilik subýektleriň ykdysady işine kanunçylykda kesgitlenen derejede *döwletiň göni gatyşmagy*.

**6.** Hojalyk subýektleriniň ykdysady işine bazar gatnaşyklarynyň düzgünlerine laýyklykda *gytaklaýyn täsir etmegi*.

## §5. Döwletiň esasy ileri tutýan maksatlary

Döwletiň durmuş-ykdysady ösüş strategiýasy ileri tutulýan şu esasy maksatlaýyn sepgitleriň eýelenmegine syrygýar:

• ýurduň milli howpsuzlygy;

• içerki syýasy durnuklylyk we jemgyýetiň jebisleşmegi;

• önümçiligiň we telekeçilik işiniň ösdürilmegini maliýeleşdirmek üçin eýeçiligiň ähli görnüşlerine degişli kärhanalaryň we ilatyň içerki süýşürintgileriniň hem-de daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilişiniň derejeleri ýokary bolan, açyk hojalyk gatnaşyklaryna daýanýan ykdysady ösüş;

• ýurduň raýatlarynyň saglygy, bilimi we abadançylygy;

• ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ýangyç-energetika resurslarynyň netijeli peýdalanylmagy;

• infrastrukturanyň (aýratyn hem ulagyň we aragatnaşygyň) ösdürilmegi;

• esasy wezipeleri netijeli ýerine ýetirmäge ukyply we dolandyryş işgärleriniň hünär taýýarlyklary boýunça döwlet dolandyryşynyň ýola goýulmagy.

**Jemläp aýdylanda,** bu ileri tutulýan esasy maksatlara Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda ýetilmegi Garaşsyz, pajarlap ösýän, syýasy taýdan durnukly Türkmenistan döwletine milli bitewülilik, durmuş adalatlylyk, ösen ykdysadyýete mahsus bolan we ähli ilatynyň ýaşaýyş derejesi ýokary bolan, häzirki zaman derejesinde medeniýet taýdan ösen jemgyýeti döretmäge mümkinçilik berýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

**1.** Ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda döwletiň orny nähili bolmaly?
**2.** Jemgyýetiň durmuş-ykdysady ösüşini kadalaşdyrmak boýunça döwletiň wezipeleri barada gürrüň beriň.
**3.** Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň haýsy obýektlerini bilýärsiňiz?
**4.** Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň baş maksady nämeden ybarat? Ony Türkmenistanyň mysalynda düşündirmäge synanyşyň.
**5.** Ykdysadyýeti döwlet kadalaşdyrylyşynyň haýsy usullary ulanylýar?
**6.** Ykdysadyýeti döwlet kadalaşdyrylyşynda ulanylýan ugurlar barada aýdyp beriň.
**7.** Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň ugurlarynyň we usullarynyň üýtgemegine näme täsir edýär?
**8.** Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň nähili görnüşleri bolýar?
**9.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy" atly okuw gollanmasyny ulanyp, degişli mysallary getiriň.
**10.** Ileri tutulýan maksatlar diýip nämä düşünýärsiňiz?
**11.** Ileri tutulýan maksatlar amala aşyrylanda, Türkmenistan nähili sepgitlere ýetmeli?
**12.** Döwletiň esasy ileri tutýan maksatlaryny sanaň.

# ADALGALAR SÖZLÜGI

**Aktiw** – 1) eýelik edijiler tarapyndan goýlup, kärhana, firma, kompaniýa degişli bolup durýan emlägiň we pul serişdeleriniň köplügi. Aktiwler **maddy** we **maddy däl** toparlara bölünýär, maddy däl aktiwlere intellektual önümler, patentler, beýleki kärhanalaryň bergi-borçnamalary, resurslary peýdalanmaga bolan aýratyn hukuklar degişlidir; 2) **balansyň aktiwi** – kärhananyň balansynyň bir bölegi bolup, kärhana degişli maddy däl gymmatlyklary, olaryň düzümini we ýerleşdirilişini pul aňlatmasynda beýan edýär; 3) girdejileriň çykdajylardan agdyk gelýän bölegi.

**Balans** – 1) puluň, harytlaryň hut şol bir mukdarynyň girmegi we çykdajy edilmegi bolup durýanlygy sebäpli, biri-birine deň iki sany bölekden durýan mukdar mynasybeti. Girdejiler töleglerden ozýan we agdyk gelýän bolsa, ýagny ondan galyndy galsa, balans aktiw hasap edilýär. Girdejiler töleglerden yza galýan bolsa, oňa passiw balans diýilýär; 2) kärhananyň balans hasabaty beýan edilen resminama.

**Bank** – köp sanly hyzmatlary, ozaly bilenem, karzlara, süýşürintgilere we töleglere degişli hyzmatlary hödürleýän hem-de ykdysadyýetdäki islendik kärhana babatynda köp dürli maliýe wezipelerini ýerine ýetirýän maliýe instituty.

**Banklar** – pul serişdelerini toplamak, karz bermek, pul hasaplaşyklaryny geçirmek we pul amallaryny ýerine ýetirmek bilen meşgulanýan ykdysady edaralar.

Şu banklar tapawutlandyrylýar:

1. Banklaryň banky – Merkezi bank.
2. Maglumatlar banky – maglumatlaryň toplanan köplügi.
3. Maýa goýum banky – ýöriteleşdirilen bank.
4. Innowasion bank.
5. Ipoteka banky.
6. Kliring banky.
7. Ösüş banky we başgalar.

**Bank amallary** – banklar tarapyndan pul serişdelerini, gymmatly kagyzlary çekmek we ýerleşdirmek, hasaplaşyklary amala aşyrmak boýunça geçirilýän amallar. Şu bank amallary öz aralarynda tapawutlanýarlar:

**aktiw amallar**, olar arkaly banklar özlerinde bar bolan maliýe serişdelerini ýerleşdirýärler, ýagny karz berýärler, gymmatly kagyzlary satyn alýarlar:

**passiw amallar,** olar arkaly banklar maliýe serişdelerini emele getirýärler, ýagny goýumlary çekýärler, soňunda aktiw serişdeler hökmünde peýdalanmak üçin gymmatly kagyzlary satýarlar;

**kommision amallar** – hyzmatlaryň edilmegi, tabşyryklarynyň ýerine ýetirilmegi, aralykçylyk amallary.

**Bazar** – köptaraplydyr, şonuň üçin ony köptaraplaýyn öwrenmek mümkindir. Hut şonuň üçinem ykdysady edebiýatda bazar adalgasynyň köp sanly kesgitlemesine duş gelmek bolýar.

**Bazar** – bu haryt önümçiliginiň we aýlanyşygynyň kanunlary boýunça guralan alyş-çalyş, haryt alyş-çalşygy babatyndaky gatnaşyklaryň köplügi.

**Bazar** – satyn alyjylar bilen satyjylaryň özara täsir ediş mehanizmi, başgaça aýdylanda, hyrydarlygyň we hödürlemäniň mynasybeti.

**Bazar** – munuň özi önüm öndürijileri we sarp edijileriň ýurtlaryň içersinde we olaryň aralaryndaky gatnaşyklaryň derejesinde baglanyşdyrýan alyş-çalyş ýaýrawydyr.

**“Bazar”** düşünjesine çuňňur göz ýetirilmegi onuň jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginiň bütin ulgamyndaky ornuny nazara almaklygy talap edýär. Şonuň üçin umumylaşdyrylan görnüşde ***bazar*** diýip, üznüksiz önümçiligiň ähli basgançaklarynda, ýagny önümçilikde, paýlaýyşda, alyş-çalyşda we sarp edişde aluw-satuwyň üsti bilen amala aşyrylýan guramaçylyk-ykdysady gatnaşyklaryň ulgamyna düşünmek bolar.

**Bazar infrastrukturasy –** bazarda harytlaryň we hyzmatlaryň erkin hereket etmegini üpjün edýän edaralaryň ýa-da kärhanalaryň (banklar, biržalar, ýarmarkalar, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, marketing firmalar) ulgamy.

**Bazar mehanizmi** – bazaryň esasy bölekleriniň, ýagny hödürlemäniň, hyrydarlygyň we nyrhlaryň özara baglanylmak we özara täsir edişmek mehanizmi.

**Bazar nyrhy** – 1) bäsdeşlikli erkin bazarda hyrydarlygyň we hödürlemäniň täsiri astynda emele gelýän nyrh, deňagramly nyrh; 2) harydyň hakyky bazarda belli bir wagtyň dowamynda emele gelýän nyrhy, harydy bazarda satyp boljak nyrh.

**Bazar strategiýasy –** firma tarapyndan öz ýerleşdiriş işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen geçirilýän çäreler ulgamy.

**Býujet** – ykdysady subýektiň belli bir wagt aralygy üçin, adatça, bir ýyl üçin girdejileriniň we çykdajylarynyň resmi güýje eýe bolan, ykrar edilen ýa-da kabul edilen ýazgysy, tablisasy, meýilnamasy. Býujet ykdysady resurslaryň girdejisiniň we çykdajysynyň deňleşdirilenligini, özara laýyk gelşini barlamagyň esasy guraly bolup durýar. Pul serişdeleri babatynda býujet düzülýän ykdysady subýekte baglylykda býujetleriň şu görnüşleri tapawutlanýar: döwlet býujeti, sebitleýin, ýerli (munisipial), maşgala (sarp ediş) býujetleri.

**Denominasiýa** – pul aýlanyşygyny ýeňilleşdirmek we puly has doly bahaly bolar ýaly etmek maksady bilen adyny üýtgetmezden ýurduň pul birliginiň iri ölçege geçirilmegi.

**Diwersifikasiýalaşdyrma** – maýanyň we ondan düşýän girdejiniň ýitgileriniň töwekgelçiligini kemeltmek maksady bilen dürli obýektleriň arasynda maýalaşdyrylýan goýumlaryň ýa-da karz pul maýalarynyň paýlanylyşy.

**Dolandyryş –** subýektler, edaralar tarapyndan adamlara we obýektlere olaryň hereketlerini ugrukdyrmak hem-de işlenilýän netijeleri gazanmak üçin paýhas bilen, maksada gönükdirilip täsir edilmegi.

**Dolandyryş strategiýasy –** dolandyryşyň baş maksatlarynyň we olara ýetmegiň esasy ugurlarynyň kesgitlenmegi.

**Dolandyryş taktikasy –** dolandyryşyň strategik maksatlaryna ýetmegiň aralyk tapgyrlaryndaky wezipeleri ýerine ýetirmegiň usullarynyň, serişdeleriniň we ugurlarynyň kesgitlenmegi.

**Döwlet býujeti** – döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň belli bir döwür üçin, köplenç bir ýyl üçin, onuň girdejileriniň gelip düşjek çeşmelerini we serişdeleriň harç ediliş ugurlaryny görkezmek bilen düzülen smetasy. Döwlet býujeti hökümet tarapyndan düzülýär hem-de ýokary kanun çykaryjy edaralar tarapyndan tassyklanýar we kabul edilýär. Býujetiň ýerine ýetirilişiniň barşynda oňa bölekleýin gaýtadan seredilmegi-de mümkindir.

**Durmuş deňligi** – adalatly jemgyýetçilik gurluşynyň esasy ýörelgeleriniň biridir. **Durmuş adalatlylygy** bolsa ilatyň durmuş ýagdaýyndaky, onuň dürli durmuş toparlarynyň arasyndaky durmuş deňligiň ýa-da deňsizligiň ölçegidir. Ol ölçeg jemgyýetiň ykdysady we ruhy ösüşiniň derejesi bilen obýektiw halda şertlendirilendir.

**Durmuş syýasaty** dar manyda hökümetiň jemgyýetiň dürli gatlaklaryna degişli agzalarynyň girdejilerini paýlamaklyga we gaýtadan paýlamaklyga gönükdirilen hereketlerini aňladýar. Sözüň giň manysanda bolsa,

ol makroykdysady düzgünleşdirişiň jemgyýetde sosial durnuklylygy üpjün etmeklige, raýatlar üçin mümkin boldugyça, bir meňzeş badalga şertlerini üpjün etmäge gönükdirilen ugurlarynyň biri bolup durýar.

**Durmuş ugra nazarlandyrylan ykdysadyýetde** ilatyň (raýatlaryň) bähbitleriniň goralmagyndan ugur alynýar, milli ykdysadyýetde döwlete degişli bölek 30%-den gowrak uly paýy eýeleýär, döwlet düzgünleşdirişiniň esasy usuly hökmünde uzak möhletleýin maksatnamalaşdyryş ulanylýar.

**Durmuş ykdysadyýeti** ylym hökmünde islegleriň ýüze çykyş tebigatyny, sarp ediş isleglerini, sarp edişiň düzümini öwrenýär, adamyň, maşgalanyň, durmuş toparlaryň, sebitleriň, tutuş jemgyýetiň rejeli isleglerini, şol islegleriň we sarp edijileriň köp dürlüligini nazara almak bilen bölüp çykarýar.

**Eksport** – harytlary ýa-da kapitallary beýleki ýurtlara çykarmak.

**Emissiýa** – kagyz puluň we gymmatly kagyzlaryň taýýarlanmagy we aýlanyşyga goýberilmegi. Paýnamalaryň, obligasiýalaryň, jemagat zaýomlarynyň, bergidarlyk kagyzlarynyň emissiýalary tapawutlandyrylýar. Gymmatly kagyzlaryň emissiýasy bir meňzeş kagyzlaryň köpçülikleýin goýberilmegini göz öňünde tutýar. Emissiýany diňe kanun tarapyndan muňa rugsat berlen edara amala aşyryp bilýär.

**Emission ulgam** – aýlanyşyga pul nyşanlaryny goýbermegiň tertibi we usullary, şonuň ýaly-da döwletiň pul (maliýe) ulgamynyň emissiýany üpjün edýän edaralary görnüşindäki düzüm bölegi.

**Erkin ykdysady zolak** – daşary ýurtly hem-de milli telekeçiler üçin, aýratyn ýeňillikli ykdysady şertleri bolan, ýörite çäklendirilen ýerler.

**Faktoring** – bank tarapyndan müşderlerden algylary almak hukugynyň satyn alynmagy (müşderiniň özüne gaýtaryp almak hukugy bolmazdan).

**Fiskal syýasat** – hökümetiň salgyt salyş, döwletiň çykdajylary, döwlet býujeti babatyndaky ilatyň iş bilen meşgullygyny üpjün etmäge we inflýasiýa hadysalarynyň zor salmagynyň öňüni almaga gönükdirilen syýasaty. Döwletiň maliýe syýasatynyň özeni we ykdysady syýasatynyň düzüm bölegi bolup durýar.

**Garyşyk ykdysadyýetde** döwlete degişli bölegiň paýy durmuş ugra nazarlandyrylan ykdysadyýetdäkä görä azdyr, emma hojalyk işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň, adatça, gytaklaýyn usullaryny ulanmak arkaly telekeçiligiň ösmegi üçin ähli zerur şertler döredilýär.

**Gymmat** – harytda maddylaşan jemgyýetçilik zähmeti, haryt öndürijileriň jemgyýetçilik zähmetiniň zat görnüşindäki aňlatmasy.

**Gymmatly kagyzlar –** degişli resminama görkezilmezden satylmagyna ýa-da başga bir şahsa geçirilmegine ýol berilmeýän, haýsydyr bir emläge

ýa-da pul möçberine eýeçilik hukugyny tassyklaýan resminamalar. Olara paýnamalar, obligasiýalar, wekseller we ş.m. degişlidir.

**Haryt** – adamyň diňe bir islegini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, ol satmak we alyş-çalyş etmek üçin öndürilýän zatdyr.

**Harytlaryň, puluň aýlanyjylygy** – harytlaryň we puluň öz aýlanyş ýaýrawynda bir şahsdan beýlekisine geçip, alyş-çalyş edilip, täzelenip, mydama hereketde bolmak hadysasydyr.

**Hödürleme kanuny** – gaýry birmeňzeş şertlerde harydyň nyrhynyň ýokarlanmagy bilen onuň hödürlenişiniň artmagynyň kanuny.

**Hyrydarlyk kanuny** – gaýry birmeňzeş şertlerde nyrhlaryň ýokarlanmagynyň harytlara bolan hyrydarlygyň peselmegine getirýändiginiň kanuny.

**Hyrydarlyk we hödürleme** – haryt önümçiliginiň bazarda, haryt alyş-çalşygy ýaýrawynda ýüze çykýan we işleýän ykdysady düşünjeler, iki sany düzüm böleginiň, ýagny hyrydarlygyň we hödürlemäniň dialektiki bitewiligi hökmünde çykyş edýärler.

**Import** – ýurduň içerki bazaryna harytlary ýa-da kapitaly beýleki ýurtlardan getirmek.

**Inflýasiýa** – pul aýlanyşygynyň akabalarynyň bildirilýän islege görä artyk pul massasy bilen onuň hümmetsizlenmegine getirip, aşa dolmagy. Inflýasiýa harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň ösmeginde ýüze çykýar, bu bolsa öz gezeginde ilatyň hakyky girdejileriniň azalmagyna getirýär.

**Infrastruktura** – işleýän düzümleriň hyzmat etmek bilen meşgul bolýan, ýagny önümçilik we önümçilige degişli bolmadyk (şol sanda söwda, durmuş we ş.m.) pudaklaryň we kärhanalaryň jemi.

**Innowasiýa** – ylmyň gazananlaryny we öňdebaryjy tejribäni ulanmaklyga, şeýle hem ol täzeçillikleri işiň dürli ugurlarynda we gurşawlarynda ulanmaklyga esaslanýan tehnikadaky, tehnologiýadaky, zähmeti guramakdaky we dolandyrmakdaky täzeçillikler.

**Işçi güýji** – maddy baýlyklary öndürmek üçin adam tarapyndan peýdalanylýan fiziki we ruhy ukyplarynyň jemi. Işçi güýji – önümçiligiň bir bölümidir.

**Işsizlik** – hemişelik iş haky bolmadyk işe ýaramly ilatyň barlygy bilen baglanyşykly ýüze çykýan durmuş-ykdysady hadysa.

**Karz –** karz beriji tarapyndan karz alyja yzyna gaýtarmak, köplenç, karz alyjy tarapyndan göterim tölemek şerti bilen pul ýa-da natural görnüşde berilýän karz serişdelerdir. Karzyň şu esasy görnüşleri tapawutlandyrylýar: gysga möhletli; uzak möhletli; kepillendirilen; döwlet tarapyndan berilýän; bank tarapyndan berilýän; sarp ediş; täjirçilik; halkara (daşary ýurt karzy); girewine berilýän karz.

**Karz syýasaty** – Merkezi bank we döwlet tarapyndan karz-pul ýaýrawynda amala aşyrylýan hem-de belli bir ykdysady we syýasy maksatlara ýetmeklige gönükdirilen çäreleriň ulgamy.

**Karz ulgamy** – karz gatnaşyklarynyň, karzlaşdyrmagyň görnüşleriniň we usullarynyň jemi, şonuň ýaly-da karz edaralarynyň ulgamy.

**Kärende** – bu hojalygy alyp barmagyň bir görnüşi bolup, kärendä berijiniň özüniň belli bir emlägini kärendesine alyja şertnama boýunça töleg esasynda ýa-da başga şertler bilen bermegidir.

**Kärhana** – kanunçylyga laýyklykda önüm öndürmek, harytlary ýerlemek, ýerine ýetirilýän işler we bitirilýän hyzmatlar boýunça jemgyýetiň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen döredilýän ykdysady işiň özbaşdak subýektine aýdylýar.

**Kliring** – banklaryň, öndürijileriň arasyndaky nagt däl hasaplaşyklaryň ulgamy; garşylyklaýyn talaplaryň we bergileriň özara üzülişilmegi.

**Liberal ykdysadyýet –** iri biznesiň bähbitleriniň ilkinji nobatda goralmagy, ykdysadyýetde döwlete degişli bölegiň ujypsyz bolmagy we hojalyk işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegiň baş ýörelgesi hökmünde esasy ileri tutmalaryň döwlet tarapyndan kesgitlenmegi.

**Makroykdysadyýet** – ykdysadyýetiň milli toplumyny emele getirýän düzüm bölegi bolup, onda maddy we maddy däl önümçiligiň ähli pudaklary bir bitewi mehanizme organiki halda birigýärler. Ol bitewi ulgam hökmündäki ähli milli hojalygy gurşap alýan ykdysady hadysalary öwrenýär.

**Maliýe** – emele getirilişinde we hereket etmeginde, paýlanmagynda we gaýtadan paýlanmagynda, peýdalanylmagynda seredilýän pul serişdelerini, maliýe resurslaryny, şonuň ýaly-da hojalyk subýektleriniň arasyndaky özara hasaplaşyklar, pul serişdeleriniň hereket etmegi, pul aýlanyşygy, puluň peýdalanylmagy bilen şertlendirilen ykdysady gatnaşyklary aňladýan umumylaşdyryjy ykdysady adalgadyr.

**Maliýeleşdiriş** – bütin ýurduň, sebitleriň, kärhanalaryň, raýatlaryň hojalyklarynyň, şonuň ýaly-da dürli ykdysady maksatnamalaryň we ykdysady işiň görnüşleriniň zerur maliýe serişdeleri bilen üpjün eilmegi.

**Maliýe syýasaty** – döwletiň, hökümetiň ykdysady syýasatynyň bölegi, döwletiň maliýe resurslarynyň peýdalanylmagynda, döwlet býujetiniň emele getirilmeginde we ýerine ýetirilmeginde, salgydyň düzgünleşdirilişinde, pul aýlanyşygynyň dolandyrylmagynda, milli puluň hümmetine täsir etmekde ýüze çykýan ugur.

**Maliýe ulgamy** – döwletiň maliýe işini we maliýe gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunlarynyň, düzgünleriniň, kadalaryň jemi (pul ulgamy, maliýe edaralarynyň ulgamy).

**Marketing** – önümleri öndürmegi we ýerlemegi guramagyň toplumlaýyn ulgamy bolup, ol anyk sarp edijileriň isleglerini kanagatlandyrmaga hem-de bazary öwrenmek we çaklamak esasynda peýda almaga gönükdirilendir.

**Maýa** – banka onuň eýeleri tarapyndan geçirilen serişdeler bolup, olar, esasan, paýdarçylyk maýasyndan, ätiýaçlyklardan we paýlanmadyk peýdadan ybarat bolup durýar.

**Maýa goýumlary** – harytlaryň öndürilişini ösdürmek, peýda, göterim ýa-da durmuşy netijeleri gazanmak maksady bilen maýanyň (pul serişdeleriniň) haýsy-da bolsa bir kärhana ýa-da işe (ýurduň içindäki ýa-da onuň çäklerinden daşarky) uzak möhletleýin goýumlar.

**Menejment** – 1) önümçiligi we işgärleri dolandyryş ylmynyň gazananlaryny peýdalanmak bilen dolandyrmaklygyň ýörelgeleriniň, formalarynyň, tärleriniň we serişdeleriniň köplügi. Menejmentiň esasy maksady kärhananyň, guramanyň, edaranyň işiniň ýokary netijeliligini, resurs mümkinçiliklerini gowy peýdalanylmagyny gazanmakdyr; 2) kärhananyň, guramanyň, edaranyň ýolbaşçylygy.

**Mikroykdysadyýet** – ykdysadyýet ylmynyň has aşak derejelerdäki ykdysady hadysalary, subýektleri, esasanam, kärhanalary, firmalary, telekeçileri, olaryň hojalyk işini we olaryň aralaryndaky ykdysady gatnaşyklary öwrenmek bilen megullanýan bölegidir.

**Milli hojalygy** – zähmetiň hem-de önümçilik pudaklarynyň jemi. Milli hojalygy baradaky düşünje haryt önümçiligi baradaky düşünjeden giňdir. Muňa diňe jemgyýetçilik önümi emele getirýän pudaklar, ýagny senagat, oba hojalygy, gurluşyk we beýlekiler degişlidir.

**Modernizirleme, kämilleşdirme** – obýektiň kämilleşdirilmegi, gowulandyrylmagy, täzelenmegi, onuň täze talaplara we kadalara, tehniki şertlere, hil görkezijilerine laýyk getirilmegi.

**Netijelilik –** kärhananyň girdejileriniň we gazanan peýdasynyň ösüş depginleriniň amallar boýunça çykdajylarynyň ösüş depginlerinden agdyk gelmegi.

**Nyrh** – harydyň gymmatynyň pul görnüşindäki aňlatmasy. Binýatlaýyn, dünýä, lomaý, bölek satuw we beýleki nyrhlar tapawutlandyrylýar.

**Öndüriji güýçler –** jemgyýet tarapyndan döredilen önümçilik serişdeleri, zähmet gurallary şeýle hem maddy baýlyklary öndürijiler.

**Önümçilik –** jemgyýetiň ýaşamagy hem-de ösmegi üçin zerur bolan maddy baýlyklar ýa-da jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyrmak üçin adamyň tebigata täsir edip döredýän baýlyklary.

**Önümçiligiň adam faktory** – bilelikdäki zähmetiň öndüriji güýji, individual işçi güýçleriniň birleşmesi, ýagny belli bir jemgyýetçilik kombinirlenen görnüşdäki işçi güýjüniň köplügi. Adam faktorynyň düzümi önümçiligiň bir ýere jemlenmeginiň we ýöriteleşmesiniň zähmet bölünişiginiň derejeleri bilen kesgitlenýär.

**Önümiň hili** – jemgyýetiň talaplaryny kanagatlandyrmak maksady bilen bellenen tehniki şertlere mynasyp önümleriň häsiýetleriniň jemi. Önümiň hiliniň ýokarlandyrylmagy her bir kärhananyň möhüm wezipeleriniň biridir.

**Passiw** – 1) kärhananyň bergileriniň we borçnamalarynyň köplügi (aktiwiň tersine); 2) buhgalterçilik balansyň şol kärhananyň serişdeleriniň emele gelşiniň, onuň maliýeleşdirilişiniň degişliligi we niýetlenişi (öz atiýaçlyklary, beýleki edaralaryň beren karz serişdeleri) boýunça toparlanan çeşmelerini aňladýan bir bölegi (adatça, sag bölegi); 3) çykdajylaryň gelip düşen pul serişdelerinden artyk bolmagy.

**Peýda** – goşmaça gymmatyň görnüşi. Peýda harytlary ýerleşdirmekden alnan girdejiniň we şol harydy ýerleşdirmekdäki harajatlarynyň arasyndaky tapawut hökmünde çykyş edýär.

**Pul** – ählumumy ekwiwalentiň roluny ýerine ýetirýän, ýagny islendik harydyň gymmatyny ölçäp bilýän tapawutly harytdyr.

**Pul-karz syýasaty** – pul dolanyşygy we karz babatynda ykdysadyýetiň durnukly, netijeli işlemeginiň üpjün edilmegine, pul ulgamynyň bolmalysy ýaly ýagdaýda saklanmagyna gönükdirilip, ýurduň hökümeti tarapyndan ýöredilýän ugur we amala aşyrylýan çäreler.

**Pul ulgamy** – ýurtda kanunçylyk tertibinde bellenen pul nyşanlary, pul birlikleri, puluň emissiýasynyň düzgünleri we aýlanyş formalary, pul gatnaşyklary.

**Renta** – 1) telekeçilik işi bilen baglanyşygy bolmadyk kapitaldan, ýerden ýa-da emläkden birsyhly alynýan girdeji; 2) obligasiýalary saklaýan hemişelik girdeji getirýän möhletsiz döwlet zaýomy.

**Resurslar** – (baýlyklar, çeşmeler, serişdeler) haýsydyr bir zadyň ätiýaçlyklylary, çeşmeleri.

**Saldo** – 1) buhgalteriýa hasabynyň hasaplarynyň debeti we krediti boýunça ýazgylaryň jeminiň arasyndaky galyndy, tapawut; 2) bir döwlete beýleki bir döwletden hasaplaşygyň ähli görnüşi boýunça pul gelmegi we tölegi babatdaky tapawudy.

**Salgytlar** – döwlet tarapyndan kanun bilen kesgitlenilen tertipde ýuridik we fiziki şahslardan alynýan hökmany tölegler.

**Salgyt mehanizmi** – bu salgyt salnyşyny dolandyrmak boýunça ulanylýan guramaçylyk – hukuk kadalarynyň we usullarynyň jemidir.

**Salgyt syýasaty** – bu salgytlar boýunça döwletiň geçirýän çäreleriniň jemidir. Salgyt syýasaty şu aşakdaky meseleleri, ýagny üznüksiz önümçiligi ösdürmäge, ykdysadyýetiň ösüşine işjeň täsir etmäge, ilatyň durmuş hal-ýagdaýynyň gowlanmagyna gönükdirilendir.

**Salgyt ulgamy** – döwlet býujetine we ýerli býujetlere salgytlary we ýygymlary döwletiň maliýe resurslaryny jemlemegiň olara mahsus bolan görnüşlerde we usullarda guralmagy bilen meşgullanýan edaralarynyň köplügidir.

**Senagat** – çig maly ýa-da ýer astyndan gazylyp alynýan baýlyklary täzeden işleýän milli hojalygynyň, kärhananyň pudagy.

**Söwda** – zähmet önümleriniň satyn alşyndaky hem-de (dolanyşygyndaky) alyş-çalşa, haryt dolanyşygyna hyzmat edýän hojalygyň pudagy.

**Tehnologiýa** – jemgyýetçilik önümçiliginiň belli bir pudagynyň iş ýagdaýy we önümçiligi ylmy taýdan beýan etme.

**Telekeçi –** bazar ykdysadyýetiniň täze harytlary öndürmek we peýda gazanmak maksady bilen serişdeleriň we önümçilik faktorlarynyň täze görnüşlerini amala aşyrmak üçin ähli zerur sypatlara eýe bolan, töwekgelçilik şertlerinde işleýän hem-de özbaşdak çözgütleriň kabul edilmegine jogäpkärçiligi boýnuna alan işjeň subýekti.

**Umumy (jemi) içerki önüm –** bu maddy önümçilikde we hyzmatlar ulgamynda öndürilen önümiň gymmatlarynyň jemidir. Mundan başga-da, eger-de kärhana daşary ýurtlara degişli bolsa, onuň öndürýän önümi hem şol döwletiňki hasaplanýar.

**Umumy (jemi) milli önüm –** bu milli kärhanalaryň maddy we maddy däl ýaýrawynda hemme öndüren önümleriniň jemidir. Kärhananyň nirede ýerleşýändigine garamazdan (öz ýurduňda ýa-da daşary ýurtda), onuň öndüren önümi doly hasaba alynýar.

**Umumy önüm –** (pul görkezijisinde) önümiň umumy möçberi bolup (belli bir döwürde), kärhanalarda, milli hojalygyň pudaklarynda hasaplanmadyk ýitgileri we çykdajylary bolan önümiň goýberilen umumy möçberi.

**Umumy zähmet bölünişigi –** muňa bütin jemgyýetçilik önümçiliginiň derejesinde emele gelýän şäher bilen obanyň, maddy we maddy däl önümçiligiň önümçilik serişdeleriniň arasyndaky zähmet bölünişikleri degişlidir.

**Walýuta** – 1) haýsydyr bir döwletiň, ýurdyň öz içinde peýdalanylýan pul birligi (**milli walýuta**); 2) halkara hasaplaşyklarynda peýdalanylýan daşary döwletleriň pul birlikleri, wekseller, çekler, banknotlar görnüşindäki karz we töleg resminamalary, ýagny **daşary ýurt walýutasy.**

**Walýuta bazary** – daşary ýurt walýutasynyň hyrydarlyk we hödürleme esasynda aluw-satuwynyň geçirilýän ýaýrawy. Biržalaýyn we birža-

dan daşary (banklar arasyndaky) walýuta bazarlaryna bölünýär. Iň iri dünýä walýuta bazarlary ABŞ-da, Angliýada, Germaniýada, Fransiýada, Şweýsariýada, Ýaponiýada, Singapurda ýerleşýär.

**Walýuta düzgünleşdirilişi** – walýutanyň aýlanyşygyny dolandyrmak, walýuta amallaryna gözegçilik etmek, milli puluň walýuta hümmetine täsir etmek, daşary ýurt walýutasynyň peýdalanylyşyny çäklendirmek boýunça döwlet edaralarynyň işi.

**Walýuta syýasaty** – walýuta, walýuta hümmetine, walýuta amallaryna täsir etmek arkaly ýurduň içersinde we daşarsynda döwletiň alyp barýan ugruny beýan edýän ykdysady we daşary ykdysady syýasatlarynyň bir bölegi. Walýuta syýasatynyň esasy gurallary walýuta interwensiýasy, walýuta çäklendirmeleri, walýuta ätiýaçlyklary, walýuta subsidiýalaşdyrmasy, walýuta deňeçerlikleri bolup durýar.

**Walýuta ulgamy** – walýutalaryň, olary peýdalanmagyň we özara alyş-çalyş etmegiň, töleg serişdesi hökmünde ulanmagyň düzgünleriniň we kadalarynyň, şonuň ýaly-da walýutanyň ulanylmagy bilen baglanyşykly pul-karz gatnaşyklarynyň jemi. Walýuta ulgamyna walýutanyň goýberlişini we aýlanyşygyny düzgünleşdirýän edaralaram degişlidir.

**Ykdysadyýet** – bu hojalykdyr, hojalyk we hojalygy alyp barmak hakyndaky ylymdyr hem-de hojalygy ýöretmegiň barşynda adamlaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklardyr, şeýle hem jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň ösüş derejesine laýyk gelýän önümçilik gatnaşyklarynyň jemi.

**Ykdysadyýetiň düzümi** köp ugurly düşünje bolup, oňa hojalyk ulgamynyň dürli düzüm bölekleriniň mynasybetini görkezýän dürli nukdaýnazarlardan garamak mümkindir. Adatça, sosial, pudaklaýyn, üznüksiz önümçilik we sebitleýin düzümler bölünip çykarylýar.

**Ykdysady adam** – bazar ykdysadyýetiniň erkin seçip almaga hem-de bar bolan ähli şertlerden, mümkinçiliklerden we maglumatlardan öz bähbitlerine we maksatlaryna laýyklykda ugur alyp, netijeli çözgütleri kabul etmäge ukyply baş döredijilik subýektidir.

**Ykdysady kadalaşdyryjylar** – önümçilik döwründe bölmek, sarp etmek, toplamak maksady bilen ulanylýan, dürli elementleriň mukdar we hil derejelerini kesgitleýän, ylmy taýdan esaslandyrylan hasaplaşyk ulgamlary.

**Ykdysady ösüş** – jemgyýetçilik önüminiň we ony öndürmekligiň ýagdaýlarynyň mukdar taýdan köpelmegine we hil taýdan kämilleşmegine düşünilýär.

**Ykdysady usullar** – bu bazar gatnaşyklarynyň talaplaryny ykdysady ölçegler, gymmatlyklar, serişdeler arkaly dolandyryşda ulanmak.

**Ylym** – tebigatyň, jemgyýetiň we pikirlenmäniň ösüşindäki kanunalaýyklyklar hakynda bilimleriň ulgamy.

**Ylmy-tehniki ösüş** – önümçilik prosesleriniň netijeliligini we hilini ýokarlandyrmak, adamlaryň isleglerini has oňat kanagatlandyrmak maksady bilen hojalykda, önümçilikde ylmyň we tehnikanyň öňdebaryjy gazananlarynyň ulanylmagy. Häzirki zaman ykdysady nazaryýetde ykdysadyýetde we tehnikada ulanylýan ylmyň gazananlaryny, köplenç, **innowasiýalar** diýip atlandyrýarlar.

**Ylmy-tehniki syýasat** – ylmyň, tehnikanyň, zähmetiň, önümçiligiň ösmegi üçin esasy ugurlary kesgitlemäge gönükdirilen döwletiň baş syýasaty, nazary pikirleriň jemi, amaly çäreleri durmuşa ornaşdyrmagyň ýollary.

**Ylmy işgär** – ýokary bilimi, zerur hünär derejesi bolan, ylmy-barlag, ylmy-tehniki işler we (ýa-da) eksperimental işläp taýýarlamalar bilen meşgullanýan adam.

**Ylmy-barlag işi** – täze bilimleri almaga we ulanmaga gönükdirilen iş, şol sanda:

***Düýpli ylmy barlaglar;*** – esasy kanunalaýyklyklar, gurluşlar, adamyň, jemgyýetiň, tebigy daşky gurşawyň işlemegi we ösüşi hakynda täze bilimleri almaga gönükdirilen barlaglar.

***Tejribe ähmiýetli ylmy barlaglar;*** – tejribe ähmiýetli maksatlara ýetmek we anyk wezipeleri çözmek üçin, esasan, täze bilimleri ulanmaga gönükdirilen işler.

**Zähmet** – munuň özi adamyň maksadalaýyk işidir, başgaça aýdylanda, zähmet işçi güýjüniň sarp edilmesidir. Zähmet işinde adam özüniň işi arkaly tebigatyň zatlaryny üýtgedýär we olary öz islegini kanagatlandyrmak üçin uýgunlaşdyrýar. Zähmete bolan ukyplylyk, zähmet çekmek diňe adama mahsusdyr.

**Zähmet bazary** – bazar ykdysadyýetiniň ykdysady infrastrukturasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Zähmet bazarynda işçi güýjüniň satyn alynmasy we satylmasy oňa bolan islege görä amala aşyrylýar.

**Zähmet haky** – edilen işe pul görnüşinde berilýän töleg, işçi güýjüniň pul görnüşindäki gymmaty.

**Zähmet öndürijiligi** – jemgyýetçilik zähmetiň önümçilikdäki netijeliligi, iş wagtynyň birligi we işgär tarapyndan öndürilýän önümiň mukdary arkaly aňladylýar.

**Zähmet resurslary** – ýurtdaky ilatyň ykdysadyýetde işlemek üçin zerur bolan fiziki we akyl ukyplary, belli bir derejedäki bilimi we hünäri bar bolan zähmete ukyply ýaşdaky bölegi. Zähmet resurslarynyň sany harytlary we hyzmatlary öndürmek üçin şol pursatda jemgyýetiň garamagynda bar bolan janly zähmetiň potensial möçberini häsiýetlendirýär.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, I tom. Aşgabat, 2008; II tom. A: 2009; III tom. A: 2010; IV tom. – A: 2011; V tom. A: 2012.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. – A: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom.-A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.

8. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.

9. “Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda” Türkmenistanyň kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 1991, 27-nji oktýabr.

10. “Daşary ykdysady iş hakynda” Türkmenistanyň kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 1992, 4 nji- iýun.

11. “Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 1995, 27-nji dekabr.

12. “Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda” Türkmenistanyň kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 2008, 18-nji mart.

13. “Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda” Türkmenistanyň kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 2009, 15-nji awgust.

14. “Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda” Türkmenistanyň kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 2009, 20-nji awgust.

15. “Bilim hakynda” Türkmenistanyň kanuny. “Türkmenistan” gazeti, 2013, 15-nji maý.

16. Türkmenistanyň Prezidentiniň “Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli Maksatnamasy”. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007.

17. Türkmenistanyň Prezidentiniň “Ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy”. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

18. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasy. – Aşgabat, 2003.

19. “Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy”. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

20. Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy. – Aşgabat, 2011.

21. Türkmenistanda ylmy ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy. – Aşgabat, 2012.

22. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Uwdiýew T.O.* Bazar ykdysadyýetiniň esaslary: pul, nyrh, hyrydarlyk, hödürleme. Ylmy-önümçilik gollanmasy. – A.: Ylym, 2009.

23. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Meläýewa M.B.* Ykdysadyýet we ekologiýa. –A.: Ylym, 2009.

24. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Uwdiýew T.O.* Türkmenistanyň ykdysadyýeti. Ylmy-önümçilik gollanmasy. I bölüm. – A.: Ylym, 2011.

25. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Uwdiýew T.O.* Türkmenistanyň ykdysadyýeti. Ylmy-önümçilik gollanmasy. II bölüm. – A.: Ylym, 2011.

26. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Meläýewa M.B.* Türkmenistanda ylmyň we innowasiýanyň ösüşi. Ylmy-amaly gollanmasy. A.: – Ylym, 2012.

27. *Pürliýew B.G., Rahmanowa E.G., Meläýewa M.B.* Halkara ykdysady hyzmatdaşlyk. Ylmy-önümçilik gollanmasy. – A.: Ylym, 2012.

28. Туркменистан за 50 лет. // Стат. сборник. – Ашхабад: Туркменистан, 1964.

29. Туркменистан за 70 лет. // Стат. сборник. – Ашхабад: Туркменистан, 1987.

30. Туркменистан в 1990 году. // Стат. сборник. – Ашхабад: Туркменистан, 1991.

31. Народное хозяйство Туркменистана в 1995 году. // Стат. ежегодник. Том 1. Ашхабад, 1997.

32. Народное хозяйство Туркменистана в 1995 году. // Стат. ежегодник. Том 2. Ашхабад, 1997.

33. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 1997-2001. – Aşgabat, 2002.

34. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2005. – Aşgabat, 2006.

35. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşri, 2000-2006. – Aşgabat, 2007.

36. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2008. – Aşgabat, 2009.

37. Türkmenistanyň ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2009. – Aşgabat, 2010.

38. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri: 2010. – Aşgabat, 2011.

39. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri: 2012. – Aşgabat, 2013.

40. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri: 2013. – Aşgabat, 2014.

# MAZMUNY

Sözbaşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

## YKDYSADYÝETE GIRIŞ

§1. Ykdysadyýet näme? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 11
§2. Ykdysadyýet ylmynyň usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 14
§3. Ykdysady nazaryýet we amaly ykdysadyýet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 15
§4. Jemgyýetçilik hojalygynyň ykdysady nusgalary . . . . . . . . . . . . . . . . 18

## I BÖLÜM
## MILLI YKDYSADYÝET WE ONUŇ ÖSÜŞI

### I. YKDYSADYÝET DÜNÝÄSINDE ADAMYŇ ORNY

§1. Häzirki zaman ykdysadyýetinde adamyň orny . . . . . . . . . . . . . . . . . 21
§2. Ykdysady adam barada düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
§3. Jemgyýetde adam ösüşiniň indeksiniň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . 26

### II. TÜRKMENISTAN MILLI YKDYSADYÝETIŇ OBÝEKTI HÖKMÜNDE

§1. Türkmenistanyň geosyýasy we geoykdysady häsiýetnamasy . . . . . . 27
§2. Ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 32
§3. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň milli toplumy . . . . . . . . . . . . . . . 35
§4. Önümçilik serişdeleriniň we sarp ediş önümleriniň önümçiligi . . . . 38

### III. MILLI YKDYSADYÝET WE ONUŇ GÖRKEZIJILERI

§1. Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
§2. Ykdysady ösüş we onuň ugurlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 44
§3. Makroykdysady görkezijiler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 48

## IV. JEMGYÝETÇILIK ÖNÜMÇILIGINIŇ ESASLARY

§1. Jemgyýetçilik önümçiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 52
§2. Maddy we maddy däl önümçilik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 53
§3. Önümçiligiň serişdeleri we şertleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55
§4. Jemgyýetdäki nygmatlar we hyzmatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 56
§5. Ýönekeý we giňeldilen üznüksiz önümçilik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57
§6. Önümçiligiň netijeliliginiň görkezijileri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59

## V. SENAGAT ÖNÜMÇILIGINIŇ ÖSÜŞI

§1. Senagatyň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 60
§2. Ýangyç-energetika toplumy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 67
§3. Maşyn gurluşyk toplumy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
§4. Himiýa toplumy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 78
§5. Gurluşyk materiallary senagaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 80

## VI. GURLUŞYK, ULAG WE ARAGATNAŞYK

§1. Gurluşyk toplumy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
§2. Ulag toplumy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 84
§3. Aragatnaşyk ulgamynyň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87

## VII. OBA SENAGAT TOPLUMY

§1. Oba senagat toplumy barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 88
§2. Döwletiň oba hojalyk syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 89
§3. Oba senagat toplumynda bazar gatnaşyklarynyň ösmegi . . . . . . . . . 90
§4. Oba senagat toplumynyň ýaýrawlary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
§5. Oba senagat toplumynyň işlemegi we ösmegi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . 92

## VIII. TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY ARAGATNAŞYKLARY

§1. Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň geografik ugurlary. . . . . . . . . . . 95
§2. Daşary söwda dolanyşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 97
§3. Eksport we import mümkinçiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 99
§4. Daşary ykdysady aragatnaşyklaryň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 103

## II BÖLÜM
## BAZAR YKDYSADYÝETI WE ONUŇ ÖSÜŞI

## IX. BAZAR YKDYSADYÝETINIŇ MAZMUNY

§1. Bazar näme?. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 109

§2. Bazaryň ýüze çykmagynyň şertleri we onuň wezipeleri . . . . . . . . . 110
§3. Bazaryň işlemeginiň şertleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 112
§4. Bazaryň subýektleri we obýektleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 113
§5. Bazaryň öz-özüni dolandyryşynyň mehanizmi . . . . . . . . . . . . . . . . 115
§6. Häzirki zaman bazarynyň nusgalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 117

## X. BAZAR YKDYSADYÝETINIŇ IŞLEMEGI

§1. Bazar we bazar ykdysadyýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 119
§2. Bazar ykdysadyýetiniň bölekleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 120
§3. Bazaryň düzümi we görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 121
§4. Bazar ykdysadyýetiniň artykmaçlyklary we kemçilikleri . . . . . . . . 123
§5. Bazar ykdysadyýetiniň netijeli işlemegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 124
§6. Bazar ykdysadyýetiniň nusgalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 126

## XI. BAZAR GATNAŞYKLARYNYŇ MEHANIZMI

§1. Bazar we bazar gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 128
§2. Bazar mehanizminiň esasy bölekleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 130
§3. Bazaryň düzüm birlikleriniň esasy kysymlary. . . . . . . . . . . . . . . . . 131
§4. Bazar mehanizminiň işleýşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 132
§5. Bazar gatnaşyklaryny kadalaşdyrmagyň mehanizmi. . . . . . . . . . . . 133

## XII. TÜRKMENISTANYŇ BAZAR YKDYSADYÝETINIŇ MILLI NUSGASY

§1. Maksatlar we wezipeler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 134
§2. Şertler we aýratynlyklar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 136
§3. Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetiniň milli nusgasynyň döwürleri 137
§4. Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň matematiki nusgasy . . . . . . . . 139

## XIII. TÜRKMENISTANYŇ PUL-KARZ ULGAMY WE ONUŇ WEZIPELERI

§1. Pul-karz ulgamy we onuň wezipeleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 142
§2. Karz-bank ulgamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 144
§3. Banklar we olaryň ýerine ýetirýän amallary . . . . . . . . . . . . . . . . . 145
§4. Pul-karz syýasatynyň gurallary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 147

## XIV. MALIÝE ULGAMY WE SALGYT-BÝUJET WEZIPELERI

§1. Maliýe ulgamy we onuň wezipeleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 149
§2. Salgytlar we olaryň toparlara bölünişi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151

§3. Salgyt salnyş ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 152
§4. Döwlet býujeti we onuň wezipeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 152

III BÖLÜM
BAZAR YKDYSADYÝETINIŇ DURMUŞ MESELELERI

XV. DURMUŞ YKDYSADYÝETI
WE ÝAŞAÝŞYŇ HILI

§1. Ýaşaýşyň derejesi we hili. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 157
§2. Adamyň durmuş islegleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 157
§3. Adamyň we maşgalanyň sarp ediş býujeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159
§4. Durmuş goragy we durmuş kepillikleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 160
§5. Durmuş üpjünçiligi we durmuş kömegi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 161
§6. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde durmuş deňligi we adalatlylygy . . 163

XVI. DURMUŞ YKDYSADYÝETINIŇ ESASY PUDAKLARY

§1. Bilim we medeniýet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 165
§2. Ylym we ylmy hyzmatlar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 168
§3. Saglygy goraýyş, sport we syýahatçylyk. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 172
§4. Söwda we jemgyýetçilik iýmiti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 176
§5. Sarp ediş harytlarynyň we tölegli hyzmatlaryň bazary . . . . . . . . . . 178

XVII. DOLANDYRYŞYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY

§1. Dolandyryşyň ylmy netijeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 181
§2. Dolandyryş düzüminiň döwrebaplaşdyrylmagy . . . . . . . . . . . . . . . 183
§3. Dolandyryşyň maglumat tehnologiýalary esasynda guralýan awtomatlaşdyrylan usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 185
§4. Dolandyryş işgärleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 187

XVIII. ZÄHMET BAZARY WE ADAM KAPITALY

§1. Zähmet bazary we adam kapitalynyň emele getirilişi . . . . . . . . . . . 189
§2. Zähmet çeşmeleri we ilatyň iş bilen üpjünçiligi . . . . . . . . . . . . . . . 191
§3. Işçi güýji, zähmet we onuň öndürijiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 192
§4. Ylmy-tehniki rewolýusiýa şertlerinde adamyň ýagdaýy . . . . . . . . . 193
§5. Zähmet bazarynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylyşy . . . . . . . . . 194

XIX. DÖWLETIŇ DURMUŞ SYÝASATY

§1. Durmuş syýasatynyň mazmuny we maksatlary. . . . . . . . . . . . . . . . 196
§2. Durmuş syýasatynyň esasy ugurlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 196

§3. Ilatyň nominal we hakyky girdejileri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 197
§4. Girdejileri paýlamagyň ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 199
§5. Girdejileriň deňsizlik meseleleri we onuň kadalaşdyrylyşy . . . . . . 199

## XX. YKDYSADYÝETIŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY

§1. Ykdysadyýeti kadalaşdyrmakda döwletiň wezipesi . . . . . . . . . . . . 201
§2. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň obýektleri we maksatlary. 203
§3. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň usullary. . . . . . . . . . . . 203
§4. Ykdysadyýetiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy görnüşleri . . . . . 205
§5. Döwletiň esasy ileri tutýan maksatlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 206
Adalgalar sözlügi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 208
Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 219

*Berdi Garajaýewiç Pürliýew, Ejegyz Garajaýewna Rahmanowa,*
*Maral Berdiýewna Meläýewa*

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETI

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy


| | |
|---|---|
| Redaktor | *S. Ärnazarow* |
| Teh. redaktor | *T. Aslanowa* |
| Kompýuter bezegi | *S. Rahmanberdiýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *B. Öserow* |

Ýygnamaga berildi 20.04.2015. Çap etmäge rugsat edildi 11.11.2015.
Ölçegi 60x90 1/16. Edebi garnitura. Şertli-çap listi 14,25. Çap listi 14,25.
Hasap-neşir listi 10,01. Neşir № 54. Sargyt № 50. Sany 2000.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.